# KRIPTONITI ÝOK ETMEK

GÜÝJÜŇIZI OGURLAÝAN ZADY NÄDIP ÝOK ETMELI

JON BIWER

Mähriban okyjym!

Bu kitap siziň üçin sowgat. Men onuň sahypalaryna ýazylan habaryň durmuşyňyzy baky özgertmegi üçin dileg edýärin!

Men hakyky ruhy kriptonitiň bar bolan dünýäsinde soňky döwürde ýaşaýandygymyza ynanýaryn. Bu ruhy kriptonit her gün biziň, ýagny mesihileriň güýjüni ogurlamaga synanyşýar.

Imanlylaryň köpüsi özlerini baglaýan zatlardan boşanjak bolup, ýadaýarlar we lapykeç bolýarlar. Bu Hudaýdan däldir. Ol bize durmuşymyzyň her bir çäginde ýeňişli ýaşamagy niýetledi. Mundan başga-da, Ol ýolumyzy böwetleýän her bir päsgelçiligi ýeňip geçmäge gujur-gaýrat berendir.

Men şahsy durmuşymdaky wakany siziň bilen paýlaşmak isleýärin. Bu waka uly böwetleriň böwsülip, Mukaddes Kitabyň hakykatyny bilmegime getirdi. Bu hakykat meniň durmuşymy baky özgertdi. Siz hem Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolmakdan lezzet alyp bilýänsiňiz. Siz hem töwerekdäki dünýä täsir edýän diri we güýçli imana eýe bolup bilýänsiňiz. Ýöne siz ilki öz ruhy kriptonitiňiz bilen söweşmelisiňiz.

Bu habary we beýleki elektron materiallary öz tanyşlaryňyz bilen CloudLibrary.org saýtynda paýlaşyp bilersiňiz.

Isa Mesihdäki doganyňyz,





Jon Biwer
JohnBevere@ymail.com

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

# KRIPTONITI ÝOK ETMEK

Jon Biwer – biziň döwrümiziň hakyky pygamberi. Ol bize gaýrat berýän merhemet arkaly günäni ýeňip geçmegiň tärlerini öwredýär. Jon *"Kriptoniti ýok etmek"* atly kitabynda her birimiziň durmuşynda bar bolan kriptoniti açyp görkezýär. Bu kriptoniti diňe Hudaýyň söýgüsi arkaly ýeňip bolýandyr. Hudaýa şükür, Ol Jona bu aýanlygy berdi!

ROBERT MORRIS

"Gateway Church" (Dallas/Fort – Uerto, Tehas) ýygnagy esaslandyryjy we uly çopany, "Ozal hiç tanamadyk Hudaýym", "Hakykatdan-da azat", "Ýalkanyşly durmuş" we *"Ýygylyk"* bestsellerleriň awtory.

Bu kitap Hudaýyň biz üçin taýynlan zatlarynyň diňe käbirini däl-de, baryny almaga dyrjaşmak ugrunda Isa Mesihiň Bedenine bolan ýalbaryşdyr. Men Jonuň Mukaddes Ýazgylardan ylhamlanýan danalygynyň imanlylara dogrudanda Hudaý üçin ýaşamaga kömek etmek niýeti bu habary kalbyna kabul edýän adamlary özgerder diýip ynanýaryn.

JOÝS MAÝER

Mukaddes Ýagzylary öwrediji, bestsellerleriň awtory.

Jon Biwer *"Kriptoniti ýok etmek"* kitabynda biziň Isa Mesihdäki güýjümizi doly ulanmaga päsgel berýän berkitmeleri mysallar arkaly görkezýär. Bu güýçli we aç-açan kitap okyjyny öz durmuşyndaky kriptonit bilen ýüzbe-ýüz duşurar.

JENTEZIN FRANKLIN

"Free Chapel" ýygnagyň uly çopany, we "Nýu-Ýork Taýms"-yň pikiri boýunça bestsellerleriň awtory

Jon Biweriň Mukaddes Ýazgylaryň esaslary, taglymy we ynsana bolan söýgüsi baradaky aýanlyklary onlarça ýyllaryň dowamynda imanlylara we tutuş şalyga öwüt berip gelýär. Onuň kitaplary dünýäniň dört künjegine ýetýär, onuň adamlara ýetirýän täsiri çäksizdir. Men oňa dostlugymyz we galama ýapyşmakdaky dyngysyz tabynlygy üçin minnetdar.

BRAÝAN HÝUSTON

"Hillsong Church" ýygnagy esaslandyryjy we onuň uly çopany.

Paş edýär. Mukaddes Ruhdan doldurýar. Güýç berýär. "Kriptoniti ýok etmek" kitaby merhemetiň we hakykatyň howry arkaly adat bolan günäniň bizi kem-kemden bogýan ölümli penjesini kül eder. Men bu kitabyň nesle – hakykaty otnositel, tabynlygy mümkin däl hasaplaýan nesle Hudaýa şatlanmaga kömek etjekdigine ynanýaryn. Çünki Hudaý biziň üçin iň ýagşy zatlary – azatlygy we Oňa tabyn bolmaklygy isleýär.

LUI GILIO

"Passion City Church" ýygnagyň çopany, *"Passion Conferences"* guramasyny esaslandyryjy, "Jalut ýykylaýmaly" atly kitabyň awtory

Bu kitap hem Jon Biweriň beýleki kitaplarynyň ählisi ýaly ajaýyp. Ol köp adamlar üçin oslagsyz bolup çykar. Ýok, Jon örän wajyp meseleleri orta atmak ukubyny ýitirmändir. Gaýtam tersine, onuň durmuşyndaky örän döwrebap bolma merhemeti bu kitabyň mysalynda has hem äşgärdir. Göz alnymyzda bolsa-da, görünmän galýan zatlary Jonuň açyp görkezişine köp adamlar haýran galar. Bu kitabyň gerekdigini aýtmaklyk hiç zat aýtmazlyk bilen des-deň. Biziň günlerimizde her bir imanly "Kriptoniti ýok etmek" kitabyny hökman okaýmaly.

BILL JONSON

"Wefil" ýygnagy, Redding, Kaliforniya, *"Hudaý ýagşydyr"* kitabyň awtory

# KRIPTONITI ÝOK ETMEK

GÜÝJÜŇIZI OGURLAÝAN
ZADY NÄDIP ÝOK ETMELI

JON
BIWER

Killing Kryptonite by John Bevere, Turkmen
© 2019 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Originally published in English as Killing Kryptonite
Additional resources in Turkmen by John Bevere are available
for free download at: www.CloudLibrary.org
To contact the author: JohnBevere@ymail.com

«Kriptoniti ýok etmek» Jon Biwer, türkmen dilinde
© 2019 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Ilkinji gezek iňlis dilinde «Killing Kryptonite» ady bilen çap edildi.
Jon Biweriň türkmen dilindäki goşmaça maglumat serişdelerini
www.CloudLibrary.org salgysyndan mugt indirip bilersiňiz.
Awtor bilen şu elektron salgysy boýunça habarlaşyp
bilersiňiz: JohnBevere@ymail.com

Men bu kitaby “Messenjer Interneşenel” toparynyň agzalaryna bagyş edýärin.

Hudaýyň merhemeti arkaly biz bilelikde Isa Mesihiň Hoş Habaryny millionlarça adamlara ýetirdik. Biz muny diňe siziň imanyňyz, zehiniňiz, janyňyzy gaýgyrman çeken yhlasly zähmetiňiz arkaly edip başardyk.

Biz Liza bilen sizi çuňňur hormatlaýarys, siz bilen işlemekden lezzet alýarys we Isa Mesihiň sizi sadyk hyzmatyňyz üçin baky sylaglar bilen sylaglajak gününe sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.

*“Biziň umydymyz we şatlygymyz kimdir? Rebbimiz Isa gelende Onuň öňünde guwanjak täjimiz kimdir? Siz dälmisiňiz? Elbetde sizsiňiz!”*

– 1 Selanikliler 2:19-20

“Messenjer” 2019 topary, Taňryýalkasyn!

# MAZMUNY


Giriş....................................................................................13

**BIRINJI BÖLÜM 1. ÝEKÄNIŇ GÜÝJI**

1. Biziň sowa geçýän soraglarymyz...............................................19
2. Tanyş boluň, kriptonit..............................................................29
3. Bir..........................................................................................39
4. Ýokanç kriptonit......................................................................47
5. Özgerişlikleri getiriň ..................................................................55
6. Höweslendirme........................................................................63
7. Jebişligiň güýji..........................................................................73

**IKINJI BÖLÜM 2. KRIPTONITI SAÝGARMAK**

8. Nika ähti.................................................................................83
9. Hudaýa garşy zyna etmek..........................................................91
10. Butparazlygyň aňyrsynda näme dur?.........................................99
11. Imanlylaryň butparazlygy......................................................109
12. Ýeňilleşdirilen basyş.............................................................119
13. Kriptonit!............................................................................127
14. Günä ..................................................................................135

## ÜÇÜNJI BÖLÜM 3. KRIPTONITIŇ TÄSIRI

15. Günäniň güýji (1-nji bölüm)....................................................145
16. Günäniň güýji (2-nji bölüm)....................................................153
17. Azaşýanlar....................................................................161
18. Ýalan Isa Mesih...............................................................169
19. Ugrama nokady.................................................................177
20. Toba etmek....................................................................187
21. Üç patyşa.....................................................................197

## DÖRDÜNJI BÖLÜM 4. KRIPTONITI ÝOK ETMEK

22. Ýüzbe-ýüz.....................................................................207
23. Geçirimlilik..................................................................217
24. Söýgi we hakykat..............................................................227
25. Kriptoniti ýok etmek..........................................................237
26. Günä bolmadyk günä...........................................................247
27. Toý zalynyň gapylary..........................................................257
28. Galkynyň......................................................................267

Maslahatlaşmak üçin soraglar......................................................277
Goşundy..........................................................................285

# ŞU KITAP BARADA

“Kriptonoti ýok etmek”atly kitaby ençeme beýleki kitaplar ýaly boýdan-başa okap bolýar. Men onuň baplaryny gysga – hersini 10-15 minudyň dowamynda okap bolar ýaly ýazdym. Her bapda beýan edilen hakykaty durmuşda ulanyp bileriňiz ýaly, ol “Hereket ediň” atly gysgajyk tekst bilen tamamlanýar. Gaýrat edip, babyň şol bölümini sypdyrman okajak boluň, ol kitaby öwrenmekde wajypdyr. Şonuň üçin-de, men size günüň dowamynda diňe bir baby okamagy maslahat berýärin. Şeýlelikde, indiki baba geçmezden öň gerekli hereketleri amal edip bilersiňiz.

Kitabyň ahyrynda maslahatlaşmak üçin soraglar berilýär. Olar “Kriptoniti ýok etmek” atly kitaby toparlarda öwrenmek üçin peýdalydyr. Men kitabyň mazmunyna laýyklykda onlaýn-okuw toplumyny we okuw kitabyny hem döretdim. Olaryň ikisi-de şu okuwy çuň özleşdirmäge niýetlenendir. (Kitabyň ahyrynda şu okuw toplumy we kitaby barada goşmaça maglumaty tapyp bilersiňiz.)

Eger siz bu kitaby “Kriptoniti ýok etmek” atly okuw toplumynyň bölümi hökmünde okaýan bolsaňyz, onda men size topar bolup ýygnanmagy we hepdede bir sapagy görmegi ýa-da diňlemegi, kitabyň ahyrynda berilýän soraglara jogap bermegi maslahat berýärin. Soňra toparyň her bir agzasy indiki duşuşyga çenli indiki baby okasyn. Soraglaryňyzyň ýüze çykan halatynda maňa we “Messenjer Interneşenel” hyzmatyndaky toparyma arkaýyn ýüz tutup bilersiňiz.

Syýahatdan lezzet alyň!



Jon

# GIRIŞ

Şu kitaby ýazmagy bes etmek duýgusy mende ýygy-ýygydan döräpdi diýsem, haýran galmagyňyz ahmal. Eger biraz gyssanmasaňyz, munuň sebäbini düşündireýin. Birinjiden, “Kriptoniti ýok etmek” atly kitabyň Isa Mesihe eýerýänlere nähili dahyly bolsun? Muny gysgaça düşündirmäge ygtyýar ediň.

Biziň köpimiz “kriptonit” sözüni “Supermen” filminiň sýužetinden bilýäris. Amerikan halk ertekisine öwrülen bu hekaýat Jerri Sigel we Jo Şuster atly ýokary klasyň okuwçylary tarapyndan döredilip, 1938-nji ýylyň iýunynda ilkinji gezek komikslerde çap edilipdi. Komikslerdäki görnükli gahryman adatdan daşary başarnyklara eýe bolup, şol döwürdäki nasist zalymlygyna garşy durup bilýän gahrymana dönüpdi. Supermeniň meşhurlygy günsaýyn artyp, ol diňe bir komiksleriň däl, eýsem radiogepleşikleriň, teleseriallaryň we doly metražly filmleriň gahrymanyna öwrüldi.

Birnäçe wagt geçenden soň Supermen ýeňilmezek bolany üçin, olbaradaky komiksler okyjyaryň we tomaşyçylaryň ýüregine düşüp başlady. Şonda awtorlar 1940-njy ýyllarda bu hekýata täze elementi – soňabaka kriptonit ady bilen belli bolan maddany goşdular. Bu madda Supermeniň watan planetasyndan bolup, gahrymanyň adatdan daşary başarnyklaryny ýatyryp bilýärdi. Kriptonitiň täsirine düşen Supermen öz adatdan daşary başarnyklaryny ýitirip, adaty adam ýaly bolýardy.

Bizde, ýagny mesihilerde hem Hudaýyň beren güýjüni we häsiýetini gaçyrýan “kriptonit” bar. Ony nädip saýgarmaly? Ol biziň her birimize we hemmämize bilelikde nähili täsir edýär? Ol Hudaýyň Sözüni günäkärlere ýetirmekdäki peýdalylygymyza we başarnyklarymyza nädip päsgel berýär? Biz onuň täsiriniň astynda nämeleri ýitirýäris? Ol nädip şeýle aňsatlyk bilen başga keşbe girip bilýär? Ine, kitapda şeýle soraglaryň käbirleri orta atylýar.

Eliňizdäki şu kitap Mukaddes Ruhuň ýardamy we ugrukdyrmasy arkaly ýazylan kitaplaryň ýigriminjisidir. Ýokarda belläp geçişim ýaly, men şu kitaby ýazmagy bäş-alty gezek goýbolsun etmekçi boldum. Munuň ýeke-täk bir sebäbi – bu kitabyň öňümde goýýan soraglarydy, men bu soraglara äsgermezlik edip bilemokdym.Men öz-özümden şuny soradym: "Eýsem, men özüme niýetlenen durmuş derejesinden pes durmuşa kanagatlanýanmy? Biz, ýagny ýygnak, jemgyýeti üýtgetmek üçin Hudaýyň barlygyny we güýjüni hakykatdan-da ulanýarysmy?" Men birnäçe gezek ýarygije oýanan wagtymda şeýle sözleri gaýtalaýardym: "Eý, Atam, men şu kitabyň göwnüme ýaraýandygy babatda şübhelenýärin. Men ony goýbolsun edesim gelýär".

Ýöne her gezek Mukaddes Ruhuň ymykly"Ýok" diýýändigini duýýardym. Ahyrda, Ol meni bu habaryň bütin dünýä boýunça güýçli imanlylary aýaga galdyrmaga, sagdyn maşgalalary we ýygnaklary bina etmäge ýardam etjek pähim-paýhasy berjekdigi babatda soňky gezek ynandyrdy. Şu kitapda beýan edilen esaslar tutuş şäherleri özgerdip biler.

Şeýle wadadan soň men bu kitaby iman bilen ýazmagy dowam etdim. Men kitabyň ahyrky bölümine – soňky ýedi babyna ýetenimde, onuň üstünligi mese-mälim boldy. Eger ilkinji üç baby sypdyrsak, dördünji babyň täsiri ep-esli kemeler. Bu edil kinofilmiň nähili tamamlanýandygyny bilmek üçin onuň soňky ýigrimi minudyna tomaşa eden ýalydyr. Şeýle etseňiz, ony boýdan-başa göreniňdäki ýaly täsirli we peýdaly bolmaz. Kinofilme başdan tomaşa edýän adamlar gahrymanlara çyn ýürekden duýgudaşlyk edip, aglaýarlar, gülýärler.

Kitap dört bölümden, her bölüm bolsa ýedi – jemi ýigrimi sekiz bapdan ybarat. Men muny işe juda meşgul bolan okyjylara amatly bolmagy üçin şeýle etdim. Siz günde bir baby okamaga 10-15 minut sarp edip, tutuş kitaby dört hepdäniň dowamynda okap bilersiňiz. Eger hepdede bir baby okasaňyz, kitaby ýarym ýylda tamamlap bilersiňiz. Umuman, siz ony özüňiz üçin amatly rejede okap bilersiňiz. Biz kitaby okamagyň islendik usulyna gabat geljek usulda rejelemäge ymtyldyk.

Ýene-de belläp geçilmeli zatlaryň biri – siz bu habara kriptonitden goraýan we töwerekdäki durmuşy özgertmek üçin gerek bolan

danalygy berýän habara kimin garamaly. Başlamazdan öň, geliň dileg edeliň we ýerdäki wezipämizi berjaý etmäge ýardam berýän gökleriň danalygyny görüp bilerimiz ýaly, Mukaddes Ruhdan gözlerimizi açmagyny soralyň.

*Eý, Atam, Isa Mesihiň ady bilen ýalbarýan: durmuşymdaky Seniň erkiňi görer ýaly gözlerimi, eşiderim ýaly gulaklarymy we ony kabul edip bilerim ýaly, ýüregimi aç. Eý, Mukaddes Ruh, şu habary okanymda Isa Mesihiň ýollaryna ymykly düşünmäge ýardam et. Men Saňa öz Mugallymym hökmünde garaýan. Maňa şu kitabyň her bir sözleminden gürle. Durmuşym, goý, baky özgersin. Omyn.*

ÝEKÄNIŇ GÜÝJI

# BIRINJI BÖLÜM 1

# 1

# BIZIŇ SOWA GEÇÝÄN SORAGLARYMYZ

*Awtoryň belligi*

*Eziz okyjylarym! Eger siz Girişi okamadyk bolsaňyz, ony okamagy berk maslahat berýärin. Ol size habaryň asyl manysyna çuňňur düşünmäge kömek eder. Syýahatdan lezzet alyň!*

“Kriptoniti ýok etmek” – Supermen baradamy? Ýok, ýöne onda Supermeniň durmuşy bilen iman durmuşymyzyň arasynda haýrana goýýan meňzeşlikler barada aýdylýar. Geliň, bu meňzeşliklere garap geçeliň.

Supermen bu dünýä degişi däl, Hudaýyň perzendi hem bu dünýä degişli däl. Supermen adaty adamlara elýeter bolmadyk adatdan daşary güýje eýe. Biz hem dünýädiki adamlarda bolmadyk adatdan daşary güýje eýediris.

Supermen ýamanlyga garşy göreşýär. Biz hem şeýle.

Ol sütem edilenleriň ählisini boşadýar we goraýar. Biz hem ejizleri goraýarys we ýesirleri boşadýarys.

Ol – Günden kuwwatlanýar, biz – Oguldan kuwwatlanýarys.

Supermeni ýeke-täk bir zat – kriptonit togtadyp bilýär. Bu onuň planetasyndan bolan toslama radioaktiw maddadyr. Biziň planetamyzda hem Hudaýyň perzendini togtadýan “kriptonit” bar. Hawa, ol planetamyzda döredilen däl, ol biziň aslymyzyň bolan ýerinde döredilen. Kriptonit Supermeniň

adatdan daşary ukyplaryny ýok etmän, eýsem, onuň ynsan güýjüni hem ýatyrýardy. Biziň kriptonitimiz hem edil şeýle hereket edýär.

Ol nähili zat? Onuň asyl manysyny açmazymdan öň, tutuş taryhyny düşündireýin. Kriptonitiň Supermenden üstün gelmeginiň esasy sebäbi – ony saýgarmak juda kyn. Şonuň üçin-de, ol assyrynlykda galyp, Supermene täsir edip bilýärdi. Biziň durmuşymyzda hem şeýle: kriptonit mesihileri aýratynlykda we Mesihiň Bedenini tutuşlykda gowşadyp bilýär. Köp mesihiler onuň bardygy barada pikir-de etmeýär. Bu kitap kriptoniti saýgarmagy öwrenmek, onuň zyýanly täsirini ýatyrmak we imanlylara aýratynykda we jemgyýete tutuşlykda täsirini ýetirmegine ýol berdirmezlik üçin ýazyldy. Şonuň üçin-de, geliň, soragdan başlalyň.

## Iň uly isleg

Biziň iň uly islegimiz näme? “Biziň” diýmegimiziň sebäbi, eger dogrymyzy aýtsak, hemmämiziň islegimiz birdir. Islegimiz – üstünlikli bolmak. Üstünlikli bolmak, öz iş çäklerimizde iň oňady bolmak, meşhur we nikada bagtly bolmak, oňat dost gatnaşyklaryndan lezzet almak, ajaýyp jemgyýetiň agzasy bolmak, sagdyn bolmak we göwün islegimizi kanagatlandyryp bilerimiz ýaly, elimiziň uzyn bolmagy, şeýle dälmi?

Ýokarda agzalan isleglериň ählisi göwne ýaramly, olaryň aglabasy durmuşymyzda hatda gerek hem, ýöne olar biziň iň uly islegimize gabat gelýärmi? Eýsem biz ýokarda agzalanlaryň ählisine eýedigine garamazdan, kalbynda boşluk duýýan adamlary bilmeýärismi näme? Eýsem biz uly üstünliklere ýeten Golliwudyň artistleri, kompaniýalaryň eýeleri, professional sportsmenler, döwlet işgärleri we başga adamlar baradaky wakalary eşitmeýärismi näme? Olar durmuşda göräýmäge uly üstünlikleri gazanan hem bolsa, olara haýsydyr bir zat ýetenok. Olaryň käbiri kalplaryndaky boşlukdan ýaňa neşe ýa-da alkogol ulanyp başlaýarlar, ekzotiki başdan geçirmeleri agtarýarýarlar ýa-da söýgä kowalaşýarlar. Käbirleri kalby horlaýan we ezýän boşlugy doldurmak umydy bilen dine, käbirleri “Täze asyryň” mistiki hereketindäki ruhy gözleglere ýa-da okkultizme ýüz urýarlar.

Eger biz dogrumyzdan gelsek, köňlümiziň jümmüşinde haýsydyr bir has uly zadyň bardygyny bilýäris. Her bir erkegiň, her bir aýalyň küýseýän (olar muňa düşünse-de, düşünmese-de) kanagatlanmasyny diňe Ýaradan bilen ýakyn gatnaşykda tapyp bolýar. Siziň Hudaý barada näme pikir edýändigiňize

garamazdan, siziň kalbyňyz Ony dünýädäki hemme zatdan köp isleýär. Adam diňe öz Ýaradany bilen birikmekde lezzeti we kanagatlanmany tapýar.

Hakykat şundan ybarat: Hudaý “ebediligi ynsanyň ýüregine saldy” (Wagyz 3:11). Bizi öz girdabyna salan aldawyň güýjüne garamazdan, biz köňlümiz “Ebediligiň Şasyny” küýseýär (ser.: 1 Timoteos 1:17). Hudaýyň Sözi ynsan barada, ine, şeýle diýýär:

> “Bu adamlara Hudaý hakda bilip bolýan zatlar mälimdir, sebäbi Hudaýyň Özi bulary olara mese-mälim etdi. Hudaýyň göze görünmeýän häsiýetleri: ebedi gudraty we hak Hudaýdygy dünýä ýaradylaly bäri Onuň ýaradan zatlaryndan mese-mälim görünýändir. Şoňa görä-de, adamlaryň: ‘Hudaý hakda bilmeýäris’ diýmäge hiç tutarygy ýokdur” (Rimliler 1:19-20).

Hudaý hakda bilmeýän ýekeje adam-da ýok. Islendik erkek ýa-da aýal öz ýürekleriniň jümmüşine garanlarynda, ömürleriniň haýsydyr bir tapgyrynda Hudaýy tanamak teşneligini duýandyklaryna düşünýärler. Biz ýüregimiziň jümmüşinde Onuň hemme ýerde bolup bilýändigini, gudratlydygyny we hemme zady bilýändigini aňlaýarys.

Onuň bilen aragatnaşyga başlan her kes Onuň barlygynyň, güýjüniň, ajaýyplylygynyň we beýikliginiň aňa sygdyryp bolmaýandygyna we Oňa taý geljegiň ýokdugyna düşünýärler. Ol şeýle bir beýik welin, hatda älemdäki iň güýçli perişdeler-de göklerde dyngysyz galpyldaýarlar, haýrana galyp, Onuň ajaýyp belentligini wasp edýärler. Bu güýçli perişdeleriň Hudaý baradaky wasplary şeýle joşgunly we hyjuwly bolany üçin, göklerdäki, belki, içine milliardlarça ýaradylyşlary sygdyrýan giňişligiň äpet gapylarynyň işiksöýeleri sarsýar.

Hudaýyň danalygyna, düşünjesine, döredijilik zehinine, açyk göwünliligine we bilimine aň ýetirip bolmaýar. Ençeme asyrlaryň dowamynda iň paýhasly danalar Onuň ýaradan zatlarynyň syryny öwrenseler-de, derňeseler-de, olaryň çylşyrymlylygyna we täsinligine soňuna çenli düşünip bilenoklar.

Hudaýyň söýgüsiniň, rehiminiň, duýgudaşlygynyň, merhemetiniň dolulygyna bir adam-da doly düşünip bilmez. Onuň söýgüsi çäksizdir.

Hudaý bilen gatnaşykda bolmak meniň üçin uly mertebe. Men şeýle gatnaşykdan eýýäm kyrk ýyl bäri lezzet alýan bolsam-da, golaýda şu pikir meni

haýrana goýdy: Ýaradanymyz bizi öz-özümizi sezewar eden jezamyzdan halas etdi. Ol ýeri dolandyrmak üçin ähli ygtyýary bize, adamlara berdi. Biz bolsa bu ygtyýary Onuň iň ganym duşmany bolan şeýtana we onuň gullaryna berdik. Hudaý biziň bu biwepalygymyz barada öňünden bilensoň, bizi gulçulykdan we zyndandan boşatmak üçin meýilnama düzüp, ägirt uly bahany tölemäge taýyn boldy. Biz özümizi jeza höküm etdik, Ol bolsa bizi boşatmak üçin Özüni gurban etdi. Ol muny Öz Sözüni bozmazdan etdi. Bu Söz diňe Onuň ynsan bolan ýagdaýynda amala aşyp biljekdi.

Hudaý Ýer planetasyny ynsana berdi. Ol ony Hudaý hökmünde yzyna alyp bilmeýärdi. Ol ony Ynsan Ogly hökmünde yzyna alyp bilýärdi. Isa Mesihiň päk gyzdan dünýä inmeginiň danalygy hem, ine, şundadyr. Ol 100% ynsan boldy, ýöne Atasynyň Hudaýyň Ruhy bolany üçin, Ol ynsanyň gul häsiýetiniň täsirine düşmändi. Isa Mesih ynsan keşbinde gelen Hudaýdy. Ol bizi boşatmak üçin nähili jebir-jepalara döz gelmelidigini bilýärdi. Ýöne bizi juda söýensoň, bu jebir-jepalary çekmäge meýletinlik bilen razy boldy.

Onuň ýagşylygy, çäksiz söýgüsi, gýüji we beýikligi barada tutuş bir kitap, hatda kitaplar toplumyny hem ýazyp bolýar. Ýöne şu kitap başga niýet bilen ýazyldy.

## Biziň sowa geçýän soragymyz

Biz şeýle täsin Hudaýyň perzentleri, şonuň üçin-de, sadaja logika ajaýyp söýgini duýmalydygymyzy mese-mälim aýdýar. Bu diňe bir sagdyn logika däl, muny Mukaddes Ýazgylar hem aç-aýan aýdýar. Bize şular wada berlen:

- Onuň Hudaýlyk tebigaty
- päk häsiýet
- şertsiz söýgi we bagyşlama
- çäksiz şatlyk we parahatlyk
- gudratly güýç
- abadançylyk
- ýaşaýşa ukyplylyk
- saglyk
- howpsuzlyk we durnuklylyk.

Onuň jomartlygy şu sanaw bilen çaklenmeýär; başga-da ençeme wadalar berlendir. Olaryň arasynda şular bardyr:

- Hudaýyň danalygy,

- bilimi,
- düşünjesi,
- oýlap tapyjylygy,
- ýiti akyly we döredijiligi.

Bularyň ählisi biziň işimizde miwesini berip, üstünlik getirmeli. Başga sözler bilen aýdanymyzda, göklerde gizlenen hazynalar bize wada berlen. Ýadyňyzdamy, Isa Mesih Onuň Şalygynyň biziň içimizdedigini aýdypdy. Şonuň üçin-de, Onuň ýer ýüzündäki erki hem edil göklerdäki ýaly bolmaly.

Emma muňa garamazdan, jemgyýetçilik derejesinde-de, şahsy derejede-de şeýle netijeleriň ýokdugy mese-mälim. Eger biz hakykatyň gözüne dikanlap seretsek, dünýewi adamlar bilen Hudaýyň halkynyň arasynda uly tapawut görerismi? Biz, ýagny Isa Mesihe eýerýänler, saýlanyp durusmy? Tümlük nesliniň arasynda şamçyrag kimin parlaýarysmy? Nika bozulmalaryň derejesine serediň – ýygnak bilen dünýäniň arasynda düýpli tapawudy göýärmisiňiz? Biz göriplikden, gabanjaňlykdan, gybatlardan we agzalalykdan azatmy? Biziň aragatnaşyklarymyz eýsem şolardan azatmy? Ahlak taýdan bozulan jemgyýetde Hudaýyň adamlary öz häsiýeti, dogruçyllygy we belent ahlaklary bilen saýlanyp duranyny görýärismi? Saglyk we abadançylyk çäklerinde imanlylar bilen dünýewi adamlaryň arasyndaky tapawut bildirýärmi? Biz resurslara boldan-bol eýemi? Biz başgalaryň mätäçliginiň öwezini dolup bilýärismi? Onuň Hoş Habaryny ýer ýüzündäki her bir adama jar edip bilýärismi?

Ýokarda aýdylanlar, belki, belent ýaňlanyp, ýetip bolmajak sepgit diýip oýlaýansyňyz? Köne Äht döwründe bolçulykdan ýaňa kümşüň adaty daş hasaplanyp, hiç bir gymmatynyň bolmandygyny ýada salyň (ser.: 1 Patyşalar 10:21,27). Tersine, Täze Äht döwründe men şeýle ýagdaýy ýygy-ýygydan görýärin: hyzmatlaryň liderleri güzeranlaryny zordan aýlaýarlar, çopanlar öz şäherinde we obalarynda adamlara kömek edesi gelýär, ýöne muny hyzmatçylaryň, puluň we beýleki resurslaryň ýetmezçiliginden ýaňa edip bilmeýärler.

Iki ýagdaýda-da “ýerde gökdäki ýaly” kimin görünýärmi?

Isa Mesih Onuň Şalygyny we Onuň dogrulygyny agtarsak, galan ähli zatlaryň hem bize beriljekdigini söz berýär. Biz haýsydyr bir işi amala aşyrmakda resurslaryň ýetmezçiligi Isa Mesihi togtadadan ýeke ýagdaýyny-da tapyp bilmeris. Gynansak-da, ýygnakda baýlyk we abadançylyk barada birtaraplaýyn taglymlar peýda boldy. Bu sagdyn däl taglymlar zerarly adamlar

abadançylykda hiç bir gowulyk ýok diýip pikir edip başladylar. Ýöne öz elimiz ýuka bolsa, başgalara nämedir bir zatlary berip bilerismi?

Eger biz özümizi Hudaýyň Şalygyny agtarmaga bagyş etsek, Ol Öz erkini ýer ýüzüne ýaýratmak üçin zerur bolan serişdeleriň baryny berer. Hudaý erbet lider däl ahyryn, Ol Öz şägirtlerine gerek serişdeleri bermän, Öz islegini amala aşyrmagy soramazdy. Mundan başga-da, Hudaý – rehimli Ata. Ol Öz perzentlerini ýalkasy gelýär. Emma Ol emlägimiziň biziň üstümizden höküm sürmegini islänok. Ähli belanyň körügi pul däl-de, “pula bolan söýgi”.

Gadymy Ysraýylda tutuş ýurtda ýeke garyp adamyň-da bolmadyk döwri bolupdy. Bu barada şeýle ýazylan: “Süleýmanyň bütin ömrüne Dandan Beýerşeba çenli aralykdaky tutuş Ýahudadaky we Ysraýyldaky her bir adam üzüm we injir agaçlarynyň aşagynda asudalykda ýaşady” (1 Pat. 4:25). Dan şäheri Ysraýylyň uzak demirgazygynda, Beýerşeba bolsa uzak günortasynda ýerleşýärdi. Şonuň üçin-de Mukaddes Ýazgylar bize tutuş ýurtda ýeke-de mätäç adamyň bolmandygy barada aýdýar. Hökümediň eklenjinde bolan bir raýat-da, adamlar topary-da ýokdy! Şeýle abadançylyga nädip ýetildikä?

Bu ýöne bir gabatlaşma däl. Eger Hudaýyň halkynyň Köne Ähtdäki taryhyna göz aýlasak, köp nesilleriň täsin abadançylykda ýaşandygyny, ykdysady, sosial we harby taýdan güýçli bolandygyny göreris. Olaryň resurslary, azygy we baýlygy bolelindi. Duşmanlary olara hüjüm edýärdi we yza çekilýärdi, sebäbi ysraýyllar ýeňilmän, tersine, ýeňýärdiler. Beýleki halklar olaryň ýaşaýyş derejesini görüp, haýrana galýardylar. Munuň Köne Äht döwründe bolandygyny ýatlaň. Ol Täze Äht ýaly oňat däldi.

Isa Mesih – iň oňat wadalardan ybarat iň oňat ähtiň Tagallaçysy (ser.: Ýewreýler 8:6). Eger biz Onuň durmuşyna göz aýlasak, hökümdarlaryň, salgyt ýygnaýjylaryň, bozuk aýallaryň, ogrularyň, baýlaryň we garyplaryň – jemgyýetiň dürli gatlaklaryndaky adamlaryň Onuň bilen duşuşmaga ymtylandygyny göreris. Isa Mesih baran ýerindäki tutuş şäherleri özgerdýärdi. Başgalaryň mätäçliginiň öwezini doldurmakda Onuň hiç bir kem zady ýokdy. Eger Onuň şägirtlerine kimdir biri zyan ýetirmekçi bolaýanda-da, bu niýeti başa barmaýardy – erbet ýagdaýlar köplenç täsinlik bilen üstünlige öwrülýärdi.

Irki Ýygnagyň agzalarybarada: “bütin dünýäde bulagaýlyk döredýärler” diýip aýdýardylar (ser.: Resullar 17:6). Olaryň hiç bir kem zady ýokdy, sebäbi olar barada şeýle ýazylandyr: “Hudaý olaryň hemmesine beýik merhemet eçildi. Aralarynda mätäç adam ýokdy” (ser.: Resullar 4:33,34). Olar şeýle bir täsindi welin, hatda käwagt özleriniň hudaý däldigi we olara ybadat etmeli

däldigi babatda serkerdeleri we şäher häkimlerini ynandyrmaly bolýardy. Şol şäherleriň ilaty olary öz döwürleriniň gahrymanlary saýýardy. Olar ejir çekýän adamlary keselden we ysmazlykdan boşadýardylar. Olar şol döwrüň jemgyýetindäki tümlükde nur saçýardylar.

Sizden şuny ýene bir gezek soramaga rugsat ediň: siziň durmuş ýörelgäňiz şindiki dünýäniň ýaşaýyş ýörelgesinden kän tapawutlanýarmy?

Bu wadalaryň diňe Täze Äht döwründäki ýygnaklaryna berlip, şindi näme üçin ýörgünli däldigini düşündirmek üçin Mukaddes Ýazgylarda mese-mälim aýan edilen taglymaty ýoýmaýarysmy? Şeýdip, özümizi aklajak bolmaýarysmy? Täze Ähtiň awtorlary bize jogap berýärler, ýöne biz bu kyn soraglaradan gaça durýarys. Biz Mukaddes Ýazgylaryň diýýänlerine hakykatdan-da gulak assak nähili bolardy?

Men barmagymy hiç kime çommaldyp görkezemok. Men diňe şu soraga jogap bermegiňizi isleýän: eýsem "Seniň Şalygyň gelsin, gökde bolşy ýaly, ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn" diýeni şuny aňladýarmy? Isa Mesihiň: "Hudaýyň Şalygy siziň araňyzdadyr" (Luka 17:21) diýen sözlerine biperwaý garap bolmaz. Onuň Şalygy şu ýerde – Mesihiň Bedeniniň içinde. Biz öz döwürdeşlerimiziň arasynda Isa Mesihiň Öz döwürdeşleriniň arasynda ýaşaýşy ýaly ýaşaýarysmy? "'Men Hudaýa sygynyp ýaşaýaryn' diýýän adam Isa Mesihiň ýaşaýşy ýaly ýaşamalydyr" (1 Ýohanna 2:6) diýen ündew eýsem bize berlen dälmi näme?

Dünýä ýetmek babatda biz ilkinji Ýygnagyňky ýaly netijeleri gazanýarysmy? Biz tutuş regionlaryň Hudaýyň Sözüni iki ýylyň dowamynda eşidenini görýärismi? (ser.: Resullar 19:10). Olarda internediň, Feýsbukyň we beýleki jemgyýetçilik aragatnaşyklarynyň, teleýaýlymynyň, hatda radiolarynyň-da bolmandygy ýadyňyzdamy? Emma şeýle bolandygyna garamazdan, her bir adam – diňe bir şäher ýa-da bir halk däl – tutuş region Hoş Habary eşitdi.

Biz şeýle ýagdaýy şu gün görýärismi? Geliň, dogrymyzdan geleliň.

Biz: "Hudaý şindi beýle hereket etmeýär" diýmek bilen, otagdaky pili görmediksirän bolýarys. Biz Hoş Habary öz ýagdaýymyza göra rejeleýän ýaly bolýarys. Biz ygtyýarlygy, güýji, üstünligi, bolelinligi, netijeleri we saglygy getirýän her bir zatdan sowulýarys (hatda ýigrenç bilen ýüzümizi sowýarys). Biz şeýle taglym juda radikal, birtaraplaýyn we ulumsy diýip aýdýarys. Şeýlelikde, biz kyn soraglara jogap bermek zerurlygyndan goranýarys we Hoş Habar arkaly näme üçin dünýä täsir edip bilmeýänligimiz babatda özümi

aklaýarys.

Şonuň üçin-de men hereketsizligimiz barada öz-özüme sorag berýärin. Bu sorag barada hemmeler oýlanmasa-da, köpimiz oýlanýandyrys. Ýöne biz näme üçin bu soragy orta atmaýarys? Biz näme üçin onuň jogabyny agtarmaýarys? Biziň bu ýaýdanjaňlygymyz, belki, bu sorag iş salşasymyz gelmeýän käbir syrlarymyzy paş eder gorkusyndan döreýändir? Ýöne biz jogaplary agtarmasak we olara laýyklykda ýaşamasak, öz çagyrylan durmuş derejämizden gaty pesde galarys.

Otuz bäş ýyl bäri hyzmatda bolmak bilen, altmyş ýaşyma ser uran çagymda, men şu soragy orta atmak isleginden doly. Men bu soragy bermäge taýýar. Mundan başga-da, muny Hudaýyň isleýändigini duýýaryn. Men bu soraga çynymyz bilen Onuň Sözüne laýyklykda garasak, öz çagyrylan durmuşymyzyň dolulygyny göreris diýip hasaplaýaryn.

Eger siz hem men ýaly sorag bermegi halaýan bolsaňyz, geliň, bu ruhy syýahata bilelikde ugralyň. Ol çalt bolmaz we, belki, edil lukmanyň öz syrkawy barada alada edip, onuň janyny halas etmek üçin edýän hirurgiki operasiýasy ýaly agyryly bolar.

Mukaddes Ruh biz barada islendik lukmandan has köp alada edýär. Bu şahsy we umumy çäkler hem babatda şeýledir. Muny juda "oňaýsyz" bolan baplary okanyňyzda ýatda saklaň. Netijede siz berkligi, saglygy, şähdaçyklygy we dirilik güýjüni edinersiňiz. Men adamlaryň, şäherleriň we tutuş nesliň durmuşyny özgertmekde jogaplaryň güýjüniň bardygyna berk ynanýaryn.

Eger siz meniň bilen bolsaňyz, geliň, öňe hereket edeliň!

## Hereket ediň

Hudaý Ýakubyň hatynda (1:22) şeýle diýýär: "Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz". Bu ýerde sözi Hudaýdan (Mukaddes Ýazgylardan, Mukaddes Ruhdan ýa-da sagdyn taglym berýän adamdan) eşidip, ony berjaý etmeýän bolsak, öz-özümizi aldaýandygymyz barada aýdylýar.

Biz imanymyzy özümize öwredilýän zatlar bilen ylalaşmak arkaly däl-de, edýän hereketlerimiz arkaly subut edip bilýändiris. Şoňa görä-de, şu kitabyň her babynyň ahyrynda berilýän ýumuşlar örän wajypdyr. Olaryň hersi peýdaly tramplin ýalydyr. Siz bar ünsüňizi indiki baplarda beýan edilýän

hakykata gönükdirip, bu tramplin arkaly öňe uzak böküp bilersiňiz. Bu gysga hereketler uzak wagty talap etmeýär.

Eger siz olaryň hersine üns berseňiz, bu kitapdan has köp peýda alarsyňyz we durmuşyňyzda düýpli özgerişleri görersiňiz.

## III

Hemmeleriň gaça durýan soragyny orta atmak – diş çüýrügini bejermek üçin diş lukmanyna giden ýalydyr: ymykly kömegi almak üçin, batyrgaý bolmaly.

Siziň durmuşyňyz dünýewi adamlaryň durmuşyndan nähili tapawudy bar? Töweregiňizdäki adamlar siziň Isa Mesih ýaly ýaşaýandygyňyz barada aýdýarmy? Bu soragdan gaçmaň, onuň üçin açyk boluň. Isa Mesih ýaly ýaşan bolanlygyňyzda durmuşyňyz näderejede başga bolardy? Siz haýsy endikleriňizi taşlardyňyz? Bu daş-töweregiňizdäki adamlar bilen gatnaşygyňyza nähili üýtgederdi? Siziň maşgalaňyzdaky gatnaşyklaryňyz nähili özgererdi?

Wagt tapyp, öz pikirleriňizi ýazyň. Mukaddes Ýazgylary ugrukdyryjy hökmünde ulanyň. Olar size ymtyljak maksadyňyzy kesgitlär. Jogaplaryňyzy ýazan badyňyza olar barada dileg ediň. Mukaddes Ruhy çagyryň we jogaplaryňyzyň arasyndan birini – Onuň şindi durmuşyňyzda amal edýän zatlarynyň birini ýagtylandyryp görkezmegini haýyş ediň. Özgerdişlere gujur-gaýrat alyp bileriňiz ýaly, durmuşyňyzyň şol çägini janlandyrmagyny Mukaddes Ruhdan diläň.

# 2

# TANYŞ BOLUŇ, KRIPTONIT

Birinji bapda biz Hudaýyň belentligini beýan etmäge synanyşdyk. “Synanyşdyk” diýmegimiň sebäbi dilimiziň näderejede baýdygyna we manylydygyna garamazdan, biz Onuň ajaýyplygyny ýele ýandan hem beýan edip bilmeris. Güýçde we şöhratda Ondan üstün geljek hiç kim ýok. Hudaý bilen bäsleşip biljek-de, Oňa taý geljek-de ýok. Ol ezelden ebedä çenli şalyk sürer. Ol neneň ajaýyp!

Biz Onuň perzentleri hökmünde durmuşymyzyň Ony şöhlelendirmelidigine oňat düşünýäris – Mukaddes Ýazgylar bu barada aýdyň aýdýar. Hudaýyň Sözi Onuň ogullary we gyzlary barada şeýle diýýär: “...biz bu dünýäde edil Mesih ýaly ýaşaýarys” (1 Ýohanna 4:17). Resul Ýohanna: “Ol nähili ýaşan bolsa, biz hem indiki ýaşaýşymyzda şeýle ýaşarys”diýmedi. Ýok, edil hut şu ýerde, şu dünýäde Onuň ýaşaýşy ýaly ýaşaýarys diýip ýazdy! Bu sözler kalbyňy lerzana salyp bilýär. Başga bir ýerde şeýle ýazylan:

> “Hudaý bize juda gymmatly beýik wadalary berdi. Ol bu wadalar arkaly siziň bu dünýädäki erbet höweslerden döreýän azgynçylykdan gaça durup, Özüniň tebigatyna şärik bolmagyňyzy niýet etdi” (2 Petrus 1:4).

Oýlanyp görüň-ä, bize Onuň Hudaý tebigaty berlen. Bu ýer ýüzünde iň meşhur adamyň tebigaty däl. Ýok, bu hut Hudaýyň Öz tebigaty. Petrus biziň

düşünmedik ýagdaýymyzda muny aýdyňlaşdyrmak üçin "Özüniň tebigatyny" diýip nygtaýar.

Bu ýerde *theios* diýen grek sözi ulanylýar. Bu söz "diňe Hudaýa degişli we Ondan gelip çykýan" diýmegi aňladýar (WSNTDICT sözlügi). "Tebigat" sözi – grek *phusis* diýen sözi bolup, ol "aslyny anyk görkezmek, möhüm düzümi we häsiýetleri diýmegi aňladýar (WSNTDICT sözlügi). Şu kesgitlemeleri utgaşdyryp okasak, şeýle bolar: "Hudaý bize juda gymmatly beýik wadalary berdi. Ol bu wadalar arkaly...hut Onuň Özüne degişli bolan wajyp düzüjilerine şärik bolmagyňyzy niýet etdi".

Biz dogrudan-da Hudaýdan doglan!

Hyzmatçylar: "Mesihiler bilen günäkärleriň arasynda hiç tapawut ýok, ýöne mesihileriň günäsi ötülen" diýen jümleleri meni alada goýýar. Bu barypýatan patarraky we bu sözler elhenç iki zada sebäp bolýar: birinjiden, Hudaýyň Isa Mesih arkaly edenleriniň ähmiýetini peseldýär, ikinjiden, Onuň wadanysynyň güýjüni gaçyrýar. Şeýlelikde, bu boş sözler Hudaýyň halkyny öz günäli isleglerimiz zerarly düşen şu dünýäniň ýesirliginden boşanmagyna päsgel berýär.

Tebigatyň hut özi bu patarraky sözleri ret edýär. Siz ýolbarsyň serçe doganyny eşidipmidiňiz? Ýa-da tohum atdan gurçugyň doglanyny görüpmidiňiz? Biz Hudaýdan doglan, biz Onuň perzentleri. Bize şeýle diýlen: "Mähribanlarym, biz indi [göklere baranymyzda däl-de, şindi] Hudaýyň perzentleridiris..." (1 Ýohanna 3:2).

Biz Onuň söýgüli perzentleri bolanymyz üçin, päk häsiýeti, şertsiz söýgini, şatlygy, aň ýeterden ýokary bolan parahatlygy, adatdan daşary güýji, çuň bilimi we ýiti akyly görkezmelidiris. Bu sanaw heniz-de doly däldir! Mukaddes Ýazgylar şu we şulara meňzeş häsiýetleri köp derejelerde wada berýär. Şonuň üçin-de men öz soragymy ýene bir gezek gaýtalaýyn: "Biz näme üçin bulary her birimiziň şahsy durmuşynda we tutuş ýygnagyň durmuşynda göremzok?"

Şu we şuňa meňzeş beýleki soraglara jogap bermezden ozal, men sizi şu kitaby okamaklyga taýynlasym gelýär. Indiki birnäçe babyň negatiw we gödek bolup görünmegi ahmal. Ýöne men size jogaplary aljakdygyňyzy, olaryň kanagatlanarly boljakdygyny söz berýärin.

Şeýle bir ýagdaýy göz öňüne getireliň: eger lukman kesel adamda melanomany irki döwründe dogry anyklap, ambulatoriýa şertlerinde ýeňil

hirurgiki operasiýany bellese, onuň bu çözgüdi negatiw bolup görünmegi ahmal. Kesel adam öz içinden gaharlanyp, şeýle diýýär: “Bu nähili şowsuzlyk! Mende rak keseli döräpdir! Men bu kesel barada hiç zat eşidesim gelenok, bu keselden saplanmak üçin hiç proseduralary edesim gelenok. Emma janymy halas etmek üçin, muňa razy bolaryn”.

Şeýle bir ýagdaýy hem göz öňüne getirip görüň: eger lukman meselä biperwaýlyk bilen garap, kesel adama sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegi, bedenterbiýe bilen meşgullanmagy, şähdaçyk bolmagy, sarsgynly ýagdaýlardan gaça durmagy maslahat berse, melanoma ösüp, tä operasiýanyň peýda edip bilmejek ýagdaýyna çenli ýeter we ölüme sezewar eder.

Hudaý bizi juda söýensoň, özümizi çäklendirip we hatda öldürip biljek zatlary ýüze çykarman bilmeýär. Ol bizi çäklendirýän zady diňe bir şähdaçyk durmuş arkaly aýryp bolmajakdygyny bilýär. Bu zat bilen, gowusy, ýüzbe-ýüz bolup, aýranyň gowudyr. Hudaý biziň saglygymyz we abadançylygymyz barada ymykly alada edýän Atadyr.

Şonuň üçin-de, indiki baplary okanyňyzda degişli bejergi çäreleri bellemek maksady bilen meseläni anyklamagyň möhümdigini ýatda saklaň. Ahyrky netije bolsa Mukaddes Ýazgylaryň wada berýän bolelinligi bolar.

## Soraga nädip jogap bermeli

Eger Onuň Şalygy biziň içimizde bolsa, onda ol näme üçin gökde bolşy ýaly ýerde ýok? Köne Äht döwründäki imanlylar “birinji” ähtiň wadalaryna – has kiçi wadalara şärikdiler. Onda näme üçin olar biziň häzirki ýaşaýşymyzdan has gowy ýaşadylarka? Mukaddes Ýazgylar muňa gaýta-gaýta jogap berýär. Jogaplaryň biri resul Pawlusyň korintoslylara ýazan hatynda berilýär:

> “Şonuň üçin-de, her kes diňe özüni synap görensoň, bu çörekden iýmeli, bu käseden içmeli. Kimde-kim Rebbiň bedenini äsgermän iýip-içse, öz-özüni Hudaýyň hökümine duçar edýändir. Ine, şu sebäpden araňyzda ejizler we syrkawlar köp, ölenleriňiz hem az däldir. Biz ilki özümizi synap gören bolsadyk, onda höküme uçramazdyk. Reb bizi terbiýelemek üçin höküm edýändir. Ol muny biziň dünýä bilen birlikde höküm edilmezimiz üçin edýär” (1 Korintoslylar 11:28-32).

Resul Pawlus korintoslylaryň Rebbiň saçagyny näderejede harlaýandygyny belläp geçýär. Ýöne olaryň bu nadanlygy, köpleriň pikir edişi ýaly, anyk hereketler bilen çäklenmeýärdi. Rebbiň saçagy, ýagny çörek bölme wagtynda olar doly naharlanýan eken. Bu biziň şindiki geçirýän çörek bölmämiz ýaly däl. Biz soňabaka olaryň näme üçin höküme duçar bolandygyna düşüneris: olar Hudaýa gulak asmaýandyklaryna doly düşünseler-de, ýalňyş hereketlerini dowam etdirdiler.

Olaryň bu hereketleri üç netijä: ejizlige, kesele we ölüme duçar etdi. Bularyň soňky ikisi düşnükli, ýöne birinjisi nämäni aňladýar? “Ejizlik” sözüniň käbir kesgitlemesi güýç we saglyk ýetmezçiligi, gowşaklyk we biçärelik diýen manylary aňladýar. Bu söz durmuşyň köp çäklerine degişli bolup bilýär. Umuman, bu söz özümiziň ilkibaşdan niýetlenilen derejämizä ýeterden ejiz gelýändigimizi aňladýar.

Geliň, Supermene dolanalyň. Onuň üçin howply we ejizliginiň sebäbi bolýan madda – kriptonit. Supermeniň adatdan daşary başarnyklary bardy. Ol adatdan daşary hereketleri edip bilýärdi, adatdan daşary bilimi, syzyjylygy bardy, diýseň güýçli we birkemsiz häsiýetlere eýedi. Emma ýanynda kriptonit peýda bolanda, Supermen adamda-da gowşak, keselli kişä öwrülýärdi. Kriptonitiň ýanynda uzak wagt bolan ýagdaýynda ol hatda ölüp-de bilýärdi.

Aslynda resul Pawlus bize ýygnakdaky kriptonitiň täsirini açyp görkezýär. Bu ýagdaý bizi güýçden mahrum edýär we durmuşda Hudaýyň häsiýetinde ýaşamaga päsgel berýär.

Dawut patyşa bir gezek öz günäsi babatda toba etmän, ony boýun almandygyny gözýaş döküp aýdýar: “...tomus yssysynda ýaly ysgynym gaçdy” (Zebur 31:4). The Message terjimesinde şeýle ýazylan: ”Ömrümiň bulaklary gurap gutardy”. Mezmurlaryň ýene birinde şeýle ýazylan: “...günäm zerarly kuwwatym gaçdy, hem-de meniň süýeklerim gurady” (Zebur 30:11).

Ýakup şeýle ýazýar: “...Onsoň höwes göwreli bolup, günäni dogurýar, günä hem ýetişip, ölümi dogurýandyr. Eziz doganlar, aldanmaň!” (Ýakup 1:15,16)

Ýakup imanlylara çürt-kesik ýüzlenýär, ol günäniň toruna düşmezligimiz üçin bize ägä bolmagy ündeýär Eger günäni çürt-kesik aýyrmasaň, ol kriptonitiň Supermeni heläkleýşi ýaly imany heläklär, hatda öldürip hem biler. Şeýlelikde, Pawlus söýýän ata hökmünde Korintosdaky ýygnaga we bize ruhy kriptonitiň täsiri barada duýdurýar.

## Güýçli duýduryş

Şu synaýjy aýatlardan ilki bilen öwrenilmeli zat – duýduryş. Resul Pawlus: “Bu islendik ejizligiň, keseliň we araňyzdaky biwagt ölümleriň sebäbidir” diýip aýtmaýar. Başga sözler bilen aýdanymyzda, ol hemme synaglar, keseller we ölümler günäniň netijesinde bolýar diýip aýdanok. Biz, imanlylar, kynçylyklara ýygy-ýygydan duçar bolýarys, sebäbi biz günä içinde ýatan dünýäde ýaşaýarys; bu ýerde bolsa hakyky tebigy we iblisiň güýçlerini hasaba alman bolmaz.

Mysal üçin, Hoş Habarda Isa Mesihiň Öz şägirtleri bilen dogabitdi kör adamyň deňinden geçip barýan ýagdaýy beýan edilen. Şägirtleri: “Bu adamyň kör bolup dogulmagyna kim günäkär? Onuň özi günäkärmi ýa-da ene-atasy?” diýip soradylar (Ýohanna 9:2). Olar bu adam ýeke-täk bir sebäpden – günä sebäpli kör doglandyr öýtdüler.

Isa Mesih bada-bat jogap berip şeýle diýdi: “Muňa ol adamyň özi hem, ene-atasy hem günäkär däl”. Isa Mesih bu nädogry we erbet pikirleri bada-bat aýgytly ret etdi.

Elipaz, Bildat we Sopar hem edil şeýle tärde Eýýuby ýazgarypdylar. Olar öz aýyplaýjy sözlerinde Eýýubyň jebir-jepalary eden günäleri zerarlydygyny nygtapdylar (ser.: Eýýup 5:17; 8:4–6; 11:13–15; 22:1–11). Emma muňa garamazdan, Eýýubyň jebirleri başlamazdan ozal Hudaý ol babatda öwnüp şeýle diýýär: “...Dünýäde onuň ýaly adam ýokdur; ol akýürekli, dogruçyl, Hudaýdan gorkýan we şerden gaça durýan adamdyr” (Eýýup 1:8). Eýýubyň jebirleri günä ýa-da ýazyklar sebäpli däldi. Hudaý belli bir wagt dymdy, ýöne ahyrda Elipaza şeýle diýdi: “...Meniň saňa we seniň beýleki iki dostuňa garşy gazabym lowlaýar, çünki siz gulum Eýýup ýaly Men barada hakykaty sözlemediňiz. Biz Hudaýy adamy eden günäsi üçin düzedýän we ony höküm edýän hökmünde suratlandyranymyzda, Onuň häsiýetini çynlakaý aýyplaýarys, sebäbi Ol aslynda beýle däl.

Mundan köp ýyl ozal, men heniz ýaş imanlykam, adamlaryň kynçylyga duçar bolan ýagdaýynda ony ýygnakda haýsydyr bir günä edendiginde aýyplaýardylar. Käbir adamlar heniz-de şeýle pikir edýärler, ýöne, Hudaýa şükür, biziň günlerimizde bu pikir öňküsi ýaly giňden ýaýran däl. Mukaddes Ýazgylaryň taglymaty we oňat liderlik hereketleri ýygnaklardan bu elhenç pikiri aýryp taşlady. Şeýle pikirleri mälim eden adamlaryň äheňi diýseň erbet ýaňlanýardy, ol höküm ediji, hatda ýigrenç bilen ýaňlanýardy. Gynansak-da,

şeýle pikirdäki taglymlar köp adamlaryň imandan dänmegine sebäp boldy.

Başga bir tarapdan bolsa, biz Isa Mesihiň otuz sekiz ýyllap çeken ejirinden sagalan adama aýdanlaryny unutmaly däl. Ol şeýle diýipdi:" Ine, sagaldyň, mundan beýläk günä etme, ýogsam başyňa mundan beter günler geler" (Ýohanna 5:14). Isa Mesihiň tassyklaýanyny ret etmegiň manysy ýok – günä erbet netijelere we synaglara gapyny açýar. Isa Mesih şu adamy juda söýensoň Öz janyny onuň ugrunda gurban etdi. Hut şol hyjuwly söýgüsi sebäpli-de Ol bu adama ägä bolmagy tabşyrýar.

Biz şeýle meseleleri çözmekden gaça duranymyzda, bu hakyky söýginiň ýetmeýänliginiň alamatydyr. Biz başgalara gödek, günäkärleýji, ýazgaryjy bolup görünmekden çekinip, özümizi saklaýarys. Emma meseläni şeýle tärde dymmak bilen beýleki gyra okdurylýarys. Şeýle ýagdaýda biz heniz-de resul Pawlusyň beýan edýän ýagdaýynda galýarys: köpimiz ejiz, syrkaw we wagtyndan ir ölýär. Eýsem bu söýgimi? Eýsem bu hakyky aladamy?

Biziň adamalara berjek jogaplarymyz taýyn, ýöne biz olary aýtmaga howlugamzok, sebäbi olar bize düşünmezler öýdüp gorkýarys. Geliň, dogrymyzdan geleliň: biziň söýgimiz nämede jemlenen? Isa Mesih we resul Pawlus ýygnagy söýensoňlar, hakykaty aýdýardylar. Biz hem ýygnagy şeýle söýýärismi? Ýa-da biz ýygnak agzalaryny ýitirmekden we bize nädogry düşünmeklerinden gorkup, ähli ünsi özümizde, öz abraýymyzda jemleýärismi?

## Meniň syýahatym

Men hyzmatyma ýaňy başlan wagtymda elmydama hemmelere göwünlik berip, töweregimdäkileriň hemmesi bilen hoşamaý bolmaga synanyşýardym. Men garşy durmaklykdan edil mergiden gaçan ýaly gaçýardym. Men sögüşmejek bolup, käwagt hatda ýalandan hoşamaý sözleri aýdýardym. Jon Biwer barada, ine, şeýle diýýärdiler: "Ol örän rehimli, ol ýygnakda iň mährem adamlaryň biri". Bu sözler meniň gulagyma ýetip, göwnümi ala-ýaz edýärdi.

Günleriň birinde dileg edip otyrkam, Hudaý maňa şeýle diýdi: "Adamlar sen ýygnakdaky iň mährem adamlaryň biri diýip aýdýarlar. Şeýlemi?"

Men: "Hawa" diýip jogap berdim. Men Hudaý menden göwnühoş diýip oýladym, emma Mukaddes Ruhuň bu soragdaky äheňinden Onuň başga pikirdedigini syzdym.

Soňraky sözler meniň howatyrlarymyň dogrudygyny tassyklady. Ol

maňa: “Oglum, sen bu ýygnakdaky adamlary söýmeýärsiň” diýdi.

Men üstüme gaýnag suw guýlan ýaly bolup, bada-bat: “Näme? Men adamlary söýýärin, olar maňa hut şeýle hem diýýärler” diýdim.

Soňra Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Islendik gürrüňde elmydama diňe hoşamaý we ruhlandyryjy sözleri näme üçin diýýändigiňi bilýärmiň?”

Men ýuwaşlyk bilen: “Näme üçin?” diýip soradym.

Ol: “Sen olar seni ret ederler diýip gorkýaň” – diýip jogap berdi.

Men üstümden dag bölegi inen ýaly boldum, diýere hiç söz tapmadym.

Ol sözüni dowam edip: “Eger sen bu adamlary hakykatdan hem söýýän bolsadyň, onda olaryň sözleriňi we seni ret edäýen ýagdaýynda hem olara diňe hakykaty aýdardyň” diýdi.

Durmuşymyň aýgytly pursady gelip ýetdi. Men şobada özgerip, beýleki tarapa okduryldym. Men indi ýüz görmezden, sypaýyçylyksyz hakykaty aýdyp başladym, sebäbi maňa heniz-de iň esasy zat – hakyky söýgi ýetenokdy. Men köp ýygnaklara gidýärdim, kiçi ýygnaklarda hyzmat edýärdim we, gynansam-da, goýunlary ýenjýärdim. Men yzyma nazar aýlanymda, adamlara rehimsizlik bilen käýýänime gynanýaryn. Çopanlaryň-da menden soň ýygnakda hemme zady düzetmeli bolandygyna gynanýaryn.

2001-nji ýylda men Ýewropadaky iri ýygnaklaryň birinde konferensiýada hyzmat etdim. Birnäçe aý geçenden soň men dürli gözbaşlardan üç kontinentde şol ýygnagyň çopanynyň men barada goýunlara gödek daraşandygymy we olary rehimsizlik bilen ýenjendigimi aýdýandygyny eşitdim. Onuň aýdýanlary hakdy.

Bu gynandyryjy täzelik meni dyzyma çöküp dileg etmäge mejbur etdi. Men dileg etdim, dogrusy Hudaýa öňde-soňda dileg etmeýşim ýaly gygyryp dileg etdim. Men Oňa ýüregimi Onuň halkyna bolan söýgüsiden we rehiminden doldurmagyny ýalbardym. Ol jogap berdi. Men hyzmat edýän adamlaryňy hakykatdan-da söýmegiň nämedigine ömrümde ilkinji gezek düşündim.

## Käbirleri däl-de, köpüsi

Pawlusyň Korintosdaky ýygnagy jan-tenden söýendigi ýadyňyzdadyr. Muny onuň şeýle sözleri tassyklaýar: “Eýsem men näme üçin size agram salmadym? Sizi söýmeýändigim üçinmi? Ýok, sizi söýýändigime Hudaý şaýatdyr!” (2 Korintoslylar 11:11)

Şu hatyň başga bir ýerinde ol şeýle ýazýar: “Men şol haty paralanan

ýürekden muşakgat içinde ýazypdym. Ýöne meniň niýetim sizi gynandyrmak däl-de, size bolan çäksiz söýgimi görkezmekdi” (2 Korintoslylar 2:4). Bu ýygnak onuň aýdanlaryna nädogry düşünipdi. Olar duýduryşlary we düzedişleri söýgi ýetmezçiliginden habar berýän ýagdaý diýip kabul edipdiler. Şeýle ýagdaý, elbetde, başga islendik ýerde we ýygnakda hem ýüze çykyp bilýär. Köp adamlar özlerini meniň ozalky bolşum ýaly alyp barýar: men berkdim, zabundym, dinçidim, hakyky söýgini, aladany we rehim-şepagaty görkezmeýärdim. Bu adamlar owadan sözläp, batyrgaýlyk bilen gürleýärler, ýöne şonuň bilen birlikde-de öz niýetlerinde ýalňyşyp bilýärler. Köp adamlar ýgtyýarlygy şeýle nädogry niýetden ulanmaklygyň pidalary boldular. Emma düzedişleriň we duýduryşlaryň hemmesi birmeňzeş däldir. Resul Pawlus käwagt öz sözlerinde gaty berk: ol düzedýär we paş edýär, emma ol bularyň baryny päk ýürekden hakyky we güýçli söýgi bilen edýär.

Biraz soňra şol hatynda resul Pawlus şeýle ýazýar: “Men size diňe ähli zadymy däl, eýsem özümi hem höwes bilen sarp ederin. Men sizi şeýle söýýärin! Onda näme üçin siz meni beýle az söýýärsiňiz?” (2 Korintoslylar 12:15) Ol öz çuňňur gynanjyny gizlänok. Olar Pawlusyň söýgüsine we olaryň abadanlygy ugrundaky çuňňur aladasyna düşünmänsoňlar, ony rehimsiz lider – öz diýenini gögertjek bolýan ýolbaşçy hökmünde kabul edýärler.

Siz şuňa düşüniň: Pawlus olaryň arasynda ejizleriň, syrkawlaryň, biwagt aradan çykýanlaryň näme üçin bolýandygyny gödeklik bilen aýdýan ýaly bolsa-da, muny olary juda söýýänligi sebäpli aýdýar.

Eger ol “käbirleriňiz” diýen bolsady, onda muny ýuwutmak aňsat düşerdi. Emma ol ýörite “köpiňiz” diýip ýazýar. Onuň sözlerinden aýan bolýan hakykata göz ýumup bolarmy? Eger bu sözler şolara şol döwürde degişli bolan bolsa, bize şu günki degişli dälmi näme? Eger bu ýagdaý ýek-täk gezek bolan bolsa, Hudaý munuň Mukaddes Ýazgylarda agzalmagyna ýol berermidi? Eýsem bu bize häzirki döwürde hem degişli dälmi? Elbetde munuň jogaby “hawa, degişli”.

Iň soňky delil. Resul Pawlus diňe ýygnakdaky Rebbiň saçagy – çörek bölme däbi barada aýtmaýar. Onuň sözleri ilkibaşdaky görşümizden has köp mana eýe. Biziň köpimiz, menem şol sanda, ençeme ýyllaryň dowamynda habary tutuşlygyna görmändiris. Indiki bapda biz Pawlusyň sözleriniň manysyna has ymykly gararys.

## Hereket ediň

Mümkin zatlary ýatlaryňyz ýaly, yzyňyza dolanyp, babyň başyny okaň. Özüňiziň nämä çagyrylandygyňyzy ýada salyň: “...biz bu dünýäde edil Mesih ýaly ýaşaýarys” (1 Ýohanna 4:17). Hudaý sizi haýsydyr bir gelejekdäki indiki durmuşda däl-de, edil şu pursat Isa Mesih ýaly ýaşamaga çagyrýar.

Ýokardaky aýdylanlary nazara alyp, öz gündeki durmuşyňyz barada näme pikir edýäňiz? Özüňiziň Isa Mesihdäki güýjüne heniz düşünmeýärkäňiz, belki, özüňiziň ejizdigiňizi aňlan dälsiňiz. Ýöne indi aňlanyňyzdan soň, siz özüňizi ejiz saýýaňyzmy ýa-da güýçli? Eger ejiz saýýan bolsaňyz, siz özüňize paýhasly baha beripsiňiz. Sebäbi Hudaý Onuň güýjüniň biziň ejizligimizde amal bolýandygyny aýdýar (ser.: 2 Korintoslylar 12:9).

Hudaý diňe Oňa tabyn bolan ýagdaýymyzda ejizligimizi güýje öwürýändir (ser.: 1 Petrus 5:5). Durmuşyňyzdaky ejizlikleriň nähilidigine garamazdan, olaryň sebäbini görkezmegini Hudaýdan diläň. Olary ýazyp alyň we soňra olaryň her birinden boşanmagyň ýoluny görkezmegini diläň. Wagt tapyň-da, Hudaýyň her bir ejizligi güýje öwürmek babatdaky maslahatlaryna eýeriň.

3

# BIR

Resul Pawlusyň öz söýgüli ýygnagyna ýazanlaryny ýene-de bir gezek okalyň:

> “Şonuň üçin-de, her kes diňe özüni synap görensoň, bu çörekden iýmeli, bu käseden içmeli. Kimde-kim Rebbiň bedenini äsgermän iýip-içse, öz-özüni Hudaýyň hökümine duçar edýändir. Ine, şu sebäpden araňyzda ejizler we syrkawlar köp, ölenleriňiz hem az däldir. Biz ilki özümizi synap gören bolsadyk, onda hököme uçramazdyk” (1 Korintoslylar 11:28–31).

Şu bapda biz ünsümizi Pawlusyň “Rebbiň bedenini äsgermän” diýen sözlerinde jemläris. Men ilki bilen iki zada garap geçesim gelýär: birinjiden, ol belli bir adamlara däl-de, ýygnakdaky her bir adama aýdýar, ýagny Korintos şäherindäki imanlylaryň tutuş jemagatyna aýdýar.

Geçen onýyllyklarda Isa Mesih bilen şahsy gatnaşykda bolmalydygy barada güýçli nygtalýardy. Bu, elbetde, mesihiligiň örän wajyp we hakyky tarapy. Emma tutuş jemagatyň tutuş bir beden ýaly bolmalydygy şeýle nygtalmaýardy. Başga sözler bilen aýdylada, Isa Mesihde bir adam ýaly bolmaga üns berilmeýärdi. Şu iki hakykatyň ikisinem ünsden düşürmeli däl. Olaryň hijisine-de biperwaý garamaly däl.

Ikinjiden, geliň, Pawlusyň Mukaddes Ýazgylaryň başga bir terjime-

sindäki (New King James Version) sözlerine garap geçeliň. Onda köpimiziň ejizdigimiz, keseldigimiz we “Rebbiň bedeniniň manysyna düşünmän” (29-njy aýat), wagtyndan ir ölýär” diýip ýazylan. Iki terjimäni hem jikme-jik öwrenenimizden soň, Pawlusyň sözleriniň manysy has aýdyň bolýar.

Munuň manysyna düşünmek üçin, Korintoslylara ýazylan birinji hatyň 10-njy babyny açyp okamaly. Pawlus bu ýerde ysraýyl halkynyň gulçulykdan boşan we çölde geçiren wagty barada pikir ýöredýär. Pikir ýöretmesiniň arasynda Pawlus bu wakany bize näme üçin ýatladýandygyny düşündirýär: “Bularyň bary başgalara sapak bolsun diýip, ata-babalarymyzyň başyndan indi. Bu zamanyň ahyrky günlerinde ýaşaýanlara, ýagny bize duýduryş hökmünde ýazyldy” (1 Korintoslylar 10:11). Pawlus taryhdan diňe bir sapagy öwretmän, eýsem bizi anyk hökümden goramak üçin bizi haýsydyr bir wajyp zady duýdurýar.

Resul ysraýyl halkynyň çölden geçişini gürrüň bermek bilen, Hudaý bilen bolan äht gatnaşygynyň beýanyndan başlaýar. Ol hemmeleriň Hudaýyň Ruhy (bulut) arkaly ugrukdyrylandygyny, hemmeleriň Müsürden (dünýä tymsaly) azat edilendigini, hemmeleriň suwa çümdürilendigini (biz bir Bedene çümdürildik), hemmeleriň şol bir ruhy iýmiti iýendigini we hemmeleriň şol bir ruhy suwy (Hudaýyň Sözi) içendigini aýdýar. Onuň sözlerinde “hemmeler” diýen sözi aýratyn nygtalýandygy aýdyň. Soňra ol halk bilen ýörän gaýanyň Isa Mesihdigini aýdyp, sözüni jemleýär. Pawlus olaryň hemmesiniň bir Beden bolandygyny we wadany saklan bir Hudaýa degişli bolandygyny anyk görkezýär. Bularyň bary Isa Mesihiň Bedeni hökmünde bize gönüden-göni degişlidir.

Soňra Pawlus kalby sarsdyryjy sözleri ýazýar: “...olaryň köpüsi Hudaýy närazy etdiler. Şonuň üçin-de olaryň läşleri çölde serlip galdy” (10:5). Hudaý bizi juda söýýär, bu söýgi akyl ýetirerimizden has güýçli. Biz hiç haçan we hiç bir ýol bilen Ony özümizi has artyk ýa-da kem söýmäge mejbur edip bilmeris. Emma belläp geçilmeli wajyp zat – Onuň göwnünden turup-turmazlygymyz bize baglydyr. Hut şu sebäpden Pawlus hatyň başga bir ýerinde: “...Hudaýyň göwnünden turmagy maksat edinýäris” diýip ýazýar. Biziň her birimiz üçin, hemme imanlylar üçin bu ilkinji derejeli maksada öwrülmelidir.

Köne Äht döwrüniň adamlary näme üçin öz durmuşlarynda Hudaýyň wadalaryny görmän aradan çykdylar? Pawlus olaryň heläk bolmagyna sebäp bolan bäş günäni sanap geçýär: açgözlük (Hudaýdan bolmadyk zatlary ýa-da Onuň biz üçin niýetlemedik zatlaryny güýçli islemek), butparazlyk, jynsy azgynlyk, Hudaýy synamak we zeýrenmek. Birnäçe aýatdan Pawlus şeýle ýazýar: “Men siziň bilen paýhasly adamlar hökmünde gürleşýärin.

Size aýdýanlarymdan özüňiz netije çykaryň. Eýsem biz şükür edip, şükür käsesinden içenimizde, Mesihiň ganyna şärik bolmaýarysmy? Çöregi bölüp iýenimizde, Mesihiň bedenine şärik bolmaýarysmy? Çöregiň bir bolşy ýaly, biz köp bolsak-da, bir bedendiris. Çünki şol bir çöregi paýlaşýandyrys.Ysraýyl halkynaserediň: gurbanlyk sypasynda berlen gurbanlykdan iýýän şol (bir) sypa şärik bolmaýarmy?” (1 Korintoslylar 10:15–18).

Pawlus bu ýerde Rebbiň saçagy, ýagny çörek bölme meselesini gaýtadan gozgap, Korintoslylar 1-nji hatyň 11-nji babynda: “Rebbiň bedenini äsgermän” diýmek bilen orta atan anyk mowzugynyň giňişleýin suratyny berýär. Ol biziň köpdügimiz, aýratynlykda adamlaryň köpdügi we her birimiziň Isa Mesih arkaly Hudaý bilen öz şahsy gatnaşygymyzyň bardygy bilen ylalaşýar. Emma, başga bir tarapdan, Hudaýyň nazarynda biziň ählimiz bir beden kimindiris. Bu pikir Pawlusyň sözlerinde esasy pikirdir.

Biz Isa Mesihiň bütewi bir Bedeni, Ysraýylyň bir bolşy ýaly, biz hem birdiris.

Şoňa görä-de, şeýle soragy orta atmaly: “Bizi ejiz, syrkaw, wagtyndan ir ölýän eden höküm her bir günälä bellenenmi? Ýa-da ýygnagyň käbir agzalarynyň hereketleriniň netijesinde ezýet çekýän tutuş Bedenemi?”

Maňa dogry düşüniň, men şuny aýratyn nygtasym gelýär: adam bilkastlaýyn we yzygiderli edýän günäleri üçin jogap berer, ýöne häzir, geliň, Pawlusyň bize açan hakykatyna üns bereliň. Ol ähli imanlylara – bir Bedene, ýygnaga, bütewi bir halka ýüzlenýär. Anyk şu ýagdaýda – Korintos şäherindäki Mesihiň Bedenine.

## Bir adamyň açgözlügi

Bize mysal galdyran ysraýyllaryň taryhyna dolanalyň. Ýöne bir nesil yza – Nun ogly Ýeşuwanyň halka ýolbaşçylyk eden döwrüne seredip geçeliň. Imanlylar Bedeni Iordan derýasyndan batyrgaýlyk bilen geçip, özlerine wada berlen ýurda geldiler. Olara ilki bilen berk Ýeriho galasyny ýok etmek tabşyryldy. Bu tabşyrygyň ýeňil bolmandygy gürrüňsiz, ýöne Hudaý, elbetde, ýene-de Öz gudratly güýjüni aýan etdi. Ol Nun ogly Ýeşuwa anyk görkezmeler berdi. Olaryň arasynda şeýle buýruk bardy:

> “Bütinleý ýok edilmeli zatlardan daşda duruň...Altyn-kümüşden, misden we demirden ýasalan ähli gap-gaçlar Rebbe bagyş edilendir. Olar Rebbiň gaznasyna goýulmalydyr” (Ýeşuwa 6:17–19).

Ýeriho galasyndan alnan ähli olja Rebbiň gaznasy üçin niýetlenendi. Ähli zat diňe Hudaýa degişlidi, ysraýyllara ondan ýekeje zat almak-da gadagandy.

Hüjüm wagty Hudaýyň halky ýeňilmezekdi. Olar Ýeriho galasyndaky janly-jandarlaryň baryny: erkekleri, aýallary, ýaşlary we garrylary, iri mallary, goýun-geçileri, eşekleri – baryny gylyçdan geçirdiler. Soňra olar tutuş galany we Rebbiň gaznasy üçin niýetlenen altyn, kümüş, mis we demirden başga ähli zatlary oda ýakdylar. Täsin zat –ysraýyllaryň arasynda ne öleni, ne-de ýaralanany boldy.

Biz şuny ýatlamaly: olaryň ata-babalary bu şähere içaly iberip gözden geçirenlerinde, Musa pygambere şeýle hasabat beripdiler: “Emma ol ýerde ýaşaýan halk biçak güýçli eken. Olaryň galalary berk diwarly we örän uly...” (Çölde 13:29). Şol ata-babalardan kemala gelen birinji nesil şu berk gala hüjüm edip, ony derbi-dagyn etdi, şonda olaryň arasynda ölen ýa ýaralanan bolmady. Ysraýyl halky şol söweşde gudratly güýç görkezdiler. Emma soňra şeýle ýazylan:

> “Ýöne ýok edilmeli zatlardan almaly däl diýen buýruga ysraýyllaryň hemmesi boýun egmedi. Ýahuda tiresinden bolan Zeranyň çowlugy, Zabdynyň agtygy, Karmynyň ogly Akan Rebbe aýry goýlan zatlardan alandygy üçin, Rebbiň gahary ysraýyllaryň başyndan indi” (Ýeşuwa 7:1).

Üns beriň, Mukaddes Ýazgylarda: “Akan diýen adam jenaýat etdi” diýilmeýär. Onda: “Ýöne ýok edilmeli zatlardan almaly däl diýen buýruga ysraýyllaryň hemmesi boýun egmedi” diýip ýazylan. Bu ýerde: “Rebbiň gahary ysraýyllaryň başyndan indi” diýlilmegi hem gyzykly zat. “Rebbiň gahary Akanyň başyndan indi” diýlip aýdylmaýar. Ysraýyl halky bütewüdi we bir adam öz açgözlügi zerarly Hudaýyň tabşyrygyny bozup günä edensoň, onuň etmişiniň jezasyny tutuş Ysraýyl halky çekmelidi.

Pajygaly netijeler tizara mese-mälim boldy. Hüjüm edilmeli galalaryň indikisi Aý galasydy. Ol ozalky galadan has kiçi bolansoň, ýaşulular Ýeşuwa şeýle diýdiler:

> “Ähli adamlaryň ol ýere gitmegi hökman däl, goý, iki-üç müň adam gitsin-de, Aý galasyny basyp alsyn. Onuň ilaty az, ol ýere tutuş goşuny sürmegiň geregi ýok» diýdiler. Ysraýyllardan üç müňe golaý adam Aý galasyna tarap gitdi...” (Ýeşuwa 7:3, 4).

Ýeriho galasyna hüjüm edilende, oňa takmynan alty ýüz müň söweşiji gatnaşypdy. Bu san Aý galasynyň Ýerihodan nähili kiçi bolandygyny görkezýär. Emma soňra şeýle ýazylan:

> "...Emma Aý galasynyň ýaşaýjylary olary gaçmaga mejbur etdiler. Aýyň halky olaryň otuz altysyny öldürdi we beýlekilerini bolsa derwezäniň agzyndan tä daş goparylýan ýere çenli kowalap, dagyň eteginde gyrdylar. Şonuň üçin tutuş halkyň sussy basyldy we dowla düşüp, ýüregi ýarylara geldi" (Ýeşuwa 7:4, 5).

Ýaňy-ýakynda has ähmiýetli we berk Ýeriho galasyny weýran edip, ýeke söweşijisini-de ýitirmedik halk şumy näme? Ýöne söweşijiler gowşaklyk edip, yza çekildiler we aýagaldygyna gaçyp başladylar. Olar kriptonitiň täsirine düşdüler.

Gynansak-da, otuz alty adam öldi. Ýeriho galasyna hüjüm edilende bolsa olar gowşak däldi, hiç kim yza çekilmedi, hiç kim ýaralanmady we öldürilmedi!

Geliň, şu barada oýlanyp göreliň: Akan günä etdi, ýöne onuň özüne-de, maşgalasyna-da hiç zat bolmady. Başga bir tarapdan, Aý galasyndaky söweşden soň otuz alty ene we otuz alty ata öz ogullaryny söweş meýdanynda ýitirdi, otuz alty aýal ýanýoldaşlaryndan mahrum boldular, ençeme çagalar atalaryndan mahrum edildiler. Munuň sebäbi olaryň ogly, ýanýoldaşy ýa-da atalary günä edenligi üçin däldi – olaryň hiç günäsi ýokdy. Bu başga maşgaladaky bir adamyň hereketleri zerarly boldy!

Indi Ysraýyl halkyny gorky gaplap aldy. Nun ogly Ýeşuwa we hemme ýaşulular Hudaýyň öňünde ýüzin düşdüler. Siz şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip bilýäňizmi? Olar aljyraýarlar, howsala düşüp Hudaýy çagyrýarlar: "Eý, Hökmürowan Reb, Sen näme üçin bu halky Iordandan bärik getirdiň? Ýa-da bizi amorlaryň elinde gyrdyrmak üçin getirdiňmi? Biz Iordandan geçmän, öňki ýerimizde galyp ýaşaberen bolsak bolmaýarmydy näme?!" (Ýeşuwa 7:7)

Rebbiň näme jogap berýändigini diňläň: "Tur ýeriňden, näme üçin ýüzüňi sallaýarsyň? Ysraýyl günä iş etdi! ... Meniň olara buýran ähtimi bozdular..." (Ýeşuwa 7:10, 11).

Hudaý: "Araňyzdan biri günä etdi" diýmeýär. Ýok, Ol gaýtalap: "Ysraýyl günä iş etdi!" diýýär. Akanyň günä iş edendigini hiç kim bilmeýärdi. Onuň açgözlügini hiç kim görmändi. Emma muňa garamazdan, tutuş Beden ruhy

kriptonitden ejir çekýärdi. Soňra Nun ogly Ýeşuwa munuň kimiň günäsidigini bilip, Akan bilen gürleşmekçi bolýar. Akan bolsa oňa şeýle jogap berýär: “Hakykatdanam, men Ysraýyl Hudaýy Rebbiň öňünde günä iş etdim. Men olja alnan zatlaryň arasyndan owadan Şingar donuny, bäş gadak kümüş hem-de agramy bir ýarym gadak bolan altyn tokgasyny görenimde, gözüm gidip, olary ogurladym...” (Ýeşuwa 7:20,21).

Nun ogly Ýeşuwa we ýaşulular Akana eden günäsi üçin berk jezalandyrdylar. Olar muny amal eden badyna “...Rebbiň gahar-gazaby köşeşdi” diýip ýazylgy (Ýeşuwa 7:26).

## Mysal

Köne Ähtdäki bu waka resul Pawlusyň Korintosdaky ýygnaga ýazan hatyny suratlandyrýar. Pawlus şol hatynda şeýle diýýär: “Ine, şu sebäpden araňyzda ejizler we syrkawlar köp, ölenleriňiz hem az däldir”. Biz indiki bap-da bir adamyň eden günäsiniň onuň hut özüne däl-de, tutuş ýygnaga zeper ýetirýändigini ýüze çykararys.

Siz biziň günlerimizde ýygnakda köp adamlaryň näme üçin gowşakdygy, kesellerden we ysgynsyzlykdan ejir çekýändigi barada oýlanyp görüp-midiňiz? Biziň eziz doganlarymyz we uýalarymyz öz kesellerinden saplanyp bilmeýär, käbirleri bolsa biwagt aradan çykýarlar. Biziň ýygnaklarymyzda näme üçin sahawatlyk kömegini alyp, güzeranyny zordan aýlaýan ýekebaş ejeler köp? Näme üçin iş tapyp bilmeýän ýa-da güzeranyny zordan aýlaýan, döwlet hemaýatyna mätäç imanlylar köp?

Biziň gowşaklygymyz zerarly, göräýmäge, ýeňip bolmajak kynçylyklaryň sanawy tükeniksiz diýen ýaly.

Süleýman pygamberiň döwründe işsiz ýa-da döwletiň hemaýat kömegine ýaşan ýeke adam-da ýokdy. Resullaryň döwründe adamlaryň hiç bir ýet-mezçiligi ýokdy, olar kesellerden, syrkawlykdan, ysmazlykdan bada-bat sap-lanýardylar. Biz näme üçin şeýle zatlary biziň günlerimizde göremzok? Käbir adamlaryň günä işeriniň netijesiniň başga adamlaryň durmuşyna täsir etme-gi mümkin zatmy? Ysraýyl halkynyň Aý galasy ugrundaky söweşde başdan geçirenlerini biziň başdan geçirýänligimiz mümkin zatmy?

Ýene-de bir gezek nygtap geçeli, adam öz eden günäsi zerarly özi-de ejir çekýär. Akan ahyrda jezasyny çekdi, ýöne onuň günäsi zerarly tutuş ysraýyl

halky ruhy kriptonitiň täsirine düşdi. Men şu meselä garamagyň dowamynda Isa Mesih bilen bolan şahsy gatnaşygymyzyň derejesindäki ýaly Onuň Bedeniniň agzasy bolmagyň nämedegini has köp bilersiňiz diýip umyt edýärin. Şeýle-de, siziň bir agza hökmünde edýän hereketleriňiziň Bedeniň beýleki agzalary üçin ýalkanyş bolup biljegine ýa-da olara ejir getirip biljegine aň ýetirersiňiz diýip umyt edýän.

Şu babyň ahyrynda men şuny nygtasym gelýär: azatlyk getirýän hakykaty öwrenenimizde, biz käwagt ony erbet şöhlede görýäris. Şonda: “Ol barada gürrüň etmek bir gerekmi?” diýen pikir aňymyza sümülýär. Ýöne ahyrda welin, hakykat ýagtylyga çykanda, ol bize erkinlik berýär we öňde-soňda bizi baglan zatlardan boşadýar.

Isa Mesih şeýle diýdi: “Siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder” (Ýohanna 8:32).

## Hereket ediň

Siz, belki, “Gladiator” diýen filmi görensiňiz. Ýadyňyzdamy, general Maksimus: “Bilelikde hereket ediň! Hemmäňiz bir adam ýaly boluň!” gygyrypdy. Şol strategiýa ýeňiş getiripdi. Agzalalyk döredip, höküm sürmek – iň netijeli strategiýadygy gizlin syr däl.

Isa Mesih bu barada örän gowy bilýärdi. Şonuň üçin-de, Ol öz içinden bölünen öýüň berk durup bilmejekdigi barada öwredýärdi (Matta 12:25). Isa Mesihiň Bedeni Oňa wepaly bolmak meselesinde bölünende, ol gowşaýar. Ýygnagyň tutuş ýer ýüzüne täsirini ýetirip bilmekde siziň edip biljek iň uly işiňiz – durmuşyňyzy Hudaýyň maksatlaryna bagyş edip ýaşamaklyk. Bu yzzat-hormatyň nyşany hökmünde öz gündelik işleriňiziň baryny Oňa bagyş etmekligi aňladýar.

Hudaý siziň durmuşyňyza diňe ýekşenbe günleri irden däl-de, eýsem ähli günlerinde gatnaşasy gelýär. Eger siz işiňizi, maşgalaňyzy, gyzyklanmalaryňyzy Oňa tabyn etmän, Oňa tagzym etmän ýaşaýan bolsaňyz, şu günüň özünde toba ediň. Isa Mesihden tagzym durmuşyňyzyň nähili bolmalydygy baradaky görnüşi görkezmegini soraň. Onuň size görkezjek ýa-da aýtjak zatlaryny ýazyp alyň we özüňizi Oňa doly bagyş edeniňizden soň Hudaýyň Ruhundan sizi doldurmagyny we päklemegini soraň.

# 4

# ÝOKANÇ KRIPTONIT

“Hudaý biziň bedenlerimizi ýygnak hökmünde bile ýaşamagyň nämedigine düşünerimiz ýaly tärde ýaratdy” (1 Korintoslylar 12:25, MSG, iňlis dilinden terjime).

Bedenleriňiziň nähili gurnalandygy we agzalarynyň biri-birinden uzakdadygyna garamazdan, olaryň özara berk baglanyşygynyň bardygy barada oýlanyp görüň. Aýakdaky külembike barmak burun bilen bagly, bagyr dyzlar bilen bagly, agyz oňurga ýiligi bilen bagly we ş.m. Özbaşdak ýaşap biljek ýekeje agza-da ýok, ýogsa ol bedeniňiziň agzasy bolmazdy.

Eger bir agza agyrsa, beýlekileriň ählisi onuň bilen ejir çekmeýärmi näme? Eger organizme wirus ýa-da ýokançlyk aralaşan bolsa, olar kem-kemden tutuş bedeni eýeleýär we işdäni peseldýär, güýçden düşürýär, aňy bulaşdyrýar, agyryny we ynjyny döredýär.

Başga bir tarapdan, eger bir agza hezil edýän bolsa, tutuş beden heýjana gelýär. Eger arkany ýa-da kelläni owkalasaň, dartgynlyk ýitirim bolýar, bedeni ýeňillik we rahatlyk gurşap alýar. Owkalama tutuş beden seslenip, lezzet alýar.

Biz ýygnak hökmünde bütewidiris. Bize mysal hökmünde görkezilen Ysraýyl hem Akan günä iş etmänkä bütewidi. Akanyň betpällikden eden günäsi diňe özüne däl, tutuş halka zyýan ýetirdi. Ysraýyl halky Ýeriho galasy ugrundaky söweşde ýeňilmedi, sanlyja günden şol bir goşun tapdan düşüp,

aňsatlyk bilen ýeňildi, duşmandan gaçyp, esgerlerini ýitirdi. Başga sözler bilen aýdanymyzda, halk ruhy kriptonitiň täsirine düşdi. Korintosdaky ýygnak hem şeýle ýagdaýy başdan geçirmedimi näme? Muňa jikme-jik garasak, jogabyny göreris.

Ozal gysgaça belläp geçilişi ýaly, irki Ýygnak döwründe çörek bölme däp-dessury häzirki döwrüňkiden tapawutanýardy. Şol döwürde bu olar üçin agşamlyk naharydy, biziň üçin bolsa – däp-dessur. Şonuň üçin-de, şu kontekstde Pawlusyň salgylanýan hereketleri häzirki ýygnaklara gabat gelmeýär. Ýöne şonda-da korintos ýygnagynyň agzalarynyň hereketleriniň düýp sebäbine düşünmek gerek.

Korintosdaky ýygnakda agzalaryň käbirleri hemmeleriň ýygnanmagyna garaşmaýan ekenler. Öňräk gelenler iýip-içýärdiler we tagamlaryň,şerabyň has gowularyny alan bolmagy ähtimal. Şonuň üçin-de, gijräk gelenlere agyzdan galan nahar ýetýärdi. Mukaddes Ýazgylary öwrenýän alymlaryň we taryhçylaryň köpüsi garyplaryň we jemgyýetiň pes gatlaklaryndan bolanlaryň äsgerilmändir diýip hasaplaýarlar. Pawlusyň sözlerini ýene-de bir gezek okalyň:

> “Sebäbi *siz* nahar iýeniňizde, getiren naharyňyzy başgalar bilen paýlaşman, özüňiz iýýärsiňiz. Şeýdip, biri aç galýar, başga biri bolsa eýýäm serhoş...Kimde-kim Rebbiň bedenini äsgermän iýip-içse, öz-özüni Hudaýyň hökümine duçar edýändir. Ine, şu sebäp-den araňyzda ejizler we syrkawlar *köp*, ölenleriňiz hem az däldir” (1 Korintoslylar 11:21, 29, 30).

Şu parçada nygtaýan *siz* we *köp* sözlerine üns beriň. Pawlusyň käbir adamlaryň günäsi barada aýdýandygy aýdyň zat (21-nji aýat). Bu günäniň täsiri welin köplere ýetýär – adamlar güýçden gaçýar, syrkawlaýar we biwagt aradan çykýar (30-njy aýat). Akanyň ýagdaýynda hem şeýle boldy: käbir adamlar – Hudaýyň tabşyrygyny bozmadyk adamlar, bir adamyň gulak asmazlygy üçin berlen jezanyň netijesinde heläk boldular.

Täze Ähtiň “Pillar” teswirlemelerinde şeýle ýazylan:

> “Syrkaw we biwagt aradan çykan adamlary haýsydyr bir günä iş edendir diýip hasaplap bolmaz, ýöne Köne Ähtde Hudaýyň beren jezalarynyň köpüsinde bolşy ýaly, jeza tutuş jemagatyň başyndan inip bilýärdi”.

## Meňzeş ýagdaý

Pawlus hatynyň başynda tutuş imanlylar jemagatyna täsirini ýetiren günä barada ýazýar. Ol şeýle sözler bilen başlaýar: “Siziň araňyzdaky azgynçylyk barada gürrüň ýaýrady...” (1 Korintoslylar 5:1).

Biz şu ýagdaýda bir adamyň bardygyny görýäris. Ol özüni Isa Mesihe eýerýän, Hudaýyň perzendi, Isa Mesihdäki dogan, Mesihiň Bedeniniň agzasy diýip hasaplapdyr. Emma muňa garamazdan, jynsy azgynlykda ýaşapdyr.

Pawlus bu ýagdaýda diňe şol günäni edýän adamy paş edenok. Ýygnagyň tutuş jemagaty ony dogan we ýygnak agzasy hökmünde görüpdir. Emma ýygnagyň ýaşululary onuň günäsini paş etmändirler, oňa üns bermändirler.

Olar näme üçin onuň hereketlerine ähmiýet bermedikä? Olar oňa günäsini ýüzüne aýdyp, onuň göwnüne degmejek bolandyklary göz-görtele. Belki, ol sözi geçýän adam, ýygnagyň lideri, meşhur sportsmen ýa-da sadakany sahylyk bilen berýän adam bolan bolarly. Korintos uly ähmiýetli şäher bolup, sungat merkezidi. Belki, bu adam şol döwürde Golliwidyň abraýly aktýory ýaly, ýa-da reýtinglerde iň ýokary setirleri eýeleýän meşhur aýdymçy ýaly, ýa-da öwgi nagmalary aýdýan toparyň baş aýdymçysy ýaly bir adam bolandyr. Mukaddes Ýazgylar bize muny aýdanok, ýöne, eger bu adam ýygnakdan giden bolsa, munuň ýygnaga we onuň ösüşine täsir edip biljekdigini çaklap bolýar.

Başga sebäpleriň bolan bolmagy hem ahmal. Belki, ol ýygnakdan gitse, Hudaýyň Sözüni eşidip bilmez diýip pikir edendirler. Belki, olar: “Dünýewi durmuşda ýaşap, Hudaýyň Sözüni eşitmän gezeninden, goý, gowusy aramyzda bolup, Hoş Habary diňläp gezsin” diýen tutaryga ýapyşandyrlar. Belki, olaryň esasy maksady agzalary indiki hyzmata çekmek bolandyr, emma onuň günäsini aç-açan paş eden ýagdaýlarynda öz maksatlaryna ýetip bilmezdiler. Olar: “Ol heniz bäbek, ýaňy-ýakynda toba etdi, geliň, oňa wagt bereliň” diýip hem pikir ýöreden bolmagy ähtimäl. Olar wagtyň geçmegi bilen ol “akylyna aýlanar” we günäsinden el çeker diýip umyt edendigine ynanýaryn.

Pawlus Korintosdaky ýygnagyň liderlerine bu adamy kowup çykarmalydygyny janygyp aýdýar. Onuň sözlerini mysal getirmäge ygtyýar ediň:

- “...Eýsem siz muňa derek ýas tutup, şeýle iş edýäni araňyzdan aýyrmaly dälmi?” (1 Korintoslylar 5:2).
- “şeýle iş eden adamy şeýtana tabşyryň...” (1 Kor. 5:5).
- “Petirlik hamyr bolup bileriňiz ýaly, köne hamyrmaýany aýryp taşlaň.

Aslynda şol petirlik hamyr sizsiňiz!" (1 Kor.5:7).

- "...Siz öz araňyzdan pislik edýäni aýryp taşlaň" (1 Kor.5:13).

Pawlus gysgajyk bapda şol bir adam barada dört gezek pert-pert gürleýär! Pikir edip görüň, Pawlus on üç aýadyň dowamynda ýygnagyň jemagatyna dört gezek bu adamy aralaryndan aýyrmagy, hatda ony "şeýtana tabşyrmagy" buýurýar. Bu gaty pert sözler! Pawlus bu ýygnagy we bu adamy jan-tenden söýendigini ýatdan çykarmaň.

> Siziň: "Dogrudan-da söýdümikä? Bolmajak zat!" diýmegiňiz ahmal. Ýöne biz Pawlusyň ony dogrudan-da söýendigini bilýäris, sebäbi Mukaddes Ýazgylar hakyky söýgüden ýazylandyr. Sebäbi Mukaddes Ýazgylar Hudaýdan ylhamlanan, Hudaý bolsa söýgüdir! (ser.: 2 Timoteos 3:16 we 1 Ýohanna 4:8).

Bu ýüzlenmäniň diňe Korintosdaky ýygnagyň liderlerine däl, eýsem tutuş ýygnaga niýetlenendigini ýatdan çykarmaň. Pawlus öz hatlarynyň tutuş ýygnaga okalyp berilmegini haýyş edýärdi. Ol näme üçin şeýle çürt-kesik we aýgytly ýazýar? Geliň, onuň jogabyny okalyň: "...Eýsem siz ujypsyzja hamyrmaýanyň bütin hamyry turşadýandygyny bilmeýärsiňizmi?" (1 Korintoslylar 5:6). Biz ýene-de bir gezek günäniň diňe bir adama däl-de, tutuş ýygnaga täsir edýändigini görýäris. Yzýanyndaky aýatlary okalyň:

> "Petirlik hamyr bolup bileriňiz ýaly, köne hamyrmaýany aýryp taşlaň. Aslynda şol petirlik hamyr sizsiňiz! Çünki biziň Pesah janlymyz — Isa Mesih eýýäm gurban edilendir. Şoňa görä, baýramy köne hamyrmaýa: gahar-gazap we pislik bilen bellemäliň. Tersine, ony petir hamyry: päk ýüreklilik we hakykat bilen belläliň" (1 Korintoslylar 5:7,8).

Pawlus esasy mowzuga – çörek bölme meselesine dolanýar. Ysraýyllaryň Pesah baýramy gurbanlyk janlysynyň töwereginde jemlenen. Mundan başga-da, biziň kemsiz-kössüz pesah Janymyz – Isa Mesih. Ilkinji Pesahyň Müsür gulçulygyndan boşanmagy aňladyşy ýaly, Isa Mesihiň gurbanlyk ölümi – Rebbiň Saçagynyň esasy mowzugy – biziň günä gulçulygyndan boşanmagymyzy aňladýandyr.

Başga baýramçylyklar hem bardy: ilkinji hasyl baýramy, Ellinji gün baýramy, Surnaý baýramy, jezadan azat edilme we Çatma baýramy. Emma bu baýramçylyklar mesihilik durmuşynyň has kämil taraplarynyň nyşanydyr. Sada sözler bilen aýdylanda, Pesah baýramy halas bolma baýramydy. Şonuň

üçin-de, Pawlus hatynda biziň Şalyga girşimizi görkezýär. Ol Pesahy “köne hamyrmaýa: gahar-gazap we pislik bilen” bellemeli däldigini görkezýär. Şoňa görä-de, adamyň hereketlerini “ol Isa Mesihde heniz bäbek” diýip bahanalasak, oňa-da, özümize-de zyýan ýetirýäris. Bu bahanany köplenç “günä berlen” adama üns bermezlik üçin ulanýarys, ýöne bu bahanadyr, sebäbi edýän işleriniň günädigine aň ýetireninden soň hem ony gaýtalaýan adam üçin ýygnakda orun bolmaly däldir. (Indiki bapda men “aň ýetireninden soň hem gaýtalanýan” günä bilen “günä batmaklygyň” tapawudyny düşündirerin).

Ikinjiden, Pawlusyň bu adamyň günäsiniň “hamyrmaýa” ýalydygy baradaky sözlerine üns beriň. Hamyrmaýa – bu hamyryň içinde ýaýrap, ony aldyrýan madda. Pesah baýramy babatda ysraýyl halky berk tabşyryk alypdy: “Ýedi günläp siz petir iýmelisiňiz. Şu ýedi günüň ilkinji gününde, siz öýleriňizden hamyrmaýalary çykaryp taşlaň. Kimde-kim birinji günden tä ýedinji güne çenli aralykda hamyrmaýa goşulan zatdan iýse, onda ol ysraýyllaryň arasyndan kowlup çykarylsyn” (Müsürden çykyş. 12:15). “Arasyndan kowlup çykarylsyn” diýen jümläniň manysy çürt-kesik, ol Pawlusyň duýduryşyndan asla gowşak däl. Hudaý şeýle tabşyrygy bermek bilen, Onuň bilen äht gatnaşygyna giren jemagatda hiç kimiň günä edip bilmeýändigini ysraýyl hakyna we bize görkezmek isledi. Hudaýyň Sözüne aň ýetirýändiklerine garamazdan, ony gaýta-gaýta bozýandyklary babatda hemmeler toba etmeli, ýogsa olar öz ýygnaklaryna günä hamyrmaýasyny we onuň netijelerini getirerler.

Täze Ähtiň “Pillar” teswirlemelerinde şeýle ýazylan:

> “Pawlus eger günä işe üns berilmese, ol ýygnagyň hatda iň kiçijek böleginden hem, ýagny bir adam arkaly hem kem-kemden hökman tutuş ýygnaga ýaýrajakdygyny nygtaýar (grek dilinde bu ýerde ýörite söz tertibi ulanylan). Günädigi bilnenden soň hem ýygnakda dowam edýän ol ýa beýleki günäniň netijeleri örän çynlakaý bolup bilýär. Üns berilmedik günä hamyrdaky hamyrmaýa ýaly tutuş ýygnaga ýaýrar we ony gutulgysyz üýtgeder”.

Men bu teswirlemäniň diňe bir zady bilen ylalaşamok. Hamyrmaýa mowzugyny derňänimde, men hamyrmaýanyň haýal däl-de, örän çalt ýaýraýandygyny ýüze çykardym. Emma bu teswirlemede hamyrmaýanyň tutuş ýygnaga ýaýrajakdygy babatdaky aýdylýan pikir hakykata laýyk gelýär.

Bu durmuşlarynda gaýtalanýan günäleri bolan adamlaryň ählisine ýyg-

naga gelmegi gadagan etmekligi aňladýarmy? Elbetde ýok! Biziň ýygnaklarymyza köp imansyzlar gelmeli, ýöne olar ýygnak agzalary bolmaly däl. Olar öz günäleri babatda doly toba gelip, durmuşlaryny Isa Mesihe bütinleý bagyş etmeseler, özlerini ýygnak agzasy hasaplamalaryna ýol bermeli däl. Pawlus muny mese-mälim diýýär:

> “Men size azgyn adamlar bilen gatnaşmaň diýip öň ýazypdym. Ýöne men şeýle ýazanymda bu dünýäniň adamlaryny: azgynlary ýa-da betnebisleri, kezzaplary ýa-da butparazlary göz öňüne tutmandym. Beýle bolsa, siz bu dünýäni bireýýäm terk etmeli bolardyňyz” (1 Korintoslylar 5:9,10).

Bize, ýagny Isa Mesihiň eýerijelerine, dünýä gidip, ýiten adamlary agtarmak we Hudaýyň Sözüni eşidip bileri ýaly, olary ýygnaga çagyrmak tabşyryldy. Ýöne bu olara öz ruhy ýagdaýlary baradaky hakykatyň oňşarlyk ýa-da çäklendirilen görnüşini teklip etmekligimizi aňlatmaýar. Biz adamlara Hoş Habary dyngysyz wagyz etmäge dyngysyz ymtylmaly, imansyzlar bilen bir saçak başynda oturmaly, olar bilen ýakyndan gatnaşmaly, olary Isa Mesihiň söýşi kimin söýmeli.

Emma Pawlus aýdýanlarynda özlerini mesihi saýýan adamlar barada göz öňüne tutýar:

> “Men size dogansyrap, heniz-de azgyn ýa-da betnebis, butparaz ýa-da paýyş sögünýän, arakhor ýa-da kezzap bolanlar bilen gatnaşmaň diýip ýazýaryn. Şeýle adamlar bilen hatda bir saçak başynda-da oturmaň” (1 Korintoslylar 5:11).

Pawlusyň “günä edýän” imanlylar barada däl-de, özlerini imanly saýyp, “günä batanlar” barada aýdýandygy aýdyň zat. Ýygnak atasy bu barada näme üçin şeýle çynlakaý gürrüň edýär? Sebäbi ol ýygnagy jan-tenden söýýärdi. Ol “imansyrap”, günä edýänleri gorap, olaryň aladasyny edýän doganlaryň we uýalaryň özlerini ejirlere sezewar etmeklerini islemeýärdi.

Şuny göz öňüne getirip görüň: daş-töweregindäki adamlara howa arkaly aňsatlyk bilen ýokuşyp bilýän güýçli ýokançlyga ýolugan adama näme edýärler? Ony şobada karantine salýarlar. Şeýdip, tutuş jemagat ýokançlykdan goralýar. Eger şeýle edilmese, ýokançlyk ýangyn ýaly ýaýrap, tutuş şäher ýokançlykdan we onuň netijelerinden heläk bolar.

Netijeleriň iň giňden ýaýran haýsy görnüşleri bar? Boş iş ýerleri, işjeňligiň peselmegi, hyzmatlaryň bes edilmegi, ykdysady ýitgiler – ine, hatda bular hem hemmesi däl.

Güna batan adam bilen näme etmelidigi barada Pawlus şeýle ýazýar:

> “Şeýle iş eden adamy şeýtana tabşyryň. Şonda onuň günäli tebigaty weýran bolup, Rebbiň geljek gününde ruhy halas bolup biler” (1 Korintoslylar 5:5).

Bu dogan özgermedik ýagdaýynda bakylyk üçin müdimilik ýitmek howpuna galdy. Hut şu sebäpdenem men ýokarda “gorap we aladasyny edip” diýip ýazypdym. Günäniň nämedigini bilip-de, ony dowam edýän adam ýygnakda galan ýagdaýynda uly howp astyna düşýändir, sebäbi ol Hudaýyň öňünde aklanandyr öýdýär. Ol bakylyk üçin ýitirilendigini diňe Höküm gününde – juda giç bolanda bilip galar.

Bu adam Hudaýyň penasyndan çykanda, ýüzbe-ýüz boljak synaglary ony akylyna aýlanmaga mejbur edip, Isa Mesihe tutuş ýüregi we kalby bilen dolandyrar. Pawlus korintoslylara ýazan ikinji hatynda mysal getirýän adamy bilen hem hut şeýle bolupdy. Ýitgiler we kynçylyklar bizi azaşan ogly aýňaldyşy ýaly aýňaldyp bilýär. Ol öz günäli durmuşynyň netijelerini görende, öýlerine dolandy. Eger atasy onuň günäli durmuşyny oňlap, oňa elmydama pul berip duran bolsady, ogul nähili garşylykda ýaşaýandygynya asla aňlamazdy.

## Gökde bolşy ýaly...

Geliň, esasy pikire dolanalyň. Soňky iki bapda biz özümiziň Isa Mesihiň Bedenidigini we bir Beden hökmünde her bir adamyň gatnaşmasyndan peýda alyp bilýändigimizi ýa-da onuň gaýtalaýan günäsinden ejir çekip bilýändigimizi aýdyň gördük.

Bu hakykata üns bermezlik mümkin däl. Bu meselä üns bermezligimiziň netijesini Mesihiň Bedeninde eýýäm köpden bäri çekip gelýäris. Eger biz gelejekde hem bu mowzukdan gaça durmakçy bolsak, şeýle netijeler aradan aýrylmaz.

Geliň, mert bolup, kyn meselelerden gaçmaly. Tutuş gökler biz üçin alada edýär! Biz ýeňiji Ýygnak, Mesihiň bedeni bolmagy çagyrylandyrys. Isa Mesihi togtadyp bolmaýşy ýaly, bu Bedeni hem togtadyp bolmaz. Kesel, gowşaklyk,

garyplyk, serişdeleriň ýetmezçiligi we duşmanyň beýleki pyrryldyklary Rebbiň Ýygnagynyň öňünde baş egmelidir.

Biz gökleriň duşmanyny aýagymyzyň astyna salmak üçin ygtyýarlylyk bilen höküm sürmäge, gudratly güýçde ýaşamaga çagyrylandyrys. Biz muny gabat bolýan kynçylyklarymyza aç-açan garşy durmaga gorkmadyk ýagdaýymyzda amal edip bileris.

Biz muny gökde bolşy ýaly, ýerde hem edip bolýandygyna ynanmalydyrys!

## Hereket ediň

Bu mesele örän wajypdyr. Ýöne, gynansak-da, bu hakykaty nygtaýan ýygnaga häzirki döwürde seýrek duşup bolýar. Pikir ediň, birinjiden, Hudaý bizi günäden azat durmuşda, Oňa bütinleý tabyn bolup ýaşamaga çagyrdy. Ikinjiden, imanlylar günäniň hötdesinden gelip bilmedik ýagdaýynda diňe özlerini däl, eýsem Mesihiň tutuş Bedeniniň durmuşyny howp astyna salýarlar.

Wagt tapyp, şu mesele barada oýlanyň. Goý, bu hakykatlar siziň üçin diňe bir oňat pikirler bolup galmasyn. Ünsüňizi jemläp, olar barada oýlanyň. Olar barada dileg ediň we Hudaýdan olary durmuşyňyzda nähili ulanyp bolýandygyny görkezmegini diläň. Goý, olar kalbyňyzyň jümmüşine ornaşyp, Pawlus üçin möhüm bolşy ýaly, siziň üçin hem möhüm bolsun.

# 5

# ÖZGERIŞLIKLERI GETIRIŇ

Ýaşytdaşlarymyň köpüsi ýaly, men hem özümiziň imanlylar hökmünde bir Bedeni emele getirýändigimiz baradaky gürrüňlere garanda Isa Mesih bilen şahsy gatnaşyklary baradaky gürrüňleri has köp eşidýärdim. Ýygnak baradaky bu hakykat maňa ýaňy-ýakynda aýdyň boldy. Maňa nädogry düşünmäň, men bu hakykaty, elbetde, ozal hem bilýärdim, ýöne şindikisi ýaly tanyş däldim.

Mukaddes Ruh Mesihiň bütewi bir Bedeni bolmagyň nämedigine gözlerimi açyp başlanda, men köplenç deňiz, howa we pyýada goşunlary – ABŞ-nyň HHG-iň ýörite goşun bölümlerini göz öňüme getirýärdim.

Meniň bir dostum saýlama harby bölüminiň agzasy. Ol on bäş ýyl ýörite harby toparynda gulluk etdi, indi bolsa ol ýerde tälimçi bolup işleýär. Köpden bäri Mesihiň Bedeni barada oýlanmak bilen, men oňa jaň etmek kararyna geldim. Men ýörite harby toparlarynyň öz berk doganlyk gatnaşyklary bilen meşhurdygyny bilýärdim, şonuň üçin-de men olary has ymykly öwrenmek isledim.

Men dostumdan ilki bilen şulary soradym: “Siz ýörite harby toparynda özara gatnaşýarsyňyz? Şeýle berk topary nädip döredip bilýäňiz? Türgenleşikleriňizi esasynda nämeler ýatyr?”

Ol: “Ýörite harby toparynyň esgeri özi barada iň soňky nobatda pikir edýär” diýip bada-bat jogap berdi.

Men onuň gysgadan anyk gürläp başlaýşyny örän haladym. Men bu

telefon jaňynyň maňa köp täze zatlary açyp görkezjekdigini bilemsoň, onuň sözüni bölmän, ümsüm diňlemegi dowam etdirdim.

> “Biz ýanymyzdaky doganymyzy özümizden ileri tutýarys. Bize öz arkamyzy goramak asla gerek däl, sebäbi öz egindeş esgerlerimize arkalanyp biljekdigimizi bilýäris”.

Şol pursat ol maňa şuny wagyz edip başlady: “Eger sen Efeslilere hatyň altynjy babyny okasaň, Hudaýyň ähli ýaraglarynyň diňe öňdäki tarapy goramaga berlendigini we arka tarapa goramaga hiç zadyň ýokdugyny görersiň. Munuň sebäbi Hudaý biziň her birimizi ýörite harby toparyň esgeri ýaly bolmagy: biri-birimiziň arka tarapyny gorap, özümiz barada bütewi bir adam kimin pikir etmegi niýetledi. Eger biz şeýle pikir etmesek, meniň arkamy diňe bir adam – meniň özüm goramaly bolaryn. Emma biziň hemmämiz bir topar ýaly çykyş etsek, toparymdaky her bir adam meniň arka tarapymy gorar”.

Soňra ol sözüniň üstüni ýetirip,şeýle diýdi: “Ýörite harby toparyň esgeri öz ýakyny üçin elinden gelenini gaýgyranok. Biz şeýle garaýşa kalbymyzyň jümmüşine çenli ynanýarys. Biz özümiz barada aýratyn bir adam hökmünde däl-de, bütewi bir beden ýaly pikir etmäge türgenleşdirilen. Aramyzda dürli ugurlar boýunça hünärmenleriň: partlaýjy maddalar boýunça, aragatnaşyk boýunça ekspertleriň, mergenleriň, lukmanlaryň, terroristlere garşy göreşýän hünärmenleriň, ýaraglar we tertibi saklaýan hünärmenleriň we ş.m. bardygyna garamazdan, biz bütewi bir beden ýaly hereket edýäris. Biz harby ýumşa gidenimizde: ‘Diňe käbirlerimiz gaýdyp geler’ ýa-da “Biziň diňe kyrk göterimimiz dolanyp geler’ diýmeýäris. Ýok, biz harby ýumşa gidenimizde ählimiziň – ýüz göterimimiziň dolanyp geljekdigine berk ynanyp gidýäris”.

Men onuň gürrüňini höwes bilen diňledim. Ahrynda men ondan: “Siz täze esgerleriňizde şeýle garaýşy nädip terbiýeleýäňiz?” diýip soradym.

Ol: “Muny terbiýeläp bolmaýar!” diýip jogap berdi. Ýörite harby toparynyň (deňiz pişikleriniň) taýýarlaýyş we suwasty partladajy işleriniň esaslarynyň başlangyç okuwy ABŞ-niň HDF-nyň iň çylşyrymly we dartgynly okuw toplumy hasaplanýar. Hut şu sebäpdenem okuw toplumyna ýazylanlaryň takmynan togsan göterimi ýa özleri gidýär, ýa-da synagdan geçmeýär. Diňe bir topar – ýokary derejede türgenleşdirilen, doly üpjün edilen topar galýar.

Olaryň her biri öz ýoldaşyny özünden ileri tutýar we özünden has belent hasaplaýan maksady üçin janyny gurban etmäge-de taýyn bolýar.

Soňra ol sözüniň üstüni ýetirip, şeýle diýdi: "Jon, eger ýygnak hem şeýle bolan bolsady. Şonda näme bolardy?"

Gynansam-da, men onuň sözleri bilen ylalaşmaly boldum. Emma hakykat şundan ybarat: bizde gerek potensial bar. Biz ýokardan doglanymyzda, Hudaýyň tebigatynyň hakyky bölegi içimize ýerleşdirilýär. Biziň alýan wagyzlarymyz we okuwymyz, ýagny taglymymyz şeýle garaýşy öz içine almaly we bu häsiýeti berkitmeli. Emma biz Hoş Habaryň diňe öz bahbidiňi araýan görnüşini eşidýän bolsak, onda bütinleý başga zady – özümiziň halas edilmedik tenimizi berkideris. Köp halatlarda hut şu sebäpden häzirki ýygnaklar şeýle görnüşe eýe boldular. Biziň köpimiz diňe ruhlandyryjy we höweslendiriji sözleri eşidesimiz gelýär, kynçylyklary ýeňip geçmeklik bolsa asla gyzyklandyranok. Biz köp zatlary sypdyrýarys.

Meniň dostum – söweşiji, ol häzirki döwürdäki ýygnaklaryň gowşak taraplaryny tutup aldy. Ol ýörite harby toparynyň bir agzasy gowşak bolsa, ylalaşykly boljak bolsa ýa-da öz ornuny taşlap gitse, toparyň ähli agzalary onuň ýaltalygy we nadanlygy zerarly ýa zyýan çekerler ýa-da heläk bolarlar. Dostumyň zandyna berk ornan bu garaýşy Mesihiň Bedeniniň ähli agzalary öz psihikilaryna möhür kimin basmalydyr.

## Özgerişlikleri getiriň

Şu mowzukda pozitiw tarap barmy? Elbetde bar! Hudaý bilen ol hemişe bar!

Geçen baplarda görkezilen hakykaty negatiw tarapdan görüp, lapykeç bolandygyňyza we başyňyzyň çaşandygyna düşünýärin. Eger diňe başgalaryň hereketleriniň durmuşyňyza negatiw täsir edýändigi baradaky pikirlere batsaňyz, dogrudan-da, lapykeç bolup bolar. Emma neslimizde öňde-soňda görülmedik derejede bilelikde gurplanyp, Onuň belentliginiň we kuwwatynyň doly ölçegini kabul edip bilmegimiz üçin, men bu hakykaty ýagtylygya çykarýaryn. Eger biz ynanmasak we başgaça hereket edip başlamasak, özgerişlikler bolmaz. Şunlukda, netije şeýle: siziň özüňiz özgerişlikleri getirip bilýärsiňiz. Eger olar sizden we menden başlanmasa, onda nädip başlansyn? Hudaý bizi özgerişlikleri getirmäge çagyrdy!

Siz haçan hem bolsa päk ynsaply, ýöne daşyndan göräýmege

boýunegmezek adamyň başga adamlar üçin jogapkärçiligi alanda nämeleriň bolýanyny görüpmidiňiz? Şeýle adamda köplenç oňat häsiýetler ýüze çykyp başlaýar. Mysal üçin, ýaş enäni göz öňüne getirip göreliň. Ol heniz durmuşa çykmanka tentek, biperwaý we hatda samsyk hereketleri hem edip bilýärdi. Onuň hereketleri diňe onuň öz durmuşyna täsir edip, başga hiç kimiň durmuşyna zyýan ýetirmeýärdi. Emma soňra ol ýigide aşyk bolup, oňa durmuşa çykýar, olaryň çagalary bolýar. Bu haýsydyr bir zatlarda boýunegmezek gyz birdenkä bütinleý özgerýär. Ol eger özüni ýeňles we tentek kimin alyp barsa, diňe özüniň däl, eýsem söýgüli äriniň we çagasynyň durmuşyny howp astyna salyp bilýändigine düşünýär.

Ýygnak babatda biziň her birimiz bilen hem hut şeýle bolmalydyr. Biz birek-biregi güýçli söýmelidiris. Biz Hudaýyň Sözüne bitabynlygymyzyň belli bir derejede diňe bize täsir etmeýändigine doly düşünmeli. Biz – Bedeniň agzasy! Pawlus Korintosdaky ýygnaga Rebbiň Saçagy geçirmek barada gürrüň berende, belki, hut şu sebäpden öz tabşyrygyny ýazýar:

> “Siz: ‘Islendik zady etmäge hakym bar’ diýýärsiňiz, ýöne her zat siziň üçin bähbitli däldir. ‘Islendik zady etmäge hakym bar’ diýýärsiňiz, ýöne hemme zat abatlaýan däldir. Her kes öz bähbidini däl-de, başgalaryň bähbidini arasyn” (1 Korintoslylar 10:23, 24).

Pawlus Filipidäki ýygnaga ýene-de şeýle diýýär:

> “Öz şahsy islegiňizden ýa-da şöhratparazlykdan hereket etmäň. Tersine, başgalary özüňizden üstün saýyp, pespäl boluň...Isa Mesihiň garaýyşlary sizde hem bolsun” (Filipililer 2:3, 5).

Isa Mesih dünýä şeýle garaýardy, Onuň ýüregi Onuň gelmegini we öz janyny biziň üçin gurban etmegini saýlap alypdy. Ol Özüni halas edip bilýärdi. Ol perişdeleriň ägirt goşunyny çagyryp, Özüni jellatlaryň elinden halas edip bilýärdi. Emma Ol biz barada pikir edýärdi. Ol biziň bähbidimizi Öz bähbidinden ileri tutupdy.

Oňat habar: biziň her birimiz aýratynlykda Hudaýyň Sözüne tabynlykda gezenimizde, ak patalary alýarys. Biz Bedendäki käbir adamlaryň boýunegmezligi zerarly oňaýsyz we hatda kyn döwürlerden hem geçip bilýäris, ýöne ahyrynda hemme zat gülala-güllük bolar.

Ylýas pygamber – başga adamlaryň hereketleriniň netijesinde horluk gören adam. Ahap bilen Izebeliň dyngysyz günä etmeginiň netijesinde,

şeýle-de ähli ysraýyllaryň günä biperwaý garamagynyň netijesinde ýer ýüzünde birnäçe ýyllap ýagyş ýagmady. Ylýas pygamber Dawut we Süleýman patyşanyň döwründe adamlaryň iýmitlenişi ýaly oňat iýmitlenmeýärdi. Muňa derek ol uzak wagtyň dowamynda gargalaryň getiren çörek bilen etini iýmeli bolýardy – o diýen ýakymly däl! Gök önümsiz, balsyz, şiresiz we beýleki delje zatlarsyz (bularyň bary bolçulyk döwründe elýeter) şol bir iýmit. Başga adamlaryň hereketleri zerarly bu Ylýas pygamberiň paýyna düşýär. Ýöne Ylýas pygamber bir milletiň, bir halkyň, bir bedeniň bölegidi. Onuň tabynlygy ahyrda özgerişlikleri we ... ýagmyry getirdi. Onuň tabynlygy tutuş halka ýalkanyşlar getirdi we ahyrynda onuň hut özüni-de ýalkady.

## Parahatlyk ähti

Geliň, ýene-de bir waka garap geçeliň. Ol Ylýas pygamberiň döwründen öň bolup geçipdi. Bu wakada biz ýene-de käbir adamlaryň hereketleriniň netijesinde dörän uly ejirleri göreris. Ysraýyl halky çöldedi...

> “Ysraýyllar Şitimde ýaşaýarkalar, *käbirleri* mowaply aýallar bilen zyna etmäge başladylar. Ol aýallar ysraýyllary öz hudaýlaryna hödür eden gurbanlyklaryna çagyrýardylar. Ysraýyllar olaryň gurbanlyklaryndan iýip, olaryň hudaýlaryna sežde edýärdiler. Şeýdip, ysraýyllar Bagalpegor butuna özlerini bagyş etdiler. Ysraýyllaryň garşysyna Rebbiň gahary geldi” (Çölde 25:1–3).

Ysraýyllaryň diňe “käbirleri” günä etdi diýip ýazylan (iňlis dilindäki terjimede – awtoryň belligi). Hudaý Öz halkyna başga hudaýlara sežde etmezligi, başga aýallara berilmezligi, jynsy günäleri etmezligi buýurdy. Käbirleriň nädogry hereketleri tutuş jemagata höküm getirdi. Biz ýene-de diňe käbirleriň däl-de, köpleriň hökümden ejir çekendigini görýäris.

> “Onsoň Reb Musa: ‘Rebbiň gahar-gazaby Ysraýyldan sowlar ýaly, halkyň ähli ýolbaşçylaryny getirip, olary öldürip, Günüň astynda ser’ diýdi” (Çölde 25:4).

Biz ýene-de esasy liderleriň (käbirleriň) hereketleri zerarly tutuş ysraýyl hakynyň garşysyna Rebbiň gahary gelendigini görýäris. Olar bir millet, bir halk, bir bedendiler.

Musa ähli ýolbaşçylary öldürmegi buýranda, takmynan şol wagt, Zimri atly bir ysraýylly Musanyň we tutuş halkyň göz alnynda öz çadyryna bir mowaply aýaly getirdi. Hemmeler munuň Hudaýyň Sözüne aç-açan bitabynlykdygyny biýärdiler. Elgazaryň ogly, ruhany Harunyň agtygy Pinehas şobada eline naýza alyp, Zimriniň çadyryna kürsäp girýär-de, diňe Zimrini däl, eýsem onuň ýany bilen gelen Hazwa atly mowaply aýaly hem öldürýär. Yzýanyndan şeýle ýazylan: "Şol bada ysraýyl halkynyň arasyna iberilen gyrgynçylyk togtadyldy. Emma gyrgynçylykdan eýýäm ýigrimi dört müň ysraýylly ölüpdi" (Çölde 25:8,9). Käbir adamlaryň hereketlerniň netijesinde ýene-de köp adam gyryldy, köp adam zyýan çekdi, köp adamlar. Halk Hudaýyň nazarynda bütewüdi.

Soňra Hudaý şeýle diýdi: "Ysraýyl halkyndan Meniň gaharymy Elgazaryň ogly, ruhany Harunyň agtygy Pinehas gaýtardy, olaryň arasynda ol Maňa özüniň hakyky wepadardygyny görkezdi. Şonuň üçin men olary gabanyp, bütinleý ýok etmedim" (Çölde 25:11). Pinehasyň yhlasy Hudaýyň yhlasydy – ol tutuş halkyň ýagşylygy üçindi. Hut Pinehas özgerişlikleri getirdi. Günä garşy diňe biriniň garşy aýaga galmagy hem ýeterlikdi.

Pawlusyň ýüreginde hem Hudaýyň Korintosdaky ýygnaga bolan yhlasy lowlaýardy. Pawlus hakykat ugrunda ýygnakda batyrgaý çykyş edip, özgerişlikleri getirdi. Ol Hudaýyň Sözüni – Ruhuň gylyjyny alyp, ony jynsy azgynlykda ýaşap ýören adamyň hereketlerinden parran geçirýär. Köne Ähtde Pinehas fiziki naýza bilen hereket etdi. Täze Ähtde we şindi hem öňe batyrgaý hereket edip, hakykaty jar edenimizde, elimize "naýzany" alyp çykyş edýäris. Biz muny hatda başgalar imanlylar jemagatynda käbirleriň günä edýändigini görmediksirese-de, eşitmedikserese-de, edýäris.

Pawlus şol pursat özi hakda aladalanmaýardy. Ol meniň ýörite harby toparynda gulluk edýän dostum ýaly hereket edýärdi. Ol başga adamlaryň bähbidini öz amatlyklaryndan we meşhurlygyndan ýokary tutýardy. Ol hatda korintosdaky ýygnagy tarapyndan bütinleý ret edilmek howpy astyndady. Ol olara jan-tenden yhlas edýärdi. Ol muny hatda olary köp söýdügiçe, olaryň ony az söýen wagtynda hem şeýle edýärdi.

Pinehas özi barada alada etmändi, ol özüniň ýowuzlykda, rehimsizlikde, dinçilikde we köneçillikde aýyplanmagynyň ahmaldygyny bilýärdi. Başgalaryň haram gylyn gymyldatmadyk wagtynda hereket eden ýeke-täk Pinehasdy. Adamlar näme diýer ýa-da näme pikir eder? Bu onuň piňine-de däldi. Mezmurçy şeýle diýýär: "Şonda Pinehas töwella etdi..." (Zebur 105:30). Ony Hudaýa bolan yhlas ýandyrýardy, ony Hudaýy aladalandyrýan zat – Onuň

halky aladalandyrýardy. Ol jemagaty söýýärdi. Ol özgerişlikleriň ýolbeledidi!

Hudaýyň ol barada näme diýýänini göreliň:

> “Şoňa görä hem oňa şuny aýt: ‘Men onuň bilen parahatçylyk ähtimi baglaşýaryn. Pinehas öz Hudaýyna wepadarlygyny görkezip, ysraýyllary günäsinden saplandygy üçin, oňa we onuň nesline ruhanylygy müdimilik bagyş edýärin” (Çölde 25:12,13).

Mukaddes Ýazgylary öwrenmek bilen, men bu sözlere aýratyn üns berýärdim. Bu barada diňe Musa pygamber ýazman, eýsem soňra mezmurçy hem Pinehasyň sylagyny aýratyn nygtaýar:

> “Şonda Pinehas durup töwella etdi, mergi togtady. Bu oňa dogrulyk hökmünde nesillerboýy baky saýyldy” (Zebur 105:30,31).

Hudaýyň halaýan zadynyň ugrunda töwekgellik bilen aýaga galan bu ýaş ýigidiň alan sylagyny görenimde inimiň galpyldaýşy ýadyma düşýär. Bu bir wagtlaýyn sylag däldi, bu – baky sylag, ol äht bilen möhürlenen. Ýatda saklaň, Hudaý Öz ähtini hiç haçan bozmaýar! Bu sylag örän beýik, ol diňe Pinehasa däl, eýsem onuň çagalaryna we ondan soň ýaşan köp nesildäki agtyklaryna – şol sanda bize hem täsir etdi! Onuň Hudaýyň nazarynda dogry zatlaryň ugrunda aýaga galmaga taýynlygy üçin indiki nesilleriň ählisi ýalkanar.

Men Pinehasyň göreldesini görenimde özüme şuny maksat edindim: men hemişe hakykaty aýtjak, hatda netijede Pawlus ýaly söýgüden mahrum edilsem-de, diňe hakykaty aýtjak. Men diňe özüm üçin däl, eýsem Liza üçinem, ogullarymyz üçinem we olaryň indiki nesillerdäki çagalary üçinem beýik sylagy görýärin. Bu parahatlyk ähti, ony bozup bolmaýar, ol nesilden nesle geçýän ýalkanyşdyr.

Men ogullarymyzyň Hudaýa yhlasly hyzmat edişlerini guwanç bilen synlaýaryn. Olar ösüp kemala gelýän döwürlerinde Hoş Habaryň ugrundaky hyzmatym sebäpli öýde ýarym ýyldan-da köpräk wagt bolmaýardym. Ýöne şonda-da, özgerişlikleri geçiren adama Hudaýyň wada beren parahatlyk ähtiniň bozulman, çagalarymyza geçýändigi mese-mälim zat. Men şeýle ýalkanyşlaryň agtyklarymyza-da geçjekdigine umyt baglaýaryn.

Hakykata ünsli garamakda gizlenen ýalkanyşlary ýüze çykardykmy? Hawa, bu parahatlyk ähtidir. Bu äht siz özgerişlikler üçin hereket edýärkäňiz, hatda başgalaryň özge pikirdedigine garamazdan, Hudaýyň ýoluna yhlasly

eýerýärkäňiz, diňe size däl, eýsem nesilleriňize-de wada berlendir.

Günäniň bizi gaplap, onuň tutuş imanlylar jemagatyna ýaýraýşyna ümsüm seredip, sesimizi çykarman gezenden, ruhdaky gylyjy söýgi bilen alyp, bilelikde hakykat üçin aýaga galmagymyzyň näderjede gowudygyny hemmämiz bile görýärismi?

Meniň üçin jogap mese-mälim, ýöne munuň çözgüdini size galdyrýaryn.

## Hereket ediň

Siziň garaşan ýagşy habaryňyz: Hudaýa we Onuň halkyna bolan söýgiňiziň hatyrasyna hakykat üçin aýaga aýgytly galmak bilen, Hudaýdan baky wadalary we äht ýalkanyşlary alan adamlaryň hataryna goşulýarsyňyz. Bu ýalkanyşlar diňe olaryň däl, eýsem nesilleriniň-de gelejeklerini kesgitledi.

Siz öz abadanlygyňyzyň bähbidi babatda şundan has güýçli zady göz öňüne getirip bilýäňizmi? Dünýewi maddy miraslaryň hiç haýsysy şeýle wada eýe däl, puly bir ýa-da iki nesliň dowamynda sowup gutaryp bolýar. Bilimiň we paýhasyň hiç haýsysyny birnäçe nesil öňe geçirip bolanok. Diňe Hudaýyň wepadarlygyna esaslanan miras şeýle uzakwagtlaýyn täsir edip bilýär.

Siz indiki nesillere nähili mirasy galdyrasyňyz gelýär? Siz ýer ýüzünde özüňiz barada nähili ýatlamany galdyrasyňyz gelýär? Göklerde nähili ada eýe bolasyňyz gelýär? Siz ýerdäki tiz akgynly durmuşyňyzyň dowamynda söýgi bilen hakykatyň ugrunda berk dursaňyz, bu arzuwlary hasyl etmegiň açaryny taparsyňyz.

# 6

# HÖWESLENDIRME

Mundan birnäçe wagt ozal men öz smartfonumdan habarlary ugradyp bilmän kösenip başladym. Men bu meseläni çözmek üçin hemme usullary ulanyp gördüm: priloženiýalary ýapdym, öçürip gördüm, gaýtadan öçürip-ýakyp gördüm, garaz, edip bolaýjak zatlaryň hemmesini edip çykdym, hatda “işini mejburlaýyn tamamlatmak” – diňe çykgynsyz ýagdaýda ulanylýan usuly hem edip gördüm. Soňra men has çylşyrymly amallary etdim, ýöne bizar ediji päsgelçilik hiç aýrylmady.

Bu ýagdaý biziň smartfonlara näderjede garaşlydygymyzy we durmuşymyzda uly rol oýnaýandygyny tassyklady. Şol wagtda körpe oglumyz Hindistanda geçirilýän konferensiýada wagyz edýärdi we çopanlardyr liderlere kitaplary paýlaýardy. Ol käbir kynçylyklara duşansoň, maňa habar ýazyp başlady. Men bolsa telefonym işlemänsoň, onuň soraglaryna birnäçe sagatlap jogap berip bilmedim. Men jogabymy ýazmak üçin on bäş minutdan gowrak wagtymy sarp edýärdim, soňra telefon birdenkä priloženiýadan çykyp, ýazan tekstimiň bary ýitýärdi. Onsoň men teksti gaýtadan ýazmaly bolýardym. Men ogluma köp zatlary ýazmakçydym, emma telefon meniň talaplarymy berjaý etmäge ukyply bolmansoň, men dört sagat geçenden soň ogluma gysgajyk habar iberip bildim. Meniň nähili gynandygymy aýdyp-da oturmaýyn.

Ahyrda telefonymy ondan başy çykýan hünärmen-tehniklere eltip berdim. Men meseläni çözmek üçin birnäçe günümi sarp etdim, hünärmenler bolsa on minudyň dowamynda näsazlygyň sebäbini kesgitlediler. Görüp otursak, men haýsydyr bir zada ýalňyş basyp, operasion ulgamynyň işini bozan ekenim. Men birki sagatdan sms-habarlary hiç bir kynçylyksyz iberip başladym.

Eger men problemanyň çözgüdini agtarmadyk bolsam, näme bolardy? Men hünärmenlere ýüz tutmadyk bolsam, näme bolardy? Men ozalkym ýaly mümkinçilikleri çäklendirilen telefondan peýdalanar ýörerdim we gynansam-da, muňa kän wagtymy sarp ederdim. Bu maňa maşgalam, toparym, dostlarym bilen aragatnaşyk saklamaga päsgel bererdi.

Geliň, ýene-de bir ädim öňe ädeliň. Meniň sms-habarlary ibermekde hiç tejribäm ýokmuşyn diýeliň. Otuz ýyl mundan ozal men sms-habarlaryň, aýratyn-da smartfonlar barada asla bilmeýärdim. Ýüz ýyl mundan ozal bolsa kontinentara jaňlar bütinleý ýokdy, olar aslynda ýokdy. Şol döwürde dört sagat zähmet çekip, Hindistandaky ogluma bada-bat habar ibermeklik meniň üçin uly şatlyk bolardy. Aragatnaşygyň islendik görnüşi onuň ýoklugyndan has gowudyr. Häzirki döwürde elýeter bolan usullar barada bilmedik bolsam, men ýolumdaky bökdençlikleri aýyrmak üçin şeýle janygyp yhlas etmezdim. Ýöne smartfon arkaly men köp peýdaly zatlary edýän, şonuň üçin-de onuň näsazlygyna şeýle gynanypdym.

Potensial barada bilmezden, haýsydyr bir sepgide ýetmek islegi we höwesi bolmaz. Biziň köpimiz ýörite harby toparyndaky bütewilik barada meniň dostumyň bilşi ýaly bilemzok.

Onuň toparynda ýitgilere duçar etjek päsgelçiligiň ýüze çyksa näme boljagyny bir göz öňüne getirip bilýäňizmi? Ol muňa diňe gaharlanmazdy, ol heläk bolup bilerdi.

Köne Ähtiň wakasyna dolansak, ysraýyl halkynyň Akana näderejede gaharlanandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Olar Ýerihoda beýik ýeňiş gazanypdylar, emma Aý galasyndaky söweşden soň olar otuz alty dostuny jaýlap, olaryň ýakynlaryny köşeşdirmeli boldular.

Pawlus öz söýgüli korintoslylarynyň ruhy kriptonitiň erbet täsirlerinden, gowşaklykdan, saplanyp bolmaýan kesellerden we biwagt ölümden ejir çekişlerini görende ýüreginiň para-para bolşuny göz öňüne getirip bilýäňiz-

mi? Ol olaryň potensialyny bilýärdi, ýöne olar kördüler. Olaryň şahsy bähbitleri tutuş jemagat üçin peýdaly bolan zatlardan üstün gelýärdi.

Siziň durmuşyňyzda nähili? Siziň mesihi ýygnagyňyzda nämeler bolup geýär? Meniň göwnüme bolmasa, siz şu aýgytly habary kalbyňyzyň jümmüşinde mesihi adatlarynda haýsydyr bir has uly zadyň bardygyny bilýänligiňiz üçin okaýarsyňyz. Hudaý bu islegi siziň ýüregiňize ornaşdyrdy. Sizi hakykatyň wagtlaýyn amatsyzlygyndan gaça durmaga derek Onuň huzurynda doly manyly durmuşda ýaşamaklyk we ýygnagyňyzda güýçli ruhy özgerişleriniň şaýady bolmaklyk has köp gyzyklandyrýar.

## Siziň nuruňyz parlady

Şu kitaby öwrenmeklik iki esse peýdalydyr. Sebäbi ol, birinjiden, ýygnagyňyzyň netijeliligini ep-esli artdyrar, ikinjiden, has köp miwäniň, dolmaklygyň we Hudaý bilen ýakyn aragatnaşykda bolmagyň diri şaýady bolarsyňyz. (Biz häzirlikçe esasan hem ýygnak jemagaty barada aýdýarys, ýöne soňra ünsümizi siziň şahsy durmuşyňyzda jemläris).

Sizde öz jemagatyňyz babatda nähili görnüşiňiz bolmaly? Meniň smartfonum bilen bolan ýagdaýdaky ýaly, bu soragyň jogaby potensialymyzy doly güýjünde işlemäge päsgel berýän zatlaryň baryny tapyp, olary ortadan aýyrmak islegini we höwesini iýmitlendirýär.

Işaýa şuny pygamberlik edýär:

> “Tur, parla, nuruň geldi, üstüňde Rebbiň şöhraty dogdy. Ine, ýer ýüzüni garaňkylyk, halklary tüm garaňkylyk bürär; seniň üstüňde bolsa Reb peýda bolar, üstüňde bolar Onuň şöhraty” (Işaýa 60:1, 2).

Birinjiden şuny diýesim gelýär: Işaýa pygamber bu ýerde gökler barada ýa-da Isa Mesihiň müň ýyllyk şalygy – Aýanlyk kitabynda görkezilişi ýaly, Isa Mesihiň ýer ýüzünde müň ýyl şalyk sürjek döwri barada aýdanok. Pygamber beýleki awtorlaryň we Petrusyň welilik bilen aýdýan täze asmany we täze ýeri barada hem aýdanok. Ýok, ol tümlügiň ýer ýüzüni gaplajak döwri barada aýdýar. Şonuň üçin-de, bu pygamberlik, elbetde, şu günki gün barada aýdýan bolmagy ahmal, men bu hut şeýledir diýip pikir edýär.

Pygamberiň sözlerine görä, tümlük adamlary haýsydyr bir geografiki

çäklerde däl-de, tutuş ýer ýüzünde gaplar. Biz Ýaradanymyzyň ýüreginden barha uzaklaşýarys. Men diňe ateistler, agnostikler, okkultizm bilen meşgullanýanlar barada däl, eýsem mesihilige uýýan köp adamlar barada aýdýaryn.

Pawlus bu döwür barada anyk şeýle diýýär: "Çünki adamlaryň sagdyn taglymaty diňläsi gelmejek zamanasy geler. Şonda olar öz höweslerine ýaraşykly, gulaklaryna-da ýakymly sözleri aýtjak öwredijileri gözlärler" (2 Timoteos 4:3). Soňra ol janagyryjylyk bilen sözüni dowam edýär: "Olar hakykata gulak asman, toslamalaryň yzynda selpärler" (4-nji aýat).

Şu döwürde, Işaýa pygamberiň sözlerine görä, hakyky imanlylar nur saçarlar – saýlanarlar. Şuny göz öňüne getirip görüň: siz otaga girip, çyrany ýaksaňyz, tümlük bada-bat ýok bolýar. Tümlük nuruň öňünde durup bilenok. Siz öňde-soňda tümlügiň parlamasy barada, heý, eşidipmidiňiz? Ýok, diňe nur parlap bilýär – her nähili tümlük bolsa-da, nur tümlügi ýeňip, ony dargadýar.

Isa Mesih biziň dünýä üçin nurdugymyzy aýdýar. Biz nur saçmaly, biz tümlükden üstün gelmeli, ýöne bu nähili bolar? Işaýa pygamberiň sözlerine görä, biz imansyzlaryň Onuň şan-şöhratyny görüp biljek derejesinde nur saçarys.

Ýewreýçe "şöhrat" sözi – kabod, ol ajaýyplygy, belentligi, baýlygy, bolelinligi, abraýy, şanlylygy we agyrlygy aňladýar. Munuň näme bolup bilýändigi barada oýlanyp görüň. Mukaddes Ýazgylar Hudaýyň şan-şöhraty barada aýdanynda, Hudaýyň ajaýyplygy, Hudaýyň belentligi, Hudaýyň baýlygy, Hudaýyň gudratlygy, Hudaýyň bolelinligi, Hudaýyň abraýy, Hudaýyň şanlylygy göz öňüne tutulýar. Bu kesgitlemedäki jemleýji söz – "agyrlyk" ýa-da "agram" bu zatlaryň ýetmezçilik etmän, gaýtam bolelindigini aňladýar. Başga sözler bilen aýdylanda, bu Onuň belentliginiň agramy.

Pawlus Hudaýyň bu bilim bilen "ýüreklerimizi ýagtylandyryp, Isa Mesihiň ýüzünde parlaýan Öz şöhratyny bize tanatdy" diýip ýazýar (2 Korintoslylar 4:6). Soňra sözüni dowam deip, şeýle ýazýar: "Indi şöhrat biziň ýüreklerimizde nur saçýar, biz bolsa şol hazynalardan doldurylan toýun küýzeler kimindiris. Şonuň üçin-de, biziň ajaýyp güýjümiz bizden däl-de, Hudaýdandygy äşgärdir" (2 Korintoslylar 4:7, iňlis dilinden terjime).

"Biziň ajaýyp güýjümiz" diýen jümlä üns beriň. Hudaýyň ajaýyplygy, belentligi, baýlygy, boleleinligi, abraýy we şanlylygy

> biziň ýüreklerimizde dolulygyna parlaýar. Şoňa görä-de, Pawlus: “biziň ajaýyp güýjümiz bizden däl-de, Hudaýdandygy äşgärdir” diýip ýazýar. Gürrüň biziň missiýamyza päsgel berip biläýjek islendik tümlügi böwsüp geçýän güýç barada gidýär.

Ýörite harby topary tabşyrygy berjäý etmäge gidende, esgerler ýeňilmegi niýetlemeýär we adatça hakykatdan hem ýeňiş bilen dolanýar. Biziň bolsa olaryňka garanda has ygtybarly wadamyz bar! Ol üstünlik getirýän has beýik güýç bilen berkidilen!

Hudaýyň şan-şöhratynyň manysy kitabyň dowamynda ünsümizden sypmaz ýaly, men ony kitabyň galan böleginde “Onuň şan-şöhraty” diýip ulanaryn (ýöne ýokarda agzalan beýleki kesgitlemelerini hem ýatda saklaň).

Işaýa pygamber Onuň şan-şöhraty üstümize iner diýmeýär, ol üstümizden galar diýip aýdýar. Nireden galar? Biziň ýüreklerimizden. “Şol hazynalardan doldurylan toýun küýzeler kimindigimizi” ýatdan çykarmaň (7-nji aýat).

Indi meniň şeýle soragym bar: “Näme üçin Onuň ajaýyp güýji biziň jemgyýetimiz arkaly aýan bolanok? Näme üçin syrkawlaryň, gowşaklaryň we hatda biwagt aradan çykýanlaryň sany şeýle köp? Bu ruhy kriptonit bilen ylalaşýanlygymyz üçin dälmi näme?”

## Imanlylar jemagatynyň potensialy

Biziň günlerimizde imanlylar jemagatynyň potensialy nähili bolup biler? Ýygnagyň döreýşini göz öňüne getirip görüň. Ellinji gün baýramy güni 120 şägirt otagda bukulyp otyrdylar. Olar bile ýyganaşyp otyrdylar diýip ýazylgy. Bu bütewilik nähilidi? Isa Mesih direlenden soň, Ol azyndan 500 adama ýokarky otaga geçip, Atadan wada edilene garaşmagy tabşyrdy (ser. 1 Korintoslylar 15:6 we Luka 24:33–53). Näme üçin on gün geçenden soň diňe 120 adam jemlendi? Näme üçin hemmeler garaşmady? Galan 380-sine näme boldy? Olaryň b.e. 56 ýylda, Pawlusyň korintoslylara hat ýazan döwründe hem heniz ýaşandyklary baradaky maglumatdan başga ýerde atlary agzalanok. Biz diňe olaryň Atanyň wada beren zatlaryna Iýerusalimde garaşmandygyny, Isanyň tabşyrygyny berjaý etmändigini bilýäris (ser. Resullar 1:1–15).

Bu 380 adam Onuň tabşyrygyny hökmany däl-de, ýöne bir teklip hök-

münde kabul etdilermikä? Olar bu tabşyryk amal ederden juda kyn diýip hasapladylarmyka? Olar Oňa özleri üçin oňaýly bolan tärde hyzmat edip bilýändir diýip pikir edendigi ahmal. Men olaryň käbiriniň hatda Onuň direlişini wagyz edendigine-de ynanýan.

Emma şöhrat Ruhy hem diýip atlandyrylýan (ser. 1 Petrus 4:14) Hudaýyň Ruhy olary doldurmady. Diňe bir adam kimin bir ýere ýygnanan 120 adam Hudaýyň Ruhunyň belentligine çümdürildiler. Olary bir adam kimin näme birikdirdi? Gürrüň olaryň her biriniň öz pikiriniň bolanlygynda däl, gürrüň 380 adamyň dürli pikirde bolanlygy. Men bu 120 adamy Hudaýyň Sözüne aýgytly tabyn bolmagyň birikdirdi diýip pikir edýärin, olar ony özleri üçin hökmany diýip kabul etdiler.

Hudaýyň şan-şöhraty (muňa Onuň güýji hem girýär) olary doldurdy. Şol günüň özünde üç müň adam gaýtadan doguldy! Olar kitapçalary paýlamady, ýewreý žurnallarynda mahabatlandyrmalary çap etmediler, internetde köpçülikleýin ýaýratma tärlerini ulanmadylar, ýaýlymy öz mahabatlamalaryndan doldurmadylar. Galyberse-de, olar hatda ýygnak geçirmegiň wagtyny-da meýilleşdirmediler. Emma şonda-da Hudaýyň şanlylygy tutuş şähere aýan boldy.

Biraz soňra bolsa, dogabitdi otura maýyp ýerinden böküp, ybadathana ylgap gidenden soň, bäş müň adam (aýallar we çagalardan başga) gaýtadan doguldylar. Örän haýrana goýýan zat – bu adamlaryň köpçüligi Hudaýa tarap öwrüldiler. Ýogsa Petrus-da, Ýohanna-da olary toba etmäge çagyryp-da ýetişmändi, olar muny edip ýetişmänkäler, eýýäm tussag edilipdi!

Bolup geçýän wakalar sebäpli tutuş Iýerusalim tolgunýardy. Adamlaryň ählisi güýçli ýeliň şuwwuldysyny eşidipdi. Şäheriň ilaty şägirtleriň Hudaýyň belentligi barada ajaýyp gürrüňleri ozal asla bilmeýän daşary ýurt dillerinde we dialektlerinde aýdyp başlandygyny eşidýärdiler. Her kes Isa Mesihiň ady bilen amal edilýän gudratlary görýärdi.

Birnäçe günden bolsa, hemmesi bile ýygnanyşyp, dileg edýärkäler, üýşüp oturan jaýlary sarsdy. Mukaddes Ýazgylar wakany ulaldyp aýdanok. Eger sarsdy diýip ýazylan bolsa, bu hakykatdan hem şeýle bolandyr. Imanlylaryň ählisinden uly güýç, bolelinlik we şypa akýardy.

“Aralarynda mätäç adam ýokdy” diýip ýazylgy (Resullar 4:34). Biz

Petrusyň köçelerden – diňe bir köçeden däl, köçelerden aýlanandygyny görýäris. Mukaddes Ýazgylar bu köçä çykarylan syrkawlaryň diňe onuň kölegesine düşen badyna şypa alandygy barada aýdýar (Resullar 5:16). Hudaýyň şan-şöhraty şeýle! Imanly adam keselhanaň otaglaryna şeýdip aýlanyp, her bir syrkawa şypa berip bilerdi.

Mukaddes Ýazgylar bir erkek bilen aýalyň Hudaýyň huzurynda sypaýyçylyksyz hereket eden, ýagny öz hyzmatlary barada çopanlaryny ýalan aldan badyna ýykylyp, jan berendigi barada aýdýar. Olaryň ölümi barada şäherde şobada mälim boldy, hemmeleri “uly gorky” gaplap aldy, ýöne adamlar resullara uly hormat bilen garadylar (ser. Resullar 5:1–13).

Bu sagdyn gorky hiç kimi ürküzmedi, gaýtam köpleri özüne çekdi: “...Reb Isa iman edenlere goşulan erkekdir aýallaryň sany barha artýardy” (Resullar 5:14).

Bu diňe Iýerusalimde bolup geçenokdy. Isa Mesihe eýerýänler batyrgaýlyk bilen şaýatlyk edýärdiler, ähli ýerde adamlar halas bolýardylar we şypa alýardylar. Ýygnakda dul aýallara berilýän nahara jogap berýän Filip Samariýanyň bir şäherine gitdi. Bu barada: “Köp adamlaryň içinden arwah-jynlar batly gygyryşyp çykýardylar, köp sanly ysmaz we oturalar şypa tapýardy. Şeýlelikde, ol şäherde uly şatlyk döredi” diýip ýazylan (Resullar 8:7, 8). Ozal jadygöýlik bilen meşgullanyp, şäherde giňden tanalýan adam “Filipiň amala aşyrýan beýik mugjyzalaryny we gudratlaryny görüp, haýran galýardy” (13-nji aýat). Tutuş şäher ýa Mesih barada bilýärdi, ýa-da halas bolmak üçin Oňa iman edýärdi.

Başga bir ýerde bolsa Petrusyň syrkawa bada-bat şypa berşi barada Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylan: “Lidada we Şaron düzlüginde ýaşaýanlaryň hemmesi Eneýi görüp, Rebbe iman etdiler” (Resullar 9:35). Hatda bir şäher däl, iki şäher, ýagny olarda “ýaşaýanlaryň hemmesi” gutulyşy kabul etdiler.

Ýafoda Tawita atly aýal ölümden direldi. Bu baradaky habar tutuş şähere ýaýrap, ýene bir ýaşaýyş ýeri bütinleý resullaryň täsirine düşdi.

Petrus ahyrda tussag edildi. Emma onuň tussaglykda oturan we ýörite garawullanylýan zyndanyna perişde gelip, ýarygije resulyň öňünde durdy.

Zyndanyň başlygy Hudaýy şöhratlandyrmansoň, şol ýerde jan berdi, onuň jesedini gurt iýdi. Hudaýyň şöhraty tutuş ýurtdaky tümlügi gysyp çykardy. Nuruň öňüni almak mümkin däl!

Mugjyzalar, beýik güýç we halas bolan adamlar ähli butparaz şäherlere we obalara ýaýraýar. Mundan başga-da, şeýle ýazylan: “...Aziýa welaýatynda ýaşaýanlaryň hemmesi: ýahudylaram, greklerem Rebbiň Hoş Habaryny eşitdiler” (Resullar 19:10). Gürrüň diňe bir sanlyja obalar ýa-da şäherler barada däl-de, tutuş welaýat barada gidýär. Hemmeler eşitdiler! Olaryň Feýsbuk, Instagram we Twitter ýaly internet serişdeleri ýokdy. Şol döwürde internet-de, emeli hemra aragatnaşygy-da, teleýaýlymlary-da, radio-da ýokdy. Adamlar bir ýerden başga ýere aňsat ýeter ýaly, awtoulaglar, hatda welosiped-de ýokdy. Ýöne muňa garamazdan, welaýatdaky her bir adam Rebbiň Hoş Habaryny eşitdi! Ýygnak bir adam kimin bolanda, Hudaýyň Sözi ýygnakda esasy orny eýelände, ine, şeýle zatlar bolýar.

Bu irki Ýygnak döwründe aýan bolan Hudaýyň şan-şöhratydyr. Indiki bapda welin biz Hudaýyň biziň neslimiz üçin mundan has uly meýilnamany taýynlandygyny göreris. Irki Ýygnak döwründe görlen zatlary Rebbimiz we Patyşamyz Isa Mesih ýer ýüzüne dolanyp gelenden soň amala aşjak mukaddes şah-şöhrat bilen deňeşdirip-de bolmaz!

## Hereket ediň

Täze Ähtdäki adatdan daşary gudratlara garap: “Hawa, olar muny başardylar, emma men ýaly adam hiç haçan şeýle zatlaryň birini-de edip bilmez” öýdüp bolýar. Hut şu sebäpdenem, şu babyň manysy örän wajyp: gudratlar we mugjyzalar şol adamlaryň üýtgeşik bolandygy sebäpli däldi. Şol mugjyzalar şol adamlaryň iman edip, tabyn bolany üçin, içinde Hudaýyň şan-şöhraty artandygy sebäpli bolýardy.

Eger şowhunly, bilimsiz, ýaş, tejribesiz, öz pikirli we iň adaty işe meşgul bolan adamlaryň içinde Hudaýyň şan-şöhraty göterilip bilen bolsa, onda dünýäde bizi gökleriň şöhratyny götermäge ukyply diýip kesgitleýän hiç hili standartlaryň ýokdugy babatda ynamly bolup bileris. Mesele diňe Hudaýyň Sözüne näderejede sadyk bolup, oňa eýerjegimizde.

Siz şol gudratlary, olardan-da beýiklerini gaýtadan görüp biljegimize ynanýaňyzmy? Eger siziň ýygnagyňyzda mugjyzalar eýýäm bolýan bolsa, ondan-da uzaga bökmäge taýynmysyňyz? Hudaýyň size bermek isleýänleriniň ählisini almak isleýäňizmi? Hudaýa dileg edip, bu soraglara

jogap beriň. Soňra özüňizi ukypsyz saýýan zatlaryňyzyň ählisi üçin ýa-da bu durmuşda özüňizi “zähmet rugsadyna” çykan diýip hasaplaýanlygyňyz üçin toba ediň. Hudaý siz arkaly Öz isleglериniň ählisini amal ederi ýaly, aladalaryňyzy Hudýa tabşyryň, özüňizi Oňa hödür ediň.

# 7

# JEBISLIGIŇ GÜÝJI

Isa Mesih haça çüýlenilmeginden öň diňe Öz topary üçin däl, eýsem biziň ählimiz üçin dileg etmäge mümkinçiligi boldy. Ol Öz haýyşyny şeýle sözler bilen başlaýar: "Men diňe olar üçin däl, eýsem olaryň wagzy bilen Maňa iman etjekler üçin-de dileg edýärin" (Ýohanna 17:20). Bu dilegiň bize-de degişlidigi barada hiç şübhe ýok. Biz şol şägirtleriniň ýazan habarlaryny okamak ýa-da olary eşitmek arkaly Isa Mesihe geldik.

Isa Mesih – Ynsan Ogly, şonuň üçin-de, Onda Atanyň erkiniň asmanda bolşy ýaly, ýerde hem amala aşmagyny soramaga ygtyýary bar. Onuň dilegine gulak goýuň:

> "Olaryň hemmesi bir bolsun. Ata, Seniň Mende, Meniň-de Sende bolşum ýaly, olar hem Bizde bolsunlar. Şeýlelikde, Meni Seniň iberendigiňe dünýä iman etsin. Maňa beren şöhratyňy olara berdim. Biziň bir bolşumyz ýaly, olar-da bir bolsun" (Ýohanna 17:21, 22).

Isa Mesih biziň bütewi bolmagymyz, dünýäniň-de Onuň Halasgärdigine ynanmagy üçin dileg etdi. Bu habar biziň dünýämize näme getirer? Jogaby – Onuň şan-şöhratyny. Biziň missiýamyz üçin munuň ähmiýeti ägirtdir. Ol Öz şan-şöhratyny (Özüniň aýan eden belentligini) bütewilikde bolanlar üçin saklaýar. Esasy zat – Onuň Ata bilen bir bolşy ýaly, biz hem bir bolmaly.

Ol we Ata neneň bir boldular? Ol şu sözleri öwran-öwran aýdýardy: "...Men

Öz islegim boýunça höküm çykarmaýaryn, Meni Ibereniň yradasyny berjaý edýärin" (Ýohanna 5:30), "Çünki Men Öz yradamy däl-de, Meni Ibereniň yradasyny berjaý etmek üçin gökden indim" (Ýohanna 6:38), "Ine, Men! Kitapda Men barada ýazylgy. Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý etmäge, ine, Men geldim" (Ýewreýlere 10:7). Ol Ata bilen birdi, sebäbi Atanyň erkini agtarýardy we munuň amatsyz ýa-da döwrebap däldigine garamazdan, Atanyň islegini berjaý edýärdi.

Ilkinji şägirtler hem şeýlediler.Hudaý olar arkaly Öz şanlylygyny bütin dünýä aýan eden gününde olaryň hemmesi agzybir bir ýere ýygnanypdylar. Isa Mesihe eýerenleriň sany 120-di. Bu Isa Mesihiň üç ýyllyk hyzmatynyň dowamynda Ony diňlän on müňlerçe adam däldi. Bu Onuň ölümden direlenden soň görseler-de, Onuň sözüni hökmany däl hökmünde kabul eden 380 adam hem däldi. Bu imanda bir bolan adamlardy.

Pawlus janygyp biziň her birimize şeýle ýalbarýar: "Özara parahatlykda ýaşap, Mukaddes Ruhuň birligini goramaga dyrjaşyň" (Efesliler 4:3). Soňra ol Isa Mesihiň ýygnaga: resullara, pygamberlere, hoş habarçylara, çopanlara we mugallymlara beren ruhy pegeşleri barada aýdýar. Olaryň wezipesi – öňde goýlan maksada ýetmekde ýygnaga öwüt bermek:

> "Munuň netijesinde hemmämiz imanda bir bolup, Hudaýyň Ogly Mesihi tanap-bilip, Ol ýaly doly kämillige ýeteris" (Efesliler 4:13).

Biziň maksadymyz ýa-da missiýamyz ir döwürdäki Ýygnagyňkydan hiç tapawutlanmaýar. Bu maksat – bütewi bolmak bilen, Hudaýyň şanlylygyny (şöhratyny) aýan ediljiler bolmak. Başga ýol ýok! Biziň neslimiz imanda we bilmeklikde bir bolmaly. Hakyky bütewilige eltýän ýeke-täk ýol Isa Mesih bilen şägirtleriniň ýolundan hiç tapawutlanmaýar. Bu ýol – Hudaýyň Sözüne gulak asmak.

Pikir ediň, ysraýyllar bir adam ýaly çykyş edenlerinde, Ýeriho galasyny doly basyp aldylar. Süleýman pygamberiň döwründe halk millet hökmünde ýeňilmezekdi, adamlar birnäçe nesliň dowamynda abadançylykda ýaşaýardylar, ähli zatda üstünlik gazanýardylar. Başga-da mysallary getirip bolýar, ýöne many örän aýdyň.

Başga tarapdan, geliň garşydaky tarapa garalyň. Pawlus Korintosda ruhy kriptonitiň bardygyny aýdyp başlanda, ilki şeýle sözleri aýdýar: "Birinjiden, Hudaýyň ýygnagy hökmünde üýşeniňizde, araňyzda agzalalyklaryň bolýandygy baradaky gürrüňler meniň gulagyma degýär..." (1 Korintoslylar 11:18). Olaryň jebis bolmandygy belli zat! Şeýle sorag ýüze çykýar: olaryň jebisligine näme päsgel berýärdi? Olaryň kriptonit bilen eden näz-

kereşmesi – Hudaýyň Sözüne gulak asmazlygy. Olaryň bu hereketi Akanyň gulak asmazlygyndan hiç tapawutlanmaýar. Akanyň hereketleriniň netijesinde ysraýyl halky Aý galasyna edilen hüjüm wagty jebisligini we ýeňilmezekligini ýitirdi.

Soňra Pawlus oslagsyz tarapa öwrüp, geň pikiri aýdýar:

> “...Men muňa az-kem ynanman-da duramok. Sebäbi araňyzda agzalalyklar bolmaly zatdyr. Olar Hudaýyň nazarynda kimiň hakdygyny äşgär edýär” (1 Korintoslylar 11:18, 19).

Kimiň hakdygyny äşgär etmek näme üçin şeýle wajyp? Bu soragyň jogabynyň ähmiýeti örän uly, sebäbi ol iman we düşünje jebisligine tarap ýol açýar. Bu ysraýyl halkynyň haky we missiýasy üçin kötleriň tabynlygyny we Akanyň bitabynlygyny ýüze çykarmagyň wajyp bolşy ýaly wajypdyr. Imanda berk bolan 120 şägirdi öz ugruna giden 380 şägirtden bölüp aýyrmak hem şeýle wajypdy. Bu sorag Korintosdaky ýygnak üçin hem wajypdy. Gulak asýan köpler we käbir gulak asmaýanlar özlerini äşgär etmelidi, ýogsa jebislige eltýän ýol ýapylyp, Hudaýyň şöhratyna (belentligine) Korintostda aýan bolmaga böwet bolardy. Mundan başga-da, bigünä gözegçilere derman bermek hem wajypdy, sebäbi olar Rebbiň saçagyna hormat goýýanam bolsalar, käbirleriň ony bisarpa tutandygy zerarly ejir çekýärdiler (ysgynsyz, gowşak, syrkaw we biwagt aradan çykýardylar).

Pawlus jebisligiň iň ileri tutulmaly zatdygyna düşünýärdi. Ol Iýerusalimde, Samariýada, Antiohda we beýleki şäherlerde bolup geçen zatlaryň hemmesiniň Hudaýyň belentligi sebäpli bolandygyny bilýärdi. Şoňa görä-de, ol diňe Korintosdaky imanlylar ýygnagyna däl, eýsem Efesdäki, Filipidäki, Kolosedäki imanlylara, häzirki wagtda ýaşaýan biziň ählimize-de hem bir adam kimin bolmaga çagyrýardy. Isa Mesihiň mysalynda biz jebis bolmagyň ýeke-täk ýolundan– Hudaýyň Sözüne gulak asmak ýolundan başga ýol göremzok.

## Has güýçli

Häzirki wagtda ýagdaý nähili? Imanda bir bolmak heniz-de maksadymyzmy? Men bir gezek dileg edýärkäm başdan geçiren we hiç haçan unutmajak bir wakamy gürrüň bermäge ygtyýar ediň. Men şuny ap-aýdyň eşitdim: “Ogul, Men Oglumyň dolanyp gelmeziniň öňýanynda ýygnakda we ýygnak arkaly etjek işlerimi Resullaryň kitabyndaky işler bilen deňeşdirseň, soňkulary edil çaga oýny ýaly görner”.

Men doňan ýaly bolup galdym. Galyberse-de, men gulaklaryma ynanmajak boldum. Men Hudaýa: “Ýa Hudaý, ynanarym ýaly, maňa Mukaddes Ýazgylardan muny tassyklaýan üç dürli parça ber” diýip jogap berdim. Gyzyklysy, men muny Ondan soranymda, hiç bir oňaýsyzlyk duýmadym. Her zady synap görmelidigimiz barada ýazylgy (ser.: 1 Selanikliler 5:21). “...Ähli zat iki ýa-da üç şaýadyň güwäsi bilen tassyklansyn” (2 Korintoslylar 13:1).

Onuň maňa Mukaddes Ýazgylardan görkezen ýeriniň biri, ine, şudy:

> “Çünki Hökmürowan Reb şeýle diýýär: ‘Men az salymdan ýene bir gezek gögi we ýeri, deňzi we gury ýeri sarsdyraryn. Men ähli milletleri-de sarsdyraryn, şonda ähli milletleriň hazynalary şu ýere geler we Men bu öýi şan-şöhratdan dolduraryn. Muny diýýän Men — Hökmürowan Rebdir... Men ýene: ‘Bu öýüň soňky şöhraty onuň öňki şöhratyndan hem has belent bolar’ diýýärin. Bu ýere abadançylyk bererin. Muny Men — Hökmürowan Reb aýdýandyryn” (Hagaý 2:6,7,9).

Taryha gysga syn: ysraýyl halky köp ýyllap ilki Babylda, soňra hem pars şalygynda ýesirlikde ýaşaýar. Hudaý watanlaryna dolanyp, Nebukadnesaryň we onuň babyl goşunynyň weýran eden ybadathanasyny dikeltmek isleýän ýewreýleri boşatmagy pars patyşasy Kureşiň ýüregine salýar. Köp adamlar öz mekanlaryna dolanyp, yhlas bilen gurluşyk işlerine ýapyşýarlar. Ýöne öz şahsy işleri we ýerli halkyň dyngysyz päsgel bermegi zerarly olar kem-kemden gurluşyga bolan gyzygy ýitirýärler. Hagaýyň, Zakaryýanyň we beýleki baştutanlaryň pygamberlikleri halkda Hudaýyň öýüni dikeltmek üçin birikmäge höwes döretmek üçin gerek boldy.

Şunlukda, şeýle sorag ýüze çykýar: bu pygamber olaryň ahyrsoňy bitiren ybadathanasy barada diýýärmi ýa-da başgasy barada? Isa Mesih şeýle diýdi: “Bu ybadathanany ýykyň, Men ony üç günde dikelderin” (Ýohanna 2:19). Isanyň muny ybadathananyň ortasynda durup aýdandygyna garamazdan, Ol ybadathana barada aýdanokdy, Ol Özüniň bedeni barada aýdýardy. Geliň, aýdyňlaşdyraly.

Mukaddes Ýazgylary teswirleýjiler we taryhçylar ysraýyl halkynyň ýetmiş ýyllyk sürgünden soň gaýtadan dikelden ybadathanasy Süleýman patyşanyň guran ybadathanasyndan ne daş görnüşi, ne-de Hudaýyň onda aýan bolan huzury babatda üstün bolmandygyny habar berýärler. Ýedi ýüz ýyl soň Hirod patyşa bu ybadathanany gaýtadan gurýar. Ýöne şonda-da onuň gözelligi Süleýman patyşanyň guranyndan üstün gelmeýär. Süleýman patyşa şol ybadathanany

mukaddeslände, Hudaýyň şan-şöhraty ony gaplap alypdy. Şonuň üçin-de, ruhanylar öz hyzmatlaryny dowam edip bilmändier. Taryh bize dikeldilen ybadathanada Hudaýyň şan-şöhratynyň aýan bolşy barada hiç zat aýtmaýar.

Fariseýler Isa Mesihiň ybadathanany ýykyp, ony üç günde dikeltjekdigi baradaky sözlerine nädogry düşündiler. Olar gürrüň maddy ybadathana barada gidýändir öýtdüler. Şunlukda, eger biz Hagaý pygamber maddy ybadathana aýdýar diýip, onuň sözlerini çäklendirsek, bizem sözleriniň manysyna nädogry düşüneris.

Gürrüň haýsy ybadathana we haýsy wagt aralygy barada? Pawlus şeýle diýýär: "Eýsem siz özüňiziň bilelikde Hudaýyň ybadathanasydygyňyzy, araňyzda Hudaýyň Ruhunyň ýaşaýandygyny bilmeýärsiňizmi?" (1Korintoslylar 3:16, iňlis dilinden terjime). Birwagtlar Süleýman patyşanyň guran ybadathanasyny dolduran Ruh biziň içimizde – hemmämiziň bilelikde içimizde ýaşaýar. Men Hagaý pygamberiň şu ybadathana barada diýýändigine ynanýaryn; ýygnak bolsa soňky ynadathana, onuň şöhraty (Hudaýyň huzurynyň we güýjüniň belentligi) ozalky ybadathananyňkydan has-da uly. Pawlus şeýle ýazýar: "Eger wagtlaýyn hyzmat şeýle şöhratly bolsa, onda müdimilik hyzmat ondan gör-bak näçe şöhratlydyr!" (2 Korintoslylar 3:11).

Köne Ähtde aýan bolan şöhrat (belentlik we güýç) barada oýlanyp bir görüň-ä: Musa pygamber Hudaý bilen duşaşandan soň ýüzi Onuň huzuryndan ýaňa nur saçýardy, şonuň üçin-de ol ýüzüni basyrmaly boldy. Mukaddes çadyr gurlup bolan badyna, Hudaýyň huzury onda şeýle güýçli aýan bolansoň,oňa hiç kim golaýlaşyp bilmedi. Süleýman patyşanyň guran ybadathanasy mukaddesleninden soň Hudaýyň huzury ony şeýle güýçli dolduransoň, ruhanylar hyzmatyny dowam etdirip bilmediler. Onuň şöhratly huzury diýseň ajaýypdy – ony göz öňüne getirmek-de mümkin däl. Ýöne Pawlusyň sözlerine görä: "Çünki hemme zatdan beýik bolan şöhrat orta çykandan soň, ozalky şöhrat hiç bolup galdy" (2 Korintoslylar 3:10).

Ýöne bize wagt aralygy barada näme belli: Hagaý başdanaýak ýygnak barada diýýärmi? Başga sözler bilen aýdylanda, Isa Mesihiň asmana göterileninden tä Onuň ikinji gezek geljek wagtyna çenli aralygy göz öňüne tutýarmy?

Hudaýyň Hagaý paygamber arkaly aýdan sözlerini ýene bir gezek okaň:

> "...Men az salymdan ýene bir gezek gögi we ýeri, deňzi we gury ýeri sarsdyraryn. Men ähli milletleri-de sarsdyraryn, şonda ähli milletleriň Arzuwlaýany geler we Men bu öýi şan-şöhratdan dolduraryn..." (Hagaý 2:6,7).

Hudaýyň agzaýan şöhraty milletleriň sarsdyryljak döwründe geler. Ýewreýlere hatyň awtory bu sözleri tassyklaýar: “Şol wagt Hudaýyň sesi ýeri sarsdyrypdy, emma indi Ol: ‘Men ýene bir gezek diňe ýeri däl, gögi-de sarsdyraryn’ diýip söz berdi. ‘Ýene bir gezek’ diýen söz titräýjek zatlaryň, ýagny ýaradylan zatlaryň aradan aýryljakdygyny, yranmaz zatlaryň ebedi galjakdygyny aňladýar” (Ýewreýler 12:26,27).

Ýewreýlere hat b.e. 68-nji ýylynda ýazylypdy. Bu geçen bapda beýan eden wakalarymdan: syrkawlary Iýeruslimiň köçelerine çykaryp goýuşlary, tutuş şäherleriň Rebbe tarap öwrülişleri, tutuş welaýatlaryň Hudaýyň Hoş Habaryny eşidişleri baradaky wakalardan has soň ýazylypdy. Şonuň üçin-de, Ýewreýlere hatynda berlen wadalar Resullaryň işleri kitabyndaky döwre degişli bolup bilmeýär. Bu, has dogrusy, gelejege, tutuş ýaradylyşyň sarsdyryljak döwrüne degişli. Reb Isa Mesihiň gaýdyp gelşini soňky nesil görmeli bolar.

Mukaddes Ýazgylarda şu häsiýetli aýratynlygy görse bolýar: Hudaý iň gowusyny soňuna goýýar. Şeýle ýazylan: “Öňüm gelenden soňum gelsin” (Wagyz 7:8). Isa Mesih bu häsiýeti Jeliläniň Kana şäherindäki toýda şerabyň gowusyny soňuna goýmak arkaly görkezýär. Soňra Ol şuny yglan edýär: “Size dogrusyny aýdýaryn, Maňa iman eden Meniň bitiren işlerimi-de bitirer, hat-da bulardan hem has beýik işleri bitirer...” (Ýohanna 14:12). Näme üçin “has beýik” sözleri Isa Mesihiň göge galandan soňraky döwre degişli? Sebäbi Ol oňat zatlaryň baryny iň soňuna goýýar.

Bu Ýyganaga hem degişli – onuň soňy başlangyç döwründäkisinden oňat bolar. Resullaryň işleri kitaby ajaýyp başlangyjy görkezýär. Onsoň Ýygnagyň ýerdäki döwrüniň ahyry ondan pes boljagyny, heý, göz öňüne getirip boljak zatmy? Ýadyňyzdamy, Pawlus yhlas bilen şeýle öwüt berýär: “Bu siziň imanyňyzyň ynsan paýhasyna däl-de, Hudaýyň güýjüne daýanmagy üçindi” we “Çünki Hudaýyň Şalygy sözde däl-de, güýçdedir” (1 Korintoslylar 2:5 we 4:20). Güýç – bu Hudaýyň ýerde aýan bolan Şalygynyň möhüm bölegidir.

## Dikeldiş

Şol gün Mukaddes Ruh maňa Mukaddes Ýazgylaryň başga ýerlerini hem görkezdi. Meniň mysal getiren aýatlarymdan biziň mesihilik görüjiligimiziň ýaýbaňlanmalydygy aýdyň zat. Mundan başga, ol hatda Resullaryň kitabynda beýan edilen hadysalardan-da beýik bolmaly. Belläp

geçilmeli zat, resul Petrus Mukaddes Ruhdan dolup, şeýle diýýär:

> “Şonda Reb size aram tapyş pursadyny berer. Ol siziň üçin bellenen Mesihi, ýagny Isany ýollar. Hudaýyň Öz mukaddes pygamberleri arkaly owaldan söz berşi ýaly, ähli zady dikeltmegiň wagty geler. Emma şol wagt gelýänçä, Isanyň gökde galmagy gerek” (Resullar 3:20,21).

Geliň, bu sözlere has ünsli garap geçeliň. Birinjiden, Isa Mesih haýsydyr bir zat bolup geçýänçä, göklerde bolmaly. Başga sözler bilen aýdylanda, Atanyň wada bereni amal bolýança, Ol gaýdyp gelip bilenok. Ata näme wada berdi? Pygamberler näme barada diýýädiler? Ybadathananyň dikeldilmegi. Başga sözler bilen aýtsak, Hudaýyň ajaýyplygy, belentligi, baýlygy, bolelinligi, mertebesi we aly hezretligi ýer ýüzünde kemlik etmez, olar Onuň ybadathanasynda we Onuň ybadathanasy arkaly doly güýjünde aýan bolar.

Bu häzirki wagtda bolup geçýärmi? Ýygnaklar tutuş şäherleriň we welaýatlaryň halas bolşuny görer ýaly derejede güýçlimi? Biz hassahanalaryň boşap galşyny görýärismi? Biz körleriň gözüniň açylyşyny, dogabitdi ysmazlaryň ýöräp başlaýşyny, böküp, Hudaýy şöhratlandyryşyny görýärismi? Binalar dileglerimizden ýaňa sarsýarmy?Azaşan adamlara dünýäniň islendik künjeginde ýetirip bilerimiz ýaly, gerek serişdeleriň bolçulygyny hyzmatlarymyzda we ýygnaklarymyzda görýärismi? Eýsem ýygnakdaky adamlaryň mätäçligi ýokmy? Hagaý pygamberiň şut şu sebäpden şeýle diýmegi mümkinmi:

> “Araňyzda bu öýüň öňki şöhratyny görenlerden kim bar? Indi ol size nähili görünýär? Siziň nazaryňyzda ol hiç zatça görünýän-ä däldir?!” (Hagaý 2:3).

Hagaý muny şol wagt ony diňläp duran adamlardan sorapdy. Hudaý şu gün bize hem edil şol soragy berýär. Geliň, dogrymyzdan geleliň: Hudaýyň huzurynyň Resullar kitabynda aýan bolşuny onuň şü günki gün aýan bolşy bilen deňeşdirsek, biz hiç zat-da görmeýäris diýen ýaly! Eger biz muňa düşünmesek, Ýygnakda Onuň beýik güýjüni dikeltmäge yhlasly dyrjaşmarys. Tersine, biz Ýygnagymyzyň mejalsyz galmagy bilen ylalaşarys.

Bizi helákleýän kriptonitiň täsiriniň netijesinde dörän jebislik ýetmezçiligine ýol bermelimi? Haýyş edýärin, gaýrat edip meni eşidiň – biz

Onda bütewi bir beden bolmaga dyrjaşmaly. Muňa bolsa diňe iman we Onuň Sözüne gulak asmak arkaly ýetip bolýandyr.

Şunlukda, ugur aýdyň kesgitlenildi. Indi bolsa, geliň, bize imanly hökmünde şahsy we umumy ösüşimize päsgel berýän kriptoniti nädip saýgarmalydygyna dolanalyň.

## Hereket ediň

Biz öz mümkinçiliklerimizi bilmezden, az zada kaýyl bolandygymyza ökünip bilmeris. Ýöne indi, bu baby okap bolanyňyzdan soň, siz öz mümkinçilikleriňizi bilýäňiz. Şonuň üçin-de, öňüňizde şeýle saýlaw dur: ýa ýygnagyň ozal gören täsiriniň ýele ýanyndan hem geçmeýän çäkli täsiriň gowşak we güýçsüz durmuşyny kabul etmek, ýa-da Isa Mesihiň hakyky şanlylygyny doly şöhlelendirmek üçin özüňizi bütinleý güýçli durmuşa tarap ymtylmaga bagyş etmek.

Siz tä bu mümkinçilik babatda doly ynamly bolýançaňyz, hereket edip bilmersiňiz. Hereketsiz bolsa siz sesiňizi çykarman, otnositel ejizlikde ýaşarsyňyz.Bu hereket edip başlamak üçin, Hudaýyň Sözünden we Onuň durmuşyňyz babatdaky görnüşinden ylhamlanyp, ynamly bolmagy aňladýar.

Efesliler kitabynda Isa Mesihiň bizi Öz sözleri bilen ýuwup tämizlejekdigi barada ýazylgy. Ol muny öz sözlerimiz arkaly bu işe Onuň bilen bile gatnaşyp bilmegimiz üçin etdi. Güýçli durmuşda ýaşamagyňyz üçin niýetlenen jümleleri göçürip alyň. Mysal üçin, “Bu dünýäni özgertmek üçin, Isa Mesih meni Öz Ruhunyň güýjünden doldurdy”, “Günäkärlere ýetip bilerim, ýaly, Hudaý meniň içimde Öz belentligini galdyrýar”, “Öz iş ýerimi özgerdip, deňduşlaryma täsir edip bilerim ýaly, Hudaý meni mesh etdi”. Bu hakykatlary durmuşyňyza her gün yglan edip başlaň we hereket etmäge bolan ynamyňyzyň günsaýyn artyşyna syn ediň.

# IKINJI BÖLÜM 2

# 8

# NIKA ÄHTI

Indiki baplarda biderek gürrüňlere ulaşan ýaly bolup görünmegimiz ahmal. Emma wajyp hakykatlaryň birnäçesini ykrar edenimizden soň, ýyg-naga täsir edýän ruhy kriptonit baradaky gürrüňe dolanjygymyz babatda sizi ynandyrasym gelýär.

## Adaty nika?

Meniň pikirimçe biziň Hudaý bilen gatnaşygymyzyň pynhandan täsin häsiýetlerini islendik mysaldan gowy görkezýän bir wakany göz öňüňize getirip görüň.

Jastin atly ýaş ýigit Anjela bilen bir ýylyň dowamynda duşuşýar. Bu gyz onuň nazarynda örän owadan we ajaýyp häsiýetli. Ol oňa diýseň aşyk we ömrüniň galanyny onup bilen geçiresi gelýär. Jastin üýtgeşik agşam geçirme-gi meýilleşdirýär. Purstlaryň birinde ol bir dyzyna çöküp, kiçijek gutujygy açýar-da, söýgüli gyzyna owadan ýüzük berýär we oňa durmuşa çykmagyny soraýar.

Anjela haýran galýar. Ol ellerini ýüzüne tutýar, ýaňaklaryndan ýaş syrygýar. Anjela biraz köşeşeninden soň başyny atýar we pikirlerini jemläp, şatlyk bilen: “Hawa, hawa, hawa, men saňa durmuşa çykjak!” diýýär.

Birnäçe aýdan olar şagalaňly toý tutýar. Soňra bal aýyny – toýdan soň

birinji aýy doly söýgüde, gülküde, gyzykly wakalarda we gelejeklerini bile meýilleşdirmekde geçirýärler. Ähli zat olaryň arzuw edişleri ýaly, hatda ondanam gowy geçýär.

Wagt geçýär, Jastin Anjelanyň pikir edişinden hem oňatdygyny bilip, özüni çäksiz bagtly duýýar. Anjela başdan geçirmeleri, şatlanmany, degişmeleri halaýar. Ol garyndaşlarynyň ählisine diýseň oňat garaýar we hemmeleriň dilini tapmagy başarýar. Ol akylly, paýhasly we, göräýmege, ondan hemişe bir ädim öňde barýar. Ol döredijilikli, çeper, hyýallara baý. Jastin Anjelanyň her gezek öýlerini owadan rejeleýşini görende jany heýjana gelýär. Ol naharlary Jastinden gowy bişirýär, arassaçyl we hemme zady oňat gurnaýar. Jastiniň bu täze birleşikden lezzet alýandygyny aýtmak-da gerek däl. Olaryň gelejegi umytdan doly görünýär.

Nikalaşanlaryndan birnäçe aý soň, belli bir endikler eýýäm adat bolandan soň, bir agşam Jastin işden öýe gelýär. Ol Anjela hemişekisi ýaly ony gujaklap, öpmegine garaşýar. Ol ony ilki myhman otagynda, soňra aşhanada we yzky howluda gözleýär we ahyrda ýatýan otaglarynda tapýar.

Ol bir ýere ýygnanýan bolara çemeli, otagda ýakymly saz ýaňlanýar, onuň atyrynyň tanyş ysy duýulýar. Jastiniň geňirgendirýän zat – onuň aýaly eýýäm gitmäge taýýar dur. Ol owadan köýnegini geýýär. Ol bu köýnegini Jastin bilen söýgüli restoranlaryna duşuşyga baranda geýýärdi.

Anjela aňyrsyna bakyp duransoň, äriniň otaga girenini görmeýär. Jastin aljyrap, näme pikir etjegini bilmeýär: “Men bu gün haýsydyr bir ýere gidýänligimi unudaýdymmykam? Gül dükanyna sowlup, oňa bägül çemenini almaly ekenim!”

Ol ümsümligi şatlykly we howsaladan doly sesi bilen bozýar.

— Salam, ezizim.

Anjela biraz utanyp, şatlyk bilen:

— Salam, ezizim, - diýip jogap berýär.

Ol biraz aljyrap:

— Men haýsydyr bir zady unudypdyryn öýdýän, ýa biz bir ýerik gitmelimidik? – diýip soraýar.

Ol şobada jogap berip, şeýle diýýär:

— Ýok, ýok, ezizim.

Jastin aljyraňňy halda ýagdaýa düşünjek bolup, ol oňa bir oslagsyz sowgat taýýnlandyr diýip pikir edýär. Ol belki, öýde ýa-da şäherde bir ýerde

oslagsyz sowgat etmegi ýüregine düwendir öýdýär. Indi Anjela geýnip bolup, ownuk zatlaryny taýýnlamaga başlady. Jastin ony taryplap:

— Sen diýseň owadan görünýäň! – diýýär.

— Sag bol, ezizim, — diýip, Anjela jogap berýär.

Jastin onuň nirä ýykgyn edýändigine henizem düşünmän, şeýle sorag berýär:

— Menem owadan geýneýinmi?

Anjela hem biraz aljyrap:

— Aý, isleýşiň ýaly edäý – diýýär.

Jastin heniz-de nämeleriň bolýanyna düşünjek bolýar.

— Men saňa kybapdaş görünmeli ahyryn. Sen şeýle owadan geýnilgikäň, men iş eşigimde gidesim gelenok, — diýýär.

Anjela ahyrda ýagdaýyň oňaýsyzdygyna düşünip, oňa şeýle diýýär:

— Ezizim, men bu gün bir duşuşyga barýan.

— Düşünýän, şoňa görä-de, seniň üçin owadan geýinmekçi bolýan.

Jastin ýene-de hiç zada düşünmän galýar.

Anjela oňa ýagdaýy düşündirjek bolup, şeýle diýýär:

— Ýok, ezizim, men bu gün Toni bilen duşuşýan. Biz bile agşamlyk edineris, kino gideris, soňra “Feermont” myhmanhanasyna gidýäris. Men ertir dolanaryn.

— O nähili Toni?! — diýip Jastin batly ses bilen soraýar.

— Ol meniň mekdep dostum, — diýip, hiç zat bolmadyk ýaly jogap berýär.

— Näme?! Sen onuň bilen gidip bilmeýäň!

— Näme üçin gidip bilmeýänmişim?

— Sebäbi biz öýlendik, biziň biri-birimiziň öňümizde borçlarymyz bar. Biz başgalar bilen duşuşyga gidip bilmeýäris!

— Sen çynyň bilenmi? — diýip jogap soraýar. — Men başga oglanlar bilen heniz-de ýakyn gatnaşykda. Sen, näme, öýlenensok olar bilen duşuşmamy taşlaryn öýdýäňmi?

— Elbetde, är-aýal hut şeýle-de edýär! Olar özüni nikadaky ýanýoldaşyna bagyş edýär, — diýip Jastin janyagyrylyk bilen gaharly jogap berýär.

— Gyzmasana, ezizim! — diýip, Anjela ýagdaýy düşündirip, birinji gezek dörän sögüşlerinde ärini köşeşdirmekçi bolýar.— Sen iň söýgüli ýarym. Men

wagtymyň aglaba bölegini saňa bagyş edýän. Men seni beýleki ýarlarymdan has köp söýýän. Ýöne sen menden olary taşlamagyma garaşýan dälsiň-ä. Men olaryň käbiri bilen birnäçe ýyl duşuşdym, men olary heniz-de söýýän we olar bilen wagt geçiresim gelýär. Eýsem munuň nämesi ýamanmyşyn?

Olaryň nikasynyň oňat tamamlanmajygyna eýýäm düşünensiňiz gerek.

## Deňeşdirme

Men bu wakanyň bolgusyzdygyny bilýän, ýöne Anjelanyň delillerini goldamak üçin, sizden şulary soramaga ygtyýar ediň: "Eýsem Jastin iň söýgüli ýary dälmi näme? Eýsem ol ony beýlekilerden has köp söýenokmy näme? Eýsem ol Jastini jan-tenden islänokmy näme? Eýsem ol wagtynyň aglaba bölegini onuň bilen geçirenokmy näme? Anjela ajaýyp ýanýoldaş dälmi näme?"

Göz öňüňize getirip görüň, Jastin hapysa, öýde tertip-düzgüni saklap bilmeýän we nahar bişirmäni oňarmaýan gyza öýlenip bilerdi. Hiç bir höwesi bolmadyk we bilelikdäki durmuşy bina etnäge ymtylmaýan gyza öýlenip bilerd-ä. Ol Anjela her bir zatda göreldeli boljagyna garaşýarmyka? Onuň bary-ýogy etmeli zady – oňa käwagt başga erkekler bilen duşuşmaga ygtyýar etmeli. Ol onsuzam wagtynyň 90%-mini Anjela bilen geçirýär. Onsoň ol nämä gaharlanýar?

Adamlaryň köpüsi üçin bu soraglar, elbetde, samsyk eşidiler.

Nika gatnaşyklarynyň binýady esaslaryny Anjela hiç kim düşündirmändir. Oňa erkek bilen aýalyň arasyndaky äht özlerini biri-birine bütünleý bagyş etmekligi aňladýandygy barada aýtmandyrlar. Olar Jastin bilen durmuş guranlarynda, Anjelanyň kellesinde bir pikir, onuňkyda bolsa başga bir pikir bardy. Anjela öz ynamlarynyň oňa peýda, lezzet we utuş getirer öýdýärdi. Ol öz ajaýyp öýünde ýaşap, beýleki adamlar bilen bolan gatnaşyklaryndan lezzet almaga garaşýardy. Emma şeýle garaýyş mukaddes nikanyň ähtini bozýar.

Geliň, şu hakykaty ýönekeý ýşykda açyp görkezeliň. Aýal owadan toý köýnegine beslenip, ybadathanada ýa-da nika dabarysynyň geçirilýän başga bir ýerinde nikalaşylýan ýere gönügende, wajyp bir zady görkezýär: ol ýer ýüzündäki beýleki erkekleriň ählisi we olar bilen pynhan gatnaşyklarynyň bary bilen hoşlaşýar. Ol ozalky ýigitleri bilen gatnaşygyny çürt-kesik bes edýär we mundan beýläk başga erkekler bilen hiç haçan söýgi gatnaşyklarynyň bolmajagyny görkezýär.

Gelinligine garaşyp duran erkek hem edil şeýle edýär.

Size şahsy sorag bermäge rugsat ediň. Siz Jastiniň ýerine bolan bolsaňyz,

näme ederdiňiz? Nikalaşmak isleýän adamyňyz öňünden, heniz adaglanan döwrüňizde, size nikada şeýle hereketlere ýol berýändigini aýtsa näme? Siz heniz-de onuň bilen nikalaşmak islärmisiňiz?

Men beýle pikir edemok. Siz bada-bat: "Ýok, asla islemen!" diýerdiňiz. Siziň jogabyňyz näme üçin beýle aýgytly? Hemme zat düşnükli: siz nika gatnaşyklaryňyzy şeýle şertler esasynda gurnasyňyz gelenok. Siz garşy çykarsyňyz, siz ömrüňizi biwepa ýanýoldaş bilen geçiresiňiz gelmez.

Şonuň üçin-de, siz şeýle şertli nika ähtini asla kabul etmezdiňiz, nikada şeýle hereketlere ýol berilmesiz diýip hasaplardyňyz. Geliň, dogrymyzdan gelip, şu soragy orta atalyň: "Isa Mesih özüni Anjela ýaly alyp barýan gelinliginiň yzyndan gelşini göz öňüne getirip bolýarmy?" Şu barada bir pursat oýlanyň. Biziň Isa Mesih bilen gatnaşygymyz är-aýalyň gatnaşygy ýalydyr. Pawlus şeýle diýýär:

> "Töwratda şeýle ýazylan: 'Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar'. Bu beýik syrdyr, ýöne men munda Mesih we imanlylar ýygnagy barada gürrüň edýärin. Şunlukda, her biriňiz aýalyňyzy özüňizi söýşüňiz ýaly söýüň, aýal hem ärine hormat goýsun" (Efesliler 5:31–33).

Hudaý ilkibaşdan nika ähtini biziň Onuň bilen gatnaşyklarymyzy görkezmek üçin ykrar etdi. Isa Mesih Täze Ähtde öýlenýän Ýigit, Ýygnak bolsa Mesihiň gelinligi hökmünde görkezilen. Onsoň biz näme üçin Anjelanyň öýlenýän Ýigit babatda edýän hereketlerini diňe bir oňlaman, eýsem ony goldaýarys hem? Ýakup resul bu barada diýseň aýdyň ýazýar. Ol özüni mesihi saýýan adamlar barada, ine, şeýle ýazýar:

> "Dilänińizde-de, hiç zat almaýarsyňyz, sebäbi ýaman niýet bilen, öz nebsiňizi doýurmak üçin dileýärsiňiz. Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr. Siz Mukaddes Ýazgylardaky Hudaýyň bize beren ynsanlyk ruhy örän gabanjaňdyr diýlen sözler boş ýere aýdylandyr öýdýärsiňizmi?... Hudaýa ýakynlaşyň, Ol hem size ýakynlaşar. Eý, günäkärler, eliňizi günäden tämizläň. Eý, ikigöwünliler, kalbyňyzy päkläň. Gama batyň, ýas tutup aglaň! Gülküňiz ýasa, şatlygyňyz gam-gussa öwrülsin" (Ýakup 4:3–5, 8, 9).

Bu gaty berk sözler. Mundan başga-da, gatnaşyklarda biwepalygyň adaty zat hasaplanýan döwründe bu sözler ýiti we ötgür, hatda juda ulaldylan kimin eşidilýär. Meniň ozal hemme zady ulaldyp aýtma endigim bardy. Men haýsydyr bir netije çykarynymda, juda berk sözleri ulanyp, olara juda uly many berýärdim, şonuň üçin-de olar hakykatdan boljak zat hökmünde kabul edilmesini bes edýärdi. Iň erbedem, garyndaşlarym we dostlarym soňabaka aýdýanlaryma çynlakaý garamagy bes etdiler.

Biziň her birimiziň haýsydyr bir ýagdaýda ulaldyp aýdan gezegimiz bolandyr. Ýaş ene-atalar çagalaryna köplenç: "Ýene bir gezek şeýdäýseň, temmiňi alarsyň" diýýärler. Çaga birinji we ikinji gezek gulak asmagy ahmal, ýöne soňra, ýene öňküsi ýaly hereket edip, hiç temminiň bolmajakdygyna göz ýetirer. Onsoň ol ene-atasynyň sölerine üns bermegi bes edýär. Şeýle zady biz mekdeplerde, guramalarda, hökümetde, metbugatda, dostlaryň we maşgala agzalarynyň arasynda hem görýäris. Biz köplenç özümizi goramaga niýetlenen duýduryşlara biperwaý garaýarys.

Mukaddes Ýazgylaryň duýduryşlaryny eşidenimizde, gynansak-da, şeýle garaýyş bizde peýda bolýar. Biz Hudaýyň etmekçi bolan zatlaryny aýdýandygyna we aýdýan zadyny etjekdigine düşünmeli. Mukaddes Ýazgylaryň ählisiniň Hudaýyň ylhamyndan ýazlandygyny ýatda saklamak wajypdyr (ser. 2 Timoteos 3:16). Şoňa görä-de, biz Ýakubyň hatyny okanymyzda, onda Gürleýän hut Hudaýyň Özüdir.

Eger biz bu ýerde ýazylanlary çynlakaý kabul etsek, bizi sagdyn galpyldy gurşap alar. Hem Hudaýa, hem-de dünýä wepaly bolan mesihi azgyn zynagärdir. Bu gaty berk söz. Är-aýal biri-biriniň öňünde köp günäleri edip biler: myjabat atar, ýalan sözlär, ogurlar, gygyrar, gödek sözler aýdar we ş.m. Bu günäleriň her biri olaryň gatnaşygyna zyýan ýetirýär we ünsden sypdyrylmaz. Ýöne bularyň biri-de zynagärlik ýaly nejis däldir. Hut şu sebäpden Jastin gynanyp, Anjela şeýle gaharlandy. Ol iň uly biwepalyga duçar boldy, Anjela bolsa öz biwepalygynyň erbet zatdygyna-da düşünenok.

Ýakup resul sözüni dowam edip, ruhy zynagärligimiz arkaly Hudaýa duşman bolýandygymyzy aýdýar. Bu gaty çynlakaý zat, öz hereketlerimize hut özümiz jogap berýändiris. Hudaýyň bizi Özüne duşman etmek niýeti ýok, sebäbi Ol bizi juda gaty söýýär. Ýöne biz öz söýgümizi we göwnümizi haýsydyr bir dünýewi zatlara we ýörelgelere bagyş edenimizde, özümizi Hudaýyň duşmanlarynyň hataryna goşýarys.

Bu sözlere biperwaý garap bolarmy? Täze Ähtde Ýakup resulyň bu

sözleri ýok hasaplap, olara äsgermezlik edip bolarmy? Bu barada diňe Ýakup ýazanok. Biz bu sözlere Pawlusyň hatlarynda hem duşýarys. Ol bolsa Täze Äht awtorlarynyň arasynda Hudaýyň merhemeti barada iň köp aýanlyk alan awtordyr. Bu barada söýgi resuly Ýohanna, Petrus, Ýahuda dagy hem ýazdylar. Ýöne iň esasy zat – Isa Mesih direlenden soň şu sözler bilen Aziýanyň ýygnaklaryna ýüzlenýär.

Indiki baplarda biz ruhy zynagärligiň bizi Hudaýa nädip duşman edýändigine jikme-jik garap geçeris. Biz şeýle garaýşyň we hereketiň hakykatdan-da şu ýerde gürrüňi edilýän kriptonitdigini ýüze çykararys.

## Hereket ediň

Hudaý gabanjaňdyr. Bu Mukaddes Ýazgylardan biziň köpimize birwagt mälimdir, ýöne şonda-da mesihileriň köpüsi Hudaýyň gabanjaňlygy barada ymykly pikir etmäge wagt tapanok ýa-da Ol diňe Köne Ähtde şeýle bolupdyr diýip hasap edýärler. Bu asla beýle däl. Çünki Isa Mesihiň ölümi bize Onuň söýgüsiniň iň wepaly Ýigidiň söýgüsidigini görkezýär.

Şunlukda, Hudaýyň Öz söýgüsinde biperwaý bolman, gabanjaň bolmagyny islemelidigimize düşünýän bolsaňyz gerek; biz hem Ony şeýle hyjuw we yhlas bilen söýüp bilerimiz ýaly, Onuň merhemetini diläliň. Çünki ýakyn aragatnaşyk diňe şeýle ýagdaýda mümkin bolýandyr.

Öz ýüregiňizi derňäň. Siziň Isa Mesihe bolan söýgiňiz näderjede üýtgeşik? Durmuşyňyzdaky başga haýsy söýginiň sizi Hudaýa garşy zyna etmäge iterýändigini Mukaddes Ruhdan görkezmegi soraň. Eger Ol size haýsydyr bir zatlary açyp görkezse, gerekli özgerişlikleri amal ediň. Hudaý bilen üýtgeşik gatnaşyklaryňyzy tijäň, olar barada oýlanyň, Onuň öňünde nika ähtiňizi täzeleýän kimin özüňizi Oňa gaýtdan bagyş ediň.

9

# HUDAÝA GARŞY ZYNA ETMEK

Ýakup resulyň “Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr!” diýen sözleri diýseň ýitidir. Siz olary ýygnaklarda, konferensiýalarda we şahsy gürrüňlerde aýdylýan habarlarda seýrek eşidersiňiz. Ýöne şonda-da biz olara neneň edip kembaha garap bilýäs? Bu mowzuk Mukaddes Kitapda ýygy-ýygydan duş gelensoň, bu sözler Mukaddes Ýazgylarda aýratyn hatarda dur diýip aýdyp bolmaz.

Eger biz Ýakubyň sözlerini derňäp, olardaky duýduryşy ýüregimize ýakyn kabul etsek, onda ähli howsalany we gorkyny özümizden uzaklaşdyrarys. Tutuş aýat şeýle ýaňlanýar:

> “Eý, biwepalar, dünýä bilen dostluk Hudaýa duşman bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Kim dünýä bilen dostlaşsa, Hudaýa duşman bolýandyr” (Ýakup 4:4).

Birinjiden, Hudaý bizi Özüne duşman etmeýär. Biz özümizi Onuň duşmanyna öwürýäris. Her nähili bolsa-da, sypaýy aýdanymyzda-da, iş o diýen öwerlikli däl, ýöne biraz tapawudy bar diýse-de boljak.

Biz bir tarapyň hereketleriniň netijesinde döreýän dawa-jenjeliň şaýady bolýarys. Başga sözler bilen aýdylanda, gatnaşýan taraplaryň biri beýlekisine uruş yglan edende, ol urşa goşulmaly bolýandygyna garamazdan, urşasy

gelenok. Mysal üçin, 1941-nji ýylda ýaponlar Perl-Harbora hüjüm etmek bilen, özlerini Amerikanyň Birleşen Şatatlaryna duşman etdiler. Amerikanyň söweşme niýeti ýokdy, ýöne Ýaponiýa özüniň prowokasion hereketleri zerarly has güýçli döwletiň gazabyndan ejir çekdi.

Ýakup hem hut şu barada diýýär. Hudaý adamlar – Öz çagalary bilen uruşmak niýeti ýok, ýöne erjellik bilen dünýä dostlugyny agtaran ýagdýymyzda Ol dawa-jenjelden gaça durmaz. Şu kontekstde “duşman” manysynda echtra we *echtros* diýen grek sözleri ulanylýar. Olaryň manysy deň, ýöne ýeke-täk tapawudy – olaryň biri at, beýlekisi bolsa sypat.

Başga dile terjime eden terjimeçiler juda ýiti, gödek sözleri saýlandyr öýdýäňizmi? Siz asyl dildäki “duşman” sözi şeýle ýiti eşidilmeýär diýip pikir edýäňizmi? Bütinleý beýle däl. Grek dilindäki sözlükleriň birinde bu sözler kesgitleme hökmünde ulanylýar: duşman, duşmançylyk we duşmançylykly. Başga birinde bolsa “kimdir biri bilen duşmançylykda ýaşamak”, ýene birinde “biri bilen duşman bolmak” diýip ýazylan. Men şu aýatda “duşman” sözüne derek haýsydyr başga bir sözi ulanmaga hiç esasyň ýokdugyny görkezmek üçin, ygtybarly sözlükleriň üçüsinden kesgitemeleri mysal getirýärin. Aýdylan ähli zatlaryň oýun däldigine düşünmek örän wajypdyr.

Bu ýerde duýdyryşyň çynlakaýdygyny görkezýän ýene bir zat bar. Ýakup öz habaryny gaýtalamak bilen, onuň juda wajypdygyny nygtaýar. Gaýtalap aýtmak – gadymy ýewreýleriň aragatnaşyk üçin ulanan edebi görnüşi. Täze Ähtiň bu tekstleriniň grek dilinden alnandygyna garamazdan, olary ýewreý resullary ýazypdy.

Iňlis dilinde sözüň ýa-da jümläniň wajyplygyny nygtamagyň birnäçe usuly bar. Bizi olary gara harplar, kursiw bilen ýazyp bilýäris, aşagyny çyzyp bilýäris, hatda hemmesini baş harplar bilen ýazyp bilýäris, ýa-da güýçlendirmek üçin ýüzlenme belgilerini ulanyp bilýäris. Biz bu usullary wajyp hasaplaýan sözümize ýa-da jümlämize ünsi çekmek üçin ulanýarys. Ýewreý awtorlary bolsa gerek sözlere aýratyn ünsi çekmek üçin, olary iki gezek ýazýan ekenler. Mundan başgada, olar hiç zady ulaldyp aýtmazlyk üçin, sözleri örän seresaply saýlapdyrlar.

Şunlukda, Ýakubyň duýduryşy ýöne bir çynlakaý we güýçli bolman, eýsem derwaýys zat hökmünde nygtalýar. Baga sözler bilen aýdylanda, oňa ýüzleý garamak bolmaýar.

## Zynagärler

Ýakup “zynagärler” sözünde nämäni göz öňüne tutduka? Birinjiden, ol bu ýerde hemme adamlara däl-de, hemme imanlyara ýüzlenýär. Biz muny ähli hatlarynda “Eziz doganlarym we uýalarym” diýip gaýtalaýşyndan bilýäris. Ikinjiden, imansyz adam üçin Hudaýa garşy zyna etmek mümkin däl, sebäbi onuň Hudaý bilen äht gatnaşygy ýok.

Muňa şeýle garaň: men Liza Biwere öýlenen, şonuň üçin-de men Jeýn Smite garşy zyna edip bilemok, sebäbi men onuň bilen hiç äht edişemok.

Hudaýa garşy ýeke-täk zyna edip bilýän adamlar – Isa Mesihi öz Rebbi we Halasgäri hökmünde kabul edenler. Beýlekileriň ählisi Hudaýdan daşlaşan, Ondan uzak, olaryň Hudaý bilen äht gatnaşyklary ýok.

Grek dilinde “zynagärler” — *moichos – aýallary aňladýar, iňlis dilinde bolsa* — erkekleri. Has anyk terjimesi – “zyna edýän aýallar”. Patyşa Ýakowyň terjimesinde we Patyşa Ýakowyň Täze terjimesinde bu çaprazlygy “zynagär erkekler we zynagär aýallar” diýip alypdyrlar. “Täze Janly Terjimäniň” we beýleki meşhur terjimeleriň terjimeçileri bu sözüň aýaly aňladýandygyny kynlyk bilen kabul edenler ýaly görünýär. Belki, olar okyjylar Ýakup diňe aýallara ýüzlenýär diýip oýlamasynlar diýip pikir edendirler. Ýöne hatyň soňraky sözlemleri Ýakubyň hemme imanlylara ýüzlenýändigini aýdyňlaşdyrýar. Mukaddes Ýazgylary teswirleýjiler Ýakubyň diňe aýallara ýüzlenmändigi babatda ylalaşýarlar. Onda terjimede “zynagär aýal” diýen sözi näme üçin görmeýänligimiz diňe meniň üçin däl, eýsem Mukaddes Ýazgylary teswirleýjiler hem üçin gizlin syr bolup galýar.

“Zynagär aýal” diýen jümläniň Mukaddes Ýazgylaryň manysyny has anyk görkezýänliginde ondan-da köp syr bar. Hudaý Özüniň Ärdigine, halkynyň bolsa aýalydygyny görkezmek üçin, oňa köplenç ýanýoldaş hökmünde ýüzlenýär.

Köne Ähtiň pygamberleri köplenç şeýle edýärdiler. Işaýa pygamber şeýle ýazýar: “Ýaradyjyň seniň äriňdir, Onuň ady Hökmürowan Rebdir” (Işaýa 54:5). Soňraky kitaplarda pygamberler ysraýyl halky öz butparazlygy bilen Hudaýa dönüklik edende, ony biwepalyk diýip atlandyrýardylar. Ezekiýel şeýle ýazýar: “Men saňa zyna eden we gan döken aýallara degişli hökümler çykararyn...” (Ezekiýel 16:38). Hudaý Ýermeýa arkaly şeýle diýýär: “...bir aýalyň öz ärine biwepalyk edişi ýaly, siz hem Maňa biwepalyk etdiňiz, eý, ysraýyl halky!“ (Ýermeýa 3:20).

Hoşeýa pygamberiň tutuş gullygy biwepa aýalyň öz ärine eden

dönükligini şekillendirýär. Ol loly aýala öýlenmelidigi barada buýruk alýar. Öz durmuşy arkaly görkezen suratlandyrmasynda Hoşeýa Hudaýyň, Gomer bolsa ysraýyl halkynyň nyşanydyr. Bu ysraýyl halkynyň öz butparazlygy bilen aýalyň öz ärine edýän biwepalygynyň, onda-da birnäçe oýnaşy bilen edýän biwepalygynyň arasynda hiç tapawudynyň ýokdugyny aýdyň görmegi üçin gerekdi. Ysraýyl zynagär aýaldy.

Ýahýa çokundyryjy nika ähtiniň obrazyny dowam edip, şeýle diýýär: "Gelin giýewe degişlidir. Giýewiň dosty bolsa, giýewiň gelerine garaşyp, onuň sesini eşideninde juda şatlanýandyr..." (Ýohanna 3:29). Isa Mesih ýene-de Ýigit, Hudaýyň halky bolsa – gelinlik.

Isa Mesih Hudaýyň halkyny "erbet we biwepa nesil" diýip atlandyranda hem hut şeýle edýär (ser.: Matta 12:39, 16:4). Ol bu ýerde "zynagär" diýen düşünjäni ýene-de "erkek" diýen manyda däl-de, "aýal" manysynda ulanýar.

Pawlus resul dowam edip, biziň gelinlikdigimizi, Isa Mesihiň bolsa Ýigitdigini aýdýar (Efesliler 5:31,32). Şunlukda, biz Mukaddes Ýazgylarda: Köne Ähtde-de, Täze Ähtde-de biziň Hudaý bilen gatnaşyklarymyzda Onuň halkynyň aýal şekilinde suratlandyrylandygyny birnäçe gezek görýäris. Şoňa görä-de, Ýakup bu durnukly obrazy dowam edip, "zynagär aýal" jümlesini ulanýar.

## Butparazlyk zynagärlikdir

Köne Ähtde Ýahudanyň ýa-da Ysraýylyň Hudaýa zyna edýändigi aýdylanda, bu hemişe butparazlyk bilen baglydy. Başga sözler bilen aýdylanda, adamlar Hudaýa biwepalyk edýärdiler. Biz butparazlyk barada pikir edenimizde, but hudaýlara gurlan heýkelleri, gurbanlyk sypalaryny we buthanalary göz öňüne getirýäris. Emma Isa Mesih adamlara zynagär diýende, Ol olaryň başga hudaýyň göze görünýän şekiline edýän ybadaty barada aýdanokdy. Sebäbi adamlar Ondan haýsydyr bir alamat görkezip, Özüniň Mesihdigini subut etmegini talap edýärdiler.

Eger Ýakubyň Hudaýyň halkyny zynagär halk diýip atlandyrýan sözlerine garasak, munuň heýkelleri, gurbanlyk sypalaryny we buthanalary gurmak bilen bagly däldigini göreris. Ýakubyň bu ýerde esasanam Pawlusyň Korintosdaky ýygnaga ýüzlenip aýdan zatlary barada gürleýändigi gyzykly zat: käbir adamlaryň doganlaryny kemsidişleri (Ýakup 2:1–13), myjabatlary we gybatlary (Ýakup 3:1–12), göripligi, gabanjaňlygy we şahsy bähbitlerini aramaklygy (Ýakup 3:13–18), zyna islegi we ten höweslerini

kanagatlandyrmaklary (Ýakup 4:1–3). Bu hereketleriň hemmesi butparazlygy görkezýär.

Mukaddes Ýazgylar birden yzygiderli bolmagyny bes edäýdimikä? Hudaýyň halky bu gezek butparazlyk üçin däl-de, haýsydyr başga bir zat üçin zynada aýyplanýarmyka? Munuň jogaby sada: “Bütinleý ýok”. Mukaddes Ýazgylaryň ählisi özara baglanyşykly we yzygiderlidir.

Ýöne şu döwürde häzirki ýygnak Isa Mesihiň, Pawlusyň, Ýakubyň we Täze Ähtiň beýleki awtorlarynyň duýduryşlaryny inkär edýän ýaly hereket edýär. Sada sözler bilen aýdylanda, biz butparazlygy gurbanlyk sypalaryndaky we buthanalardaky heýkellere sežde etmeklige deňeýäris. Hakykat bolsa şundan ybarat: häzirki döwrüň mesihiliginde hem butparazlyk bardyr. Dogrusy, buthanalaryň, but heýkelleriniň bina edilýän butparaz ýurtlaryna garanda, butparazlyk bizde has giň ýaýran bolmagy mümkin.

Meniň wezipäm butparazlygyň häzirki medeniýetde diňe şalyk sürmän, eýsem şol päsgel berýän kriptonitdigini görkezmekden ybarat. Bu kriptonit birwagtlar Ýahuda bilen Ysraýylyň güllemegine päsgel beripdi. Bu kriptonit barada Pawlus Korintosdaky ýygnaga, Ýakup we Täze Ähtiň beýleki awtorlary hem ýazypdy. Häzirki döwürde bu kriptonit adamlaryň käbirine we tutuş jemagata pajarlap, Hudaýyň şöhratyny azaşan we ölüp barýan dünýä aýan etmäge päsgel berýär.

## Dünýäniň höweslendirmesi

Butparazlyk mowzugyny dowam etmezden ozal, geliň, Ýakubyň batyrgaý habaryny jikme-jik öwreneliň. Ol diňe ten höweslerini kanagatlandyrmak isleýändigimizi gynanç bilen nygtaýar. Soňra bolsa bu höwesleri “dünýä” bilen” baglanyşdyrýar. Bu mowzuk Täze Ähtden eriş-argaç bolup geçýär. Başga sözler bilen aýdylanda, dünýä öz höweslerinden hereket edýär. Ýohanna resul şeýle diýýär: “Sebäbi dünýädäki ähli zatlar: günäli höwesler, açgözlük we baýlyk bilen magtanmak Atadan däldir, dünýädendir” (1 Ýohanna 2:16).

Ýohanna bu aýada ähli zady goşýar, ol dünýädäki ähli zatlara kesgitleme berýär. Butlar köp, ýöne olar bu aýatda agzalan zatlaryň birine degişli bolup durýar. Dünýä bilen zyna etmek üçin bäş duýgy organlaryňa lezzet berýän höweslere çapmak ýeterlik. Ýa-da özüňe göwnüň ýetip, Hudaýdan garaşsyz diýen ýalan duýga eýermek, ýagny tekepbir bolmak ýeterlik. Başga sözler bilen aýdylanda, tekepbirlik.

The Message terjimesinde şeýle ýazylan: “ähli zady öz isleýşiň ýaly etmek, ähli zady diňe özüň üçin islemek, ähmiýetli görünjek bolmak”. Bular dünýäni herekete getirýän güýç. Ol: “Men özüm üçin nämäniň gowudygyny bilýän we men şony isleýän” diýen jümlede jemlenen.

Emma kinaýaly zady – Hudaý biziň üçin iň oňat bolan zady bize bermegi jan-tenden isleýär. Her bir adam bu hakykaty berk özleşdirmelidir. Ol örän wajyp, sebäbi dünýä azdyrýan oýnaşa meňzeýändir, ol bizi Hudaýdan daşlaşdyrmak üçin elinden gelenini aýanok. Dünýä bizi özüne maýyl edýär, ol özüniň teklip edýän zadynyň Hudaýyň bize taýynlan zadyndan has gowy diýip pikir etmäge mejbur edýär. Hut şu sebäpdenem Ýakup uly gabanjaňlyk bilen bize şeýle ýazýar:

> “Eziz doganlar, aldanmaň! Her bir oňat we kämil peşgeş ýokardan, gökdäki yşyklaryň Atasyndan gelýändir. Ol hiç haçan üýtgeýän däldir, Onda üýtgemekligiň ýokundysy hem ýokdur (Ýakup 1:16, 17).

Ýakup bize aldanmazlygy, gyzykmazlygy we dünýäniň höweslerine maýyl bolmazlygy ündeýär. Onuň habary örän aýdyň: “Hudaýdan daşary siziň üçin hiç gowy zat ýok”. Eger siz bu hakykaty ýüregiňizde saklasaňyz, ol size dünýäniň gyzykly zatlaryna garşy durmaga kömek eder. Olar her nähili gowy görünse-de, size bagt we lezzet wada berse-de, her nähili şatlykly, hoşamaý we kabul ederlik görünse-de, her nähili özüne çekiji we meşhur bolsa-da, her nähili baýlygy wada etse-de – tapawudy ýok, eger olar Hudaýyň Sözüne garşy gelýän bolsa, onda olarda hiç gowulygyň ýoklugydyr. Olar ahyrda sizi bütinleý düşmek islemeýän ýeriňize düşürer, bu bolsa ölüme eltýän ýol bolar. “Ýol bardyr, adama dogry ýaly görünýär, ýöne onuň soňy ölüme barýar” (Süleýmanyň pähimleri 14:12).

Dünýä bilen zyna etmekde her bir adamyň öz ýollary, ýörelgeleri bar, olar dürli-dürli bolsa-da, bir umumylygy bar: olar dogry ýaly: oňat, peýday, bähbitli, kabul ederlik, paýhasly ýaly görünýär. Emma olar Mukaddes Ýazgylaryň umumy danalygyna gabat gelmeýän bolsa, ölüm bilen tamamlanar.

Men Hudaýyň bizi ýörite duýdurýandygyna tüýs ýürekden ynanýaryn:

“Şol sebäpli, ogullarym, maňa gulak goýuň, aýtjak sözüme üns beriň. Ýüregiňiz dünýäniň ýoluna yrylmasyn, dünýäniň ýodalarynda azaşmaň. Çünki dünýä köpleri ýaralap ýykdy, pidalary sansyz-sajaksyzdyr. Dünýäniň öýi ölüler dünýäsiniň ýoludyr, ölüme inýändir” (Süleýmanyň pähimleri 7:24-27,

men “ol” sözüni “dünýä” sözi bilen çalyşdym).

Süleýman bu sözleri bize jynsy azgynlyk barada duýdurmak üçin ýazypdy. Ýöne bu ýerde has çuň pygamberlik habary bar: dünýäniň özüne maýyl edýän ýollaryndan ägä boluň, olaryň duzagy berk we owadan. Näme üçin şeýle köp halklar Ysraýyl we Ýahuda bilen bir hatarda ölüm öýüne aňsat düşýärdiler? Bu güýçler hereket etmesini bes edendir öýder ýaly biz, näme, şeýle türkanamy? Indiki babyň başynda biz olaryň nädereje hakyky we özüne maýyl ediji bolup bilýändigine garap geçeris.

## Hereket ediň

Hiç kim zyna etmek niýeti bilen öýlenenok. Öýlenýän ýigit bilen durmuşa çykýan gyzyň ähtleri çekinjeňlik bilen aýdylsa-da, olar nikalaşan wagtynda beren ähtini saklamaga jan-tenden yhlas edýärler. Onda näme üçin bozulýan nikalaryň sany şeýle köp? Olaryň käbiri hatda zyna sebäpli bozulýar. Bu soraga jogap bermek aňsat däl, ýöne esasy sebäbi olar öz nikalaryny bozýan güýçler babatda ägäligi elden sypdyrdylar.

Siziň Hudaý bilen aragatnaşygyňyz – gönüden-göni siziň ýaşaýşyňyzdyr. Hudaýdan daşary ýaşaýyş ýok. Ýöne şonda-da dünýä sizi özi bilen zyna etdirmäge dyrjaşýar. Hüşgärligi ýitirmezlik üçin bütin ýürekden Hudaýa eýermek gerek. Özüňizi bütinleý Hudaýa bagyş edýänligiňiz babatda ynamly bolmagyňyz üçin näme edýärsiňiz?

Siziň günüňiziň iş tertibi nähili? Siz her bir günüňizde Hudaý bilen geçirjek wagtyňyzy goraýaňyzmy? Hudaýyň Sözüni okamaga, dileg etmäge we agyz beklemäge wagt aýryp goýýaňyzmy? Ýygnagyňyzda, öz iş ýeriňizde ýada öý toparynda Hudaýa hyzmat etmek mümkinçiligini agtarýaňyzmy? Siz öz işiňiz arkaly Hudaýy şöhratlandyrýaňyzmy? Siz dünýä bilen zyna etmez ýaly, durmuşyňyzyň haýsy çäklerini berkitmek isleýäňiz? Etjek hereketleriňiziň meýilnamasyny düzüň, ony ýazyp alyň we herekete başlaň.

# 10

# BUTPARAZLYGYŇ AŇYRSYNDA NÄME DUR?

Biz butparazlygyň syryny açyp görkezmeli. Muny aňsat we çalt edip bolmaz, ýöne, onuň güýjüni paş etmek bilen, köp gatlaklarda ýeňiş gazanarys. Iň peýdalysy hem– ony durmuşymyzda saýgarmak üçin gerekli zatlaryň ählisini ýüze çykararys. Netijede, biz ruhy kriptonitiň üstünden agalygy alarys. Geliň, onuň köküne garamakdan başlalyň.

Şu kitabyň birinji babynda mysal getirilen aýady ýada salyň: “...ebediligi ynsanyň ýüregine saldy...” (Wagyzçy 3:11). Ýer ýüzündäki her bir adam şu dogabitdi häsiýet bilen dogulýar. Pawlus muny şu sözler bilen tassyklaýar: “Musanyň Kanuny ýahudy dällere berilmedi. Ýöne olar tebigy duýgurlygyna eýerip, bu Kanunyň talaplaryny berjaý edenlerinde, Kanuny bilmeseler-de, oňat we erbet işleri saýgarýandyklaryny görkezýärler. Şeýdip, edýän işleri arkaly Kanunyň parzlarynyň öz ýüreklerine ýazylandygyny mälim edýärler. Olaryň wyždanlary hem munuň şeýledigini tassyklaýar, sebäbi öz pikirleri olary käte aýyplaýar, käte bolsa aklaýar” (Rimliler 2:14, 15).

Hakykat şeýle: her bir adam Hudaýyň ýollaryny ýürekden syzýar, sebäbi olar doglalymyz bäri biziň ynsabymyza ýazylgy. Biz Liza ikimiz muny dört oglumyzyň terbiýesiniň dowamynda gördük. Olar heniz ýaş çagaka, biz heniz “etmek bolmaýar” diýip-de öwretmänkäk, olar doganlaryny uranlarynda, nahary zyňanlarynda, ene-ata gulak asmanlarynda ýa-da ş.m. hereketleri eden badyna özlerini günäkär duýýardylar.

Hudaý baradaky bilim her bir adamyň ýüreginde bar, ýöne ol tutuş ýaradylyşa hem aýandyr:

> “Bu adamlara Hudaý hakda bilip bolýan zatlar mälimdir, sebäbi Hudaýyň Özi bulary olara *mese-mälim etdi*. Hudaýyň göze görünmeýän häsiýetleri: ebedi gudraty we hak Hudaýdygy dünýä ýaradylaly bäri Onuň ýaradan zatlaryndan *mese-mälim görünýändir*. Şoňa görä-de, adamlaryň: ‘Hudaý hakda bilmeýäris’ diýmäge *hiç tutarygy ýokdur*” (Rimliler 1:19, 20).

“Mese-mälim etdi”, “mese-mälim görünýändir” sözleri barada oýlanyp görüň, olardan “hiç tutarygy ýokdur” diýen netije gelip çykýar. Hakykat şundan ybarat: adamyň Hudaý barada bilmezlige hiç tutarygy ýokdur. Hudaý her bir dogry sözli we hakykaty çyn ýürekden bilmek isleýän adama Özüni aýan etdi.

Siz haçan hem bolsa bir wagt özüňizden şular barada sorapmydyňyz: “Afrikanyň uzak ýerlerinde ýaşap, Hudaý barada eşitmedik adamlar babatda nähili? Olar nädip halas bolmaly? Hudaý olary nädip höküm edip bildikä?”

Bu soraglar pitneçilikden habar berip, jogaby eýýäm belli ýa-da bilmek islemeýän zatlaryny bahana etmek üçin döreýär. Olar ýürekleriniň jümmüşinde Hudaýyň hakykatdan-da bardygyny bilýärler, ýöne bu hakykaty ret edýärler. Olar Hudaýy agtarýan adamlar üçin Ol baradaky bilimiň hemmelere elýeterdigine düşümek islemeýärler. Eger şeýle soraglary berýän adamlar dogrusyndan gelseler,Hudaýy ret edýändigini boýun almaly bolarlar. Mezmurçy ýaradylyşyň Hudaý barada dyngysyz habar berýändigi aýdýar:

> “Gökler Hudaýyň şöhratyny yglan edýär, gök gümmezi elleriniň işinden habar berýär. Gün söz sözleýär ertirki güne, gije bilim berýär indiki gijä. Ne gep bar, ne-de bir gürrüň, eşidilmeýär sesi olaryň. Tutuş ýer ýüzüne ýaýrandyr olaň owazy, dünýäniň dört künjegine — olaň sözleri” (Zebur 18:2–5).

Hudaýyň çäksiz belentligi baradaky bilim bütin dünýäde dyngysyz – her bir sekunt, her bir minut, her gije-gündiziň dowamynda 24 sagat, ýylda 365 gün jar edilýär. Şundan soňam siz Afrikanyň haýsydyr bir uzak ýerinde muny eşitmäge ukypsyz“sowatsyz” adam galar diýip aýdýaňyzmy? Adam kersirän bolup, Hudaýyň bardygyny bilmediksirän bolup ýaşap biler, ýöne bu hakykat

diňe bir adamlaryň ýüreginde gizlenmän, eýsem olary gije-gündiz çagyrýar. Adam öz bahanalaryny tutaryk edinip, öz-özüni ynandyryp,akmaga öwrülip, ynsabynyň sesini “gapmasa”,diri Hudaýyň bardygy baradaky hakykatdan gutulyp bilmez.

## Aýgytly öwrüm

Adam ýa diri Hudaýy agtarmagy ýüregine düwende, ýa-da öz ynsabyny köşeşdirmek üçin hudaýa ýa-da hudaýlara ýüzlenmek arkaly öz höweslerini “kanagatlandyrmak” kararyna gelende, aýgytly öwrüm edýär. Siz şindi şeýle pikir edýän bolmagyňyz ahmal: “Men döwrebap dünýäde ýaşaýaryn, biziň medeniýetimizde hudaýlara sežde etmeýärler. Bizde but heýkelleri, butlar, buthanalar we ş.m. zatlar ýok”. Biraz sabyr ediň, men size islendik butparaz medeniýetinde bolşy ýaly, häzirki medeniýetde hem dürli hudaýlaryň bardygyny görkezerin.

Bu hudaýlar nireden döreýär? Biz şuny ýatda saklamaly: ähli hudaýlary we butlary adamzat döretdi. Adam Hudaý baradaky dogabitdi bilimini Onuň bilen dogry gatnaşykda bolmak zerurlygy bilen bilelikde kanagatlandyrmaly bolýar. Emma hudaýyň alternatiw görnüşi peýda bolanda, ony döreden adam hemme zady: bu hudaýyň göwnünden turmak, döredijisiniň isleglerini kanagatdyrmaga rugsat berip-bermezlik ýaly meseleleri özi çözýär. Bularyň bary dogabitdi sežde etmek islegi sebäpli bolýar. Pawlusyň ýazanlaryny okaň:

> “Olar Hudaý hakda bilseler-de, Ony Hudaý hökmünde şöhratlandyrmadylar, Oňa şükür etmediler. Tersine, boş pikirlere ulaşyp, ýüreklerini tümlük gaplady. Olar özlerini akylly saýyp, akmak boldular, baky Hudaýa sežde etmän, pany adamyň, guşlaryň we süýrenijileriň keşbindäki butlara sežde etdiler” (Rimliler 1:21–23).

Bu ýerde üns merkezinde şekilleriň (butlaryň) döredilmegi duranok, bu ýagdaý diňe adamyň has çynlakaý meselesiniň – Oňa Hudaý hökmünde sežde etmezlik meselesiniň netijesini şöhlelendirýär. Şu ýerde “hakyky seždäniň” nämedigini kesgitlemek wajyp. Eger biz bu ýygnakdaky öwgi toparynyň “ýürekden aýdýan aýdymydyr“ öýdýän bolsak, esasy habary sypdyrýandyrys. Hakyky seždäniň iň hakyky kegitlemesi saz ýa aýdym däl-de, gulak asmaklykdyr.

Birnäçe kitaplaryň awtory bolmak bilen, men pikir alyşýan mowzugymyz

okyja az tanyşdyr öýtsem, ilki bilen onuň kesgitlemesini berýärin. Men muny ýa sözlükden alnan kesgitlemeler arkaly aýdyňlaşdyrmaly, ýa-da sözleriň manysy doly düşnükli bolar ýaly mowzugy doly açyp görkezmeli. Islendik awtor şeýle edýär, Hudaý hem bu kadadan çykmaýar.

Mukaddes Ýazgylarda “sežde” sözi ilkinji gezek Gelip çykyş kitabynda (22:5) duş gelýär. Ybraýym öz ogly Yshak bilen dagda näme etjekdigini hyzmatkärlerine habar berýär. Ybraýym: “Oglum ikimiz beýleräge gidip, sežde edip, onsoň yzymyza dolanyp geleris” diýýär. Ol biraz öňe gidip, näme etmekçi bolýar? Hudaýa öwgi nagmasyny aýmakçymy? Ýa-da sežde hyzmatyny geçirmek üçin sazandalary we aýdymçylary üýşürmekçimi? Bütinleý beýle däl. Ol şol ýerde üç gün ozal özüniň ýeke-täk ogluny gurbanlyk bermegini soran Hudaýa tabynlygyny görkezmekçi bolýar.

Mukaddes Ýazgylaryň “Täze janly terjime” atly iňlis dilindäki terjimesinde Rimlilere hatda (1:21) “sežde etmek” sözi ulanylýar, ýöne “şöhratlandyrmak” we “yzzat-hormat etmek” diýip alan terjimeler hem bar. Bu sözleriň hemmesiniň manysy golaý. Kimdir birine gulak asmazlyk arkaly onuň mertebesini peseldýäris we masgaralaýarys. Biz Hudaýa boş sözleri aýdyp, öwnüp we Ony dilimiz bilen şöhratlandyryp bilýäris, Oňa aýdymlary bagyş edip we beýleki ençeme zatlary edip bilýäris. Ýöne biz Onuň isleýän zadyny etmesek, göwnüne degeris, bu bolsa garşydaş söz, ýa-da seždäniň (yzzat-hormatyň) tersi bolýar.

Hudaýyň Öz halkyna şeýle diýen güni bolupdy: “Men baýramlaryňyzy ýigrenýärin, äsgermeýärin. Ýanymdan nagmalaryň owazyny aýryň! Men arfalaryňyzyň sazyny diňlemerin. Goý, adalatlyk derýa kimin joşsun, dogruçyllyk baky çeşme ýaly aksyn” (Amos 5:21, 23, 24). Dogruçyl durmuş – bu hudaýhonsuramak däl-de, Onuň erkine tabyn bolmaklykdyr.

Köne Ähtde Hudaý Musa pygambere Öz göwnüne ýaraýan gurbanlyklary babatda tabşyryk beripdi. Onuň halky Oňa sežde hökmünde dürli gurbanlyklary getirip bilýärdi: toklyny (ser. Müsürden çykyş 29:39–41), öküzi (ser. Müsürden çykyş 29:10–14), saýlama bugdaý (ser. Müsürden çykyş 29:41) we başga köp zatlar. Şeýle-de olar Rebbe ýüz tutulýan çadyrda we ybadathanada ýakymly ysly tütütgileri ýakyp bilýärdiler (ser. Lewiler 2:2). Ýöne şonda-da Reb günleriň birinde şeýle diýdi:

> “Ýöne Men kiçigöwünlä, ruhy synyga, sözüme titreýäne nazar salaryn. Öz ýollaryny saýlaýanlar, nejis işlerinden lezzet alýanlar bar. Öküzi gurbanlyk berýän adam öldüren bilen deňdir, guzyny

> gurbanlyk berýän itiň boýnuny ýazdyran ýalydyr; galla sadakasyny beren bilen doňzuň ganyny hödürlän bilen deňdir, ýakymly ysly tütetgi tüteden buta sežde eden ýalydyr" (Işaýa 66:2, 3).

Hudaý Öz sözüni Onuň ýalkanyşlaryny alýan, Onuň sözüniň öňünde galpyldaýan adamlary häsiýetlendirmeden başlaýar. Bu tabynlygy iň möhüm meseleleriň biri hökmünde kabul edýän adamlaryň häsiýetlendirmesidir. Olar Onuň Öz ünsüni gönükdirýän adamlary bolar.

Soňra Ol Oňa tabyn bolmagyň (gulak asmagyň) öz ýollaryny saýlap alýan adamlara dolanýar. Hudaý olaryň seždelerini kabul etmeýär, gaýtam olary adam öldürmeklige (sowukganlyk bilen öldürmek), iti, doňuzyň ganyny gurbanlyk bermek we buta sežde etmek deňeşdirýär. Bu zatlaryň ählisi Onuň nazarynda nejislikdir. Eger bu nejislikleri kimdir biri dogrudan-da gurbanlyk hökmünde beren bolsa ýa-da adam öldüren bolsa, onda ysraýyl halkyndan kowlup çykarylardy ýa-da ölüme höküm edilerdi. Bu gaty aýgytly söz! Şonuň üçin-de, olaryň berýän gurbanlyklary Müsürden çykyş we Lewiler kitabynda berlen tabşyryklaryň hemmeseine laýyk gelýändigine garamazdan, olaryň seždesi asla sežde hem däldi.

Mukaddes Ýazgylaryň The Message terjimesinde şeýle ýazylan: "Siziň seždäňiziň işleri – günä işleri".

Ýadyňyzdamy, bu halk Onuň äht edişen halky, Onuň wadalaryny alan adamlar. Olara näme üçin beýle ýiti sözler aýdylýar? Olaryň Oňa gulak asman, öz saýlawlaryna sežde edendikleri üçin. Bu bize hem degişlidir: biz Hudaýa nagmalar aýdyp bilýäris, ýygnaga gatnap bilýäris, Oňa öz sadyklygymyzy Täze Ähtiň tabşyryklaryna laýyklykda ykrar edip bilýäris. Emma ýüregimiziň jümmüşinde Oňa tabynlygymyz bolmasa, seždämiz asla sežde džldir. Eýsem, "Gulak asyjy çagalar deý boluň" diýip ýazylgy dälmi näme? (ser.1 Petrus 1:14)

Pawlus ýene-de bir düýpli meseläni agzaýar. Bu – Hudaýa näşükür bolmak, Onuň ýagşylyklarynyň gadyryny bilmezlik. Eger biz özümize belli bir durmuş berilmeli diýip hasaplasak, ýa-da haýsydyr bir maddy zatlara özümizi mynasyp saýsak, ýa-da haýsydyr bir derejä garaşsak, ähli ünsümizi özümizde jemleýäris, netijede bolsa gadyr bilmeýän adamlara öwrülýäris. Biz janygyp zähmet çekdig-ä, meýilleşdirdig-ä, maksat goýdug-a, ýetjek sepgitlerimiz ýa-da döretjek zatlarymyz barada arzuw etdig-ä, şonuň üçin-de biz öz zähmetimiziň netijelerine buýsanýarys-a.

## Laýyk hereket

Şeýle garaýşyň netijesinde içimizde Hudaýa däl-de, haýsydyr bir buta gulak asmak, oňa sežde etmek we minnetdarlyk bildirmek islegi döreýär. Şeýdip, adamda, ýygnakda ýa-da ýurtda butparazlyk peýda bolýar. Pawlus şeýle ýazýar:

> "Şonuň üçin Hudaý olary ýürekleriniň günäli höwesleriniň eden-etdiligine tabşyrdy. Şu sebäpden olar biri-biriniň bedenlerini haýasyz işleri bilen wejera etdiler. Olar Hudaý baradaky hakykaty galp zatlara çalyşdylar. Ýaradana däl-de, ýaradylan zatlara sežde we hyzmat etdiler. Emma baky şöhrata diňe Ýaradan mynasypdyr. Omyn!" (Rimliler 1:24, 25).

Ýadyňyzda bolsun: munuň bar köki – Hudaýa gulak asmazlyk we Ondan närazy bolmak. Indi biz öz günäli tebigatymyza sežde edýäris (eýerýäris). Biz birwagtlar owadan bolan, şindi bolsa zaýalanan we näletlenen ýaradylyşa tabyn bolýarys. Biziň ahlak ýolgörkezijimiz oňşukly boljak bolýar, hakykatyň ornuny bolsa ýalan eýeledi. Indi gazanylan paýhasyň bary hakykat ýüzünde akmaklyk. Dünýäde kadalaýyk hasaplanylýan zat hakykat ýüzünde kadalaýyk däl. Bu dyngysyz dowam edýär, hakyky ýagşylyk ýamanlyk saýylýar, hakyky ýamanlyk bolsa ýagşylyk saýylýar. Soňra şeýle ýazylgy:

> "Hudaý olary özleriniň wejera höweslerine tabşyrdy..." (Rimliler 1:26).

Şu sözlerden soň Pawlus indiki birnäçe aýatda (iňlis dilindäki "Täze janly terimede" bu 137 söz) Hudaýyň nazarynda pislik saýylýan ýigrimi iki nejisligi sanap geçýär. Olaryň arasynda ganhorlyk, agzalalyk, ýigrenç, gysgançlyk, ene-ata gulak asmazlyk we gomoseksualizm agzalýar. Belläp geçilmeli zat, Pawlus ulanan 137 sözüň 59 sanysyny (takmynan 43%) gomoseksualizm babatda ulanýar, galan pislikleriň hersi barada bolsa diňe birki söz ulanyp, olary teswirlemekden saklanýar. Näme üçin? Hudaý gomoseksuallary aýratyn belläp geçip, bize olary günäkärleriň iň günäkäri saýmaga ygtyýar edýärmi? Elbetde ýok! Dogrusy, Ol bu ýerde jemgyýetde gomoseksuallyga oňat garamaklygyň onuň butparazlygyň duzagyna näderejede güýçli düşendigininiň aýdyň görkezijisidigini mälim edýär.Geliň, Pawlusyň sözlerine dolanalyň:

> “Hawa, olar hakykaty ret edensoňlar, Hudaý olary özleriniň wejera höweslerine tabşyrdy. Hatda aýallar hem tebigy jyns gatnaşygyny ret etdiler. Olar tebigy bolmadyk jyns gatnaşyklara ýüz urup, biri-birleri bilen ýatyp turýarlar. Şonuň ýaly, erkekler hem aýal bilen jyns gatnaşygyny terk edip, biri-birine bolan meýil heserine ýanýarlar. Erkekler erkekler bilen ryswalyk edip, öz azgynlyklaryna laýyk jeza alýarlar” (Rimliler 1:26, 27).

Hudaýy sylamagy, Oňa şükürli bolmagy we gulak asmagy bes eden jemgyýet jynsy azgynlygy, aýratyn hem gomoseksuallygy sylap başlar, soňra ony oňlar we ahyrda makullar (höweslendirer). Pawlus şeýle hereketleri ryswalyk we tebigy däl diýip atlandyrýar.

Hakykaty ýalan bilen çalyşdylar, bu ýalan ahyrda jyns meselesinde bulam-bujarlyga eltýär.

2017-nji ýylyň ýanwar aýynda “National Geographic” žurnaly aýda bir gezek çykýan sanyny “Jyns rewolýusiýasy” diýen mowzuga bagyş etdi. Redaktolar pany adamyň döreden dürli jynsy we gender ugurlaryny görkezmek üçin birtopar adamlary ýygnady. Žurnal uniwersitetleriň we kolejleriň baş hünärmenleri bilen adam seksuallygy barada maslahatlaşdylar. Seksual we gender ileritutmalary kesgitleýän adalagalaryň arasynda şeýle adalgalar bardy: agender, kwir, androgin, transgender, sisgender, genderkwir, interseks, geteroseksual, bigendir, nebinar interseks, transoglan, transgyz we ş.m. Bular her näçe döwrebap ýaňlansa-da, hakykat ýüzünde bu adalgalaryň hemmesei akmaklygyň we aldawyň toparyna düşýär.

Bu adalgalary oýlap tapýan adamlary akylly, bilimli döwrebap hünärmenler hasaplaýarlar. Eger şeýle pikirlenme ýörelgesine eýerilse, biziň jemgyýetimiz nirä baryp ýeter? Geçirilen barlaglar Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň hökümetiniň gender identifikasiýasy we gomoseksuallyk bilen bagly meselelerine iki ýüz milliarddan gowrak dollar sowandygyny görkezýär*. Bu serişdeleri nämelere ulanyp boljakdygyny bir göz öňüne getirip görüň-ä! Olary köne jaýlary we hökümet mekdepleriniň binalaryny bejermek işlerine, polisiýa uçastoklaryny berkitmek, aeroportlary abatlamak

---

* Mat Staver: homosexuality Costs The Government Tens of Billions of Dollars Brian Tashman | April 16, 2015 12:40 pm — http://www.rightwingwatch.org/post/mat-staver-homosexuality-costs-the-government-tens-of-billions-ofdollars/

işlerine we iň wajyby, öýsüz-öwzarsyz adamlara, ýalňyz enelere we maýyplara kömek bermäge sarp edip bolardy. Emma bu ägirt pul serişdeleri Hudaýyň ynsany ýaradyş meýline garşy gelýän seksual ileritumalarynyň saýlawyna sarp edildi. Mukaddes Ýazgylar ilkibaşdan şeýle diýýär: “Şeýdip, Hudaý Öz keşbinde ynsany ýaratdy...olary erkek we aýal edip ýaratdy (Gelip çykyş 1:27).

Jynsy kesgitlän Ol, nämäniň iň gowudygyny Ol bilýär, sebäbi Ol bizi söýýär.

Ýöne şonda-da bularyň bary paýhasyň penasynda bolup geçýär, hakykatda bolsa bu serişdeleri paýhassyz ulanmaklykdyr. Iň erbedi hem bu nädogry hereketlere alyp barýar we adamlary özleriniň niýetlenmedik durmuş ýörelgeleriniň guly bolmaga mejbur edýär.

Biziň jemgyýetimiz “adam hukuklary” diýen ýalana satyldy. Ol az sanly adamlaryň bu meseläni jyns ýa gender kesgitlemesi boýunça hukuklaryny kemsitme meselesine goşmagyna ýol berdi. Biz dogrudan-da adam hukuklaryny goramaly, ýöne bärde mesele bütinleý başga zatda, sebäbi bu adamlar özleriniň ilkibaşdan ýaradylyşlary bilen ylalaşaslary gelenok.

Pawlusyň pygamberliklerine laýyklykda, şeýle bolgusyz hereket biziň Hudaýa sežde etmegi (gulak asmagy) we Oňa şükürli bolmagy bes edenimizde dörär. Liderler näme üçin bu ýalan ynançlar we ymtylyşlar barada aýtmaýarlar? Näme üçin olary paş etmeýärler? Biz hakykatdan gorkýarys we ýalany we aldawy kabul edýäris. Biz butparazlyga çolaşdyk, ol biziň dünýämizi güýçli gurşap aldy.

Jemgyýet muny öňegidişlik diýip hasaplap biler, hakykatda welin bu akylsyzlyga tarap edilýän ädimdir. Pawlusyň ençeme asyr öň ýazan sözlerinden seksual we jyns azgynlygyň köki-damarynyň butparazlyga uzap gidýändigi mälim bolýar. Soňra ol munuň netijelerini aýdýar:

> “Bu adamlar Hudaýy tanamalydyr öýtmediler. Şoňa görä-de, Hudaý olary azgyn höweslerine tabşyryp, edilmesiz zatlary etmeklerine ýol berdi. Olaryň kalby her tüýsli ýamanlykdan, adalatsyzlykdan, açgözlükden we azgynlykdan doludyr. Olar görip, ganhor, dawaçyl, ýalançy we betpäldir. Olar gepçi, töhmetçi, tekepbir, öwünjeň bolup, Hudaýy ýigrenýärler, ýamanlyk etmegiň her tüýsli ýollaryny tapýarlar, ata-enelerine gulak asmaýarlar. Olar doňýürek, pähimsiz, ähtiýalan we rehimsizdir” (Rimliler 1:28–31).

Jemgyýetimizde şeýle häsiýetli hereketleri ýüze çykarmak üçin derňew işlerini, tejribeleri ýa-da sosial barlaglaryny geçirmek gerek hem däl. Olar ähli ýerde pajarlap ösýär, adamlaryň ömrüni kül edýär, maşgalalary we halklary heläkleýär. Bu azgyn hereketler we ony makullamaklyk jemgyýetiň dargamagynyň, gatnaşyklaryň kesilmeginiň we dürli uruşlaryň aňyrsynda dur.

Eger bularyň bary ýeterlik derejede gynançly bolmasa, onda Pawlus sözüni jemläp şeýle ýazýar:

> "Olar Hudaýyň adalatly Kanunyna görä şeýle işleri edýänleriň ölüme mynasypdygyny bilseler-de, öz edýän işlerinde ilerleýärler. Munuň bilen çäklenmän, başgalaryň hem şeýle etmegini oňlaýarlar" (Rimliler 1:32).

Hökümet, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, telewideniýe, kinoprodýuserler, sosial işgärler, liderler, täsiri bolan adamlar we bütin jemgyýet şeýle hereketleriň Ýaradanyň biz babatdaky niýetine ters gelýändigini bilýärler. Emma muňa garamazdan, öz ynsaplarynyň sesine we bütin ýaradylyşyň nalasyna äsgermezlik edýärler.Olar öz ynsaplarynyň sesini gapdyrmak üçin, beýlekileri-de şeýle etmäge höweslendirýärler. Şeýtmek bilen, olar ýüreklerindäki hakykat sesini sem eder diýip umyt edýärler.

Ýokarda agzalan hereketleriň ählisi butparazlygyň kököniň Hudaýa seždе etmek (sylamak we gulak asmak) islegimiziň bolmazlygyndadygyny we Onuň mynasyp bolan şükür öwgülerini bermeýänligimizdedigini görkezýär. Biziň Hudaýa bolan sylag-hormatymyz Onuň çagyryşyna diňe sözlerimiz däl-de, hereketlerimiz arkaly mälim bolýar. Bu adamlaryň hemmesine degişlidir. Ýöne indi, geliň, munuň eýýäm Hudaý bilen gatnaşygy bolan adamda nähili bolýandygyna üns bereliň.

## Hereket ediň

Biziň seždämiz biziň saýlawymyzy: Hudaýa gulak asmak, Ony sylamak we Oňa şükürli bolmagy aňladýar. Hakyky seždäniň şu taraplarynyň birini unutmak bilen, biz azaşyp başlaýarys we butparazlyga ýüz urýarys. Bu hakykat her birimiz üçin wajyp bolşy ýaly, tutuş medeniýet üçin hem wajypdyr.

Biz ilkinji aç-açan seždäni Mukaddes Ýazgylarda Ybraýymyň Hudaýa gulak

asyp, Yshagy gurbanlyk bermek üçin daga giden ýagdaýynda görýäris.

Hudaý size näme etmegi aýtdy? Belki, Mukaddes Kitaby okap otyrkaňyz Mukaddes Ruh sizi çagyrandyr. Ýa-da diňe siziň başarjak zadyňyzy ýüregiňize salandyr.

Bu bap Hudaýdan bolan ýumuş babatda pikiriňizi näderejede üýtgedýär? Sizi şindi tabşyrylan ýumşy berjaý ederiňiz ýaly, Hudaýdan nähili ädimleri etmelidigiňizi görkezmegini soraň. Bu maksat üçin sizi saýlap alandygy we Oňa tabynlyk bilen sežde edeniňizde ýanyňyzda bolýandygy üçin Oňa minnetdarlyk bildirmegi unutmaň.

11

# IMANLYLARYŇ BUTPARAZLYGY

Dünýewi adamlaryň arasyndaky butparazlyk gowulyga eltenok, ýöne ol diri Hudaý bilen äht edişen adamlaryň arasynda bolan ýagdaýynda has hem gynandyrýar.

Ýakup butparazlygyň şeýle görnüşini zynagärlik diýip atlandyrýar. Sebäbi biz Hudaý bilen äht bilen edişdik we ärine ýa aýalyna biwepalyk edýänler kimin, butparazlygyň ygtyýaryna berlip, öz Ärimize – RebbimizIsa Mesihe biwepalyk edýäris.

## Şawul we amalekler

Geliň, Köne Ähtden başlap, Täzä geçeliň. Ysraýylyň Hudaý bilen ähti bardy. Ol olara atalary Ybraýymdan miras galypdy. Hudaý Şamuwel pygamber arkaly patyşa Şawula buýruk berýär: "...Indi sen Rebbiň sözüne gulak as" (1 Şamuwel 15:1). Hudaýyň emrinde hiç ýalňyş ýokdy, Ýaradan ony anyk we aýdyň beýan edipdi. Patyşa amalekleriň baryny: her bir erkegi, her bir aýaly, her bir çagany we her bir maly öldürmek buýrulypdy. Şeýdip Hudaýyň öç almasy amal bolmalydy, sebäbi olar ysraýyllar Müsürden çykyp, ysgyndan düşen wagty ýolda olara garşy çykypdylar. Şawul patyşa bada-bat goşun jemläp, olary amalekleriň üstüne hüjüme äkitdi. Emma soňra şeýle ýazylgy:

> “Şawul Hawyladan Müsüriň gündogaryndaky Şura çenli bolan aralykda amalekleri derbi-dagyn etdi. Olar amalek patyşasy Agagy diri ele saldylar, halky bolsa gylyçdan geçirip, bütinleý ýok etdiler. Ýöne olar Agagy we goýunlardyr öküzleri, baga bakylan mallary, guzularyň semizlerini, mahlasy, gowularyny diri galdyrdylar we olary bütinleý ýok etmediler. Olar diňe derde ýaramajak zatlary bütinleý ýok etdiler” (1 Şamuwel 15:7–9).

Köp adamlara Şawul Hudaýyň sözlerine gulak asan kişi bolup görner, ýöne şol sözleriň yzýanyndan şeýle ýazylan: “Rebbiň Şamuwele: ‘Şawuly patyşa edendigime ökünýärin, çünki ol Menden ýüz öwürdi, buýruklarymy ýerine ýetirmedi’ diýen sözi aýan boldy...” (1 Şamuwel 15:10, 11). Şawul Hudaýy şöhratlandyrmady, Onuň mynasyp bolan tabynlygyny görkezmedi. Şawul Hudaýa sadyk bolmady.

Men bir alada galan kakany ýatlaýaryn. Ol ýetginjek oglunyň hereketlerinden kösenýändigini meniň bilen paýlaşypdy. Ogly özüne aýdylýanlary käwagt etmeýärdi, käwagt gulak asýardy, käwagt bolsa öz ugruna gidip, islänini edip, dostlary bilen gezmäge gidýärdi. Kakasy onuň bilen berk gürleşenden soň, ogly gaharlanyp, oňa gödeklik bilen: “Kaka, maňa käýemäňi bes et! Men seniň aýdýanlaryňyň 90%-ni edýän. Sen näme üçin beýle ynjyk? Sen näme üçin aýdanlaryňyňdan edenlerimiň 90%-ne seretmän, etmedik 10%-ne seredýäň?” Kakasy muňa gaty gynanypdy.

Men bu erkege:”Hudaý hem ynjyk” diýdim. Men oňa amalekler bilen bolan şol ýagdaýy ýatlatdym we Şawulyň azyndan ýüz müň erkegi, aýaly we çagalary öldürendigini aýtdym. Men onuň alyp galan goýunlaryndan, geçilerinden we iri mallaryndan has köp maly gyrandygyna ynanýaryn. Şonuň üçin-de, Şawul Hudaýyň aýdanlarynyň 90%-den kän işi edendigine ynanýan. Emma Hudaý Şawulyň gulak asmandygyny aýdýar we onuň hereketlerini “bitabynlyk” diýip atlandyrýar (23-nji aýat).

Mukaddes Ýazgylaryň bu binýady düşünjesi kakasyna öz oglunyň hereketleriniň nädogry hasaplamagynyň hakdygyna düşünmäge kömek etdi.

Men patyşa Şawulyň Hudaýyň beren tabşyryklarynyň 99%-mine golaýyna berjaý edendigine ynanýaryn. Hudaý näme üçin Şawulyp bitiren işlerine däl-de, edilmedik 1%-ne garadyka? Köp adamlaryň nazarynda bu ynjyklyk bolup görner, ýöne Hudaý üçin bölekleýin, hatda bütinleý diýen ýaly tabynlyk – asla

tabynlyk däldir, ol bitabynlykdyr. Bu adamyň Hudaýa Onuň mynasyp bolan yzzatyny görkezmeýändigini, öwgülerini aýtmaýandygyny aňladýar.

Şamuwel Şawula berk ýüzlenýär. Şawul aljyrap, aýyplamalary ret edýär. ýöne Şamuwel oňa ýakma gurbanlygy üçin taýýarlanylan mallary görkezýär. Şonda Şawul günäni başga adamlara ýöňkejek bolýar, ýöne Şamuwel ony ýazgarýar:

> "Çünki topalaň palçylyga barabar günädir. Tekepbirlik şere we butparazçylyga *barabardyr*. Rebbiň sözüni ret edendigiň üçin Reb hem seniň patyşa bolmaklygyňy ret etdi" (1 Şamuwel 15:23).

Şu aýatdaky ikinji bellige üns bereliň: "tekepbirlik – butparazlyga *barabardyr*". Tekepbirlik "itmek" ýa-da "basmak" diýmegi aňladýar. Şawul hakykaty we bütinleý tabynlygy itdi.

Mukaddes Ýazgylarda "barabardyr" sözi kursiw bilen berlen, sebäbi bu söz asyl nusgadaky tekstde ýoklugyny aňladýar. Mukaddes Kitabyň iwrit dilindäki nusgasynda bu söz ýok, terjimeçiler ony okamagy ýeňilleşdirmek üçin goşdular. Bu sözlemi has anyk terjime etsek, ol şeýle bolardy: "tekepbirlik – bu butparazlyk".

Hakykat ýüzünde, adam hakykaty bilip, Hudaýyň emrini, Onuň aýdýanlaryny bilip-de, Onuň sözlerini ret edýän bolsa, tabyn bolmaýan bolsa, bu butparazlykdyr. Ol näme üçin şeýle edýär? Sebäbi ol öz meýlini, maksatlaryny, isleglerini we mataçliklerini Hudaýyňkydan ileri tutýar. Hudaýdan ileri tutýan ähli zadymyz but bolup durýar

Şawul ynanýardy we hatda: "Men Hudaýa gulak asdym" diýýärdi. Ýöne ol Hudaýa soňuna çenli gulak asmansoň we adamlaryň islegini (dogrusy öz şahsy isleglerini) Rebbiň sözünden ileri tutansoň, bu butparazlykdy. Ol onuň gözlerini gapyp, Rebbe äsgermezçilik etmäge mejbur etdi.

Rimlilere hatyň aýdýanlaryna laýyklykda munuň tutuş adamzada degişli bolşy ýaly, Şawula hem degişlidir. Şawulyň butparazlygynyň esasynda heýkeller, butlar, but sypalary, buthanalar ýokdy. Şawul Hudaýy bolmalysy ýaly şöhratlandyrmady, ol Hudaýyň aýanlygyna bitabyn boldy. Şeýle hereket adamyň kem-kemden hakykaty ýalan bilen çalyşmagyna eltýär, Şawul hut şu sebäpden azaşdy. Ýalan oňa "akmak" hereketi edip, "etmeli däl zatlary" etdirdi. Butparazlyk zerarly Şawulyň durmuşynda erbetlikleriň köpeldi. Ol

görip, talapkär, akmak, gaharjaň, Hudaýyň gullaryny ýigrenýän, ganhor boldy. Ol hatda Hudaýdan maslahat soramaga derek ruh bilen maslahaşdy. Butparazlyk Şawulyň häsiýetindäki bu ähli erbetlikleriň köki-damary boldy.

Hudaý bilen gatnaşygy bolup-da, öz isleglerini kanagatlandyrmagy Onuň Mukaddes Ýazgylarda aýdanlaryndan ileri tutýan adamlar köplenç öz bitabynlygyny görenoklar. Butparazlyk Şawulyň ýagdaýynda bolşy ýaly, olaryň gözüni gapyp, hakykaty gizleýär. Biz hakykaty ýalan bilen çalşyp, Hudaý barybir biziň tarapymyzda diýip ynanýarys. Bize Ol ýüregimize düşünip, durmuş ýörelgämizi oňlap, edýänlerimizi aklaýan ýaly bolup görünýär. Hakykatda bolsa, biz Oňa garşy çykýarys we Ony özümize duşman edýäris.

## Kanagatlylyk

Butparazlygyň indiki tarapyny görkezmek çin, iki açary sözüň kesgitlemesini bereýin. Birinjisi – kanagat (kanagatlanma, kaýyllyk). Merriam-Webster sözlüginde bu söze şeýle kesgitleme berilýär: "öz emlägiň, derejäň ýa-da ýagdaýyň babatda kanagatly bolmak ýa-da bu babatda kanagatlanma duýgusyny gökezmek". Kanagatlanmaklyk manysynda köplenç ulanylýan grek sözi – "arkeo", ol "kanagatlanan bolmak, kanagat etmek, jylawlamak, güýçli bolmak we kimdir birine kömek etmäge ukyply bolmak" diýmegi aňladýar (WSNTDICT).

Biz özümiziň kanagatlanan bolmadyk ýagdaýymyzda hakykatdan hyzmat edip bilmeýäris. Bu gowy häsiýetiň ýetmezçilik etmegi bizi haýsydyr bir ýagdaýa ondan alyp bojak bähbidiň nukdaýnazaryndan seretmäge mejbur eder. Aýdylýan sözler we daşky hereketler päk göwünli we hatda jomart bolup görünmegi mümkin. Emma olaryň esasynda kanagat bolmasa, olar şahsy bähbidi aramaga ymtylar.

Pawlus ýygnaga şeýle diýdi: "Men muny nämedir bir zada mätäç bolanym üçin aýtmaýaryn. Sebäbi her ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy öwrenendirin" (Filipililer 4:11). Hakykatda welin onuň mätäçligi bardy, ol özüniň hyzmat edýän adamlaryna öz şahsy bähbidi üçin däl-de, olaryň öz hatyrasy üçin sadaka bermeklerini soraýandygy barada eýýäm aýdypdy. Ol hatyny ýazanda aldap ýa-da ulaldyp bilmeýärdi, sebäbi biz onuň hakyky niýetlerini bilýäris. Onuň niýetleri diýseň päk we äkýüreklidi, sebäbi ol uly

mätäçlik çekýändigine garamazdan, hakykatdan-da bütinleý kanagatlydy.

Hut şu sebäpden hemme imanlylara şeýle ýazylgy: “Hakykatda bolsa, baryňa kaýyl bolup, Hudaýyň ýörelgesine eýermek uly gazançdyr. ...iýjegimiziň, geýjegimiziň bardygyna şükür etmelidiris” (1 Timoteos 6:6, 8). “Uly gazanç” kanagatlanma bilen bagly, emma biz gazanjymyzyň bardygyny hemişe duýmaýarys. Kanagat bize ýola eýermeklige we dilegiň jogabyny görmän, wagtyndan öň ýeň bermezlige kömek edýär.

Men dileg edip, Rebden kanagatyň kesgitlemesini bermegini soradym we ýüregimde: “Meniň yradama doly kanagat etmek” diýen jogaby eşitdi. Rebbimiz Isa Mesihiň durmuşy kanagatly bolmagyň hakyky nusgasydyr. Biz Onuň sözlerinde hemişe şuny eşidýäris: “Meniň iýmitim Özümi Ibereniň yradasyny berjaý etmekdir, Onuň işini ýerine ýetirmekdir” (Ýohanna 4:34). Onuň Hudaýyň yradasyna kanagat etmegi we Özüni oňa bagyş etmegi messian mezmurda oňat aýan bolýar. Onda şeýle ýazylan:“Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý etmekden lezzet alýaryn; Seniň kanunyň hem meniň kalbymda” (Mezmur 39:9). Ol Hudaýyň yradasyndan daşary hiç arzuwlary we höwesleri ýokdy. Onuň höwesi – Öz Atasynyň yradasyny berjaý etmekdi.

Kanagatlanmany özüňden göwnühoş bolmaklyk bilen bulaşdyrmaly däl, sebäbi bu ikisiniň arasynda hiç umumylyk ýok. Isa Mesih barada: “...gözýaş döküp, ...Hudaýa doga-dilegler hem ýalbaryşlar bilen perýat etdi” diýip ýazylgy (Ýewreýler 5:7). Ol bir gezek ybadathanadaky söwdagärleriň zatlaryny agdar-düňder etdi, başga bir gezek – haça çüýlenmezden öňki agşam, Ol resullar bilen agşamlyk nahar iýesi geldi. Ol adamlaryň zynjyrlanan, syrkaw, azaşan bolmagyna kaýyl däldi. Ol ähli ezilenleriň adyndan Göreşijidi. Emma Ol Öz mätäçlikleri we islegleri babatda ähli zada kaýyldy. Ol Öz haýyşlaryny Atasyna aýdýardy we Atanyň Ony üpjün etjekdigine ynanýardy.

Onuň kanagatlylygyndan şeýle sözler döreýärdi: “Meni Diri Atanyň iberşi ýaly, Men Ol arkaly ýaşaýaryn”.Bu Oňa dünýä garaşly bolmadyk howpsuzlygy we durnuklylygy berýärdi, olar örän güýçli bolansoň, Ol batyrgaýlyk bilen şeýle diýýärdi: “Men nireden gelip, nirä barýanymy bilýärin” (ser. Ýohanna 6:57 we 8:14). Ol şulary bilensoň, Ony ýoldan azaşdyryp ýa çykaryp bolanokdy, Ol kämil Hyzmatkärdi!

## Açgözlük

Butparazlygyň kesgitlemesine degişli ikinji açary söz – “güýçli islemek” (açgözlük), ol kanagat sözüne gapma-garşydyr. Siz bu sözi gündelik gürrüňde köp eşitmeýärsiňiz, şonuň üçin-de onuň Mukaddes Ýazgylardaky manysyna doly düşünmegiňiz üçin, onuň kesgitlemesini bereli.

Geliň, iňlis dilindäki kesgitlemesinden başlalyň. Websteriň sözlügine görä, bu söz: “başgalaryň oňat hasaplaýan haýsydyr bir zadyny almaga we oňa eýe bolmaga gönükdirilen güýçli isleg” diýmegi aňladýar. Eger biz grek diline ýüzlensek, onuň has giňişleýin manysyny göreris. Muny etmezden ozal, geliň Palusyň Koloselilere hatynda açgözlük sözüni haýsy kontekstde ulanýandygyna garap geçeliň:

> “Şeýlelikde, Mesih bilen direlendigiňize görä, göklerdäki zatlary agtaryň. Mesih gökde Hudaýyň sagynda oturandyr. Pikiriňizi dünýewi zatlara däl-de, gökdäki zatlara gönükdiriň. Çünki siz ölensiňiz, durmuşyňyz bolsa Mesih bilen bile Hudaýda gizlenendir. Mesih siziň durmuşyňyzdyr. Ol aýan bolanda, siz hem Onuň bilen bile şöhratda aýan bolarsyňyz” (Koloseliler 3:1–4).

Pawlus bize kanagatly bolmaga kömek etjek açary berýär. Isa Mesih arkaly Gudratygüýçli Hudaý bilen äht gatnaşygyndadygymyza düşünmek bilen, biz hiç zada, bütinleý hiç zada mätäç däldigimize aň ýetirýäris. Isa Mesih “Şalygyň bize degişlidigini” aýdýar. Eger biz ilki bilen – ikinji ýa üçünji nobatda däl – ilki bilen Onuň Şalygyny agtarsak, gerek zatlarymyzyň ählisi berler.

Duşman Isa Mesihe hut şu çäkde hüjüm edipdi. Çöldäki synag wagtynda şeýtan Isa Mesihi üpjünçiligi Atadan däl-de, keseden agtarmaga mujbur etmekçi boldy. Çöldäki ýagdaý diýseň kyndy. Kyrk gün agyz beklemeden soň Isa Mesih güýçli ajykdy. Duşman Ony kanagatlylyk ýagdaýyndan çykaryp, ajykmaga mejbur etmäge umyt edýärdi, emma Isa Mesih ony ret etdi. Mundan köp wagt geçmänkä perişdeler gelip, Ony gökleriň iýmiti bilen gurplandyrdylar! Duşman öz meýlini Isa Mesih babatda amala aşyryp bilmedi. Ýöne bu onuň bu täri biz babatda ulanmajakdygyny aňlatmaýar. Ol bizi nyşana alýar we näşükür bolmagymyzy isleýär; ol üpjünçiligimizi Şalykdan gözlemäge derek, özünden gözletjek bolýar.

Pawlus muny göwün isleglerine ýetmek üçin Hudaýy ulanýanlara däl-de, Ony agtarýanlara diýýär. Hudaýy jan-tenden göwnühoş etmäge ymtylyp, Onuň ýüregine eýermek isleýänler – bu pikirlerini dünýädäki aladalara däl-de, belent maksatlara gönükdirýän adamlardyr. Şeýle halda biz Isa Mesihe meňzäp başlaýarys. Biziň güýçli islegimiz – bizi Iberýäniň yradasyny berjaý etmek. Hut şu ýerdenem adatdan daşary netije döreýär – biz, Isa Mesih ýaly, tutanýerli bolarys, bizi ýoldan çykaryp ýa azaşdyryp bolmaz, biz Şalygyň hakyky hyzmatkärlerine öwrülýäris! Pawlus sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> "Şonuň üçin hem dünýewi tebigatyňyza mahsus bolan azgynlygy, ahlaksyzlygy, haram keýpi, pis höwesleri we butparazlyk bilen deň hasaplanýan açgözlügi öldüriň. Ine, hut şu zatlar üçin Hudaýyň gahar-gazaby inýändir" (Koloseliler 3:5, 6).

Pawlusyň ýazýanyna bir görüň-ä: açgölük butparazlyk bilen des-deň! Hakyky butparazlygyň nämedigine düşünmäge kömek edýän ikinji açar, ine şudur. Ony adamlaryň but oturdýan, buthana we but sypalaryny gurýan butparaz ýurtlarda ýüze çykarmak aňsat, emma "medeniýeti ösen ýurtlarda" ony saýgarmak we tanamak gerek. Pawlus biz kanagaty açgözlüge çalşanymyzda, Hudaý bilen ýakyn gatnaşygy butparazlyga we zynagärlige çalyşýandygymyzy aýdýar.

Geliň, grek *pleonexia* sözüne garap geçeliň. Ol bu aýatda açgözlük sözüni aňladýar. Men size ygtybarly gözbaşlardan üç dürli kesgitlemäni dykgatyňyza ýetireýn:

1. "Has köp edinmäge bolan çensiz isleg" (Pillar sözlügi).
2. "Gereginden artyk islemek"(BDAG sözlügi).
3. "Özüňi but etmäge ýykgyn bolmak, gapýan ruh" (CCE sözlügi).

Geliň ünsümizi soňky kesgitlemede jemläliň: "özüňi but etmäge ýykgyn bolmak, gapýan ruh". Eger biz gökler Şalygy barada pikir edip, ilki bilen ony agtarmasak, biz dünýäniň her ýol bilen diri galjak bolmagyň nusgasyna görä ýaşarys. Biz her ýol bilen mätäçliklerimiziň öwezini dolmaga dyrjaşarys, biziň pikirimizçe biz olarsyz bu dünýäde ýaşap bilmeris. Biz adam özüni buta öwrende döreýän islegleri - lezzeti, baýlygy, maddy bähbitleri, şöhraty, wezipäni, jemgyýetdäki abraýy, peýdaly şärikdeşleri, kanagatlanmany, ygtyýary, sylag-hormaty, aýgyrlygy we beýleki köp islegleri agtararys.Eger

biz kanagatly bolmasak, açgözlügiň penjesine düşýäris. Biz özümizçe ýaşajak bolýarys, sebäbi Hudaýyň berýänlerinden rahatlyk we lezzet alyp bilmeýäris. Biz Onuň meýline we durmuşymyzdaky işine garşylyk görkezip başlaýarys.

Kanagat bilen açgözlügiň gapma-garşy güýçdügine hiç şübhe ýok. Kanagat bizi butparazlykdan çetleşdirip, Hudaýyň ýüregine ýakynlaşdyrýar, açgözlük bolsa bizi Hudaýdan çetleşdirip, butparazlygyň gurbanlyk sypasyna eltýär. Bu iki sözüň manylary garşydaşdyr, biraz soňra biz olaryň näme tapawudynyň bardygyna garap geçeris. Ýewreýlere hatyň awtorynyň indiki beýanynda näme üçin şeýle batyrgaýdygyna düşünmek aňsat:

> “Puluň yşgyna düşmäň. Eliňizdäki baryna kanagat ediň. Sebäbi Hudaý: ‘Men sizi hiç wagt ýeke taşlamaryn, terk etmerin’ diýdi. Şoňa görä-de, biz ynam bilen şeýle diýýäris: ‘Reb — tarapdarym, men gorkmaýaryn, ynsan maňa näme edip bilsin?” (Ýewreýlere 13:5, 6).

Biz indiki bapda dogruçyl kanagatyň islendik kyn ýa-da gynançly ýagdaýda bize ynamlylyk berýändigine garap geçeris. Ol bizi dünýäniň imanlylary gapmak üçin goýýan duzaklaryndan goraýar. Kanagat özünde beýik gazanjy we parahatlygy jemleýär, bu parahatlyk akyl ýetirerden beýikdir.

Açgözlük bolsa, tersine, birahatlygyň mesgeni, ol çendenaşa isleglerden we hyjuwlardan iýmitlenýär. Bu ýagdaýda aldaw we heläkçilik gutulgysyzdyr.

## Hereket ediň

Bize Hudaýyň Sözüniň hakykatyna anyk we aýdyň düşünmek gerek. Ol biziň üçin ýazylan, şonuň üçin-de biziň hiç tutarygymyz ýokdur. Biziň hiç haýsymyz Hudaýyň huzurynda durup: “Eý, Reb, men muny bilmändirin!” diýip bilmeýär. Ol halklaryň bahana etmezligi üçin, Özüni ýaradylyş arkaly olaryň hemmesine aýan edişi ýaly, biziň-de bahana etmezligimiz üçin Ol Öz yradasyny Mukaddes Ýazgylarda aýan etdi.

Bu her nähili agyr degse-de, bölekleýin gulak asmak – butparazlyk bilen des-deň. Muny bilenligimiz üçin minnetdar bolmalydyrys. Bize nähili synaglaryň garaşýandygyny bilsek, olary her gezek üstünlikli geçip bileris. Bu

Hudaýyň ýagşylygy we rehimi!

Biz bölekleýin gulak asýan, tekepbir we açgöz bolýan zatlarymyzda aňsatlyk bilen kör bolup bilýäris. Şonuň üçin-de, Mukaddes Ruhdan durmuşyňyzyň erbet täsiriň astyna düşen çäklerini açyp görkezmegini soraň. Onuň görkezýän çäklerinde toba ediň we sizi päklemigini Ondan soraň. Ahyrynda bolsa çyn ýürekden Oňa tabyn bolup bileriňiz ýaly, Ondan durmuşyňyzy terlikden we güýçden doldurmagyny diläň.

# 12

# ÝEŇILLEŞDIRILEN BASYŞ

Geçen bapda men butparazlygyň iki dürli tarapyny – tekepbirligi we açgözlügi görkezdim. Indi bolsa, geliň, olary birleşdireliň, sebäbi olar el-ele berip gezýärler. Geliň, olaryň bilelikdfe nähili işleýändigini derňäliň, şonda biz imanly adamy kriptonitiň öňünde nämäniň gowşadýandygyny bileris.

## Kyn ssenariý

Şawul patyşany göz öňüne getirip görüň. Ol Hudaýyň ygraryna laýyklykda gezmäge kaýyl däldi. Ol öz tekepbirligi zerarly açgözlüge ýykgyn boldy. Bize mälim birinji ýalňyşyny Şawul patyşa amalekler babatda däl-de, has öň – piliştliler bilen bolan söweşde goýberipdi. Ysraýylyň duşmanynyň goşuny üç müň arabaly esgerlerden ybaratdy. Arabaly esgerler şol döwürde söweşdäki tanklara barabardy. Pyýada goşuny bolsa deňiz ýakasyndaky ýaly çäge kimin köpdi! Olar Mikmaşda ýerlerşip, hüjüm etmäge taýyndylar.

Şawulyň harby güýji duşmanyňky bilen deňeşdirilende örän pesdi.Onuň goşuny täzelikde harby gullugyna duranlardan ybaratdy.

Şeýle ýazylgy:

> "Ysraýyllar çykgynsyz ýagdaýa düşendiklerini görenlerinde (çünki olaryň goşunlary gowy gysaja salnypdy), olaryň käsi gowaklarda,

> çukurlarda, gaýalarda, mazarlarda we gurruk guýularda gizlendiler. Birnäçe ýewreý bolsa Iordan derýasyndan geçip, Gat hem-de Gilgat topragyna aralaşdy. Şawul heniz Gilgaldady we onuň ýanyndaky goşun gorkudan ýaňa sandyraşýardy (1 Şamuwel 13:6,7).

Şawulyň nähili basyşy duýandygyny göz öňüne getirip bir bilýäňizmi? Siz lider, başlyk, patyşa, siziň täzelikde döredilen goşunyňyz has güýçli, tejribeli we san taýdan agdyklyk edýän goşun bilen söweşmeli. Iň elheç ýagdaý Şawulyň öz alnynda döreýär – onuň goşunynyň esgerleri gaçyp başlaýar. Emma tizara kömegiň gelmegine garaşylýar – baş pygamber Şamuwel bellenilen günde gelip, Rebbe gurbanlyk bermeli. Bularyň bary ýolbaşçy hökmünde Şawulyň ynamyny berkidip, boljak söweşde batyrgaýlyk bermelidi. Emma şeýle mesele ýüze çykýar:

> “Şamuweliň bellän möhletine görä, Şawul ýedi gün garaşdy, emma Şamuwel Gilgala gelmedi. Şawulyň ýanyndaky halk ondan çetleşip başlady. Şonda Şawul halka: ‘Ýakma we salamatlyk gurbanlygy üçin mal getiriň’ diýdi. Şeýdip, ol ýakma gurbanlygyny berdi” (1 Şamuwel 13:8, 9).

Şawulyň Hudaýa ýakma gurbanlygyny bermäge hakynyň ýokdugyny hemmeler bilýärdi. Muny diňe ruhanylara etmäge rugsat berlendi (Şamuwel hem pygamber, hem-de ruhanydy).

Ýöne adalatlylygyň hatyrasyna şuny belläp belläp geçmeli: Şawul öz esgerleri bilen şeýle adatdan daşary ýagdaýda düzgüni bozup bolýar diýip oýlandyrlar, sebäbi adatdan daşary ýagdaýlar adatdan daşary çäreleri talap edýär-ä.

Emma Şamuwel ýan bermän, bu meseledäki şübheleriň baryny aradan aýyrýar:

> “Şawul ýakma gurbanlyk bermekligi ýaňy gutardym edende, Şamuwel geldi. Garşylamak hem salamlaşmak üçin, Şawul onuň öňünden çykdy. Şamuwel oňa: ‘Näme iş bitirdiň?’ diýdi. Şawul oňa şeýle jogap berdi: ‘Töweregimdäki halk menden çetleşip başlady, sen hem aýdan möhletiňde gelmediň, piliştliler bolsa Mikmaşa ýygnandylar. Onsoň men: ‘Indi piliştliler Gilgala, meniň üstüme dökülerler. Men bolsa Rebden medet hem dilemedim’ diýip oýlandym we ýakma gurbanlyk bermäge mejbur boldum’. Şamuwel Şawula şeýle diýdi: ‘Akmaklyk etdiň, öz Hudaýyň Rebbiň emrini

> tutmadyň. Reb seniň Ysraýylyň üstünden edýän şalygyňy ömürlik ebedileşdirjekdi. Ýöne, ine, indi seniň şalygyň dowam etmez. Reb Öz göwnünden turýan birini tapyp, ony Öz halkyna hökümdar bellär. Çünki sen Rebbiň emrini tutmadyň" (1 Şamuwel 13:10–14).

Pygamberler şeýle hereket edýärler – olar ähli şübheleri aýryp, bizi Rebbiň tabşyryklaryna dolandyrýarlar. Adamlar kynçylyk döwürlerinde Rebbiň tabşyryklaryny aňsat unudyp bilýärler. Şawulyň hereketlerinden onuň ynamsyzlygy we närazylygy belli boldy. Bu ýagdaý bolsa ysraýyllara kyn döwürlerde Hudaýa gulak asyp-asmazlygy saýlap bolýar diýen pikiri berdi. Bu nädogry! Hudaýa gulak asmaklyk – hemişe we islendik döwürde hemme zatdan wajypdyr.

Şawulyň ynamsyzlygy onuň närazylygynyň netijesinde döräpdi. Ol daş-töwerekdäki zatlaryň baryny öz gözegçiliginde saklasy gelýärdi, ýöne ýagdaý onuň üçin bähbitli däldi. Ol gerşinden ýük kimin basýan basyşy halamaýardy we ony ýeňledesi gelýärdi. Onuň närazylygy ony arzyly parahatlykdan mahrum etdi.

Biziň hemmämiz ýönekeý hakykata aň ýetirmeli: Hudaý gulluk etmekde kynçylyklara, duzaklara, synaglara duş geleris. Isa bulary bize kepil geçýär: "Bu dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar" (ser. Ýohanna 16:33). Kynçylyklar biziň imanymyzyň güýjüni kesgitleýär. Eger biz imanymyzyň ikirjeňlenýändigini görsek, eger imanymyzyň derejesi peselip başlasa, diýmek, Hudaýy çagyryp, Onuň Sözüni agtarmaly we Onuň Ruhuna garaşmaly wagty gelip ýetendir. Şeýtmek bilen, biz synagdan imanda öňkümizden-de berkäp çykarys.

Biziň imanymyz – gymmat baha haryt, ol ýer ýüzündäki islendik baýlykdan has gymmatdyr. Pikir ediň: eger kimdir biri sizi utulgasyz biznes-meýilnamany we onuň üçin maliýe serişdelerini teklip etse, siziň hereketleriňiz nähili bolardy?

Siz: "Bu juda kyn, juda köp zähmeti talap edýär!" diýip zeýrenermidiňiz? Ýa-da bu mümkinçilige berk ýapyşyp, utulgysyz meýilnamany amala aşyrmak üçin bellenilen ugra eýerermidiňiz? Elbetde biziň her birimiz zähmet çekip başlap, girdejä garaşardy.

Siziň her gezek uly päsgelçiliklere duşup, gabat bolýan ýagdaýlaryňyzda hem şeýle bolýar. Bu ýagdaýlaryň bolmagy üçin Hudaýyň alada etjegine men ynanýaryn. Ol muny sizi gynandyrmak üçin däl-de, has uly iman sylagyny almagyňyz üçin edýär.

## Ýene-de bir kyn ssenariý

Dawudy göz öňüňize getirip görüň, ol Şawulyp gapma-garşylygy. Ol ondan-da uly kynçylyga duçar boldy.

Ony hemmeler diýen ýaly ret etdiler, onuň ýanynda diňe alty ýüz dosty galdy. Şol gün onuň üçin kän bir oňuna bolmandy, ýöne öňde has kyn synaglar garaşýardy. Olar Ziklaga – öz öýlerine dolanyp gelenlerinde, olar ýokka amalekleriň gelip, aýallaryny, çagalaryny, emläklerini olja alandygyny, galan zatlaryň baryny bolsa oda ýakandygyny bilýärler. Hiç zat galmandy!

Dawudyň duýan zatlaryny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Ol Ysraýyl çölünde on iki ýyldan-da köpräk wagt gizlenip ýördi. Şu wagtyň dowamynda onuň maşgalasyny, çagalykdaky dostlaryny görmäge mümkinçiligi ýokdy; ol olar bilen ýygnanyşyklara gidip bilmeýärdi, olaryň üstünligini we milli baýramçylyklary bile belläp bilmeýärdi. Ol bukulmaga mejbur bolýardy, käwagt bolsa ony yzarlap aňtaýan ysraýylyň saýlama esgerlerinden gaçyp gezmeli bolýardy.

Yzarlanmalar şeýle güýçli bolansoň, ol öz adamlary we olaryň maşgalalary bilen iki ýyllap keseki ýurtda ýaşamaly boldy. Bu haçana çenli dowam eder? Hudaýa hyzmat edeni üçin sylagy nirede? Dawut birnäçe gezek ähli zady öz eline alyp, tutuş ysraýylyň we özüniň liderini öldürip bilýärdi. Şonda onuň ähli betbagtlyklary gutaryp, kynçylyklar-da tamamlanardy. Ýöne ol wepaly, tutanýerlidi, on dört ýyllap öz durmuşyna kanagat edýärdi.

Indi bolsa saklanyň-da, oýlanyp görüň. Siz haýsydyr bir kynçylykda eýýäm üç hepdeden ýeň beresiňiz gelipmidi? Üç aýdan? Üç ýyldan?

Dyngysyz bebagtlyklary başdan geçirmek üçin üç ýyl – uzak möhlet; ýöne Dawudyň gören görgüleri bilen deňeşdireniňde, üç ýyl hiç zat. Şawul eýýäm bir hepdeden ýeň beripdi. Ol Hudaýa gulak asman, abraý bilen ýokary dere-jäni öz adamlarynyň nazarynda agtarypdy. Ol özüne edilýän basyşy ýeňledip, özüni beýgeltjek usuly saýlap aldy Ol diňe Hudaýdan gelýän öňegidişlige garaşyp durmady.

Dawudyň wakasyna dolanalyň. Ol öz adamlary bilen Ziklaga gaýdyp gelýär we ýüreklerine eziz bolan ähli zatlaryň ýok bolandygyny görýär. Erkekler bu şum habary eşidenlerinde, perişan bolýarlar. Dawut özüni çuňlugyň iň düýbüne düşen hasaplap bilerdi, ýöne bu hem soňy däldi. Öňde has kyn synaglar ýatyr. Indi erkekler – onuň ýer ýüzündäki ýeke-täk alty ýüz dosty oňa gaharlanyp, ony öldürmekçi bolýar!

> “Dawudyň haly teňdi, çünki halk ony daşlamak isleýärdi. Sebäbi ogul-gyzlarynyň ýesir alnanyna adamlaryň jany ýanýardy...” (1 Şamuwel 30:6).

Şeýle ýagdaýda Şawulyň adamlary gaçyp gidipdiler. Ol özüni ýalňyz duýdy, oňa dereje, hormat we abraý gerekdi. Ol bular üçin Hudaýyň emrini bozdy.

Dawudyň adamlary gaçmakçy däldi, olar onuň hut özüni öldürmekçidi! Dawut Şawuldan has kyn ýagdaýa düşdi. Şawulyň närazylygy ony Şamuwele garaşyp, Hudaýa bil baglamaga derek aňsat çykalgany agtarmaga mejbur etdi.

Dawut bolsa başgaça hereket edýär:

> “Ol Ahymelegiň ogly ruhany Abýatara: ‘Efody getir’ diýdi. Abýatar efody Dawudyň ýanyna getirdi. Dawut: ‘Men bu galtamanlaryň yzyndan kowmalymy? Men olaryň yzyndan ýetip bilerinmi?’ diýip, Rebbe ýüzlendi. Reb oňa: “Olaryň yzyndan kow. Sen hökman olaryň yzyndan ýetip, ýesirleri halas edersiň’ diýip jogap berdi”.

Dawut kynçylyklardan sowa geçmäge synanyşmaýardy, diňe özüne bil baglap, öz meýilnamasyny düzmeýärdi. Ol: “Boldy, indi besdir! Hudaýa şunça sadyklyk bilen eden hyzmatyma näme sylag aldym? Men Oňa ömrümiň iň gowy ýyllaryny bagyş etdim. Ol bolsa meni sütemkäriň gol astyna saldy. Men Ol sebäpli dowzahda kimin ýaşaýaryn!” diýmeýärdi.

Dawut hiç haçan Hudaýy günäkärlemeýärdi. Ol köşkde ýaşamaga dyrjaşmaýardy. Synaglar döwründe ol Şawuldan aryny alyp, ony öldürip bilýärdi. Ol muny Hudaýyň oňa wada eden tagtyny almak üçin edip bilýärdi. Emma ýok, ol Hudaýa garaşýardy, Şawul bolsa garaşmaýardy. Dawut özündäkä şükürlidi, hemme zatda ilki Hudaýdan soraýardy.

Hudaýyň gutulyşy we kömegi hemişe ýetip geler. Ýöne ilki Oňa gulak asmazlyk mümkinçiligi peýda bolar. Bu Isa Mesihiň çöldäki synagy ýaly bolar – şonda perişdeler gelip Oňa hyzmat edip başlamazyndan öň şeýtan Oňa kynçylyklardan sowa geçmäge mümkinçilik beripdi. Hemişe şeýle bolýar. Eger biz şükürli bolsak, onda üpjünçiligimiz we öňe gidişligimiz üçin öz ýollarymyzy agtarmarys.

## Yza, amaleklere tarap

Geliň, Şawulyň durmuşyny derňemegimizi dowam edip, amalekler bilen bolan ýagdaýa üns bereliň. Bu, elbetde, onuň piliştliler bilen duşuşygyndan soň bolupdy.

Şawulyň amalekler bilen ýagdaýyndaky bitabynlygy näme sebäpli döräpdi? Hudaýyň emriniň şeýle aýdyň bolan ýagdaýynda-da, ol näme üçin amalekleriň patyşasyny gaýgyryp, saýlama mallary öldürmedi? Ýene-de şol ynamsyzlygynyň döreden göripligi we Hudaýyň ygraryna bolan närazylyk sebäpli döräpdi.

Birinjiden, patyşanyň janyy gaýgyrmak nämä gerek? Tutuş halky ýeňmek – uly gazanç, ýöne şol döwürde patyşa ýeňiş gazananda, ýeňlen patyşany köplenç öz köşgüne getirýärdi. Ýeňlen halkyň patyşasy ýeňen patyşanyň köşgünde janly olja öwrülýärdi. Ony her gezek görenlerinde, tutuş halky ýeňendiklerini ýatlaýardylar. Serkerdeler we köşk hyzmatkärleri öz patyşalarynyň nähili güýçlüdigi barada oýlanýardylar. Bularyň bary öz egosyny we özüne bolan ynamy berkitmek üçin edilýärdi. Lideriň gowşak bolan ýagdaýynda munuň, gürrüňsiz, peýdasy bardy.

Ikinjiden, goýunlary, geçileri, uly mallary, bakylan öküzçeleri we guzulary galdyrmak nämä gerekdi? Şol bir sebäpden – Şawul öz nökerleriniň we adamlarynyň nazarynda hormatly we abraýly bolmagy küýseýärdi. Eger ol olara amaleklerden olja alnan saýlama mallary berse, olar beýik serkedelerini ýatladar durardy. Adamlar gelejekde tutuş halky basyp almakda görkezen güýjüni, söweş tilsimlerini, paýhasyny ýatlap, öwnerdiler. Olar Hudaýyň onuň tarapyndadygyny görerdiler we onuň ygtyýarlygy babatda şübhelenmezdiler.

Şawul öz açgözlügi zerarly özüniň haýsydyr bir zada mynasypdygyny tassyklamaga mejbur bolýardy. Ol hatda bu ýeňişden soň özüne ýadygärlik dikdiripdi. Pygamber gelip, ony bitabynlykda paş edende, Şawul öz emeldarlarynyň we raýatlarynyň nazarynda nähili görünjegini alada edip, Hudaýa gulak asmazlykdan gorkmaýandygyny görkezdi (ser. 1 Şamuwel 15:30). Şawul ýurduň iň abraýly pygamberi öz ýany bilen gitmese, aýratyn hem paş edileninden soň, onuň abraýyna şikes ýetirer diýip oýlaýardy. Ol öz liderleriniň oňlamasyna mätäçdi, olaryň arasynda ygtyýarly bolasy gelýärdi. Bu ygtyýary, aslynda, oňa Hudaý beripdi. Şawul hormaty, abraýy, beýikligi we ygtyýary hemme zatdan köp isleýärdi. Bu açgözlük ony tekep-

birlenmäge we Hudaýyň Sözüne gulak asmazlyga eltdi.

Başga sözler bilen aýdylanda, Şawul Hudaýyň yradasyna kanagat etmedi.

## Gözbaş

Indi butuň biziň üçin açgöz isleglerimiziň öwezini dolýan gözbaşa öwrülýändigi aýdyň bolýar. Şeýle zat durmuşymyzyň islendik çäginde bolup bilýär. But aslynda Hudaýa degişli bolan orny eýeläp, biziň üçin bagtyň, amatlygyň, parahatlygyň, üpjünçiligiň, ygtyýaryň, hormatyň we ş.m. zatlaryň gözbaşy bolup bilýär. Hudaý: “Özüňize butlar ýasamaň” diýýär (Lewiler 26:1). Biz butlary özümiz ýasaýarys, olar diňe daşdan, agaçdan ýa gymmatbaha metaldan bolmaýar. Olaryň güýji biziň ýüreklerimizde jemlenendir.

Hudaýdan ileri tutulan islendik zat but bolup bilýär! Bu biziň söýýän we isleýän zadymyz bolup bilýär. Bu Hudaýdan köp üns berip, bil baglaýan zadymyz bolup bilýär. Hudaý meniň aýalym Liza: “But – bu güýç alýan we güýjüňizi sarp edýän zadyňyz” diýen aýanlygy berdi. Imanly öz kalbynda närazylyga ýol berende, butparazlyga ýüz urýar. Bu kanagatlanmany Hudaýa gulak asmaklykdan daşarda, mysal üçin başga adamda, ýa-da zatlarda, ýa-da işlerde agtaran ýagdaýlarynda hem şeýle bolýar.

Butparazlygyň diňe bir but heýkelleriniň, alaja ýüpleriň, but sypalary, buthanalar däldigine indi düşünensiňiz diýip umyt edesim gelýär. Bu günäni diňe bir heýkeldir keşplere deňänligimiz sebäpli, köpimiz Mukaddes Ýazgylaryň duýduryşlaryny gözden sypdyrdyk. Indiki baplarda biz butparazlygyň hakyky aslyny açyp görkezmegi dowam ederis we onuň ýigrimi birinji asyryň dünýä medeniýetindäki weýran ediji güýjüni ýüze çykararys.

## Hereket ediň

Butparazlygyň asyl manysy siziň haýsydyr bir zatdan güýç alyp, ony Hudaýdan başga zada ýa-da adama berýänligiňizden ybarat. But biziň üçin gözbaşa öwrülýär. Bu indi iş berijimize derek bizi Hudaý üpjün eder diýen pikir bilen Hudaýa ynamymyzy görkezmek üçin işden çykmaklygy aňlatmaýar. Biz Hudaýyň bizi işimiz arkaly üpjün edýändigine düşünmeli.

Biz Hudaýyň maşgalamyz arkaly bize söýgini peşgeş berýändigini görýäris. Muňa jogap hökmünde biz hem öz ýakynlarymyzy söýýäris. Ýöne biz Hudaýy söýgi gözbaşy hökmünde kabul edýäris we sylaýarys. Iň esasy zadam – biz Hudaýy ýaşaýşyň gözbaşy hasaplaýarys we Ondan uzaklaşdyrýan islendik teklipleri ret edýäris.

Butparazlygyň diňe bir butlara sežde etmeklik däldigine düşünip başlansyňyz diýip umyt edýärin. Hudaýdan şäheriňizde we jemgyýetiňizde butparazlygyň nädip we nirede täsir edişini görkezmegini soraň we bu çäkler üçin dileg edip başlaň. Hudaýyň bu çäklere Öz hakykatynyň nury bilen ýagtylandyrmagyny we ol ýerlere Öz çagalaryny iberip, Özüni Reb hökmünde aýan etmegini diläň.

# 13

# KRIPTONIT!

Geliň, geçen birnäçe babyň esasy mazmunyny gysgaça gaýtalap geçeliň.

Butparazlygyň asyl manysy heýkeller, butlar, but sypalary we buthanalar däl. Olar has çuň meseläniň goşmaça önümleridir. Butparazlyk – bu adamzadyň Hudaýyň yradasyna çapraz gelýän öz şahsy isleglerini we ymtylyşlaryny kanagatlandyrmak üçin, Onuň aýdyň emrine göz ýummagydyr.

Hudaýa nädogry nukdaýnazardan seretmeklik açgözlügiň goşmaça önümi bolup durýar. Özüni butparazlyga beren adam netijede Hudaý tarapyndan taşlanylyp, öz günäli tebigatyna tabşyrylar we şeýdip, öz azgyn beden höwesleriniň ugruna ýykgyn bolup, ryswalyk eder. Lezzetlere we dünýewi hezilliklere ymtylmak ahyrda günleriň birinde ýaşaýyş däl-de, ölüm getirjek zatlara eltýär.

Edil şeýle ýagdaý imanly adamyň durmuşynda hem bolup biler. Mesihi adam öz güýçli islegini kanagatlandyrmak üçin Hudaýyň aýdyň görkezen zadyna äsgermezlik eden ýagdaýynda özüni butparazlyga tabşyrýandyr. Şoňa görä-de, butparazlyk, aslynda, Hudaýyň yradasyna bilgeşleýin gulak asmazlykdyr. Imanly günä edip, toba gelende – başga zat. Ýöne imanly adam kalbyny günä berende, butparazlyk edýändir. Şeýle erkek ýa aýal öz islegini Hudaýyň yradasyndan ileri tutup, but döredýär.

Butparazlyk – bu ruhy kriptonitdir.

Eger biz yzymyza dolanyp, ýokardaky baplarda getirilen birnäçe mysallar barada oýlansak, olaryň hersinde özüne maýyl ediji günäniň bolandygyny

göreris. Akan Ýerihoda alnan ähli oljanyň Hudaýa bagyş edilmelidigi barada aýdyň buýruk alypdy. Ýöne ony paş edenlerinde, ol: “Men olja alnan zatlaryň arasynda.. .görenimde, gözüm gidip, olary ogurladym” (Ýeşuwa 7:21).Iňlis dilindäki NLT terjimesinde:”Men olary örän güýçli isledim” diýip ýazylgy.

Akan öz şahsy isleglerini Hudaýyň talaplaryndan ileri tutudy. Onda Hudaýdan gorkmaklyk ýokdy we ol bilkastdan gulak asmandy.Onuň bilkastdan eden günäsi butparazlykdy, hakykatda bolsa diňe onuň we maşgalasynyň däl, eýsem tutuş jemagatyň üstüne höküm indiren ruhy kriptonitdi. Ysraýyl gowşap, beýleki halklary ýeňip bilmedi.

Korintosdaky ýygnak Hudaýyň özüne görkezenlerine äsgermezlik edip, ýygy-ýygydan öz beden isleglerini kanagatlandyrýardy. Mundan başga-da, Pawlus şeýle ýazýar:”Siz heniz-de öz köne günäli tebigatyňyzyň täsiri astyndasyňyz...” (1 Korintoslylar 3:3, iňlis dilinden terjime). Olar görip we agzybir däldi, biri-biri bilen sögüşýärdiler, Rebbiň saçagyna üýşenlerinde bolsa asla Ony ýatlamak üçin üýşmeýärdiler. Olar öz ten işdälerini kanagatlandyrmaga gelýärdiler, şoňa görä-de, Hudaýyň tabşyryklaryny bilkastdan bozýardylar. Pawlus hut şu sebäpden olara şeýle ýazýar: “Şunlukda, eý, doganlar, Rebbiň saçagy üçin üýşeniňizde, biri-biriňize garaşyň. Eger kimdir biri aç bolsa, goý, öz öýünde naharlansyn. Şonda ol ýygnakda höküm edilmez...” (1 Korintoslylar 11:33, 34). Olaryň açgözlügi (butparazlygy) zerarly köpüsi ejizdi, syrkawdy we wagtyndan ir ölýärdi. Olar gökleriň resullarynyň ýaşaýşy ýaly ýaşamaýardylar.

Bu Ýakubyň öz hatynda ýüzlenýän adamlaryna hem degişlidir. Olar biri-birine görüpdiler, şahsy bähbitlerinden hereket edýärdiler, sögüşýärdiler, agyzlary alady. Ýakup olara şeýle ýazýar: “...göriplik edýärsiňiz, emma hiç bir maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz...” (Ýakup 4:2). Biz ýene-de imanlylaryň öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin şol bir günäni edýändigini görýäris. Mukaddes Ýazgylar olary “zynagärler” diýip atlandyrýar, sebäbi olar özlerine but ýasadylar. Bu olaryň heýkelleri ýasandygyny, dogajyklary dakynandygyny, buthanalary we sypalary gurandygyny aňlatmaýar. Bu barada açyk aýdylmasa-da, olaryň gurşawynda haýsydyr bir ylalaşýan ruhy kriptoniti bolup, olary Hudaý bilen mümkin bolan adatdan daşary durmuşda ýaşamakdan saklaýardy.

Butparazlyk – bu ýöne bir günä däl, ol bilkastdan edilýän günä. Aslynda, ol Hudaýyň tabşyryklaryna garamazdan, özümiziň ähmiýetli hasaplaýan zadymyzy edinmäge we etmäge ymtylýandygymyzy aňladýar.

Ähli zat Erem bagynda şeýle başlapdy. Adam ata bilen How ene özleriniň oňat, peýdaly, bähbitli, ýakymly hasaplaýan we olary paýhasly edip biljek

zady islediler. Olar özlerine aýdyň gürlän Hudaýa gulak asmadylar.

Biz şeýle saýlawy eden badymyza aldaw gelýär. Biz öňkimiz ýaly Hudaýyň öňünde dogruçyldyrys öýdýäris, hakykatda bolsa bu beýle däl. Hudaý bize ilçini – bize bolan söýgüsi we aladasy sebäpli hakykaty sözleýän resuly, pygamberi, çopany ýa-da dosty iberýär.

Ýöne hatda şeýle ýagdaýda-da aldaw biziň içimizde berk berkitme gurýar. Ony döwüp bolýar, ýöne bu aňsat bolmaýar. Rimlilere hatyň birinji babynda şeýle zatlary edýän adamlaryň "öz ýamanlygy bilen hakykaty bökdeýändigini" aýdýar (18-nji aýat). Hudaý we Onuň ýollary baradaky hakykat bökdelýär, şonuň üçin-de ony kabul etmek we düşünmek barha kynlaşýar. Soňra bu adamlar "Hudaýa şükür etmediler. Tersine, boş pikirlere ulaşyp, ýüreklerini tümlük gaplady. Olar özlerini akylly saýyp, akmak boldular" (Rimliler 1:21, 22). Hakykat sypdyrylýar we Hudaý hakynda täze ýoýulan taglymlar peýda bolýar. Bu taglymlar günä oňşukly garaýar we durmuş ýoluny nädogry öwredýär.

Butparazlyga ýüz uran imanly dünýewi adamdan hiç tapawutlanmaýar. Ýakubyň aýdýanlaryna gulak goýuň: "Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz" (Ýakup 1:22).

Biz Hudaýyň Sözüni aýdyň eşidip-de, ony ýerine ýetirmänimizde, biziň bilen birzatlar bolup geçýär: ýüreklerimizi "aldaw" diýen örtgi gaplaýar. Indi biz Hudaýyň, Isa Mesihiň we Şalygyň nazarynda dogruçyldygymyza çyn ýürekden ynanýarys, hakykatda bolsa biz Hudaýdan çetleşendiris. "Aldaw" sözi "kimdir birini ýalan we ygtybarsyz zady hakyky we ygtybarly diýip kabul etdirmek" diýmegi aňladýar (Meriam Webster sözlüginiň teswirlemeginde). Bu sizde, mende bolşy ýaly, sagdyn gorkuny oýarýandyr diýip umyt edýärin. Bilkastdan gulak asmazlyga ýüzleý garap bolmaz.

Eger biz ähli zat Hudaýyň merhemeti, bagyşlamasy we söýgüsi bilen örtüleni üçin, Täze Ähtdäki bu duýduryşlara biperwaý garap bolýar diýýän bolsak, özümizi aldawa salýandyrys. Ýadyňyzda bolsun, Täze Ähtde Öz merhemetini, bagyşlamasyny we söýgüsini aýan eden Hudaý dikdüşdilik bilen gulak asmazlygyň howpuny açyp görkezdi.

Biz Mukaddes Ýazgylardan diňe göwnümize ýaraýan ýerlerini saýlap, halamaýan ýerlerimizi äsgermän, hatda taşlap-da bilmeris. Şeýle garaýyş özözünden aldawdyr. Biz Hudaýyň Sözüniň ähli maslahatlaryny we paýhasyny kabul etmelidiris. Gynansak-da, biz häzirki döwrüň ýygnaklarynda epidemiýa

duçar bolup, hakykaty äsgermeýäris. Bu Hudaýyň hakykaty bökdeýänligi sebäpli däl-de, ýygnakda hemişe butparazlygyň duşýandygy sebäplidir.

Ýakup sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> “Kim sözi diňläp, ony berjaý etmeýän bolsa, ol aýnada ýüzüni görýän adam ýalydyr. Ol özüni synlap gidenden soň, şobada nähilidigini ýatdan çykarýar” (Ýakup 1:23, 24).

Hudayň Sözüni eşidip-de, ony berjaý etmeýän adamlar özleriniň Isa Mesihde kimdigini unudýarlar. Olar ýygnaklarda, öý toparlarynda ýa-da konferensiýalarda – Hudaýyň Sözüniň wagyz edilýän ýerlerinde özlerini belli bir tärde alyp bararlar, ýöne bu ýerlerden gidensoňlar, dünýädäki islendik adamdan hiç tapawutlanmazlar. Hudaýyň Sözi – aýna, şonuň üçin-de adamlar onuň öňünde özlerini laýyk alyp barýarlar. Şeýlelikde, olar dünýädäki adamlar ýaly hereket etmeginde hiç erbetligiň ýokdugyny düşündirmek üçin, soňabaka ýoýlan taglymlary oýlap tapmaly bolýarlar. Biz şeýle diýýäris: “Mesihiler imansyzlardan diňe bagyşlanandygy bilen tapawutlanýarlar” ýa-da “Hudaý biziň tebigatymyzyň günälidigini bilýär; biz bu dünýäde bütinleý mukaddes ýaşap bilmeýäris. Hut şonuň üçin-de Ol bizi Öz merhemeti bilen örtdi”.

Mukaddes Ýazgylarda Täze Ähtiň aýry-aýry habarlarynda bu taglymy tassyklaýan aýatlary tapyp bolýar. Ýöne onda köp adamlary bu ýalan taglyma ynanmaga mejbur etmeli bolar.

Biz şulary çözmeli:

- Biz dogrudan-da günäniň kerebine çolaşyp ýaşamak isleýärismi?
- Biz kriptonitiň täsiriniň bizi, ýagny Hudaýyň gudratly ilçilerini güýçden mahrum etmegini isleýärismi?
- Eýsem biz ýalan taglymlara ýapyşmak üçin, özümiz üçin niýetlenen durmuşdan pes ýaşamagy isleýärismi?
- Eýsem biz dünýädäki ähli adamlar ýaly ýaşap-da, soňra bu durmuşdan göni asmana geçmek isleýärismi?
- Ýa-da biz şöhratly soňky ybadathana baradaky aýanlygy berjaý etmek bilen, Şalygyň ýaýraýşyny görmek isleýärismi?(Biz bu aýanlyk barada mundan birnäçe bap öňde okapdyk).

Kriptonitiň täsirine düşenimizde, biz öz gudratly güýjümizi, hyjuwymyzy, odumyzy we dünýäni özgertmäge bolan ukybymyzy ýitirýäris. Biz, aslynda, hakykaty basgylaýarys. Biz ony bökdeýäris we Isa Mesihi dünýädäki beýleki

adamlardan gizleýäris. Hut şu sebäpden Pawlus ahyrda korintoslylara ýüzlenýär:

> “Akylyňyza aýlanyň, günä etmegi bes ediň. Siziň araňyzda Hudaýy tanamaýanlar hem bar. Men muny sizi utandyrmak üçin aýdýaryn!” (1 Korintoslylar 15:34).

Pawlus bu ýygnaga olaryň Isa Mesih ýaly ýaşap bilýändigini, ýöne henizde butparazlykda ýaşaýandygyny aýdýar. Olar öňküleri ýaly pikir edip, öz wajyp işleri üçin Hudaýyň Sözüniň açyk hakykatyna äsgermezlik edip bolýar öýdýärler. Olar Hudaýyň Sözi bilen oýun edýärler, durmuşlaryndaky hakykaty basyp ýatyrýarlar, netijede, bolsa agsaýarlar, güýçden düşüp, jemgyýetdäki özgerişliklere täsir edip bilmeýärler.

Bu gynançly ýagdaý köp derejelerde bolup geçýär, ýöne iň erbedi – bu butparazlaryň ýanynda ýaşaýanlar Hudaýy tanamaýarlar, Isa Mesihi görmeýärler. Bu aýat Sinodal terjimesinde şeýle ýazylgy: “Bolmalysy ýaly aýňalyň-da, günä etmäň; sizi utandyrmak üçin diýýän: siziň käbiriňiz Hudaýy tanamaýar”. Başga sözler bilen aýdylanda, Pawlus ýygnaga şeýle diýýär: “Korintosdaky azaşan adamlar Isa Mesihi diňe siz arkaly görüp bilýärler. Eger olar Onuň direldiji güýjüniň we tebigatynyň subutnamalaryny sizde görmese, bulary hiç ýerde-de görmezler. Siz näme üçin hakykaty bökdeýäňiz? Siz muny diňe özüňiz we ýygnak üçin däl, siz muny jemgyýetiňizdäki halas bolmadyk adamlar üçinem edýäňiz”.

Eger biz Hudaý bilen bagly bolsak, durmuşyň hut özi bilen sazlaşykly gatnaşykdadyrys.

Siz töweregimizdäki azaşan adamlaryň näme üçin biz babatda gyzyklanmaýandygy barada pikir edip görüpmidiňiz? Gyzyklanaýsalar-da, diňe bizdäki sähelçe zat göwünlerine ýaranda gyzyklanýarlar. Belki, olara degişgenligimiz, akylly pikirlerimiz, sadadan oňat baýramçylyklarymyz, şagalaňlarymyz ýa-da sazymyz ýaraýandyr? Olar içimizde we aramyzda ilki bilen diri we güýçli Patyşany görýärmi? Irki Ýygnagy ýatlaň: olary hemişe “hudaýlar” diýip atlandyrýardylar, şonuň üçin-de, olar ýere ýykylyp: “Ýok, biz hudaýlar däl! Biz Gudratygüýçli Hudaýyň perzentleri” diýip gygyrmaga mejbur bolýardylar.

Petrus rim ýüzbaşysy onuň aýagyna ýykylanda: “Tur ýeriňden! Men hem seniň ýaly bir ynsan” diýdi (Resullar 10:26).

Pawlus Listranyň ähli ýaşaýjylaryna şeýle gygyrdy: “Edýäniňiz näme? Biz hudaýlar däl!” diýip gygyrdylar. (Resullar 14:14,15, iňlis dilinden terjime, MSG).

Maltada halk: “... pikirlerini üýtgedip: ‘Ol [Pawlus] hudaýdyr!’ diýişdiler” (Resullar 28:6).

Selaniklelerde “Öýlän habarlarynda” şeýle habary aýdýardylar: “Bu adamlar bütin dünýäde bulagaýlyk döredip, biziň şäherimize hem geldiler” (Resullar 17:6).

Iýerusalimiň ilaty şeýle diýärdi: “Halk olara uly hormat goýýardy...” (Resullar 5:13).

Korintosda şeýle habarlar ýokdy; olar biziň günbatar jemgyýetimizde hem ýok. Bu biziň kriptonit bilen ýalalaşýanlygymyz üçin dälmi eýsem? Meniň pikirimçe, biz habarlary ýazyp bilmeýän smartfonuň döwlen funksiýasy bilen ylalaşdyk öýdýän. Bize onuň bütinleý döwlendigini aýdan bolsalar has gowy bolardy, şonda biz muňa kaýyl bolup, onsuz ýaşardyk.

Men şindiki dörän ýagdaý bilen ylalaşyp ýaşamagyň tarapdary däl. Men Hudaýyň bize beren ýaşaýyş ukybyny, kuwwatyny, güýjüni, saglygyny we azaşan dünýä diri Halasgäri we Patyşany görkezmek üçin beren ukybyny ýitiresim gelenok. Men köp adamlara ýöne ýaşap ýörmegiň ýüregine düşendigine we olaryň durmuşdan has köp zady isleýändigine ynanýaryn.

Men şu habary size edil şu wagt ýazmalydygym barada Hudaýyň emriniň gelendigini duýýaryn. Eger siz häzirki dünýäniň hapasynda, zir-zibilende we galan-gaçanlarynda ýaşamaga kaýyl däl bolsaňyz, onda bu habar siziň üçindir. Eger siz has manyly durmuşy, direlişiň güýjündäki durmuşy isleýän bolsaňyz, onda bu habar siziň üçindir.

Siziň Ataňyz siz üçin başga durmuşy isleýär. Ol siziň has belent durmuşda ýaşamagyňyzy ýöne islemän, ony jan-tenden küýseýär! Ol siziň Onuň Hudaý tebigatyny we güýjüni isleýşiňizden-de köp duýmagyňyzy küýseýär.

Hudaý hiç zady bökdemeýär. Eger bizi bir zat bökdeýän hem bolsa, ol diňe butparazlygymyzdyr.

Öňe hereketlenmegi dowam etmek bilen, biz häzirki döwürde ýygnaklarda köp adamlaryň gözüni gapýan aldawyň aslyny has çuň öwreneris. Biz adaty mesihilik hökmünde gökleriň standartlaryna laýyk gelmeýän zady kabul edýändigimizi göreris.

Bize beýik çagyryş, bellenme we ýumuş garaşýar. Letargik ukudan we bitabynlykdan oýanmaga, Isa Mesihde belentlige, şöhrata, ajaýyplyga we güýje beslenmäge wagt geldi.

## Hereket ediň

Butparazlyk biz ýüreklerimizi Hudaýyň Sözi üçin ýapanymyzda başlanýar. Butparazlygyň islendik köki şeýledir. Hut şu sebäpden Hudaý Ysraýyla egin-eşigini däl-de, ýüreklerini päklemigi tabşyrdy. Olaryň ýüregi Hudaýyň sesini eşitmegi we oňa eýermegi bes edipdi. Şonuň üçin-de Ol meseläniň köküni aýryp bilmeýän ýüzleý tobany islemedi.

Kanun taglymaty kitabynyň 8-nji babynda biz Hudaýyň Ysraýyly terbiýelemegiň sebäbini görýäris: Ol adamyň diňe bir çörek bilen ýaşaman, eýsem Rebbiň agzyndan çykýan her bir sözi bilen hem ýaşaýandygyna düşünmegi üçin etdi. Hudaýyň Sözüne görä ýaşamak, Onuň sesini durmuşymyzyň gözbaşy etmek – bularyň bary butparazlykdan goranmagyň we Onuň bizi çagyran güýjünde ýaşamagyň kepilidir.

Hudaýyň sesi siziň durmuşyňyzda nähili rol oýnaýar? Siz çözgüdi kabul etmekde Onuň maslahatyny soňky gezek haçan agtardyňyz? Siz dileg edeniňizde, diňe gürleýäňizmi ýa-da gürleşýäňizmi? Edil şu pursat wagt tapyp, Hudaýy özüňiz bilen gürleşmäge çagyryň. Ümsüm oturyp, Onuň sesini diňläň. Onuň bilen gürleşiň, gutaranyňyzda bolsa, Onuň size näme diýendigini ýazyp alyň.

14

# GÜNÄ

*Günä*. Biz ol barada gürlemäge milt edýärismi? Bize bu mowzuk juda gapma-garşylykly görünýärmi? Wah, biz näme üçin duşmanymyzyň hötdesinden gelip bilerimiz ýaly, onuň ýüzüni tanasymyz gelenok?

"Günä" sözi gürrüňlerde we wagyzlarda çalaja agzalýar ýa-da bütinleý gaça durulýar. Sebäbi onuň kanunçylykly aýyplamalarda, taglymlarda we wagyzlarda getirjek agyryly duýgularyndan çekinilýär. Geliň, bu söze Mukaddes Ýazgylaryň nukdaýnazaryndan garalyň:

"Ýazyklaryňyz Hudaýyňyz bilen araňyza aýralyk saldy..." (Işaýa 59:2).

Iwrit dilinde "günäler" sözi – *awon*. Ol Köne Ähtde günäni aňladýan esasy söz. Emma WSWTDICT sözlüginde bu söz: "bilkastdan üýtgedilen ýa-da ýoýlan baradaky pikiri ep-esli derejede berýändigi üçin ýamanlyk bolup durýan günä" diýmegi aňladýar. Bilkastdan edilýän günä – biziň ruhy kriptonit diýip atlandyrýanymyz – bizi Hudaýdan aýyrýar. Ol bizi dogruçyl ýaşamak üçin gerek bolan Hudaýyň oňat häsiýetlerinden çetleşdirýär. Biz hiç bir ökünmezden günä baş uranymyzda, butparazlyga uçraýarys we zynagär bolýarys. Biz özümizi Hudaýa duşman edýäris.

Täze Ähtde "günä" manysynda *hamartia* (*hamartano* – köki bir bolan işlik) sözi ulanylýar. Bu iki söz Täze Ähtde köplenç günä babatda ulanylýar.

WSNTDICT sözlüginiň düşündirişine görä, *hanartia* baş goşýan islendik adam “durmuşynyň hakyky ahyryny we uly ähmiýetini, ýagny Hudaýy sypdyrýar”.

Bu kitaby bir salym çete goýup, bu barada oýlanyň! Dürs akyldakak asla ýitirmejek ugrumyzy günä edenimizde ýitirýäris. Biz durmuşymyzyň Gözbaşyndan azaşyp, şatlygy, parahatlygy, paýhasy, kanagaty, şükürliligi, üpjünçiligi we başga köp zatlary ýitirýaris. Bu sanawy sanasaň sanap oturmaly.

Mugallymlaryň köpüsi günä nyşandan sowa geçmeklige meňzeýär diýip düşündirýär. Bu anyk kesgitleme, ýöne şonda-da “günä” sözüniň ýokarda berlen esasy manysy barada oýlanyp görüň-de, şuny aýdyň: siziň pikiriňizçe “nyşandan sowa geçmek” jümlesi günäniň çynlakaý tebigatyny açyp görkezýärmi?

Täze Ähtde günäniň kesgitlemesiniň beýleki wariantlary: etmiş, ýazyk, adalatsyzlyk, ýalňyş diýen sözler hem ulanylýar. Men her bir sözi dermek niýetim bolmasa-da, günäniň esasy taraplary we onuň adamlary hakyky ýaşaýşyň gözbaşyndan azaşdyrýan güýji baradaky pikilerimi beýan edeýin.

Günä durmuşa bolan ukybymyza, söýgümize, güýjümize, akyl dürslügimize we maksadymyza hüjüm edýär. Ýalňyşmaň, günä howply we zyýanlydyr. Ol ýakymly bolup bilýär, ýöne bu wagtlaýyndyr. Aslynda, günä gatnaşmak – gysgawagtlaýyn oňat zady uzakwagtlaýyn erbet zada çalyşmagy aňladýar, sebäbi günä bizi ölümiň uzakwagtlaýyn netijeleri bilen çakýar. Biziň tenimiz oňa ýykgyn edýär, ýöne Isa Mesihde Hudaýyň tebigatyna eýe bolan täze ýaradylyş kimin, biziň kalbymyzda günä etmäge isleg ýok, biz onuň maýyl etmesine garşy durmaga ukyplydyrys.

Hudaý Kabyla: “...günä bosagada peýläp ýatandyr; günäniň seniň üstüňden höküm süresi geler. Ýöne sen günäniň üstünden agalyk etmelisiň!” (Gelip çykyş 4:7). Günäniň adamyň durmuşyna gapydan girip bilýändigine üns beriň. Bu gapynyň ady “isleg, höwes”. Ýakup şeýle ýazýar: “Onsoň höwes göwreli bolup, günäni dogurýar” (Ýakup 1:15). Bu gapy biziň isleglerimiz babatdaky çözgütlerimize laýyklykda ýa açyk, ýa-da ýapyk bolýar. Günä biziň üstümizden agalyk sürmäge dyrjaşýar. Onuň hem islegi – bizi gul etmek islegi bar. Isa Mesih: “...Men size dogrusyny aýdýaryn, günä edýän kişi günäniň guludyr” diýip duýdurýar (Ýohanna 8:34).

Pawlus bize, imanlylara, Isa Mesihiň sözlerini ýetirýär: “Eýsem siz özüňizi kimiň tabynlygyna tabşyrsaňyz, şonuň-da guluna öwrülýändigiňizi bilmeýäňizmi näme? Siz nämäniň guly: ölüme eltýän günäniň gulumy ýa-da dogrulyga eltýän tabynlygyň guly?” (Rimliler 6:16). Eger bu ýeterlik bolmasa, Petrus hem

günä barada şeýle diýýär: “...adam nämeden ýeňilse, onuň guly bolýandyr” (2 Petrus 2:19). Gulçulykda hiç bir gowy zat ýok, günä – zalym hojaýyn. Onuň bilen oýun edip bolmaz, onuň ölüme eltýändigini unutmaly däldir. Ol köp-den-köp höwesleri döredip, uzakdan zyýan getirjek zatlara ulaşdyrar.

Günä bizi gul edinmek niýetini açykdan-açyk görkezenok. Ol aldawçy, ýüreklerimizi gatatmak arkaly bize gözegçilikde saklaýar (ser. Ýewreýler 3:13), şeýdip, Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyny duýmaga, kabul etmäge we eşitmäge päsgel berýär. Günä bize zyýan ýetirýän butparazlyga ulaşdyryp, ýoldan azaşdyrýar. Ýadyňyzdamy, Hudaý Süleýman patyşa iki gezek görnüpdi. Göz öňüne bir getirip görüň-ä! Ýöne şonda-da durmuşynyň ahyrynda bu patyşa ýalan hudaýlara sežde edip başlady. Siz: “Hudaýy gören adam nädip ýalan hudaýlara ýüzlenip bilýär?” diýip soramagyňyz ahmal. Aldaw sebäpli. Eger bu Süleýman bilen – Hudaýy gören adam bilen bolan bolsa, onda Hudaýy görmedik adamlarla bilen bolup biljeginiň ähtimallygy nähili?

Günä – oýun zat däl. Ol güýçli we adamyň ýüregini tiz üýtgedip bilýär. Iň howply zadam – aldanyp, ýüregimizi gatadanymyzda, biz aslynda beýle däl hem bolsa, özümiziňki hakdyr öýdýäris. Biz öz ýalňyşlarymyz babatda kör bolýarys. Biziň merhemete gaplanandygymyz we eger günä edýän hem bolsak, ahyrda hemme zadyň oňat boljakdygy baradaky ýalana ynanmaň. Günä şeýle garamak – ot bilen oýnan ýalydyr. Size düşündirmäge ygtyýar ediň.

Bilkastdan edilýän günä dyngysyz gaýtalanýan günä eltýär. Bu ýagdaý şeýle bolup geçýär. Biz etmişi bir gezek edýäris, ynsabymyz bizi paş edýär, sesi bilen, oňaýsyzlyk duýgusy bilen. Biziň ýüregimiz sözsüz dilde: “Nyşandan sowa geçdiň, durmuş ýolundan azaşdyň, toba gelip, günäňiň geçilmegini diläp, ýoluňy dogrulamaly!” diýip gygyrýar. Eger biz şu tapgyrda günämizden ýüz öwrüp, çyn ýürekden toba etsek, biziň ýüregimiz päklenýär we biz Mukaddes Ruhuň sesine duýgurlygymyzy ýitiremzok. Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylgy: “Ýazyklaryny ýaşyran üstünlik gazanmaz, olary boýun alyp terk etse, merhemet tapar” (Süleýmanyň pähimleri 28:13).

Emma biz ynsabymyzyň sesini äsgermesek, onda ýüregimizi örtük gaplaýar (biz bu barada geçen baplarda aýdypdyk). Biz Hudaýa ýene-de gulak asmanymyzda, eýýäm güýçli oňaýsyzlygy duýamzok. Içimizde diňe “batan tikeniň” pessaýja sesjagazy galyp, azar berýär. Biz eşitmegi bes edýäris, sebäbi ynsap kem-kemden duýgurlygyny ýitirýär. Ýöne şonda-da, eger biz ýürekden we aňymyzdan eden günämize garaýşymyzy üýtgeden bolsak, bagyşlanmany diläp, dikeldilişi kabul edip bilýäris.

Ýöne biz ynsabymyzyň aýyplaýjy pessaýja sesini äsgermezligi dowam etsek, onda ýüregimizi ýene-de bir örtük gaplaýar-da, duýgurlyk ukybymyz has-da kütelýär. Hudaýyň Sözüne indiki gezek gulak asmanymyzda, ynsabyň çalaja jümşüldemesini duýýarys. Ol indi duýgurlygyny ýitiren ýaly bolýar, şonuň üçin-de biz Hudaýy has-da kynlyk bilen eşidýäris. Ýöne heniz-de bagyşlanmany sorap, dikeldilişi kabul edip bilýäris. Munuň üçin günä babatdaky garaýşmyzy çyn ýürekden üýtgetmeli, ýöne öz ýalňyşyňa düşünmek indi gaty kyn bolýar.

Eger biz paş ediji pessaýja sesi ýene-de äsgermesek, ýüregimizi täze örtük gaplar. Ýagdaýlaryň şeýle ýaýbaňlanmagynyň netijesinde biziň ynsabymyz ahyrda butparazlyga kör bolar we ony asla saýgarmaz. Biz öňki duýgurlygymyzy ýitirýäris we Mukaddes Ruha syzyjylygymyzy ýitirýäris. Biz indi paş ediji sesi eşitmän, yzygiderli günä edip bilýäris. Biz yzygiderli halda gaýtalanyp durýan günäniň ýagdaýyna düşýäris. Biz heniz-de bagyşlanmany diläp, dikeldişi alyp bilýäris, ýöne muny etmäge höwesimiz ýok diýen bolar, sebäbi biz günäde günäni görmegi bes edýäris.

Indiki tapgyrda Hudaý size kömek etmek üçin pygamberi, çopany ýa-da dostuňyzy iberer. Eger biz bu ilçiniň sözlerine gulak goýmasak, Hudaý bize ýetmek üçin, ünsümizi çekmek üçin– kynçylyklar, synaglar, hatda betbagtçylyklar – ýene bir ädim eder. Dawut patyşa şeýle diýýär: "Ejir çekmezden öň men azaşypdym, emma indi Seniň sözüňi berjaý edýärin (Zebur 118:67).

Geliň, şuny boýun alalyň: eger biz Hudaýyň özümize açýanlaryna gulak assak, günäden uzak dursak, iň gowy tärde Ondan öwrenip bileris. Emma şeýle etmesek, onda Ol bize bolan çäksiz söýýänligi sebäpli öwretmek we durmuş ýoluna dolandyrmak üçin, betbagtçylyklary, synaglary ulanar. Mukaddes Ýazgylaryň häzirki zaman terjimesinde şu aýatda şeýle ýazylgy: "Sen meni jezalandyrmazyňdan oň men azaşypdym, ýöne indi Seniň sözüňi berjaý edýärin" (NLT).

Eger biz Pawlusyň korintosdaky ýygnaga aýdan sözlerine ýene bir garasak, onda Hudaýyň bizi yza dolandyrmak üçin edýän synanyşygyny göreris. Pawlus şeýle diýýär: "Reb bizi terbiýelemek üçin höküm edýändir. Ol muny biziň dünýä bilen birlikde höküm edilmezimiz üçin edýär" (1 Korintoslylar 11:32). Hudaý ejir çekýän synaglarymyzyň, kösençliklerimiziň, betbagtlyklarymyzyň bolmagyna ýol berende, olar biziň ünsümizi çekip, ölüm ýolundan ýaşaýyş ýoluna dolanarys diýip umyt edýär.

Şeýle pikiri resul Pawlus öz öweý enesi bilen ýatyp-turýan adam barada aý-

danda hem görýäris: “şeýle iş eden adamy şeýtana fiziki jealandyrmak üçin [ony gan gatyşmagyna mejbur edýän ten höwesini ýok etmek üçin] tabşyryň. Muny onuň ruhunyň Rebbiň geljek gününde halas bolmagy üçin ediň” (1 Korintoslylar 5:5, AMPC, iňlis dilinden terjime). Ýygnagyň atasy “siz bu adamy tabşyrmaly” diýip buýurdy – şeýle buýrugy arkaly ol diňe Korintosdaky ýygnagy tiz ýaýraýan günäden goraman, eýsem günäde ýaşaýan bu adamy hem gorady.

Hudaý Öz perzentlerini çyn ýürekden örän güýçli söýýär. Şonuň üçin-de, günä gulçulygynda her nähili uzakda bolsak-da, dürli usullar arkaly bize ýetmäge dyrjaşar. Aslynda, Onuň üçin biziň şindiki amatlyklarymyz däl-de, tutuş ýaşaýşymyz wajypdyr.

Ýewreýlere ýazylan hatda günäniň täsirini görkezýän sözler ýazylgy:

> “...päsgelçilik döredýän her hili ýüki we boýnumyzdan ýapyşan günäleri taşlalyň (Ýewreýler 12:1).

“Boýnumyzdan ýapyşan günäleri taşlalyň” diýen sözlere üns beriň. Meniň boýnumdan aňsat ýapyşýan günä edil siziň boýnuňyzdan ýapyşan günä ýaly bolmaz. Meniň ýagdaýymda bu arakhorluk, gysgançlyk, neşekeşlik, gybat ýa-da göze ilginç başga bir günäler däldi, ol pornografiýady. Bu meniň durmuşymdaky iň güýçli söweşleriň biridi. Men indiki bapda 1985-nji ýylda bu zalym hojaýyndan ahyrsoňy nädip boşanandygymy gürrüň bererin. Biz özümiziň haýsy höweslere maýyl bolýandygymyza düşünmek wajypdyr. Soňra bolsa olara ýol bermezlik üçin gerek çäreleriň baryny görmelidir. Isa Mesih şeýle diýdi:

> “Eliň seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony kes. Golak bolup baky ýaşaýşa gowuşmak, iki elli bolup dowzaha, sönmez oda zyňylmakdan gowudyr. Eger aýagyň seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony çap. ...Eger gözüň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony oýup çykar... (Марк 9:43, 45, 47).

Isa Mesih hakykatdan-da eli, aýagy çapmaly, gözi oýmaly diýip aýdanok. Ol bize boýnumyzdan ýapyşýan günä alyp barýan mümkinçilikleri ýok etmegi ündeýär.

Meniň ozal arakhorlukdan ejir çeken dostlarym köp. Maňa olaryň birine bu zyýanly endikden dynmaga kömek etmek miýesser etdi. Indi ol şerapdan hatda çalaja datmakdan hem ägä durýar we gaýtadan bu höwese düşmez ýaly, daş-töwerekdäkilerini seljerip saýlaýar. Meniň dostum günäniň bu çäginiň ony

aňsatlyk bilen gula öwrüp bilýändigini bilýär. Ol Isa Mesihiň sözlerine paýhas bilen eýerýär we gul edilmeginiň islendik mümkinçiligini çapyp taşlaýar.

Başga bir tarapdan, uniwersitetde okap, Isa Mesihe heniz iman etmänkäm, men doganlarym we dostlarym bilen içýärdim, hatda käwagt köp içýärdim. Bir gezek gyş rugsadynda men dostlarym bilen kafe-bara gitdim. Olar şol ýerde örän köp içdiler. Men serhoş dostlarymy öý-öýlerine eltip, gije biriň ýarynda öýe dolanyp gelenimde, maňa garaşyp oturan ejemi gördüm. Men oňa agşamy geçirişimizi gürrüň berdim we tebigy äheňim bilen: “Eje, men içmegi asla halamok” diýdim.

Ol güldi-de: “Sen hakyky Biwer” diýdi.

Men şol pursat ömrümde kakamy serhoş görmändigime aň ýetirdim. Biziň maşgalamyzda hiç kim içmeýärdi, şonuň üçin-de bu boýundan aňsatlyk bilen ýapyşýan günä däldi. Ýöne başgalary bardy. Günäniň nähilidigine garamazdan, onuň durmuşyňyza sümlüp giräýjek islendik mümkinçiligini düýbünden ýok etmelidir.

Ýewreýlere hatyň awtory sözüniň dowam edip, şeýle diýýär:

> “...Hudaýyň size Öz perzentleri hökmünde aýdan bu öwüt-nesihatyny-da unutdyňyz: ‘Oglum, Rebbiň terbiýesine biperwaý bolma, Onuň käýinjine ruhdan düşme. Çünki Reb söýýänini terbiýeleýändir, kabul eden perzendine temmi berýändir’” (Ýewreýler 12:5, 6).

Biz günä göwün berenimizde, Reb bize temmi berýär. Geliň, munuň nähili bolup geçýändigini gysgajyk gaýtalalyň. Birinji ädim – ýüregimizi paş etmek bilen, bizi Onuň Sözi arkaly terbiýelemek. Eger biz gulak asman, ynsabymyzy örtük bilen basyrsak, onda paş etme dostdan, çopandan ýa-da pygamberden geler. Eger mundan soňam gulak asmasak, Ol kynçylyklaryň, synaglaryň we betbagtlyklaryň bolmagyna ýol berer.

Pikir beriň:ol öňýanyndaky aýatda näme üçin Reb terbiýelände “ruhdan düşme” diýip ýazýar? Bu kyn zat.

Soňra ýazylany okaň:

> “Atalarymyz bize öz bilişlerine görä, gysga wagtlyk terbiýe beripdiler. Hudaý bolsa biziň hem Onuň ýaly päk bolup bilmegimiz üçin bize terbiýe berýär. Adam terbiýe alanda şatlanmaýar, gaýtam,

> agyry çekýär. Emma şeýle terbiýe alandan soňra, ol dogrulykda we parahatlykda ýaşaýandyr “ (Ýewreýler 12:10-11).

Terbiýäniň agyryly bolýandygyna üns beriň! Hudaýyň Öz perzenterine“temmi çybygyny” ulanmakdan gorkmaýandygyny gizläp oturasy ýok. Şonuň üçin-de, öz höweslerimize eýerip, Hudaýyň halamaýan ugruna gitmegi saýlanymyzda, nähili akmak bolýandygymyz barada oýlanyp görüň-ä. Şu barada oýlanyň: bir salymlyk lezzete begenenden, günäden saklanyp, agyry çekmeýändigimize begenmek has gowy ahyry.

Hudaýyň Ruhy resul Pawlus arkaly korintoslylara ýetýärdi. Ol hatda öz atasynyň aýaly bilen aç-açan zyna edýän adama-da ýetýärdi. Hudaý muny şindi hem dowam edýär. Ol Onuň mukaddesligine şärik bolarymyz ýaly bizi ýaşaýyş ýoluna gaýtaryp getirmek umydy bilen şeýle edýär. Bu ýerde ikinji bir ýol ýok. Biz ýa Hudaýyň Sözüne gulak asyp, durmuşyň dolulygyndan lezzet alýarys ýa-da butparazlyga, ýagny ahyrda deňärden köp ejirleri we agyrylary berjek günä (ruhy kriptonite) tarap sowulmagy saýlap alýarys.

## Hereket ediň

Günä öz tebigaty boýunça aldawçydyr. Ol şeýle ýakymly boljagyny söz berip, aldaýar. Ol öz günämize agalyk sürýändigimizi aýdyp, bizi aldaýar; aslynda welin, biz ony taşlamadyk ýagdaýymyzda, biz onuň özümize agalyk sürýändigine-de düşünmeýäris.

Ýöne köplenç günä ünsümizi hakyky şöhratdan sowmak arkaly aldaýar. Biz bu şöhratda ýaşamaga çagyryldyk, günä bolsa Isa Mesih bilen janly gatnaşykda bolmaga päsgel berýär.

Ýöne biz Hudaýyň durmuşymyz üçin etjek mümkinçilikleri baradaky görnüşlerden doly bolsak – güýç, gudratly netijelelik, azatlyk we Onuň bilen ýakynlyk we mundan uly zatlar – onda günäniň nähili aldawçydygyny bileris.

Hudýa dileg edip, durmuşyňyz, Onuň siz üçin niýetlän durmyşy, babatdaky görnüşleri ýitirip başlan ähli çäkleriňizi görkezmegini soraň. Haýsy çäklerde günä we onuň bilen oňuşmaklyk siziň üçin has ýaramly bolandygyny görkezmegini diläň. Goý, Ol durmuşyňyzyň bu çäklerinde size täze görnüş bersin. Onuň görkezjek zatlaryny ýazyp alyň.

KRIPTONITIŇ TÄSIRI

# ÜÇÜNJI BÖLÜM 3

15

# GÜNÄNIŇ GÜÝJI (1-NJI BÖLÜM)

Köne Ähtde Kabyl şeýle duýduryş alýar: “...günä bosagada peýläp ýatandyr; günäniň seniň üstüňden hököm süresi geler. Ýöne sen günäniň üstünden agalyk etmelisiň!” (Gelip çykyş 4:7). Islendik adamyň durmuşynda hem şeýle bolup geçýär. Günä bizi isleýär, ol bizi gul edinesi gelýär, özüne görkezmek üçin üstümizden agalyk süresi gelýär. Günä – bu aldawçy, özüne maýyl edýän güýçli duşmandyr.

Biz günäniň hötdesinden nädip gelmeli? Hudaýyň yradasyna, Sözüne we Onuň ýollaryna tabyn bolmak arkaly. Hudaýyň Kabyla 7-nji aýadyň başynda aýdýanlaryny ýene-de bir gezek okaň: “Eger sen dogry iş etseň, kabul edilmezmiň näme? Eger sen nädogry iş etseň, günä bosagada peýläp ýatandyr...”. Hakyky tabynlyk günä bolan islegiň gapysyny ýapýandyr.

Pawlusyň imanlylara ýüzlenip aýdan sözlerini ýatlaň (onuň Hadaýyň merhemeti barada çuň aýanlyk alandygyny unutmaň):

> “Eýsem siz özüňizi kimiň tabynlygyna tabşyrsaňyz, şonuň-da guluna öwrülýändigiňizi bilmeýäňizmi näme? Siz nämäniň guly: ölüme eltýän günäniň gulumy ýa-da dogrulyga eltýän tabynlygyň guly?” (Rimliler 6:16).

Pawlus Hudaýyň Kabyla aýdanyna sözlerine meňzeş sözleri aýdýar. Emma olaryň arasynda bir uly tapawut bar. Köne Ähtde adamlaryň ruhy ölüdi.

Içki adamdan dirilik güýji akmaýardy. Täze Ähtde we häzir Isa Mesihe iman edýän adamyň ruhy diri, ol Hudaý bilen bir we Onuň tebigatyna eýe. Şonuň üçin-de, ýa biz içki adama – öz ruhumyza gulak asmagy, ýa-da daşky adama – öz ten höweslerimize gulak asmagy- şu ikisinden birini saýlap bilýäris.

Hudaýyň merhemeti hem hereket edýär; ol bizi halas edýär we bagyşlaýar, mundan başga-da, hakykata tabyn bolup bilerimiz ýaly, bizi berkidýär. Bize şeýle öwüt berilýär: "Geliň merhemeti saklap, ol arkaly Hudaýa tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň" (Ýewreýlere 12:28, NKJV). Merhemet bize Hudaýa tabyn bolmaga güýç berýär.

Petrus şeýle ýazýar: "Hudaýy we Rebbimiz Isany tanamakda bol merhemet hem parahatlyk size ýar bolsun! Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi..." (2 Petrus 1:2, 3). Iki aýatda hem, Täze Ähtiň köp beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, biz merhemeti ruhlandyrýan we berkidýän güýç hökmünde görýäris. Bize Onuň merhemet peşgeşinden güýç alýan täze tebigat berlen. Ol Kabyla we Köne Äht döwründäki hiç bir adama elýeter däldi.

Näme üçin şeýle köp imanlylar günäniň hötdesiden gelip bilmeýär? Şuny ýatda saklamak wajyp: biz güýje eýe bolup bilýäris, ýöne ondan peýdalanmasak, ondan peýda alyp bilmeýäris. Hudaý her birimize saýlamak ukybyny berdi, Ol Öz saýlawyny zor bilen boýnumyza dakmaz. Şonuň üçinde, eger mesihi adam Hudaýa gulak asmaýan bolsa, günä imanlylaryň durmuşynda höküm sürüp ugraýar. Olar näme üçin muňa ýol berýärler?Bu diňe günä adamy Hudaýa gulak asanyndan, öz islegleriniň has köp peýda getirjekdigi babatda ynandyranda bolup bilýär. Hut şu sebäpdenem, Pawlus şeýle ýazýar: "...Kanun günäniň güýç-kuwwatydyr" (1 Korintoslylar 15:56).

Bu agyr we oslagsyz aňlatmadyr: kanun günä adamyň üstünden agalyk sürmäge ygtyýar berýär. Siziň ilki bilen: "Men Musanyň kanunynyň astynda däl!" diýip pikir etmegiňiz ahmal. Emma belläp geçilmeli wajyp zat: Mukaddes Ýazgylardaky "kanun" sözi hemişe Musanyň kanunyny aňlatmaýar. Ýakup "patyşanyň kanuny" barada aýdýar (ser. Ýakup 2:8); ol ýakynyň söýmek barada aýdýar. Iman edýän adamlaryň ýüregine ýazylan "Hudaýyň kanuny" bar (ser. Rimliler 8:7 we Ýewreýler 8:10). Biri-birimize hemaýatkär bolmak arkaly berjaý edilýän "Isa Mesihiň kanuny" bar (ser. Galatýalylar). Şeýle-de "azatlyk berýän kanun" bar (ser. Ýakup 2:12), biz ol arkaly höküm edileris. Pawlus Korintislylara birinji hatynda bu kanunlar ýa-da Musanyň kanuny barada aýdanok.

Onda Pawlus haýsy kanun barada aýdýar? Haýsy kanun günä imanlynyň-

durmuşynda höküm sürmäge ygtyýar berýär? Maňa muny mysallar arkaly düşündirmäge ygtyýar ediň. Adam Pawlusyň agzaýan kanunynyň astynda bolanda, onuň kellesine adatça şeýle pikirler gelýär: “Maňa bu filme tomaşa etmek gadagan, sebäbi onda paýyş sözler we jynsy gatnaşyklardan parçalar bar”, “Men ondan birini bermeli”, “Maňa garşymdaky aýala seretmek gadagan, ol gaty ahlaksyz geýnipdir”.

Bu jümleleri haýsy kanun ykrar edýär?Hudaýyň Sözüni özi üçin şatlyk we guwanç hökmünde däl-de, ony çäklendirmeler hökmünde kabul edýän adam. Onuň göwnüne bolsa, Hudaýyň Sözi ony zynjyrlap, durmuşda eşretlerden mahrum edýän ýaly görünýär. Bu mezmurçynyň sözlerine bütinleý ters gelýär: “Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý etmekden lezzet alýaryn; Seniň kanunyň hem meniň kalbymda” (Zebur 39:9). “Kanunyň astyndaky” adam Onuň islegini berjaý etmäge höwesek däl (ser. Ýohanna 7:17).

Umuman, jemläp aýdanymyzda, ýokardaky jümleleriň manysy şeýleräk: “Men muny edesim gelýär, ýöne Hudaýyň Sözi başga zat diýýär”. Köne Ähtde şeýle garaýşyň oňat mysaly bar.

## Özdiýenli pygamber

Bilgam pygamberdi. Ol Hudaýyň sesini tanaýardy, Rebbiň ýollaryndan habarlydy. Ballak mowaplar bilen midýanlaryň üstünden şalyk sürýän patyşady. Tutuş ýurduň ilaty gorkudan galpyldaýardy, sebäbi ysraýyllar olara tarap ýönelipdiler. Ysraýyllar ýaňy-ýakynda iň güýçli döwlet bolan Müsüri talap, Gyzyl deňizden geçipdiler. Müsüriň harby güýji, oba hojalygy, ykdysadyýeti weýran edilipdi, mundan başga-da bir syrly ýagdaýda her maşgala öz nowbaharyny ýitiripdi.

Ysraýyl halky Müsürden çykandan soň amorlaryň garşylygyna duçar bolup, olary derbi-dagyn edipdi. Indi ysraýyl halky mowaplaryň düzlüginde düşelge gurnapdylar. Mowap halkynyň ýaşululary we begleri Müsüriň we amorlaryň gününe düşmekden howatyr edýärdiler.

Ballak patyşa meşhur we güýçli Bilgam pygamber barada habar berdiler. Bu pygamberiň ak patalaryndan hemme zat üýtgeýärdi. Ýöne eger Bilgam kimdir birini näletläýse welin, ol şeýle hem bolýardy. Ballak patyşa öz ýaşulularyny Bilgam pygamberiň ýanyna oňat teklipler bilen iberýär. Ol şeýle habary gönderýär: “Şonuň üçinem gelip, olary meniň haýryma näletle. Çünki olar menden güýçli, belki şondan soň men olary ýeňip, ýurtdan kowup çykaryp bilerin...” (Çölde 22:6).

Bilgam onuň wekillerine şeýle diýýär:

> “Gijäni şu ýerde geçiriň, Reb maňa näme diýse, men ony size ýetirerin” (Çölde 22:8).

“Reb” diýen söze üns beriň. Bilgam keseki hudaýlardan maslahat soramaýardy, sebäbi ol hakyky Hudaýyň pygamberleriniň biridi. Ol öz Hudaýyny “Ýahwe” diýip atlandyrypdy. Bu Hudaýyň adydyr, Köne Ähtiň awtorlary bu ady hiç haçan keseki hudaýlary babatda ulanmaýardylar.

Biz Isa Mesihe we Ata Hudaýa öz Rebbimiz diýip ýygy atlandyrýarysmy? Biz şeýle edenimizde öz Ýaradanymyzy, Gudratygüýçli Rebbimizi, Öz janyny biziň üçin gurban Edeni göz öňüne tutýarys. Bilgam hem Hudaýa şeýle ýüzlenipdi.

Geliň, Hudaýa Bilgama şol gije aýdanlaryny ünsli okalyň. Gyzykly ýeri, Ol Bilgamyň Ondan soramagynada-da garaşyp durmady:

> “Hudaý Bilgama görnüp: ‘Seniň ýanyňdaky adamlar kim?’ diýip sorady” (Çölde 22:9).

Aslynda bu Hudaýyň Bilgama şeýle diýdigi: “Bu adamlaryň maňa näme dahyly bar? Olaryň Meniň bilen ähti ýok! Sen dogrudan-da Meniň äht baglaşan halkymy näletlemäge gidip-gitmezligiňi Menden soramakçy bolýaňmy? Bu barada doga-dileg etme nämä gerek? Munuň jogaby belli dälmi näme?”

Biziň doga-dileg etmeli däl zatlarymyz bar! Hudaýyň Öz ýazan ähtinde aýan edenlerinden biz Onuň yradasynyň nähilidigini eýýäm bilýäris. Bize başga mesihiler bilen gatnaşyp-gatnaşmazlygy bilmek üçin dileg edip soramak hajaty ýok. Hudaý eýýäm şeýle diýdi: “Käbir adamlaryň endik edişi ýaly, ýygnanyşmagymyzy goýmalyň...” (Ýewreýler 10:25).

Size hyzmat edýän adamlara sadaka berip-bermezligi dilegde soramak hajaty ýok, sebäbi Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylan: “Reb Hoş Habary wagyz edýänleriň-de Hoş Habardan eklenmegini buýrandyr” (1 Korintoslylar 9:14).

Öz jynsdaşyň bilen jyns gatnaşygyna (gomoseksualizme) girip-girmezlik ýa-da başgalary oňa höweslendirmek barada soramak hajaty ýok. Hudaý bu barada eýýäm anyk aýtdy:

> “Eýsem siz ýamanlyk edýänleriň Hudaýyň Şalygyny miras almajakdygyny bilmeýärsiňizmi? Öz-özüňizi aldamaň! Ne azgynlar, ne-de butparazlar, ne zynahorlar, ne-de erkekbazlar, ne beçebazlar, ne-de ogry-jümrüler, ne betnebisler, ne-de arakhorlar, ne paýyş sögünýänler, ne-de kezzaplar — şularyň biri-de Hudaýyň Şalygyny miras almaz ” (1 Korintoslylar 6:9, 10).

Salgyt töleglerden gaça durup bolarmy ýa ýok diýip soramagyň hajaty ýok, muňa ogurlyk diýilýär. Ýa-da öz joraň ýa-da dostuň öýüne göçüp baryp, nikalaşmazdan öň onuň bilen ýatyp-turmak – bu jynsy günä. Ýa-da başganyň aýaly bilen ýatyp-turmak – bu zynagärlik; bu sanawy sanasaň sanap oturybermeli. Täze Ähtde bize köp buýruklar berlen, Hudaýyň emri olarda eýýäm diýseň aýdyňdyr.

Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaý sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Bolýar, Bilgam, seniň düşünmänligiň üçin, dogrusy, düşünesiň gelmänligi üçin, Men saňa Öz yradamy aýdyň we düşnükli mälim edeýin...” “Sen bular bilen gitme! Bu halky näletleme, çünki ol halk ýalkanandyr!” (Çölde 22:12). Teswirlemek zerurlygy ýok.

Indi bolsa Hudaýyň bu buýrugyna Bilgamyň näme diýýänine garalyň:

> “Öz ýurduňyza dolanyň, sebäbi Reb maňa siziň bilen gitmäge rugsat bermedi” (Çölde 22:13).

Köp adamlar Bilgama el çarpadylar. Biz onuň tabynlygyna baha berip: “Nähili dogruçyl dogan!” diýip bilerdik.

Emma onuň gepindäki gümürtik zat bizi başgaça pikir etmäge iterýär. Onuň: “Reb maňa siziň bilen gitmäge rugsat bermedi” diýen sözlerine üns beriň. Ol: “Reb maňa yradasyny aýdyň aýtdy, men siziň bilen gitjek däl” diýenok. Ol: “rugsat bermedi” diýip aýdýar.

Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: mekdep joralary dükanlara aýlanyp, soňra kino gitmekçi bolýarlar. Emi öz ene-atasyndan rugsat soraýar. Olar oňa: “Bu gün maşgala agşamlygy, şonuň üçin-de seniň biz bilen bolmagyňy isleýäs” diýip aýdýarlar.

Eminiň joralary ony äkitmek üçin öýlerine gelýärler. Ol gapyny açanda, joralary ondan: “Taýynmyň?” diýip soraýarlar.

Emi ýüzüni gyşardyp: “Men gidip bilemok” diýýär. Başga sözler bilen aýdy-

landa, ol: “Men gaty gidesim gelýär, ýöne men maşgala agşamlygy üçin galmaly bolýan” diýýär. Ene-atasynyň islegi ony çäklendirip, öz isleýşi ýaly etmäge ýol bermeýär. Ene-atasynyň sözi onuň üçin kanun. Bilgam hem hut şeýle diýýär.

## Girdejili iş

Mowabyň ýaşululary patyşanyň ýanyna dolanyp, Bilgamyň jogabyny habar berdiler. Emma patyşa närazy bolup, olaryň jogabyny kabul etmedi. Ol başgalary – has abraýly begleri has jomart teklipler bilen iberip, Bilgamdan ýene haýyş edýär. Patyşa anyk şeýle diýýär:

> “Men seniň sylag-serpaýyňy ýetirip, göwnüňiň islän zadyny bitirerin. Sen diňe gel-de, meniň üçin şol halky näletle” (Çölde 22:17).

Eger siziň goňşyňyz: “Men saňa özümdäkileriň baryny bereýin” diýse, bu kän zat bolmazlygy ahmal, ýöne tutuş ýurduň patyşasy teklip edýän bolsa, onda bu gaty köp zat.

Men ýokary klaslarda okap ýörkäm, Flip Wilson atly komediýa aktýory örän meşhurdy. Onuň: “Muny şeýtan etmäge mejbur etdi” diýen meşhur jümlesi bardy.

Bu jümle gülkünç eşidilýärdi we ony ýygy-ýygydan gaýtalaýardylar, ýöne onuň aýdýanlary hakykat däldi. Şeýtan imanlyny haýsydyr bir zady etmäge mejbur edip bilmeýär.Mukaddes Ýazgylarda bu barada aýdyň aýdylan: “her kim öz pis höweslerine çolaşýandyr we aldanyp synaga düşýändir” (Ýakup 1:14). Açary sözi - “pis höweslerine çolaşýandyr”. Şeýtan imanly adama başga hiç zat edip bilmeýär. Adam diňe höwes edýän zadyna çolaşyp bilýär. Eger meniň öňümde neşe goýsalar, men; “Muny öňümden aýryň” diýerin. Meni oňa höweslendirip bolmaz, sebäbi meniň neşe çekmägä hiç islegim ýok.

Ýöne şeýtan akylly, ol irkiljiräp oturanok. Ol jynlaryny iberip, diňe siziň däl, eýsem ejeňiziň, kakaňyzyň, ata-babaňyzyň durmuşyny öwrenýär. Ol siziň maşgala nebereleriňiziň isleg babatda gowşak ýerlerini bilýär.

Ol Bilgamyň durmuşyny hem öwrenipdi; ol pygamberiň baýlyga, abraýa, derejä bolan erbet höwesini bilýärdi. Men şeýtanyň hut şu sebäpden patyşa Ballagy pygambere has jomart teklibi etmäge yrandygyna ynanýaryn. Ýöne duruň-a, Bilgam batyrgaýlyk bilen bu jomart teklibi ret edýär:

> “Ballak hatda öz öýündäki altyn-kümşüň baryny berse-de, men Hudaýym Rebbiň emrini bozup... bilmerin” (Çölde 22:18).

Biz has jomart teklibi alsa-da, Hudaýyň emrini bozmakdan ýüz öwren pygamberiň batyrgaýlygyna ýene-de el çarpýarys. Emma açary sözlerde biz pygamberiň gümürtikleýänini görýäris. Ol “etjek däl” diýmäge derek “bozup bilmerin” diýýär. Üýtgän zat ýok. Ol öňküsi ýaly Hudaýyň Sözi bilen çäklendirilen, ol onuň üçin kanun. Indiki sözleri bu pikiri tassyklaýar:

> “Gowusy siz hem bu gije şu ýerde galyň. Men Rebbiň maňa ýene näme diýjegini bileýin” (Çölde 22:19).

Näme? Has jomart teklip Hudaýy pikirini üýtgetmäge mejbur edermi? Hudaý indiki wekiller arkaly Ballak patyşanyň has köp zatlary berjegini bilensoň birinji gezek “ýok” diýmegi, heý, akyla sygjak zatmy? Nähili akmak pikir! Hudaý Bilgama has girdejili teklibe garaşmagy teklip etmändi. Şonuň üçinde, Bilgama bu barada birinji gezek dileg etmek gerek bolmadyk bolsa, ikinji gezek barada gürrüň-de ýok! Sebäbi Hudaý birinji wekiller gelende “olar bilen gitme” diýip, Öz yradasyny mese-mälim aýdypdy.

Ýöne her nähiili bolsa-da, Bilgam şol gije dileg etmäge ýüregine düwýär: Hudaýyň näme diýýänini okaň:

> “Eger bu adamlar seni çagyrmak üçin gelen bolsalar, sen olar bilen git, ýöne diňe Meniň aýdanlarymy edersiň” (Çölde 22:20).

Dursaňyz-la! Hudaý indi: “olar bilen git” diýýär. Biz dogry okadymykak? Näme bolýar? Geň zat, ýagdaý bütinleý üýtgedi! Bilgam mowabyň ýaşululary bilen gitmelidigi barada Hudaýdan söz alýar. Ol edil Hudaýyň aýdyşy ýaly edýär. Ol eşegini gaňňalap, mowaply begler bilen ýola düşýär. Ol Hudaýyň yradasyna gulak asýar. Emma soňra nämeleriň bolup geçýänine bir görüň-ä:

> “Bilgam emeldarlar bilen gideninde, Hudaýyň gahary geldi...” (Çölde 22:22).

Näme boldy? Eýsem Hudaý akylandan azanmy? Bilgam edil Onuň geçen agşam aýdyşy ýaly edýär, birdenem oňa gahary gelýär. Muňa nähili düşünmeli?

Biz bu soragy aýdyňlaşdyrýan logiki jogaby Mukaddes Ýazgylardan

tapýarys. Onuň manysy günäniň güýjüniň kanundygy diýen hakykatda jemlenýär. Indiki bap munuň sebäbini açyp görkezer.

## Hereket ediň

Köp imanlylar şu umyt habaryny eşitmelidir: siz günäniň güýjünden doly boşanyp bilýänsiňiz.

Hawa, bu hut şeýledir. Mesihiler günäden ýokary göterilip bilýär. Isa Mesih size diňe göklere girmäge rugsat berýän petegi almak üçin ölmändi. Ol ölümi arkaly sizi günäniň we ölümiň güýjünden boşatdy. Günä size däl-de, siz oňa agalyk sürýänsiňiz.

Bu diňe Onuň merhemeti arkaly mümkindir. Hudaý ynsan güýji arkaly edip bolmaýan zatlary amal etmegimiz üçin Öz merhemetini bize peşgeş berdi. Merhemet biziň üçin elýeterdir, biz bu güýje eýe. Ýöne ondan peýdalanmagy başarmaýan bolsa, onuň aýratynlygyny ýitirýändiris. Käwagt imanlylar bu güýje eýýäm eýediklerini bilmänsoň, ondan peýdalanyp bilenoklar.

Mukaddes Ýazgylaryň siziň dogrudan-da günä agalyk etmäge güýjüňiziň bardygyny görkezýän ýerlerini öwrenip, şu günüň özünde günä garşy daýanyň. Bu hakykat siziň üçin tä durmuş ýüzündäki hakykata öwrülýänçä, ol barada pikir ediň. Bu meselede Hudaý bilen bir boluň, günäniň öz üstüňizden agalyk sürmegine ýol beren ýagdaýlaryňyz barada toba ediň we şu gün sizi boşadandygy üçin Oňa minnetdarlyk bildiriň. Geçmişdäki şowsuzlyklaryňyz üçin özüňizi bagyşlaň we Hudaýdan siziň gelejegiňizi nähili görýändigini Ondan soraň. Onuň size görkezjeklerini ýa-da aýtjaklaryny ýazyp alyň.

16

# GÜNÄNIŇ GÜÝJI (2-NJI BÖLÜM)

Geliň, geçen bapda gürrüňi edilen Bilgam pygambere dolanalyň.

Bilgam birinji wekiller gelende, mowaplar we midýanlar bilen gitmeli däldigi barada Hudaýdan buýruk alýar. Wekilleriň ikinji topary – bu gezek has abraýly topary gelende, Bilgam ýene-de Rebbe ýüzlenýär. Ol bütinleý başga jogap alaryna garaşýar.

Siziň şeýle ýagdaý başdan geçiripmidiz? Siz Hudaýyň näme diýýändigini ýüregiňizden bilip-de, Ondan başga jogap garaşyp Oňa dileg edipmidiňiz? Belki, “Gidip bu barada dileg edeýin”, “Bu barada dileg etmäge rugsat ediň” diýen pikirler bilen şöwketparaz islegleriňizi basyransyňyz?

Siz babatda nähilidigini bilemok welin, men-ä şu meselede günäli. Şu bapda men öz gynançly mysallarymyň birki sanysyny siziň bilen paýlaşaýyn.

Bilgam bu güýçli patyşadan sowgatlary we derejeleri almagy küýseýärdi, ýöne Hudaýyň buýruklarynyň “çäklendirmelerinden” ätläp bilenokdy. Ol eger bilkastdan gulak asmasa, ýalkanyşlary görmejekdigine akyly çatýardy. Käwagt şeýle bilim öňküden-de has uly aldawa ýol açýandyr.

Şunlukda, Hudaý: “Tur-da, olar bilen git” diýende Bilgamyň nähili geň galandygyny göz öňüne getirip görüň. Belki, ol: “Täsin zat! Gaýtadan dileg edenim gowy bolupdyr” diýip pikir edendir.

Şunlukda, Bigam ertesi turup, edil Hudaýyň geçen gije aýdyşy ýaly edýär. Soňra bolsa: “Bilgam emeldarlar bilen gideninde, Hudaýyň gahary geldi...”

(Çölde 22:22) diýen aýady geňirgenip okaýarys.

Näme, Hudaý akylyndan azaşdymyka? Elbetde bu ritoriki sorag, sebäbi biziň hemmämiz munuň beýle däldigini bilýäris! Onda Hudaý näme üçin gaharlandyka? Bilgam edil Hudaýyň aýdyşy ýaly edip, gitdi ahyryn. Ýöne Hudaý oňa munuň üçin gaharlanýar. Nämeler bolýar?

Biz şu ýerde hakykaty görýäris. Köpler ony bilenok we oňa düşünenok. Men hem ony ýüze çykarmazymdan öň ençeme ýyllap synaglardan geçdim:

Eger biz bir zady islesek (küýsesek), Hudaý bolsa bize bu meselede eýýäm Öz yradasyny (Öz Sözi arkaly ýa-da dilegde) mälim eden bolsa, biz hem soramagymyzy dowam edýän bolsa, Ol bize muny berip bilýär. Ol muny biziň üçin gowy däldigini, ahyrda munuň üçin höküm ediljekdigimizi bilsede, berýär.

Bu sözler sizi sardyryp bilýär, ýöne bu hakykat. Men size muny Mukaddes Ýazgylaryň käbir wakalary arkaly subut edeýin.

## Jogaby berlen haýyşlar

Ysraýyl patyşa isleýär. Ýaşulular Şamuwel pygamberiň ýanyna gelip, öz isleglerini beýan edýärler. Olar şeýle diýýär: "...beýleki milletlerde bolşy deý, üstümizden hökümdarlyk eder ýaly, bize-de bir patyşa belle" (1 Şamuwel 8:5).

Pygamber olaryň haýyşy bilen Rebbe ýüz tutýar. Hudaý pygamber arkaly ýaşululara patyşanyň olar üçin gowulyk bolmajakdygyny duýdurýar. Ol patyşanyň olaryň ogullaryny öz goşunyna aljakdygyny duýdurýar. Patyşa olaryň ogullaryny öz ekin meýdanlaryny bejermäge, onuň üçin ýarag ýasamaga we başga işlere aljakdygyny hem duýdurýar.

Patyşa güýç bilen olaryň gyzlaryny-da alyp, olary aşhanada, kir ýuwulýan ýerlerde işlemäge, atyrlary taýýarlamaga we başga işleri etmäge mejbur etjekdigini aýdýar. Şeýle-de patyşa özi üçin saýlama ýerleri, üzümçilikleri, zeýtun tokaýlaryny, saýlama mal-garany talap etjekdigini we olary öz beglerine berjekdigi barada duýdurýar. Soňra Hudaý halka olaryň ahyrda Oňa gelip, özlerini ozal islän patyşalaryndan azat etmegini sorajakdygyny, ýöne Onuň bu meselede kömek etmejekdigini aýdýar.

Soňra şeýle ýazylgy: "Barybir halk Şamuweliň sözüne gulak asmady. Olar: 'Ýok! Bizde patyşa bolsun! Şeýdip, biz hem beýleki milletlere meňzäris. Biziň üstümizden patyşamyz hökmürowanlyk eder, öňümize düşer, uruşlarymyzda

bize baş bolar’ diýdiler” (1 Şamuwel 8:19, 20).

Şunlukda, Şamuwel halkyň şeýle isleýän zadyny Rebbe gaýtalady. Hudaý Öz yradasyna garşy gidip: “Diýenlerini et-de, olara bir patyşa belle” diýdi (1 Şamuwel 8:22). Hudaý olara öz islänini, bu olar üçin gowy däl hem bolsa, berdi. Olar özlerine patyşa aldy; ol we ondan soňky patyşalar edil Hudaýyň duýduryşy ýaly hereket etdiler.

Ýene bir mysal. Ysraýyl Müsürden çykýar; Hudaý olary ýerden bolmadyk iýmit – manna diýip atlandyrylýan gökleriň iýmiti bilen naharlaýar. Mukaddes Ýazgylar ony “perişdeleriň iýmiti” diýip atlandyrýar (ser. Zebur 77:25). Manna şeýle bir ýokumly iýmitdi. Hatda Ylýas ondan iki bölejegini iýenden soň kyrk günläp durman ylgady. Meniň durmuşymda käwagt hut şeýle iýmiti iýesim gelýän pursatlary bolýar!

Emma ysraýyllar bu çörekden ýadap, et iýesleri gelýär. Şonuň üçin-de, olar haýyş bilen ýüz tutýarlar. Mezmurçy şeýle ýazýar: “Dilediler, Ol bedene iberdi...” (Zebur 104:40). Hudaý olaryň dilegini örän täsin tärde bitirýär. Mukaddes Kitapda şeýle ýazylgy: “Göklerde gündogar ýelini Ol öwüsdirdi, kuwwaty bilen günorta ýelini Ol gönükdirdi. Et ýagdyrdy üstlerine bir tozan kimin, ganatly guşlary — deňiz çägesi kimin. Bulary gaçyrdy çadyrlarynyň aralaryna, mesgenleriniň daş-töweregine” (Zebur 77:26–28).

Hudaý diňe dileglerini bitirmedi, Ol muny gaty täsin tärde etdi! Ol Öz gudratly güýji bilen olaryň düşelgesine ýüz müňlerçe guşy getirdi. Ysraýyllar olary awlamady, olara ne itler, ne tüpeňler, ne kapasalar, ne-de başga zatlar gerek boldy. Bedeneler ýöne olaryň düşelgesine uçup geldiler, adamlara diňe ellerini uzadyp, olary howada ýa-da ýerden galdyryp alaýmak gerekdi. Eger biziň günlerimizde şeýle ýagdaý dörän bolsady, bu baradaky habar ähli habar beriş serişdelerde çykyp, gazetleriň baş mowzugyna öwrülerdi. Hudaý bolmajak zady amal etdi, ýöne mezmurçynyň yzýanyndan ýazýanlaryny okaň:

> “Olar gerk-gäbe iýip doýdular, sebäbi Ol olaryň küýsän zadyny berdi. Emma heniz isleglerinden el götermänkä, iýmitleri heniz agyzlaryndaka, Hudaýyň gazaby olaryň üstünden indi. Ol olaryň iň daýawlaryny öldürdi, Ysraýylyň nowjuwanlaryny ýere gaplady” (Zebur 77:29–31).

Ýalan hudaý däl, jyn däl, Hudaýyň hut Özi olaryň küýsän zadyny berdi, Ol muny täsin tärde etdi. Ýöne olar heniz iýip otyrkalar, üstlerinden höküm indi.

Biz şuny ýatda saklamaly: Hudaý adamy ýaradanda, bize saýlaw azatlygyny bermek kararyna geldi. Ol Onuň islegine görä saýlaman biljekdigimizi, saýlawymyzyň bize erbet täsir etjegini öňünden bilse-de, şeýle azatlygy berdi.

Mysal üçin, azaşan ogul ýadyňyzdamy? Ol atasyndan öz miras paýyny diledi. Atasy oglunyň puly dogry ulanmak üçin serişdleri paýhasly sowma endiginiň ýokdugyny bilýärdi. Ýöne şonda-da, oglunyň muny güýçli isleýändigi üçin, atasy el göterip, oňa miras paýyny berdi. Netijede, ogul hiç bir serişdesiz doňuz ýatakda ýaşamaly boldy.

Mukaddes Ýazgylardan başga-da köp mysallary getirse bolar, ýöne men hakykata düşünýänsiňiz diýip pikir edýärin. Biz Hudaýyň yradasyna gabat gelmeýän zatlary güýçli küýsänimizde erbet we helätkleýji ýagdaýlara düşýäris.

## Akylly eşek

Indi bolsa Bilgam baradaky gürrüňe dolanalyň.

Ol mowap patyşasy bilen duşuşyga ugraýar. Onuň ýany bilen patyşanyň kömekçileri barýar, ýöne Hudaýyň oňa eden saýlawy üçin gahary gelýär. Birden Bilgamyň öňünde Perişde peýda bolýar. Perişdeler elleri peýkamlyja semizje bäbeklerdir öýtmäň, olar güýçli we äpet barlyklardyr. Meniň çaklamalaryma görä, ol boýy iki ýarym-üç metr barlyk.

Perişde gylyjyny syryp, Bilgamyň ýoluny böwetleýär. Hudaý gudrat bilen eşegiň gözlerini açýar. Ol eli syrylan gylyçly äpet perişdäni görende, Ondan gaçmak üçin, ýoldan sowlup, meýdana bökýär. Bilgam gaharyna janaweri urup, ony ýola dolandyrýar.

Perişde iki gapdaly diwar bolan darajyk geçelgede ýene-de öňüni böwetleýär. Eşek Ony görende, ýene-de gaçjak bolup, Bilgamyň aýaygyny diwara gapjaýar.

Perişde sowlara ýer bolmaz ýaly, dar geçelgeli ýerde peýda bolýar. Bu gezek eşek eli syrylan gylyçly perişdäni görende, Bilgamyň aşagynda çökýar-de, ýatyberýär. Şonda pygamberiň gaty gahary gelip, gazabyna eşegini ýenjip başlaýar.

Hudaý eşege dil bitirýär, ol hem Bilgama şeýle diýýär: "Meni üç gezek beýle ýenjer ýaly, men saňa näme etdim?" (Çölde 22:28).

Bilgam eşegini käýemegini dowam etdi, ahyrda Hudaý Bilgam perişdäni görer ýaly, onuň gözüni açýar. Pygamber şobada ýüzin ýykylyp, tagzym edýär.

Men şu pursada çenli bu perişdäniň Hudaýyň öňünde hyzmat edýän ençeme perişdeleriň biridir öýdýärdim. Emma Mukaddes Ýazgylary terjime edenler (şolar bilen men hem) bu perişdäniň hut Rebbiň Özi bolupdyr diýip hasaplaýarlar. Ýöne men bu meseläni siziň garamagyňyza goýýaryn we bu ýerde sizi ol ýa başga tarapa yrmak maksadym ýok.

Perişde Bilgama şeýle diýdi:

> "Näme üçin sen eşegiňi üç gezek urduň? Men duşman hökmünde saňa päsgel bermek üçin çykdym, sebäbi sen Meniň nazarymda gabahat ýoldan barýarsyň. Eşek Meni gördi we üç sapar Meniň öňümden sowuldy. Eger ol sowulmadyk bolsa, hakykatdan hem Men seni öldürerdim, ony bolsa diri galdyrardym" (Çölde 22:32, 33).

Bu eşek Bilgamyň janyny halas etdi! Eger ol Rebden sowulmadyk bolsa, Bilgam ölerdi. Indi ol mowap we midýan beglerine şeýle diýer diýip çaklap bolar: "Dostlar, men yzyma dönmeli boldum. Öz patyşaňyza puluny özüne goýaýsyn diýip aýdaýyň". Emma Bilgam başga zat diýýär. Ol Rebbiň öňünde toba edip başlaýar:

> "Men günä etdim, Seniň garşymda ýolda duranyňy bilmändirin. Indi Sen eger meniň gitmegimi oňlamaýan bolsaň, men öýüme gaýdaýyn" (Çölde 22:34).

Bilgam öz günäsini boýun aldy, ýöne şobada hem "eger meniň gitmegimi oňlamaýan bolsaň " diýip sözüniň üstüni ýetirdi.

Bilgam, edýäniň näme? Haçana çenli beýtjek? Rebbiň Özi onuň ýolunda durdy, ol bolsa heniz-de öz isleýänini almaga dyrjaşýar. Ol patyşanyň hödürleýän puldur abraýyny şeýle küýsänsoň, Hudaýyň goşulmasy we jezasy babatda kör boldy. Onuň butparazlygy Hudaýyň ýüregine gözüni gapdy.

Biz özümizi Hudaýyň tabşyryklry bilen baglanan hasaplanymyzda, öz isleglerimizi Hudaýa gulak asmaklykdan ileri tutanymyzda,hut şeýle ýagdaý bolýar. Aldaw arkaly günäniň güýji artýar. Ozal Hudaýa garşy bolan zat indi o diýen göze ilip duranok. Gulak asýanlar muny saýgarýarlar, ýöne butparazlyklarynda hatda olar hem öz hyjuwly islegleri üçin Hudaýyň razylygyny almaga synanyşýarlar.

## Meniň ýetmezçiliklerim

Men otuz ýaşdan ýaňy geçen döwrümde Hudaý Liza ikimize bir oňat we meşhur neşirýat bilen baglaşan şertnamamyzyň Onuň yradasyna garşydygyny görkezdi. Men baş redaktoryň birinji teklibini ret etdim, ýöne Bilgamyň Ballagyň begleri bilen duşuşykda edişi ýaly däldi.

Redaktor maňa günde ýaly jaň edip, meniň habarymyň Isa Mesihiň Bedeni üçin gaty wajypdygyny aýdýardy. Ol tanymal däl awtorlaryň onuň neşirýatynda kitaplaryny çap eden badyna meşhurlyk gazanandygyny hem aýdýardy. Men bu ýaranjaň sözleri garbap ýuwutdym. Şol wagt meniň diňe iki kitabym, özem meniň öz hasabyma çap edilip, az sanly okyjylara ýetipdi. Men bu neşirýatçynyň milli derejesindäki gerimini we täsirini edinesim geldi. Hudaý hem maňa beren habaryny ýaýradasy gelýärdi. Emma muňa garamazdan, Onuň wagty heniz ýetip gelmändi: habar hem, neşirýatçy hem o diýen däldi. Mundan başga-da, meniň niýetlerim dogry däldi: men meşhur bolasym gelýärdi, ýagny öz dünýewi tekepbirligimden dereje bilen abraý agtarýardym.

Men öz kitabymy meşhur neşirýatda şeýle çap etmegi örän küýsämsoň, Hudaýyň aýdyň buýrugyna, aýalymyň maslahatlaryna, nyşanlara we oňuna bolmadyk başga zatlara kän bir pitiwa-da etmedim. Mukaddes Ruhuň duýduryş berýän sesi peseldi we oňa derek öňkünden-de güýçli isleg aldawy geldi.

Neşirýat başga ştatda ýerleşýärdi. Biz Liza bilen onuň şol ýere gidip, biziň guramamyzyň adyndan şertnama gol çekmelidigi barada karara geldik, sebäbi men muny işim sebäpli edip bilemokdym.Lizanyň gitjek güni irden ogullarymyzyň biri gaýtaryp, basgançakdaky halyny ikinji gata çenli hapalady. Biz hapalanan ýerleri arassalap otyrkak, Liza janygyp: “Jon, Hudaýyň şuny etmegimizi islemeýändigini görmeýärmiň?” diýdi.

Men batyrgaýlyk bilen: “Ýok, bu duşmanyň pyrryldyklary, ol bize böwet boljak bolýar” diýdim. Wah, hemme külpetler şunda tamamlanan bolsa, men mamla bolup-da bilýärdim. Ýöne işlerimiz hiç oňuna bolmaýardy, men bolsa hiç zady görmeýärdim. Men öz günämiň güýji bilen aldawa düşdüm.

Liza şol gün uçarda gidip, şertnama gol çekdi. Durmuşymyň indiki birnäçe aýy bulam-bujarlykda geçdi.

Men parahatlygy ýitirdim, oňa derek kynçylyklar we horluklar başlady. Men üç aýyň dowamynda kesellemedik keselim galmady: dürli wiruslar,

sowuklamalar we başga fiziki ysgynsyzlykar. Neşirýatçy bilen işler o diýen gowy däldi, biz hiç zatda ylalaşyp bilemzokdyk we biziň hyzmatymyz müňlerçe dollary ýitirdi.

Ýöne her nähili bolsa-da, men bilen Bilgamyň arasynda bir tapawut bardy: men öz güýçli islegimiň gözümi gapyp, Hudaýyň yradasyny menden gizlänine düşündim. Hudaýyň hökümi (jezasy) meniň başymdan indi. Pawlusyň sözlerini ýatlaň: “Ine, şu sebäpden araňyzda ejizler we syrkawlar köp, ölenleriňiz hem az däldir. Biz ilki özümizi synap gören bolsadyk, onda höküme uçramazdyk. Reb bizi terbiýelemek üçin höküm edýändir. Ol muny biziň dünýä bilen birlikde höküm edilmezimiz üçin edýär” (1 Korintoslyar 11:30–32). Men ahyrda öz döreden butumy görer ýaly, gerekmejek synaglardan geçmeli boldum. Men öz kesirligim üçin toba etdim we ähli zat şobada diýen ýaly düzeldi. Neşirýatçy şondan kän wagt geçmänkä, şertnamany bozmak isleýändigini mälim etdi.

Aradan takmynan bir ýyl wagt geçensoň, meşhur neşirýat kompaniýasy bize başga bir habarymy – öýke-kinelerden azat bomak baradaky habarymy çap etmegi teklip etdi. Hudaý maňa gürläp, şeýle diýdi: “Geçen gezekki neşirýatçy seniň islegiňdi, bu neşirýatçy bolsa Mendendir”. Meniň ozal çeken jezam sebäpli indi niýetlerim-de üýtgäpdi. Men adamlaryň hakyky azatlygy alary ýaly, indi Hudaýa jan-tenden tabyn bolasym gelýärdi. Bu Hudaýyň ýaýratmak islän habarydy. Bu kitap “Şeýtanyň aly” diýen at bilen çap edilip, häzirki wagtda iki milliondan gowragy satyldy.

Men bu sapagy öwrenip, gaýdyp şeýle akmaklyk etmedim diýesim gelýär. Ýöne kyrkdan geçen wagtymda men Hudaýyň maňa aýan eden yradasyna, aýalymyň öwran-öwran gaýtalan maslahatlaryna, hyzmatymyzyň aýdan maslahatlaryna ýene-de äsgermezçilik etdim. Bu gezek aldaw has-da güýçlüdi, synaglar, agyry we jebirler arkaly berlen jeza on sekiz aý diýen ýaly dowam etdi. Men ýene-de but döredenime düşünip, toba etdim, ýöne munuň üçin gaty uly bahany tölemeli boldum.

Men şuňa berk ynanýaryn: eger Bilgam özüni Hudaýyň ýüregine açan bolsady, gelejekde has köp zatlary gazanardy. Emma ol öz butparazlygyndan dänmedi we netijede Hudaýyň hököminden öldi (ser. Ýeşuwa 13:22).

Mähribanlarym, men siziň şeýle muşakgatlar arkaly sapak öwrenmegiňizi islemeýärin. Men bu güýçli habar sizi meniň uçran gerekmejek agyrylarymyň we muşakgatlarymyň öňüni almaga kömek eder diýip umyt baglaýaryn.

## Hereket ediň

Eger biz öz isleglerimizi Hudaýa tabyn etmesek, olar bizi Ondan uzaklaşdyrarlar we Onuň bizi olaryň ygtyýaryna tabşyraýmagy-da ahmal. Biz Hudaýyň Öz yradasyny Mukaddes Ýazgylarda eýýäm anyk mälim edendigini köp görýäris. Emma Onuň halky özüne zyýanly bir zady Ondan dilände, Ol halkyň synaglardan geçjekdigine garamazdan, onuň islegini kanagatlandyrýardy.

Hudaý muny biziň günlerimizde hem şeýle edýär. Ol biziň isleglerimizi Öz yradasyna garşy bolan ýagdaýynda berjaý edýär. Ýöne şonda biz arzuwly patalary almarys. Bu bizi agyryly we ýaramaz hüküme elter.

Emma biz muny hökman başdan geçirmeli diýen zat ýok. Tersine, biz üçin haýsydyr bir gowy zady etmegi başarýan Hudaýa bil baglamaly. Ol köplenç biziň ähli arzuwlarymyzy hasyl edýär, ýöne muny dogruçyl ýol bilen edýär. Eger biz Oňa eýersek, Ol bizi ýalkawly ýörelgä çykarar, arzuwlanylýan final bolsa Onuň wagtynda bolar. Ýoluňyzy şu günüň özünde Rebbe tabşyryň. Ondan sizi öz isleýşiňiz ýaly däl-de, Onuň isleýşi ýaly alyp gitmegini soraň. Oňa has hem ymykly eýerip bileriňiz ýaly haýsy ädimleri etmelidigiňizi Ondan soraň. Olary ýazyp alyň we berjaý ediň.

# 17

# AZAŞÝANLAR

Üns merkezindäki meselämizden uzaklaşmaz ýaly, geliň, butparazlygyň aslynyň nämededigini gaýtalap geçeliň. Bu adamlaryň – imanlyaryň ýa-da imansyzlaryň Hudaýyň ýörelgelerine laýyk gelmeýän öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin, Onuň aýdyň talaplaryny ret etmegidir. Şu sebäbe görä, Pawlus şeýle ýazýar:

> “Şuny bilip goýuň: hiç bir azgynyň, murdaryň ýa-da açgözüň Mesihiň we Hudaýyň Şalygynda mirasy ýokdur. Çünki şeýle adamlar butparazlar bilen des-deňdir. Hiç kim sizi boş sözler bilen aldamasyn. Şu zatlar sebäpli Hudaýyň gazaby Özüne boýun egmeýänleriň üstünden inýändir. Şonuň üçin olar ýalylar bilen gatnaşmaň” (Efesliler 5:5–7).

Hudaýyň gazaby iman etmeýäniň üstünden inýär, ýöne Ol butparazlyga (açgözlüge) ýüz uran imanla hem ony Öz ýüregine gaýtarmak üçin temmi berýändir. Emma imanly Bilgam ýaly Hudaýa tabyn bolman, kesirligine tutsa, onda jezanyň has zabun – ölüm hem bolup bilýär. Pawlus umanlylara şeýle duýduryş berýär: “Eger siz ynsan höwesleriniň talaplaryna görä ýaşasaňyz, ölersiňiz” (Rimliler 8:13). Resul Ýakup hem şeýle duýduryş berýär: “On-soň höwes göwreli bolup, günäni dogurýar, günä hem ýetişip, ölümi dogurýandyr. Eziz doganlar, aldanmaň!” (Ýakup 1:15, 16).

Butparazlyk haýaldan täsir edýän zäher ýalydyr, ol – ruhy kriptonit. Onuň bilen oýun etmeli däldir. Butparazlygyň kerebi inçeden berkdir. Biz Bilgamyň mysalynda onuň güýjüniň diňe çalaja şöhlelenmesini görendiris. Indi bolsa, geliň, öňe ädim edeliň. Hudaýyň Ysraýylyň liderlerine aýdan duýduryşyny ünsli okaň:

> “Onsoň maňa Rebbiň şu sözi aýan boldy: ‘Eý, ynsan ogly! Bu adamlaryň ýüregi butlara baglandy. Günä edip, büdreme daşyny öz öňlerinde goýdular. Heý, şundan soň hem Men bulara Özüme maslahat saldyrarynmy?’” (Ezekiýel 14:2, 3).

Biz ýene-de butparazlygyň heýkeller, but gurbanlyk sypalary, buthanalar bilen çäklenmeýändigini görýäris. Hudaý “ýüregi butlara baglandy” diýip, şübhä ýer goýanok. Bu agaçlaryň aşagynda, jemgyýetçilik ýerleriniň merkezinde ýa-da buthanalarda duran but heýkelleri däl. Ýok, bu adamlaryň ýüreginde goýlan butlardyr. Bu adamlar öz ýüreginde Hudaýyň yradasyna garşy bolan höwesleri gizleýärdiler. Hudaý sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> “Şonuň üçin hem olar bilen gepleş-de, Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: ‘Ýüregini butlara baglan, etmişlerini büdreme daşy hökmünde öz öňünde goýan, soň hem pygamberiň ýanyna baran her bir ysraýylla, Men-Reb butlarynyň köplügine laýyklykda Özüm jogap bererin” (Ezekiýel 14:4).

Adam buprazlyga (garşy bolan isleglere) bagly bolup, ruhanynyň ýanyna maslahat, öwüt ýa-da taglymyň islendik görnüşini almak üçin gelende, ol jogap alyp bilýär, ýöne bu jogap Hudaýyň yradasyna laýyk gelmez. Bu Bilgamyň alan jogaby ýaly bolar. “Täze amerikan standart Mukaddes Kitabyndaky” terjimede bu aýat şeýle berlen: “Men–Reb onuň butparazlygynyň köplüginiň öňünde onuň meselesi boýunça jogap bermek üçin Özüm bararyn”.

Adamy onuň butpazalygynda paş etmekden boýun towlap, oňa hemme zat gülala-güllük diýýän hyzmat liderine berlen duýduryşy diňläň (Köne Äht-de pygamberler we ruhanylar hyzmat liderleri bolupdy; mundan beýläk men häzirki döwrüň hyzmat liderlerine degişli bolan sözleri ulanaryn):

> “Eger pygamber adama onuň eşitmek isleýän jogabyny berse [şeýtmek bilen maslahat soraýan adamyň günäsine (onuň butparazlgyna) şärik bolmagyna ýol berip], Men–Reb bu pygamberi öz jogabynda aldawa salaryn” (Ezekiýel 14:9, iňlis dilinden terjime, AMPC).

Men häzirki döwrüň hyzmatçylarynyň, aýratyn hem günbatar ýurtlaryndaky hyzmatçylaryň ýaýradýan taglymatlary barada köp oýlananyp, dileg edenimde käwagt aglap, gaty gynanýardym. Men Hudaýa perýat edip, häzirki döwürde aýdylýan ýa ýazylýan hoş habarlaryň gowşaklygynyň sebäbini açyp görkezmegini sorap ýalbardym. Muňa jogap berip, Hudaýyň Rujy meni Ezekiýel kitabynyň 13 we 14-nji baplaryna äkitdi. Bu baplar dyngysyz günäni – butparazlygy paş etmeklige biperwaý garaýan gümürtik taglymlaryň aňyrsynda nämeleriň ýatandygyny görkezýär. Eger hyzmatçy özüne eýerýänleri ýa-da abraýyny ýitirmezlik üçin doly däl Hoş Habary wagyz edýän bolsa, bu gizlenýän açgözlükdir. Hut şu sebäpden ýalan taglymlaryň pajarlan döwürlerinde Ýermeýa pygamber şeýle gygyrýar:

> “Uludan-kiçä ählisi haram gazanjyň yşgynda, pygamberden ruhana çenli her kes gün görýär hile bilen” (Ýermeýa 6:13).

Men häzirki döwürde köp ýerde mese-mälim bolan ruhy gowşaklygyň - kriptonitiň çuň täsirini öwrenmäge başladym. Men özlerini imanly hasaplaýan köp adamlardaky närazylygy gördüm. Olaryň ýürekleriniň ýagdaýyndan “durmuşda ýetmeýän zatlaryny” edinmäge höwesler döreýärdi. Bu “ýetmeýän” zatlar köplenç hakyky mätäçlik däl-de, has köp we gowusyny edinmek açgözlügidi.

Açgöz islegleri zerarly ugurlaryny ýitirip azaşan liderler hem Mukaddes Ýazgylary hakykaty agtarýanlaryň günäli durmuş ýörelgesini hamala görmeýän ýaly wagyz edýärdiler. Şunuň bilen birlikde-de, olar Mukaddes Ýazgylaryň erbet hereketleri paş edýän ýerlerinden gaça durmaga synanyşýardylar. Şeýle butparazlyk hyzmatçynyň we imanlynyň öz isleýän habarlaryny we maslahatlaryny almagyna gözüni ýumýar. Bu habarlar we maslahatlar göni şol isleglere we hyjuwlara gönükdirilen bolup, olaryň butparazlygyny artdyrýar.

Ýermeýa we Ezekiýel ýaly, Pawlus Täze Ähtde geljekki döwür barada pygamberlik aýdýar: “Çünki adamlaryň sagdyn taglymaty diňläsi gelmejek zamanasy geler. Şonda olar öz höweslerine ýaraşykly, gulaklaryna-da ýakymly sözleri aýtjak öwredijileri gözlärler” (2 Timoteos 4:3).

Şol döwre hoş geldiňiz! Gözleýjilere geregi – gulaklaryna hoş ýakýan zatlary aýtjak “hyzmatçylary” tapmak. Bu “hyzmatçylar” hem açgöz bolarlar.

Başga tarapdan, dogruçyl, Hudaýdan gorkýan lider Hudaýyň Sözüniň bir

maslahatyndan-da boýun towlamaz. Mukaddes Ýazgylary bölekleýin dälde, dolulygyna kabul etmeli we amal etmeli. Şeýle lider hakykaty aýtmaga, düzetmäge gorkmaz we ruhlandyrar.

Pawlusyň aýdýan hyzmatçylary öz abraýy, sypaty, ösüşi we taslamalary barada alada ederler.Olary gerek netije ýa-da sylag arkaly yryp bolar, şonuň üçin-de olar Hudaýyň Sözüni kabul edip-etmeýändiklerine garamazdan ony dogry aýtmaga derek, öz diňleýjileriniň höweslerine görä gürlärler we öwrederler.

## Hakykaty diňe bir hyzmatçy aýtdy

Ýahudanyň patyşasy Ýehoşapat Ysraýyl patyşasy Ahabyň gyzy bilen garyndaşlyk açyp, onuň soýuzdaşy bolýar. Ýehoşapat üçin bu soýuz peýdaly däldi, sebäbi ol Hudaýdan gorkýan adamdy, Ahap bolsa butparazdy. Birnäçe wagt geçenden soň Ýehoşapat ysraýyl patyşasyny görmek üçin Samariýa ugraýar.

Ahap öz myhmanyna Ýahuda bile Ysraýylyň goşunyny jemläp, Siriýa hüjüm etmäge çagyrýar.Ýehoşapat şeýle jogap berýär: “Hüjüm etsek edäýeli. Biz ikimiz dogan-a, goşun seniň ygtyýaryňda, buýruber. Biz seni bu uruşda, elbetde gorarys”. Ýöne soňra sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Ýöne ilki bilen Rebbiň näme diýýändigini soralyň” (ser. 2 Ýyl ýazgylary 18).

Şunlukda, Ahap Ysraýylyň dört ýüz sany iň görnükli hyzmatçylaryny we liderlerini üýşürýär. Olar Bagal, Aşera butlaryna, Kemoş we beýleki ýalan hudaýlaryň hyzmatçylary däldi. Olar Reb Hudaýyň hyzmatçylarydy, olar Ýahwe Hudaýyň adyndan pygamberlik edýärdiler. Ahap olardan urşa gitmelidigi ýa-da ondan saklanmalydygy barada soraday.

Hyzmatçylaryň hemmesi biragyzdan: “...Hüjüm et, çünki Hudaý ony seniň eliňe berer” diýdiler (2 Ýyl ýazgylary 18:5). Bu liderler diňleýjilerine, aýratyn hem wajyp adamlara, diňe oňat habarlary aýtmaga öwredilendiler. Olar Ýahwäniň hyzmatçylary bolandygyna garazdan, olar hem açgözlügiň täsirindedi – olar butparazdy.

Bularyň Ysraýylyň iň abraýly hyzmatçylarydygyna we olaryň habarlarynyň hemmeler üçin şeksizdigine garamazdan, olaryň maslahaty Ýehoşapadyň göwnüne ýaramady. Hudaýdan gorkmaklyk oňa saýgarmaklyk ukybyny ýitirmezlige kömek edýärdi. Ol: “Bu ýerde sorar ýaly Rebbiň başga pygamberi ýokmy?” diýip sorady (6-njy aýat). Ol gürlänleriň Ýahwäniň pygam-

ber-leridigini bilýärdi, ýöne nämedir bir zat bolmalysy ýaly däldi.

Ahap jogap berip, şeýle diýdi: “Rebden sorap görmäge ýene bir pygamber bar, ol Ýymla ogly Mikaýa, ýöne men ony ýigrenýärin. Ol maňa hiç ýagşy zatlary pygamberlik etmän, gaýtam diňe betbagtçylyk hakynda pygamberlik edýär” (7-nji aýat). Ýaranjaňlyk sözlerine uýgun bolan butparaza ýa-da imanlylar jemagatyna Hoş Habaryň hakyky hyzmatçysy şum habarçy, ýüregedüşgüç adam hökmünde görnüp bilýär.

Mikaýa beýlekilerden tapawutlanýardy, sebäbi ol Ahapdan hiç zat islemeýärdi we ondan zada tamakin däldi. Ol adamdan däl-de, Reden gorkýardy. Ol Hudaýyň oňlamasyny üstünlikden ileri tutýardy. Ol Ýahwäniň öz Gözbaşysydygyny bilýärdi we kriptonitiň täsirindäki patyşanyň däl-de, Rebbiň göwnünden turmak isleýärdi. Bu oňa päkligini ýitirmän, beýleki hyzmatçylary heläklän ýalandan saklanmaga kömek etdi.

Onsoň Ahap Mikaýanyň yzyndan adam iberýär. Olar Hudaýyň hakyky pygamberiniň gelerine garaşyp otyrkalar, hyzmatçylar iki patyşanyň öňünde pygamberliklerini dowam etdiler. Olaryň biri – Kenagananyň ogly Sidkiýa özüne demir şahlar ýasap, şeýle diýdi: “Reb şeýle diýýär: ‘Sen şu şahlar bilen siriýalylaryň üstüne hüjüm edip, olardan üstün çykarsyň” (10-njy aýat).

Şonda beýleki hyzmatçylaryň hemmesi, onuň aýdýanlaryna goşulyp, patyşa şeýle diýidler: “Ramotgilgada git, sen ýeňiş gazanarsyň. Reb ony patyşanyň eline berer” (11-nji aýat). Elbetde, hemmeleriň aýdýanyny gaýtalap, başgalardan tapawutlanmazlyk aňsat, şeýle dälmi? Hemmeler ylalaşyp, seniň sözüňi tassyklaýsalar welin, biz öňkünden-de güýçli ylhamlanyp, özümizi howpsuzlykda duýýarys! Hawa, olar Ahabyň edil ýürek islegini tassykladylar we onuň olja almak açgözlügine – butparazlygyna gürlediler!

Pygamberleriň bary iki patyşa bir agyzdan maslahat berýärkäler, iberilen çapar Mikaýany tapyp, oňa: “Ähli pygamberler patyşa bir agyzdan hoş sözleri aýdýarlar; sen hem şolar ýaly hoş sözleri aýt” diýdi (2 Ýyl ýazgylary 18:12).

Meşhur ýygnaklaryň käbirine meni çagyranlarynda, men hem şeýle sözleri eşidýärdim: “Jon,adamlary ruhlandyr. Şatlykly habarlary wagyz et. Öwüt we teselli ber. Sen belent äheňde tamamlap bileriň ýaly, biz ýygnagy şatlykly aýdym bilen jemläris. Biz olaryň hemmesiniň ýürekleriniň ýeňläp gitmeklerini isleýäs”. Hamala sada hyzmatkär Patyşanyň sözlerini üýtgedip bilýän ýaly! Eger biz Onuň habarlaryny ýoýýan bolsak, biz Hudaýyň pygamberleri ýaly gürleýän ilçi bolmagymyzy bes edýäris. Şeýtsek, islenilýän zady bermek üçin, Täze Ähtiň

dürli ýerlerinden şatlykly habarlary okaýan adaty adamlar ýaly bolýarys.

Mikaýa çürt-kesik: “Rebden ant içýärin, Hudaýym maňa näme diýse, men şony hem aýdaryn” diýýär (14-nji aýat).

Eý, Ata, biziň döwrümizde hem şeýle etjek liderleri iber!

Mikaýa Ahabyň ýanyna gelende, oňa hem beýleki hyzmatçylaryň eýýäm jogap beren soragyny berdiler. Mikaýa ýaňsylap: “Çozuş et, sen ýeňiş gazanarsyň. Reb ony seniň eliňe berer” diýdi (14-nji aýat).

Ahap Mikaýanyň olaryň üstünden gülýändigine gynandy. Şonda Mikaýa olary gyzyklandyrýan mesele babatda Hudaýyň sözüni olara aýtdy: “Men bütin ysraýyllary daglardaky çopansyz goýun sürüsi kimin dagynyk halda gördüm. Reb şeýle diýýär: ‘Bularyň baştutany ýok, olaryň hersi sag-salamat öýüne gaýtsyn’” (16-njy aýat).

Ahap Ýehoşapada öwrülip: “Men saňa ol hiç haçan ýagşy zat hakda dälde, eýsem, diňe betbagtçylyk hakda pygamberlik edýär diýip aýtmadymmy näme?” diýdi (17-nji aýat).

Onsoň Mikaýa sözüni dowam edip, Ahaba nämeleriň garaşýandygyny aýtdy:

> “Onsoň Mikaýa şeýle diýdi: ‘Şonuň üçin hem sen Rebbiň sözüne gulak goý. Men Rebbiň Öz tagtynda oturanyny, ähli gögüň goşunlarynyň Onuň sagynda we solunda duranyny gördüm. Reb şeýle diýdi: ‘Ramotgilgada gidip heläk bolmagy üçin, Ysraýyl patyşasy Ahaby kim yryp biler?’ Biri bir zat diýdi, beýlekisi başga zat. Onsoň bir ruh gelip, Rebbiň huzurynda durup, şeýle diýdi: ‘Ony men yraryn’. Reb ondan: ‘Nädip?’ diýip sorady. Ol Rebbe: ‘Men giderin-de, Ahabyň ähli pygamberlerini ýalan sözlederin’ diýip jogap berdi. Onsoň Reb oňa: ‘Sen git-de ony yr, sen muny başararsyň’ diýdi. Ine, görýäňmi, Reb seniň ähli pygamberleriňi ýalan sözletdi. Reb seniň başyňa bela getirer” (18–22-nji aýatlar).

Hudaý Ahabyň ýüregindäki butparazlygy (açgözlügi) görüp jogap berdi. Bu ýerde Ezekiýeliň aýdýan hakykaty görkezilen. Hudaý diňe geçen bapdaky ýaly Bilgamyň we şu bapdaky ýaly Ahabyň ýüregindäki butparazlygy paş etmeýär, Ol bu pygamberligi aýdýanlary hem paş edýär.

Ahap eşitmek islän habaryny aldy, ýöne Hudaýyň ony gorap, halas edip biljek hakyky sözlerini ret etdi. Ahap söweşe ugrady. Ol siraiýalylar ony

tanamaz ýaly, eşigini çalşyp, janyny halas edenem bolsa, tötänden atylan peýkam ony helākledi we ol gün ýäşmanka öldi. Adamdan bukulyp bolýar, Hudaýda – hiç haçan!

Biziň günlerimizde näme bolup geçýär? Biz Hudaýyň wada beren howpsuzlygyny, üpjünçiligini we gutulyşyny isleýärismi? Ýa-da biz özümize ýaranjaňlyk edilenini isleýärismi? Öz düşen aldawymyz üçin çynlakaý külpetler bize howp salýarka, “parahatlyk” barada eşitmek isleýärismi?

Biz bu zatlar barada Mukaddes Ýazgylaryň aýdýanlaryna laýyklykda pikir edip bilýärismi? Haýsysy gowy: Hudaýyň sözüniň maslahatyna tabyn bolmagyň berýän uzakwagtlaýyn goragy gowumy ýa-da gysgawagtlaýyn ýüzleý ýalkanyşlar? Bize öwrümiň aňyrsynda gutulgysyz jeza ýa-da höküm garaşyp durka, bularyň haýsysy gowy?

## Hereket ediň

Özüni mesihi diýip atlandyrýan köp adamlar diňe ýakymly sözleri eşidesleri gelýär. Köp hyzmatçylar açgözlükden ýa-da adamlardan bolan gorkusy zerarly diňleýjilerine diňe ruhlandyryjy sözleri aýdasy gelýär. Şeýle ýagdaýlarda şirin sözler ajaýyp ýaňlanýar, ýöne olar liderleri we olara eýerýän adamlary juda ýakymsyz ýere alyp barýarlar.

Hakykatyň ilkibaşda agyryly bolýandygyna garamazdan, bize ony eşitmek wajypdyr. Hakykaty eşitmek her nähili agyryly bolsa-da, bu aldawda ýaşan ýagdaýymyzda başyma düşjek synaglardan az agyrylydyr.

Siz hakykaty agtarýan adam bolup bilýäňiz.

Hudaýa ýalbaryp, siziň durmuşyňyz babatda Öz hakykatyny aýtmagyny soraň. Goý, Ol bilmezlikden aldanýan ýeriňizi size açyp görkezsin. Onuň size aýtjak hakykatyny ýazyp alyň we gelejekki günlerde we hepdelerde bu barada oýlanyň. Soňra bolsa hakykaty hatda onuň meşhur ýa-da syýasy nukdaýnazardan nädogrudygyna garamazdan, ony aýdyp bileriňiz ýaly, Hudaýdan sizi berkitmegini diläň. Dawalara ulaşmak gerek däl, ýöne Mikaýa ýaly: “Hudaýym maňa näme diýse, men şony hem aýdaryn” diýşi ýaly jogap bermegi başarmaly.

18

# ÝALAN ISA MESIH

Siziň “O nähili ýalan Isa Mesih?” diýip pikir eden bolmagyňyz ahmal. Bu bapda imanlylary butparazlyga çekýän inçe açary element barada gürrüň berler. Şu aspekt häzirki döwürde iman edýän adamlaryň köpüsiniň ruhy kriptonite aňsatlyk bilen aw bolmagynyň sebäbini düşündirýär. Bu kriptonit olary ýekelikde we tutuş ýygnak hökmünde güýçden mahrum edýär.

## Sizi Öz ýanyma getirdim

Ýokarda agzap geçişim ýaly, Ysraýylyň Müsürden çykyşy biziň halas bolmagymyzy, dünýäden çykyşymyzy aňladýar. Musa ysraýyllary Sinaý dagyna alyp bardy. Ol şol ýerde Hudaýa duýupdy. Musa öz halkynyň hem şeýle duşuşygy başdan geçirmegini isledi. Musa näme üçin halky wada Beren bilen tanyşdyrmazdan, halky ýüzugra wada berlen topraga äkitmek islemedi? Olar Sinaý dagyna gelen badyna:

> “Musa Hudaý bilen duşuşmak üçin daga çykdy. Dagyň depesinden Reb ony çagyryp, şeýle diýdi: ‘Ysraýyllara, ýagny, Ýakubyň nesline şuny aýt: Müsürlilere näme edendigimi siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip gelşi ýaly, Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim’” (Müsürden çykyş 19:3, 4).

Onuň: “Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim” diýen sözlerine üns beriň. Bu jümlede Hudaýyň bizi dünýäden halas etmeginiň sebäbi bar. Hudaý sizi ýanyna alyp geldi. Ol sizi isleýär, Ol siziň bilen atanyň öz çagalary bilen gatnaşykda bolşy ýaly gatnaşmagy küýseýär.

Siz Hudaýyň Öz halkyny garşylanda nähili şatlanandygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Onuň halky birnäçe asyrlap ýesirlikde bolupdy. Liza biziň her oglumyz bilen göwreli bolan döwründe, men olaryň dünýä inmegine sabyrsyzlyk bilen garaşandygym ýadymda. Men uzak dokuz aý garaşypdym. Men olary elimde saklasym, olaryň ösüşini synlasym, seslerini diňläsim, şahsyýetleriniň aýratynlygyna düşünesim, olar bilen ata hökmünde gatnaşasym gelýärdi. Bir söz bilen aýdanymda, men olary küýseýärdim.

Hudaýyň hem garaýşy şeýledi, ýöne Ol dokuz aýdan has köp wagt garaşypdy.

Adamlar Hudaý bilen duşuşmak üçin belli bir taýýynlyklary görmelidi. Hudaý şeýle diýdi: “Adamlaryň ýanyna bar, şu gün we ertir inlerini tämizlemegi buýur, goý, olar geýimlerini-de ýuwsunlar. Birigün taýýar bolsunlar. Sebäbi birigün Men ähli adamlaryň gözüniň alnynda aşak Sinaý dagyna injek” (Müsürden çykyş 19:10, 11).

Reb Öz halkyna şeýle diýýärdi: “Men sizi küýseýän, ýöne duşuşygymyz gowy geçer ýaly, siz eşikleriňizden Müsüriň kirini ýuwup aýyrmaly. Men siziň Ataňyz, mundan başga-da, Men mukaddes Hudaý, Men siziň bileň ýüzleý gatnaşyga oňňut etmerin”.

Diňe özüni bilýän adamlar bilen wajyp çuňňur gatnaşygy saklap bolmaýar. Hudaý biziň üçin Özüni bütinleý berdi, Ol biziň-de dünýä ýaly ýaşamagymyza ýol berip bilmeýär, sebäbi dünýädäki adamlar beýlekiler bilen diňe öz şahsy bähbitlerini aramak üçin gatnaşýarlar.

Sinaý dagynda iki gün geçdi, üçünji güni irden Reb Özüni adamlara aýan etmek üçin aşaga indi. Ol inende, adamlar gorkudan sandyrap, yza çekildiler. Olar Musa şeýle diýdiler: “Bize sen geple, biz eşideris, ýöne, goý, Hudaý bize geplemesin, ýogsam, biz öleris” (Müsrüden çykyş 20:19).

Musa erbet hopukdy. Olar özlerini gulçulykdan halas Edenden neneň edip yza çekilip bildiler? Olar neneň edip Ýaradanyň sesini eşitmek islemediler? Ýöne Hudaýyň gynanjyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Ol şu pursada örän garaşypdy. Ol olary Musany bilşi ýaly bilmegi diýseň küýseýärdi. Ýöne olar Onuň huzuryny ret etdiler.

Men ogullarymyň biriniň: “Kaka, men seniň bilen gönüden-göni gatnaşasym

gelenok. Goý doganlarymyň biri maňa seniň sözleriňi ýetirip dursun" diýen bolsa, özümi nähili duýjagymy göz öňüne-de getirip bilemok. Bu nähili erbet!

## Ruhanylygyň bellenmegi

Adamlar Hudaý bilen gönüden-göni gatnaşmak islemänsoň,Ol ruhanylygy bellemegi karar etdi. Ruhany – bu adamlara Hudaýyň adyndan gürleýän adam. Ýewreýlerde eýýäm Musa pygamber bardy. Ol Hudaýyň sözlerini halka ýetirýärdi. Emma Hudaý halk bilen yzygider we dowamly gatnaşygy goldamak üçin ruhanylygy berkarar etmelidi.

Soňra Hudaý şeýle diýdi: "Aşak düş-de, Haruny özüň bilen alyp gel" (Müsürden çykyş 19:24). Hudaý muny ilkibaşdan niýetlän bolmasa-da, Harun Onuň ilkinji ruhanysy body. Hudaý ilkibaşda hemmeleriň ruhany bolmagyny isläpdi. Olar Sinaý dagyna gelende, Ol şeýle diýdi: "'Siz Meniň üçin ruhanylar bolup hyzmat edýän, Maňa bagyş edilen mukaddes millet bolarsyňyz' Ine, seniň ysraýyllara aýtmaly sözleriň şudur" (Müsürden çykyş 19:6). Hudaý Ysraýyldaky her bir adamyň Onuň bilen gürleşmäge ukyply bolmagyny isleýärdi.

Hudaý Musa Haruny ýany bilen daga getirmegi buýurdy. Emma bizde Harunyň bu duşuşyga gidenligi barada ýazgy ýok. Ol haýsydyr bir sebäbe görä halk bilen düşelgede galýar. Musa bolsa ýeke özi daga galyp, şol ýerde kyrk gije-gündiz bolýar. Harun näme üçin onuň bilen gitmedi? Belki, oňa Hudaý bilen bolandan, halk bilen bolmak oňaýly bolandyr? Belki, ol Hudaý bilen ýekelikde galmaga gorkandyr? Biz munuň jogabyny bilemzok, ýöne şuny welin anyk bilýäris: ol tizara akyla sygmajak iş edýär.

## Ýasama Ýahwe

> "Halk Musanyň dagdan yzyna dolanman, ol ýerde köp eglenenini görüp, Harunyň daşyna üýşdüler..." (Müsürden çykyş 32:1).

Näme boldy? Birinjiden, halkyň öz islegleri bardy, olar şolary amal edesleri gelýärdi. Ikinjiden, Harunyň liderlik häsiýetleri bardy, ol adamlary özüne çekýärdi. Bu gaty möhüm mesele, sebäbi lideriň Hudaýa gulak asyp-asmaýanlygyna garamazdan, adamlar oňa ýykgyn bolýarlar. Lideriň yzyna köp adamlaryň eýermeginiň bir özi onuň Hudaýy hakykatdan-da tanaýanlygyny

aňlatmaýar. Adamlaryň Haruna näme diýýändigine gulak asyň:

> “...Öňbaşçylyk eder ýaly, hany, bize bir hudaý ýasa, çünki bizi Müsürden çykaryp getiren Musa diýen adama näme bolanyny biz bilemzok” (Müsürden çykyş 32:1).

Ilki bilen şuňa üns bereliň – adamlar: “Hudaýa näme bolanyny bilemzok” diýmeýär. Bu örän wajyp sorag, oňa biraz soňra dolanarys.

Ikinjiden, olaryň “bize bir hudaý ýasa” diýýänine üns beriň. Ýewreý dilinde “hudaý” manysynda *elohiym* sözi ulanylýar. Bu söz Köne Ähtde 2600-dan gowrak gezek duşýar. 2250-den gowrak gezek bu söz Gudratygüýçli Hudaýa degişli bolup durýar. Mysal üçin, Gelip çykyş kitabynyň birinji babynda bu söz 32 gezek duşýar. Mukaddes Kitabyň ilkinji aýady şeýle ýaňlanýar: “Başda *Elohiym* gögi we ýeri ýaratdy”.

Ýene bir mysal Kanun taglymaty kitabynda (13:4) görýäris: “Hudaýyňyz (*elohiym*) Rebbiň (Ýahwe) yzyna eýeriň, diňe Ondan gorkuň, Onuň buýruklaryny ýerine ýetiriň, Oňa gulak asyň, gulluk ediň, Oňa bil baglaň”. Görýäňizmi, Mukaddes Ýazgylar Rebbiň adyny – Ýahwe aýdýar, soňra bolsa Ol barada *elohiym* diýip ýazylan. Ol – Hudaý, Ol bütüinleý ygtyýarlyk we esasy gözbaşdyr.

Emma Köne Ähtde 250-den sähelçe gowrak gezek *elohiym* sözi Dagon (1 Şamuwel 5:7) ýa-da Bagal (1 Patyşalar 18:21) ýaly ýalan hudaýyň sypatyny suratlandyrmak üçin ulanylýar. Şoňa görä-de, kim barada aýdylýandygyna düşünmek üçin, bu sözi kontekstde okamalydyrys.

Harun adamlaryň haýyşyna gulak asyp, olar altyn gulak ysyrgalary getirmegi buýurýar, ol bu altyny eredip, ondan şol belli bolan göläniň heýkelini ýasaýar. Göläniň heýkeli taýyn bolandan soň adamlar şeýle diýdiler: “Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran hudaýyňyz şudur!” (Müsürden çykyş 32:4). Iwrit dilinde “hudaý” sözüniň “elohiym”-digini ýatladaýyn.Emma biz şu ýerde olaryň kim barada aýdýandygyna düşünip başlaýarys – “sizi Müsürden çykaran hudaýyňyz şudur!” Olar özlerini Müsürden Kimiň çykarandygyny bilýärdiler, olar samsyk däldi.

Biziň çaklamamyz indiki aýatda tassyk bolýar:

> “Harun muny görende, onuň öňünde gurbanlyk sypasyny ýasady we jar edip: ‘Ertir Rebbiň şanyna baýramçylyk ederis’ diýdi”(Müsürden çykyş 32:5).

Bu aýatdaky “Reb” sözi – Ýahwe. CWSB muny şeýle teswirleýär:

> Bu söz Ysraýyl Hudaýyna degişlidir, aýratyn hem Onuň Özüni Musa aýan eden adyna degişlidir (Müsürden çykyş 6:2, 3). Hudaýyň mukaddesligini çuňňur hormatlansoňlar, adatça Onuň adyny agzamaýardylar. Bu sözi tä Wozroždeniýe eýýamyna çenli Köne Ähtde iwrit dilinde YHWH diýip çekimlisiz ýazýardylar.

Bu söz şu parçadan başga ýerde Mukaddes Kitapda ýalan hudaýyň ady babatda ulanylanok. Bolan zatda hiç ýalňyş ýok. Harun bilen halkyň bu göläniň heýkeline seredip, oňa Ýahwe diýişleri akyla sygar ýaly däl. Olar bu göläniň heýkelini Bagal, Dagon, Aşera, Ra, Neptida ýa-da haýsydyr baga bir müsür hudaýynyň ady bilen atlandyrmaýarlar. Olar: “Bizi Müsürden çykaran Ra, ine şudur” diýmeýärler.

Ýadyňyzdamy, olar: “Musa diýen adama näme bolanyny biz bilemzok” diýipdiler. Olar: “Hudaýa näme bolanyny biz bilemzok” diýmediler. Olar Ýahwäniň bardygyny we olaryň durmuşyna gatnaşýandygyny ret edenoklar. Olar öňküsi ýaly Rebbiň (Ýahwe) olaryň halas edendigini, şypa berip, üpjün edendigini boýun alýarlar. Olar ýöne Onuň hakyky keşbini özleri üçin amatly bolan Ýahwäniň – isleýän zatlaryny bereniň keşbine çalyşdylar.

Munuň häzirki döwürdäki mysaly şeýle bolup bilerdi: biz Liza bilen saparlara köp gatnaýarys, “Messenger International” guramasynda oňat toparymyz bar. Şonuň üçin-de, indiki parçada aýdyljak zatlar toslama pikir ýöretmesidir, sebäbi biziň toparymyzyň agzalary hiç haçan beýle iş etmez. Liderler bolmak bilen, biz Liza ikimiz işdäki we medeniýetdäki esaslarymyzy elmydama nygtaýarys, sebäbi olar biziň üçin wajypdyr. Ine, olaryň käbiri: biz toparymyzdan dokuz sagatlyk iş netijeliligini soraýarys, ýöne olar sekiz sagat işleýärler. Biz iş gurşawynyň ýakymly bolmagyny, hemmeleriň netijeli işlemegini, adamlary söýüp, bize ýüz tutýan her bir adama, hyzmatdaşa ýa-da lidere hyzmat etmegini, gündeki we hepdelik wezipelerini berjaý etmegini isleýäris – garaz, bu sanawy dowam edibermeli. Biziň ýerine ýetiriji direktorymyz (men oňa Tim diýen toslama ady bereýin) işde we gatnaşyk medeniýetinde talap edilýän standartlaryň berjaý edilmegine jogap berýär.

Geliň şeýle bir ýagdaýy göz öňüne getirip göreliň. Biz Liza ikimiz sapara giden, ýerine ýetiriji direktorymyz hem iş ýerinde ýokmuşyn diýeli. Biziň ýoklugymyzda, jogapkär hökmünde biziň baş maliýe direktorymyz Jordan

bolar. Tim giden badyna, Jordan topara şeýle diýýär: "Doganlar, Jon bilen Liza toparymyzda şatlygyň bolmagyny isleýär. Geliň, DJ-ýi çagyryp, yşykly we tüsseli tans meýdançasyny gurnalyň we indiki birnäçe günläp meýlis edeliň".

Şagalaňyň dowam edýän ähli günlerinde topar ähli zady edil talap edilişi ýaly edýändigini"boýun alarlar" Olar: "Biz Jon bilen Lizanyň islegni berjäý edýäris – olar biziň şatlanmagymyzy isleýärler" diýip, dyngysyz ykrar ederler. Soňra toparyň bir agzasy gygyryp, şeýle diýýär: "Dostlar, Jon jaň edýär. Men oňa bu meýlis barada gürrüň berýärin. Ol biziň üçin örän şat".

Elbetde, bu ýalan. Eger men dogrudan-da jaň edip, şeýle ýagdaýyň bardygyny ýüze çykaran bolsam, öz toparyma erbet gaharlanardym.

Indi bolsa şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip göreliň. Tim, ýerine ýetiriji direktorymyz, bizden öň dolanyp gelýärmiş diýeli. Ol hem bolýan ýagdaýa örän gynanar. Ol sazy, yşyklandyryjy enjamlary, tüsse çykarýan maşyny öçürer we topara ýüregindäkini çürt-kesik aýdar: "Jon bilen Liza muny halamaz. Siz olara nädogry düşünipsiňiz!" Soňra ol biziň nusga edinen medeniýetimiziň bozulmagyna ýol beren bölüm ýolbaşçylaryny işden boşadar.

Indi bolsa, geliň, bu amatly "Ýahwe" hudaýy döreden Ysraýylyň hereketlerine garalyň.

> "Ertesi gün halk irden turup, ýakma gurbanlygyny we salamatlyk sadakasyny berdi. Adamlar iýip-içmäge oturdylar, soňra turup oýnaşmaga başladylar" (Müsürden çykyş 32:6).

Bu Ýahwäniň baýramçylyk güni. Liderler we beýleki adamlaryň hemmesi Oňa gurbanlyk berýärler, soňra bolsa olary goýberýärler. Olaryň hemmesi öz işleri bilen "Ýahwäni" göwnühoş edýändigi babatda özlerini ynandyrýarlar. Olar Onuň özleriniň açgözlügine, jalataýlygyna we şagalaňly meýlisine (meniň pikirimçe, munda jynsy günäler hem edilendir) garşy bolmaz öýdýärler. Olar şeýle hereketler Hudaý (Ýahwe) üçin ýerliklidir öýtdüler. Hakykatda welin, bu asla ýerlikli däldi.

Indi olar butpazlygyň iň aldawçy görnüşine aralaşdylar. Olar Ýahwäniň nusgasyny – Onuň bütinleý gapma-garşylygyny döretdiler. Bu ýasama hudaý olara öz isleýişleri ýaly ýaşamaga, islänlerini etmäge rugsat berýär. Olar aslynda Hudaýa seždе etmekden (gulak asmakdan) boýun towlaýan butparaz halklardan hiç tapawutlanmaýar. Pawlus olaryň "boş pikirlere ulaşandygyny" aýdýar (ser. Rimliler 1:21). Ýeke-täk tapawut – butparaz

halklar öz hudaýlaryny Dagon, Bagal, Hapi, Ammit, Sopdu we ş.m. diýip, Ysraýyl bolsa öz HudaýynyÝahwe diýip atlandyrýar.

Soňra Hudaý ýerine ýetiriji direktor Musa şeýle diýýär: "Häziriň özünde aşak düş! Seniň Müsürden çykaran halkyň azgynçylyga ýüz urdy. Olar Meniň aýdan ýolumdan gaty çalt çykdylar. Olar özlerine göleden but ýasap, oňa sežde etdiler. Oňa sadaka berip: 'Eý, Ysraýyl, ine, sizi Müsürden çykaran hudaýyňyz şudur' diýişýärler" (Müsürden çykyş 32:7, 8).

Musa dolanyp gelýär, ol hasabat soramalydy. Ilki bilen Harundan, sebäbi ol ony öz ýerine goýup gidipdi, soňra bolsa liderlerden we ahyrda halkdan soramalydy. Şeýle ýazylgy: "Musa Harunyň bu halky başyna goýberendigini gördi, olar duşmanlarynyň öňünde gülküdiler. Soňra Musa düşelgäniň girelgesinde durup: 'Kimde-kim Rebbiň tarapynda bolsa meniň ýanyma gelsin!' diýdi. Ähli lewiler onuň daşyna üýşdi" (Müsürden çykyş 32:25, 26). Olar hem biz ýaly Rebbe diňe Onuň adyna sežde edip, öwgi nagmalaryny aýtmak üçin gelmeýärler. Biz Onuň tarapynda bolmagy saýlanymyzda, Onyň yradasyna we Onuň buýruklaryna görä ýaşamaklygy saýlap alýarys.

Şunlukda, biziň öňümizde birnäje wajyp soraglar ýüze çykýar:

Biz islänimizi etmäge rugsat berýän "haýsydyr bir Isany" özümiz üçin döreden-ä däldiris?

Biz Isa Mesihiň biziň üçin ganyny döküp, biz halas edendigine we dünýäden boşadandygyny boýun alýarysmy?

Biz Oňa we Ol barada göklere ýol açandygy hakda aýdym aýtmaýarysmy? "Biziň Isamyz" hakykat ýüzünde Atanyň sag tarapynda oturan Isamy?

Biz özümiz üçin Isanyň ýaňsylama nusgasyny döreden-ä däldiris?

Müsürden çykan ysraýyllaryň aldanyşy ýaly aldanan adamlar ýygnakda köpmi?

Ýene-de goşmaça bir sorag: Musa kimin Hudaýyň dagyndan düşüp, alawlaýan ýürekleri bilen aldanan adamlary paş etjek ýerine ýetiriji direktorlar kim?

Eger olar peýda bolmasa, biziň aldawymyz has hem güýjär. Kriptonit biziň ejizligimizi hatda ölüme çenli hem ezip biler.

## Hereket ediň

Häzirkizaman dünýäde Isa Mesihe iman edýändigiňi aýtmak aňsat. Ýöne şonda-da adamlaryň aglaba bölegi mesihilige garşy çykýarlar, sebäbi olar özleri bilen olaryň arasynda hiç tapawut görmeýärler. Mesihiler Isa Mesihiň oňlamaýan günälerinde ýaşap, soňra hem Isa Mesihiň adyny ykrar edýärler, Hudaýyň adyna hormat goýýandygyny aýdýarlar. Musanyň Ysraýyly jogap bermäge talap eden wagty aýdyşy ýaly, “Kimde-kim Rebbiň tarapynda bolsa meniň ýanyma gelsin!” Hakyky mesihileriň aýaga galyp, doganlaryny we uýalaryny hakykata çagyrmagyna wagt gelip ýetdi. Isa Mesihe eýermeklik ýokary bahany tölemekligi aňladýar. Biziň durmuşymyz bize degişli däl. Biziň erkimiz Hudaýa degişli ýa-da Ol biziň Hudaýymyz däldir. Biz Onuň bize mätäç zatlarymyzyň ählisini berjekdigine ynanýarys. Mesihiligiň çagyryşy şeýle: geliň-de, gutulyşy alyň, ýöne siz özüňiz üçin ölüp, täze ýaradylyş bolmalysyňyz.

Mesihiligiň hakyky çagyryşy barada oýlanyň. Bu mowzuk boýunça pikirleriňizi ýazyň: ozal bilip, şindi öwrenen zatlaryňyzyň arasynda näme umumy we tapawutly zatlary görýärsiňiz? Soňra öz maşgalaňyzda ýa-da ýygnagyňyzda bu barada gürrüň edip biljek adamyňyzy tapyň-da, onuň bilen bu hakykaty paýlaşyň.

19

# UGRAMA NOKADY

Ysraýyl halky özüni Müsürden hut Ýahwäniň halas edip çykaryndygyna boýun alsa-da, Musa pygamberiň Hudaýyň dagyndan dolanyp gelen pursadynda bütinleý butparazlyga ýüz urupdy. Biziň ozal belläp geçişimiz ýaly, Hudaýyň bize aýdyň görkezýän zatlaryna gulak asmazlygymyz butparazlygyň köki bolup durýandyr. Eger biz Isa Mesihi öz Rebbimiz we Halasgärimiz diýip ykrar edip, Onuň ygtyýaryna göz-görtele boýun egmeýän bolsak, bu butparazlygyň iň aldawçy görnüşine öwrülýändir.

Geliň, “Messenger International” guramasyndaky toparymyzda bolýan toslama ýagdaýa dolanalyň. Biziň direktorymyz Tim ofise gelip, ol ýerde göçgünli şady-horramlyk görse, maliýe direktorymyz Jordana gaty gahary geler. Emma Jordan Time ýüzugra şeýle jogap berip bilýär: “Biz edil Jon bilen Lizanyň haýyş edişi ýaly edýäris! Biz şatlykly gurşawy döretdik!”

Tim muňa nähili garar? “ Hawa, Jon bilen Liza baýramçylykly atmosferany halaýarlar, ýöne olaryň beren beýleki görkezmeleri: sekiz sagatlyk iş gününüň dowamynda dokuz sagatlyk işi edip ýetişmek, bize ýüz tutýan her bir adama göwnaçyklyk bilen çemeleşmek, gündeki meseleleri çözmek we beýleki görkezmeler babatda nähili? Siz olaryň talaplarynyň diňe birine üns berip, beýlekileriniň ählisine äsgermezlik etdiňiz”.

Biz häzirki ýygnaklarda şuňa meňzeş zatlary etmeýärismi? Meniň pikirimçe, biz Täze Ähtde göwnümize ýaraýan öwütleri tapyp alýarys. Biz iman

edýänligimiz üçin merhemet atkaly halas edilendigimizi ykrar edýäris. Biz bu merhemeti gazanyp bilmeýändigimizi, Hudaýyň ony bize Öz rehimdarlygy sebäpli berýändigini hem ykrar edýäris. Biz birek-biregi söýýändigimizi nygtaýarys, durmuşdan lezzet alýarys, birek-birege hyzmat edýäris, täze öwgi we sežde aýdymlaryny aýdýarys, biz döwrebap, biz oňat liderler we sagdyn jemagaty bina edýäris. Biz bularyň baryny hyjuw we yhlas bilen ykrar edýäris. Bularyň hemmesi oňat usullar, olaryň bary Täze Ähtde bar.

Emma biz ýumşaklygyň, mukaddesligiň, jynsy päkligiň we günäden, mysal üçin, pornografiýadan saklanmagyň ähmiýetine biperwaý garamaýarysmy?

Biz öz garyndaşlarymyza we ýakynlarymyza gomoseksualizmden, jynsy ahlaksyzlykdan, arakhorlukdan, gödek degişmelerden, boş gürrüňlerden, bagyşlamazlykdan ajylykdan, gybatdan gaça durmagy ündeýärismi? Biz Täze Ähte berilýän beýleki tabşyryklary, öwütleri, duýduryşlary olara ýetirýärismi?

Biz Isa Mesihiň diňe jemgyýetimiziň bellän standartlaryna we ýoýmalaryna çapraz gelmeýän sözlerine üns bermäge haklymy eýsem?

Biz medeniýetimiziň pis ýollaryny paş etmeýän Isa Mesihi döredip bilýärismi eýsem?

Biz Isa Mesihiň ýigrenýän zatlaryny nygtamakdan gaça durup, Onuň diňe jemgyýete ýaraýan sözlerini ykrar edip bilýärismi eýsem?

Biz ýaşaýşa alyp barýan ýoly we derweze geçelgesini giňeldip bilýärismi eýsem?

Biz adamyň sanlyja jadyly sözleri aýdyp, bada-bat halas boljakdygyna ynanýarysmy eýsem?

Biz Isa Mesihiň ýaňsysyny döredäýdikmi? Biz Mukaddes Ýagzylarda aýan bolan Hudaýa meňzemeýän başga bir hudaýy oýlap tapaýdykmy? Täze Ähtiň orta atýan meselelerinden we mowzuklaryndan bilgeşleýin gaça durmaýarysmy näme? Pawlus biziň hiç haýsymyzyň şuňa biperwaý garamaly däldiginy ykrar edýär:

> “Şonuň üçin bu gün size şuny yglan edýärin: men hiç kimiň ganyna jogapkär däldirin. Sebäbi men Hudaýyň ähli islegini size wagyz etmekden boýun towlamadym” (Resullar 20:26-27).

Pawlus Hoş Habaryň diňe ýakymly sözlerini aýtmaýardy, ol Hudaýyň ähli isleglerini bize bildirmek isleýärdi. Ol topara Liza ikimiziň isleglerimiziň diňe ýakymly bölegini aýdýan maliýe işleri boýunça direktorymyz däl. Ýokardaky

aýadyň ýene bir terjimesi: “Men Hudaýyň ähli isleglerini size aýtmagyň bir mümkinçiligini hem sypdyrmadym”. Ýene bir terjimede şeýle diýilýär: “Men Hudaýyň bütin niýetini, meýlini we öwüdini size aýtmaga gorkmaýardym, saklanmaýardym we çekinmeýärdim” (Amplified Classic, iňlis dilinden terjime).

Eger biz Täze Ähtiň özümiz üçin oňaýsyz ýerlerinden gaça dursak, Pawlus ýaly: “men hiç kimiň ganyna jogapkär däldirin” diýip bilmeris. Eger biz Täze Ähtiň esasy böleklerini jar etmäge çekinýän bolsak, gürrüňdeşlik hakyky bolup bilermi? Hakykaty paýlaşmak biziň ygtyýarymyzda, ýöne biz ondan gaça durýarys. Eýsem biz adamlaryň indiki ýygnak duşuşygyna ýa-da öý toparyna gelmezliginden gorkýarysmy?

Biz mesihi medeniýetimizde Mukaddes Ýazgylaryň orta atýan kyn soraglaryndan gaça durmaga başlanymyz bäri köp ýyl ýyl geçdi we biz şindi öz biperwaýlygymyzyň netijelerine duçar bolýarys. Gynansak-da, köp adamlar ýoldan azaşdylar. Şuňa sansyz mysallary getirip bolar. Meniň hakydama bir hyzmatçy aýal gelýär. Ol täsiri güýçli, giň köpçülige belli awtor, konferensiýalarda çykyş edýän meşhur hyzmatçy aýal. 2016-njy ýylda ol nikasynyň tamamlanandygyny mälim etdi (muňa nähili düşünesiň gelse düşünäýmeli). Ol öz äri bilen aýrylyşyp, şindi, şu kitaby ýazyp otyrkam, bir aýal bilen ýaşaýar we onuň bilen adaglanandygyny habar berýär.

Ol öz okyjylary üçin bu aýal bilen ýaşaýşy baradaky täzelikleri habar berip durýar. Habarlaryň birinde bolsa şol aýal bilen joşgunly ogşaşyp duran suratyny ýerleşdirdi. Aşagynda bolsa durmuş ýolunyň bu gatnaşyklara getirendigini we bu durmuşynyň her bir pursadynyň “mukaddesdigi” barada ýazypdyr. Mukaddes Ýagzylar mukaddesligi beýle suratlandyranok. Meniň ýüregim onuň üçin gyýym-gyýym bolýar. “Hoş habaryň bu hyzmatçysy” özüni Hudaýyň öňünde hakly hasaplaýar, adamlara kömek etmegi, olara hyzmat etmegi, olary söýmegi isleýär. Emma ol örän ýalňyşýandyr.

Oňa eýerýän ýüz müňlerçe adamlaryň ony goldap ýazýan teswirlemeleri, oňlamalary has hem gynandyrýan ýagdaý. Ony ýerleşdirýän habarlary onuň Hudaýyň adyndan gürleýändigini görkezýär, onuň eýerijileri bolsa onuň bilen doly ylalaşýar. Onuň meşhurlygy peselmän, gaýtam dyngysyz artýar. Muňa syn etmek nähili ajy, hopukdyryjy, agyryly we gorkunç.

Amerikadaky hoş habar ýygnagynyň örän meşhur bir lideri barada ýene-de bir mysal getireýin. Ol golaýda öz okyjylaryna we ýygnagyna gomoseksual jübütleri (öz jynsdaşy bilen ýaşaýanlary) hiç bir şübhesiz Isa Mesihiň hakyky eýerijileri hökmünde kabul etmeli diýip çykyş etdi. Ol bu çözgüdiniň

gomoseksuallaryň arasynda köp wagt bolup, olaryň gatnaşyklarynyň erkek bilen aýalyň gatnaşygyndan hiç tapawutlanmaýandygyny ýüze çykaranyndan soň dörändigini mälim etdi. Şeýle netijä Täze Ähtiň belli bir aýatlaryna biperwaý garamazdan we Mukaddes Ýazgylaryň tutuş kontekstini göz-görtele äsgermezden gelip bolmaýar. Harun bilen altyndan ýasalan but göläniň ýagdaýynda bolşy ýaly, köp adamlar lideriň sözüne görä hakykatdan ýüz öwrerler.

Bu gynandyryjy aldawdyr. Günbatar ýurtlaryndaky hyzmatyň filosofiýasynda ýasama Isa peýda boldy. Şonuň üçin-de, günäkär adamlara hakyky Halasgäri tapmak barha kynlaşýar. Biz şeýle soragy bermeli: “Hakyky Isa Mesih eýsem şeýlemi? Hudaýyň söýgüsi şeýlemi näme? Hakyky söýgi diňe rehimdarlyk, sabyrlylyk we adamlara kömek bermek arkaly kesgitlenilýärmi näme?”Bu häsiýetleriň ählisi biziň jemgyýetimizde dogry, oňat we meşhurdyr. Ýöne şonda-da, biz Mukaddes Ýazgylaryň: “Hudaýy söýmek Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir. Onuň buýruklary bolsa agyr däldir” diýip, söýgä berýän kesgitlemesine äsgermezçilik edip bilerismi näme? (1 Ýohanna 5:3)

Biz söýgä öz kesgitlemämizi bermek üçin, Täze Ähtiň doly däl görnüşine razy bolaýdymykak?

## Toba etmek zerurlygy

Bu ýoýulan Hoş Habar tobanyň bolmazlygynyň netijesinde döremedimi näme? Eýsem bu aýal – kitaplaryň awtory, ýygnagyň çopany we beýleki köp hyzmatçylar Isa Mesihe eýermek üçin günäden saklanmalydygyny ozal hiç eşitmedimikä? Ýa-da olara diňe biziň üçin standarta öwrülen: “Isa Mesih, meniň durmuşyma gir-de, meni mesihi et” diýen sada dilegi etmegi öwretdilermikä?

Pawlusyň diýýänlerine gulak goýuň:

> “Peýdaly bolan zatlaryň hiç birini sizden gaýgyrmadym. Öýme-öý aýlanyp, hemmesini size aç-açan wagyz etdim. Men ýahudylaryň-da, grekleriň-de toba edip, Hudaýa dolanmaga we Rebbimiz Isa Mesihe iman etmäge çagyrdym” (Resullar 20:20, 21).

Diňe bir habar! Birinji ädim – günäler babatda toba etmeli! Toba etmek – bu Hudaýyň perzendi bolmak üçin hökmany şert, ol bize ony saýlap-saýlamazlyk üçin teklip edilmeýär. Emma muňa garamazdan, ol

biziň halas bolmaklyk baradaky düşündirişimizde we ony kabul etmek üçin ýaňlanýan adaty çagyryşymyzda hemişe agzalmaýar.

Birnäçe ýyl mundan ozal baýramçylygyň birinji gününde men Mukaddes Ruhuň: “Markyň Hoş Habarynyň birinji babyny oka” diýenini eşitdim. Men bütin baby bir demde diýen ýaly okap çykdym. Ýöne onda ozal görmedik hiç bir täze zady görmedim. Mukaddes Ruh: “Gaýtadan oka” diýdi. Men ony ýene bir gezek okadym, ýöne täze hiç bir zat görmedim. Mukaddes Ruh şol bir sözüni üçünji, dördünji, bäşinji gezek gaýtalady. Men baby gaýta-gaýta okadym, ýöne öňkim ýaly hiç zat görmedim. Bu takmynan ýedi gezek gaýtalandy. Ahyrsoňy, men örän haýaldan okap başladym we bu gezek birinjni aýat sahypadan böküp çykdy:

> “Bu Hudaýyň Ogly Isa Mesih hakdaky Hoş Habaryň başlangyjydyr” (Mark 1:1).

Indiki sözler meniň üçin syryň açary hökmünde boldy: “Öňüňden ýol taýýarlar ýaly, ine, Men Öz wekilimi iberýärin”. Bu wekil Ýahýa Çümdürijidi. Ol “çümdürme hyzmatyny” getiripdi. Çümdürilme – bölekleýin däl-de, doly çümdürilmäni aňladýar. Ýahýanyň habary – bu Hoş Habaryň başlangyjy (ugrama nokady). Çyn ýürekden toba etmezden, hiç kim Isa Mesih bilen ýakyn gatnaşygy açyp bilmez.

Mukaddes Ruh şonda maňa şeýle diýdi: “Hoş Habar kitaplarynyň her birinde Ýahýa Çümdürijiniň hyzmaty barada ýazylgydyr. Ýahýanyň taryhy Köne Ähtiň bir kitabynda hem ýokdur, sebäbi bu habar Täze Ähtiň Hoş Habarynyň wajyp bölegi bolup durýandyr”.

Soňra Mukaddes Ruh meni Isa Mesihiň sözlerine äkitdi:

> “Ýahýa çenli ähli pygamberler we Töwrady bu hakda pygamberlik etdi” (Matta 11:13).

Men ýerimden böküp turdum-da: “Hut şeýledir!” diýip gygyrdym. Isa Mesih: “Maňa çenli ähli pygamberler we Töwrady bu hakda pygamberlik etdi” diýip aýtmady. Ýok, sebäbi Ýahýa Çümdürijiniň toba etmek baradaky habary Täze Ähtiň Hoş Habarynyň ugrama nokadydyr. Siz Isa Mesih bilen gatnaşygy diňe öz günäleriňiz üçin bütinleý toba edeniňizden soň açyp bilýäňiz.

Toba etmeklik – bu birinji gapydyr!

Biziň Jastin we Anjela baradaky wakamyzy ýatlaň. Ýadyňyzdamy, Anjelanyň nika babatdaky garaýşy gaty geňdi. Ol özüniň ozalky söýgülileri bilen hoşlaşmandy. Ol Jastini örän söýýär, ol onuň üçin iň ýakyn adam, ol wagtynyň aglaba bölegini onuň bilen geçirmegi meýilleşdirýär. Ýöne muňa garamazdan, oňa Jastin bilen nika ähtini baglaşmak üçin öňki söýgüli erkekleri bilen ähli gatnaşyklaryny (ruhy, duýgy we fiziki) kesmelidigini düşündirmändirler. Bu çözgüt ugrama nokady ýa-da Jastin bilen äht gatnaşyklaryna girmeginiň başlangyjy bolmalydy.

Anjela özüniň Toni bilen duşuşyga barýandygyny bilen äriniň gaharlanyşyny görüp, erbet boldy. Jastin näme üçin gynandy? Anjela düşünip bilmän: “Ýa ol meni gabanýarmyka?” diýip pikir etdi. Hawa, ol gabanýar, şeýle etmäge-de doly haky bar. Hudaý bizi gabanýar, başgaça bolup-da bilmez. Biz Onuň bilen äht gatnaşygyna girdik. Onsoň neneň edip bu gatnaşyga oýnaşlary goşup bilýäris?

Ýahýanyň Mukaddes Ýazgylardaky: “Toba ediň, sebäbi Gögüň Şalygy golaýlady” – diýen ilkinji sözleri tötänlikmi näme? (Matta 3:2).

Bu barada diňe Ýahýa aýdýarmy näme? Täze Ähtde edil şeýle sözleri aýdýan başga sesler ýokmy näme? Elbetde bar! Isa Mesihiň sözlerini okaň:

> “Toba ediň, çünki Gögüň Şalygy golaýlady” (Matta 4:17).

Biziň Rebbimiz Hudaý bilen uzakwagtlaýyn gatnaşykda bolmak üçin toba etmekligiň gerekdigini we onuň örän wajypdygyny bilýärdi. Täsin zat – Ol bu ölçegi adamlaryň Hudaýa degişliligini kesgitlemek üçin ulandy.

Biraz soňra Isa Mesih köp mugjyzalar görkezenden soň günäleri üçin toba etmedik we Hudaýa tarap öwrülmedik şäherleri aýyplap başlady (ser. Matta 11:20).

Eger adamlaryň bar etmelisi diňe “Hudaýa tarap öwrülmek” bolsady, onda Isa Mesih başga hiç zada üns bermezdi. Emma Anjelanyň özüni Jastine doly bagyş edip bilmegi üçin öňki söýgülilerini unutmaly bolşy ýaly, biz hem özümizi Isa Mesihe bütinleý bagyş etmegimiz üçin günälerimiz babatda toba etmeli.

Biz bu habary gaýta-gaýta görýäris, sebäbi ol Isa Mesihiň habarynyň hut özeni bolup durýandyr. Ol şuny jar edýär: “Men dogrulary däl-de, günäkärleri toba çagyrmaga geldim” (Luka 5:32). *Toba* diýen söze üns beriň. Bu hökmany şert. Başga bir ýerde Isa Mesih adamlar toparyna ýüzlenýär: “Emma toba etmeseňiz, siziň hemmäňiz şolar ýaly heläk bolarsyňyz” (Luka 13:3).

Hakykat şundan ybarat: toba etmezden, Hudaýa tarap öwrülip bolýan däldir.

Geliň, Isa Mesihiň şägirtleriniň öz ilkinji missionerlik tabşyrygynda Hoş Habary nähili wagyz edendigini, nämäni jar edendigine garap geçeliň: “Şunluk bilen, olar ýola düşdüler we ähli adamlary toba çagyryp, wagyz etmäge başladylar” (Mark 6:12).

Ähli adamlary diýen söze üns beriň. Toba etmän halas bolup bolmaýar, şonuň üçin-de, muny hemmelere aýtmak gerek! Hatda dowzahyň oduna ýanyp duran baý adam hem günäler üçin üçin toba etmegiň näderejede wajypdygyny bilýärdi: “Ol hem: ‘Ýok, eý, Ybraýym ata! Olar diňe ölülerden biri ýanlaryna baranda toba ederler’ diýýär” (Luka 16:30).

Isa Mesihiň direlişinden soň näme boldy? Eýsem bu habar üýtgäýdimikä? Luka Isa Mesihiň Öz şägirtlerine görünşini beýan edýär. Reb olary rehimsizlikde, soňra bolsa hakykaty düşündirýär. Ol pygamberleriň Özi baradaky pygamberligini mysal getirýär:

> “Şeýle hem: ‘Toba edip, günäleriniň bagyşlanmagy baradaky Hoş Habary Iýerusalimden başlap, ähli milletlere Onuň adyndan wagyz edilmelidir’ diýip ýazylandyr” (Luka 24:47).

Pygamberler diňe toba edilen ýagdaýda Halasgär arkaly halas bolup bolýandygyny pygamberlik bilen aýdypdylar. Resul Petrus hem bu hakykaty ykrar edýär. Onuň Ellinji gün baýramy gününde hakykaty yhlas bilen agtarýanlara öwüt berip aýdýan ilkinji sözlerini okaň:

> “Toba ediň, her biriňiz Isa Mesihiň ady bilen suwa çümdüriliň. Şonda siziň günäleriňiz bagyşlanar we Mukaddes Ruhuň peşgeşini alarsyňyz” (Resullar 2:38).

Biz toba etmezden, Hudaýa tarap öwrülip bolmaýandygyny ýene-de görýäris. Pawlus näme diýýär? Ol keseki milletlere ýazýan habaryny üýtgedäýdimikä? Bütinleý ýok:

> “....Men gökden gelen görnüşe boýnuýogynlyk etmedim. Ilki bilen Damaskda, Iýerusalimde, soňra tutuş Ýahudyýada, şeýle hem, keseki milletleriň arasynda: ‘Günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň, toba edendigiňizi oňat işleriňiz bilen subut ediň’ diýip wagyz etdim” (Resullar 26:19, 20).

*Günäleriňiz üçin toba ediň* diýen sözleme üns beriň. Ol “günäleriňiz üçin toba edip bileriňiz’ ýaly ýa-da “günäleriňiz üçin toba edäýseňiz, kem-ä bolmazdy” diýenok. Bütinleý beýle däl! Ol: “günäleriňiz üçin toba ediň” diýip nygtaýar.

Pawlus her bir adamyň – ýehudynyň-da, ýehudy däl adamyň-da halas bolup bilmegi üçin bu talaby Hudaýyň hut Özüniň belländigini düşündirýär.

> “Hudaý ynsanlaryň geçmişdäki nadanlygyna göz ýumdy. Indi bolsa Ol hemme ýerde ähli adamlaryň toba etmegini buýurýar” (Resullar 17:30).

Eger siz Isa Mesihiň binýady taglymyna garasyňyz, birinji punktyň näme boljakdygyny derrew bilersiňiz öýdýän:

> “Şonuň üçin, geliň, Isa Mesih baradaky başlangyç taglymda saklanman öňe hereket edip, imanda berkäliň, yza gaýtmalyň. Ölüme eltýän işlere toba etmek, Hudaýa iman etmek” (Ýewreýler 6:1).

Ýokardaky aýatlar Täze Ähtde bu buýrugy mälim edýän aýatlaryň ujypsyz bölegidir. Ýöne men günäler üçin toba etmegiň näderejede wajypdygyny görkezmek üçin olaryň ýeterlik sanyny görkezdim öýdýän. Hudaýa bitabynlygyň üçin toba etmezden, Rebbimiz Isa Mesihde imana eýe bolup bolmaz.

Şonuň üçin-de, eger pornografiýandan ýüz öwürmesek, mesihi bolup bilmeris.

Eger söýgüli ýigidimiz ýa-da gyzymyz bilen nika çenli jynsy gatnaşyklary bes etmesek, mesihi bolup bilmeris.

Eger gomoseksual gatnaşyklary bes etmesek, mesihi bolup bilmeris.

Eger biz salgytlary tölemekden boýun gaçyrýan bolsak, mesihi bolup bilmeris.

Eger biz jynsy azgynlyga ýol berýän bolsak, özümizi Isa Mesihiň şägirdi diýip hasaplap bilmeris.

Eger biz adamlary bagyşlamagy ret edýän bolsak, özümizi mesihi bolup bilmeris. Bu heniz hem doly sanaw däldir.

Eger biz Täze Ähtiň buýruklaryna seçijilik nukdaýnazaryndan garamaly diýip nygtaýan bolsak, özümiz üçin “ýalan Isany” döredendigimizi aňladýar. Biz öz ýüregimizde aldanýarys, imanymyz bolsa diňe hyýalydyr.Mukaddes

Ýazgylar bize şuny duýduryar:

> “Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz” (Ýakup 1:22).

Eger biz hakykaty aýtmasak, Hudaýy agtarýan adamlar ony nädip bilsin? Biz, ýagny liderler, hakykaty olaryň özleri bir ýol bilen biler öýdýärismi? Eger biz olara diňe: “Sen Hudaýdan dändiňmi? Ol seniň öýe dolanaryňa garaşýar. Meniň bilen bile dileg et” diýýän bolsak, olara bolan hakyky söýgimiz şumy?

Eger biz şeýle diýýän bolsak, onda biziň Anjelanyň ene-atasyndan we oňa nika durmuşy barada öwreden beýleki adamlardan hiç tapawudymyz ýokdur. Olar Jastine durmuşa çykandan soň beýleki erkekleriň ähisini unutmalydygyny oňa düşündirmändirler. Ýa olar Anjela muňa öz-özünden düşüner öýtdülermikä? Indi Anjela näme etjegini bilmän, aljyraýar. Ony jan-tenden söýüp, nika ähtlerine tüýs ýürekden wepaly bolan Jastin bolsa gaharlanýar.

Biziň diňleýjilerimiziň kimdigine garamazdan, adamlara ýetirilmeli ýeketäk bir Hoş Habar bar: ilki bilen mälim bolan ähli günäleri barada toba etmek, soňra Hudaýa dolanmak. Ilki bilen toba etmezden, hakyky iman ýokdur.

Häzirki döwrüň hoş habarynda imanlylar Hudaýy agtarýan adamlara iman etmäge, dileg etmäge, soňra bolsa – birnäçe hepde, aý, hatda ýyl soň, öz günälerinden el çekmäge çagyrýarlar. Ýöne bu adamlar özleriniň eýýäm halas bolandyklaryna bil baglap, soňra toba etmäge islegi bolarmyka?

Anjela hakykaty Jastine durmuşa çykmazyndan öň bilmändigine ökündi. Eger biz hem adamlara halas bolmak üçin hakykatdan-da nämäniň gerekdigini aýtmaýan bolsak, onda ýygnakda dawaçyl agzalaryň ýetişmegini gazanýarys.

## Hereket ediň

Täze Ähtiň berýän habary aýdyňdyr: günäler üçin toba etmezden halas bolmak mümkin däl. Dünýä bilen gatnaşygy kesmezden, Isa Mesihe durmuşa çykyp bolmaýar. Täze durmuşy başlamak üçin, köne durmuş üçin ölmelidir.

Eger siz haýsydyr bir wagt aralygynda köpçülik bilen gatnaşyga jogap

berýän hünärmen bolsaňyz, onda iň wajyp pikirleri bütünleý aýdyň we anyk ýetirmelidigine tiz düşünersiňiz. Eger şeýle etmesiňiz, siziň diňleýjileriňiz size düşünmez we siziň habaryňyzyň maksadyna ýetilmez. Hudaý muny bilýär. Hut şu sebäpdenem, Ol biziň toba etmelidigimizi bütinleý aýdyň görkezdi!

Siz şu kitaby okaýan döwrüňizde, eýýäm birnäçe gezek toba eden bolmagyňyz ahmal. Ýöne şu bap tobanyň näderejede wajypdygyny nädip nygtaýar? Şindi, bu barada bileniňizden soň, durmuşyňyzda nämeler özgerýär? Siziň dünýä, garyndaşlaryňyz we ýakyn adamlaryňyz, günäkärler bilen gatnaşygyňyz nähili özgerýär? Tobanyň näderejede wajypdygyna düşünýändigiňizi görkezmek üçin, Hudaýdan öz durmuşyňyzda etmeli anyk hereketleriňizi görkezmegini soraň. Hemişekisi ýaly, Onuň size aýtjak zatlaryny, olary amal etmegiň meýilnamasy bilen birlikde ýazyp alyň.

20

# TOBA ETMEK

Geçen babyň dowamynda biz Mukaddes Ýazgylarda: “günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň” diýen duýduryşy gaýta-gaýta okadyk. Baky durmuşa eýe bolmak üçin toba etmegiň islege görä däl-de, hökmany şert bolany üçin, geliň, ol barada has giňişleýin gürrüň edeliň.

Bu hakykaty aýan etmegimiziň dowamynda (indiki bapda), biz Hudaý bilen ýakyn gatnaşygy saklamakda tobanyň örän wajyp orun tutýandygyny ýüze çykararys.

Birinjiden, Täze Ähtdäki toba etmeklik Köne Ähtdäkiden tapawutlanýar. Köne Äht döwründe Hudaýyň halky toba edende jul geýnip, başyndan kül sowurýardy. Olar dady-perýat edip, ýere ýüzin ýykylýardylar we toba edýändiklerini görkezmek üçin köp gözýaş döküp aglaýardylar. Bu toba etmekligiň we tabynlyk bilen dogrulyga dolanmagyň daşky görnüşidi. Emma Täze Ähtde biz daşky görnüşe däl-de, ýürege üns berilýändigini göreris.

## Täze Ähtde toba etmeklik

Täze Ähtde “toba” (metanoia) at sözi 24 gezek, “toba etmek” işlik sözi (metanoeo) 34 gezek duş gelýär. Bu sözüň giňden ýaýran we iň ýörgünli kesgitlemesi – “aňy özgertmeklik”. Emma biz diňe şu iki söz bilen çäklensek, onda hakyky kesgitlemesiniň asyl manysyny ýitireris.

Mukaddes Ýazgylaryň “Baker Encyclopedia of the Bible” ensiklopediýasy “toba” sözüne şeýle kesgitleme berýär: “Bu tutuş aňyň düýpgöter özgermegi, diňe şahsy meýilleriň, niýetleriň we ynançlaryň däl-de, *bütin şahsyýetiň* günäli ýörelgäni taşlap, Hudaýa tarap öwrülmegidir” (nygtama goşulan).

Men “bütin şahsyýetiň” diýen sözleri halaýaryn. Men öz aňymy özgertsem-de, soňuna çenli ynanman bilýärin.

Alymlar bu sözlerde diňe aňyň ýa-da akylyň özgermesiniň ýeterlik däldigini görkezýärler. “The Lexham Theological Wordbook” sözlügi has-da çuň kesgitlemesini berip, “adamyň öz aňyny we erkini günäden uzaklaşdyryp, olary Hudaýa tarap gönükdirmegi” diýip ykrar edýär.

Aň toba etmeklige, elbetde gatnaşýar, ýöne bir özi ýeterlik bolup bilmeýär, sebäbi toba öz içine erkimizi we duýgularymyzy hem alýandyr. Toba ýüregimiziň jümmüşine – öz içki adamymyzyň dolulygy babatda ynamly bolan ýerine aralaşýar. Isa Mesih şeýle diýýär:

> “Adamyň ýüreginden erbet pikirler, ganhorlyk, zynahorlyk, azgynlyk, ogurlyk, ýalan şaýatlyk, sögünç çykýandyr. Adamy şu zatlar murdar edýär, ýuwulmadyk el bilen nahar iýmek adamy murdar etmeýär” (Matta 15:19, 20).

Hereketler – ýüzugra edilýänleri ýa-da adaty – tapawudy ýok, içki adamdan döreýär. Eger hakyky toba üçin diňe aňyň özgermegi ýeterlik bolan bolsa, onda Isa Mesih hereketlerimiziň aňymyzdan döreýändigini aýdardy. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: “adam ýüreginde näme oýlaýan bolsa, şonuň hem ýaldyr” (Süleýman 23:7, NKJV, inlis dilinden terjime). Durmuşa bolan içki garaýşymyz biziň herketlerimizi, bolup geçýän zatlary kabul edişimizi kesgitleýär, şeýdip, biziň tutuş barlygymyzy kesgitleýär.

Siziň: “Men hereketlerimiň meni kesgitlemegini islemeýärin” diýmegiňiz ahmal. Men munuň ýakymsyz hakykatdygy babatda siziň bilen ylalaşýan, ýöne biz Isa Mesihiň: “Siz olary miwelerinden tanarsyňyz” (Matta 7:16 diýen sözlerine äsgermezlik edip bilmeýäris. Hakykat şundan ybarat: bizi niýetlerimiz däl-de, hereketlerimiz kesgitleýändir.

Şuny bilmekligiň bir özi Hoş Habaryň güýjüni görkezýändir. Sebäbi ol içki pikirleri üýtgetmek bilen, hereketlerimizi özgertmäge ukyplydyr. Hoş Habaryň hakyky täsiri pikirleriň, duýgulardan doly garaýyşlaryň täzelenmeginde däl-de, kabul edişimizi we ynançlarymyzyň düýpli özgerip,

päk ýürekden döreýän hereketler arkaly mälim bolýandyr.

Toba biziň hakykat babatda oýanyp, durmuş ýörelgämiziň Ýaradanyň häsiýetine ters gelýändigine ýürekden ynanan wagtymyzda bolup geçýär. Ýürekden düşünmeklik diňe garaýyşlarymyz däl, eýsem isleglerimizi we hereketlerimizi özgerdýär. Biz Hudaýyň oňlamaýan zatlaryny halaýandygymyza we söýýändigimize aň ýetirenimizde, içimizden düýpli özgerip, şeýle zatlary taşlamak, hatda olary ýigremek kararyna ymykly gelýäris.

Toba – bu hakyky tabynlykdyr, tabynlyk bolsa Hudaýyň gazanyp bolmaýan merhemetine gapyny açýar. Bu merhemet bize dogruçyl durmuşda ýaşamaga güýç berýändir.

## Imansyz

Imanly-da, imansyz-da toba edip bilýär, ýöne olar muny dürli tärde edýärler. Geliň, başda imansyza garap geçeliň.

Geçen bapda biz Täze Ähtden Ýahýa Çümdürijiniň, Isa Mesihiň, Onuň şägirtleriniň: "günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň" diýip öwrän-öwrän aýdan aýatlaryny mysal getiripdik. Bu iki buýruk öz arasynda berk bagly bolup, birek-bireksiz bolup bilmeýär. Başga sözler bilen aýdylanda, olaryň biri beýlekisinden üzňe bolup bilmeýär, sebäbi olar bir medalyň iki tarapy ýalydyr. Mukaddes Ýazgylardaky toba Hudaýa tarap hemmetaraplaýyn öwrülmegi aňladýar. Hudaýa hakykatdan-da dolanýan adam şeýle diýýär:

> "Men özi üçin nämäniň gowudygyny bilýän adam kimin ýaşapdyryn, şindi bolsa bütinleý azaşandygymy bilýärin. Mundan beýläk men Hudaýa iman edip, Onuň meniň üçin iň oňat saýýan zatlaryny bütin ýüregim, aňym we hereketlerim bilen kabul ederin".

Şeýle adam bütin ýüregi (ýagny akyly, duýgulary we erki) bilen Onuň ygraryny berjaý etmegi karar edýär. Onuň soňra hem Hudaýyň sesini eşitmegi oňa berlen ýalkanyşyň aýrylmaz bölegi bolup durar. Isa Mesihiň sözlerini ýene bir gezek ýatladaýyn: "Hudaýyň yradasyny berjaý etmek isleýän adam Meniň öwredýänlerimiň Hudaýdandygyna ...göz ýetirer" (Ýohanna 7:17). Toba etmek bilen, imansyz özüni dolandyrmakdan bütinleý ýüz öwrüp, özüni Hudaýa doly tabyn edýär; şeýdip, onuň ýüregi Hudaýyň sesini eşitmäge açyk bolýar.

Imansyzlar tüýs ýürekden toba edenlerinde, butparazlykdan bütinleý

ýüz öwrüp, Hudaýyň erkine tabyn bolup, Ony diňlemäge ymykly karar edýärler. Aslynda olar şuny ykrar edýärler: “Men mundan beýläk Hudaýyň Sözünden daşary bolan pikirleri, ynançlary, delilleri we subutnamalary kabul etmeýärin”. Pawlus batyrgaýlyk bilen şuny ykrar edýär:

> “Biziň söweş ýaraglarymyz ynsan ýaraglary däl-de, Hudaýyň güýçli ýaraglarydyr. Biz olar bilen galalary ýykyp, her ýalan pikiri puja çykarýarys. Bu ýaraglar bilen Hudaý baradaky bilime garşy çykýan her belentligi ýumurýarys, her pikiri ýesirlige alyp, ony Isa Mesihe tabyn edýäris” (2 Korintoslylar 10:4,5).

Hudaýyň ýaragy – bu Onuň Sözi, danalygy we maslahaty. Ten ýaragy – bu filosofiýa, medeniýet, adatlar, kanunlar we jemgyýetde kabul edilip, Hudaýyň Sözüne ters gelýän durmuş ýörelgesi. Siz: “Dünýäde ten ýaragy barmy?” diýip sorarsyňyz. Hawa, bu dünýewi ulgam arkaly dowzahyň dyngysyz hüjümidir. Ol mesihileri we mesihi däl adamlary Hudaýyň Sözüne gabat gelmeýän zatlar bilen ylalaşmaga iterýär.

Ýokardaky parçada “ýykýarys” we“ýumurýarys” sözlerine üns beriň. Bu sözler köplenç Köne Ähtde adamlaryň butparazlykdan ýüz öwren ýagdaýlarynda ulanylýardy. Ysraýyl bina edilen butlary ýykýardy, ýumurýardy, ýok edýärdi. (Olaryň edenlerini ýatda saklaň; butparazlygyň köki – belli gününäiň adaty hereketidir. Olar ýöne but şekilini däl-de, hut şony ýok edýärdiler).

Pawlus hem şu tär barada aýdýar. Biz Isa Mesihden uzaklaşan erkekdir aýallaryň ten pikirlerini görkezmek üçin, Hudaýyň Sözüni ulanýarys. Şonuň üçin-de, diňleýjiler toba edip, ähli berkitmeleri, Hudaýa garşy bolan niýetleri we Hudaýyň ygtyýaryna tabyn bolmazlygy kül-owram edýärler (ýumurýarlar). Günäler üçin toba edip, Hudaýa dolanmagyň we azat bolmagyň asyl manysy, ine, şundadyr.

## Filosofiýadaky tapawut

Şunlukda biz şu döwürdäki, aýratyn hem Günbatar ýurtlaryndaky hyzmatyň iň uly filosofiki tapawutlyklaryna golaýlaýarys. Köp liderler günäkärlere ýetmek üçin öz habarlarymyzda diňe Hoş Habaryň paş etmeýän taraplaryny aýtmaly diýip pikir edip başladylar. Başga sözler bilen aýdylanda, ruhubelent bolup, toba edilmeli günäleri agzamaly däl. Şeýle etsek, biz, bilip ýa-da

bilmezlikden, harydyň oňatdygy babatda alyjyny ynandyrmak üçin onuň kemçiliklerini agzamaýan satyjylara meňzäp başlaýarys. Gynansak-da, şeýle düşünje günäkärlere ýetmek usulynda ýörelgä öwrüldi diýseňem boljak.

Hyzmatyň bu ýalňyş filisofiýasynyň iki bähbidi bar. Birinjisi, biz adamlary "ýençmek" mümkinçiliginden dynýarys. Kanunçylygyň rehim-şepagaty ýok, ol käbir adamlaryň hakly bolmak, hemme zady gözegçilik astynda saklamak we abraýly hasaplanmak ýaly islegleri zerarly bar ünsüni kanunda jemleýär. Kanunçylyk öz rehimsizligi zerarly adamlaryň ýüregine ýara salýar; bu adamlaryň Hudaýy tapmak üçin başga gidere ýeri ýok, olary ozal hem Isa Mesihiň adyndan çykyş edýän käbir adamlar ýa-da birleşmeler eýýäm "ýenjipdiler". Kanunçylyk köp adamlaryň Hudaý bilen hakyky gatnaşykdan ýüz öwürmegine sebäp boldy diýseňem boljak.

Isa Mesih kanunçylyk "hyzmatyny" paş edip, şeýle diýdi: "...Siz Gögüň Şalygyna girmäge adamlaryň öňüni baglaýarsyňyz, oňa ne özüňiz girýärsiňiz, ne-de girjeklere ýol berýärsiňiz" (Matta 23:13).

Şunlukda, biziň kanunçylykdan dynmak islegimiz aklanandyr. Ýöne mundan gaça durmak üçin, bütinleý başga bir tarapa okdurylmaly hem däl. Biz adamlara zyýan ýetiren çäklere uçramajak bolup, Täze Ähtiň hakyky hyzmatyndan gaça durmalymy näme? Biz kanunçylygy ýatladýan islendik zatdan gaça durmak üçin günäni paş etmegimizi bes etmelimi näme? Toba etmäge çagyrmagymyzy bes etmelimi eýsem? Biz bitine gahar edip, içmegini otlaýan kimin hereket etmeýärismi näme?

Ähli zady ýaşyrman aýtmaly, sebäbi şindi adat bolan hoş habar Mukaddes Ýazgylara laýyk gelmeýär. Mukaddes Kitap bize tobanyň hökmanydygyny aýan görkezýär. Onsoň biz neneň edip gutulyşy tobasyz teklip edip bilýäris? Hoş Habary bölekleýin wagyz edip gazanan adamlarymyz dogrudan-da halas bolýarmy näme?

Toba etmekden gaça durmagyň ikinji "bähbidi" şundan ybarat: täze imanlylary gazanmak aňsatlaşýar we uly hyzmaty, ýygnagy ýa-da öý toparyny çalt gurnap bolýar. Ýöne Harunyň ýalňyşyna köpleriň eýerendigini unutmaýarysmy näme? Eýsem Hudaýyň ýüregi bilen baglanyşygymyzy yzymyza eýerýänleriň sany kesgitleýärmi näme? Ýagdaýy agzalaryň sany däl-de, hakykat kesgitleýändir.

Biz Isa Mesihiň nähili töleg töländigini unudaýdykmy? Ýa Onuň günäni taşlap (özüňi ret edip), öz hajyňy almak (Oňa bütinleý tabyn bolmak) barada

öwrän-öwran aýdanlaryna äsgermezlik edýärismi näme?

Eger biz dowam edýän günäni paş etmesek, onda Isa Mesihi kabul eden adam Hudaýyň Sözüne görä däl-de, jemgyýetiň standartlaryna görä ýaşamagyny dowam eder. Jemgyýetde adam bilen nika baglaşmazdan ýaşamak, onuň bilen ýatyp-turmak adaty hasaplanýar; gomoseksual gatnaşykda bolmak, hatda öz jynsdaşy bilen nikalaşmak hem adaty zat hasaplanýar (aslynda welin bu nika hem däl); aragy çendenaşa köp içmek, neşe we ş.m zatlary etmek, pes derejeli, edepsiz sowhunlyklara tomaşa etmek adaty zat hasaplanýar; gelşiksiz wideoroliklere, kinolara we ş.m.zatlara seretmek adaty hasaplanylýar; ýöne bu hem doly sanaw däl. Bularyň hemmesi Täze Ähtiň tabşyryklaryna gapma-garşy gelýändir.

## Gökleriň standartlary

Eýsem Täze Ähtde tabşyryklar barmy näme? Hawa, bar, bäş ýüzden gowragy bar, olar bizi dogruçyl pikirlere we hereketlere çagyrýar. Hudaýyň merhemeti barada iň uly aýanlyk alan resul Pawlus şeýle ýazýar: “Sünnetlilik-de, sünnetsizlik-de hiçdir. Iň esasy zat Hudaýyň tabşyryklaryny berjaý etmekdir” (1 Korintoslylar 7:19).

Mysal üçin, Hudaý nikalaşmazdan jyns gatnaşygynda bolmagyň diňe bir gadagan bolman, eýsem jeza höküm edilýändigini aýdyň görkezýär. Aşakda aýdylýanlar boş sözler däl:

> “Şuny bilip goýuň: hiç bir azgynyň, murdaryň ýa-da açgözüň Mesihiň we Hudaýyň Şalygynda mirasy ýokdur. Çünki şeýle adamlar butparazlar bilen des-deňdir. Hiç kim sizi boş sözler bilen aldamasyn. Şu zatlar sebäpli Hudaýyň gazaby Özüne boýun egmeýänleriň üstünden inýändir” (Efesliler 5:5-6).

Başga bir ýerde şeýle diýilýär:

> “Goý, hemmeler nika hormat goýsun, är-aýal düşegi günä bilen hapalanmasyn. Hudaý ahlaksyzlary we zynahorlary höküm eder” (Ýewreýlere 13:4).

Bu sözler diňe nikadan daşardaky jyns gatnaşyklarynä däl, eýsem pornografiýa we beýleki jyns azgynçylyklaryna hem degişlidir. Eger biz şu zatlar

barada aýtmasak, onda Hudaýy agtarýan adamlar muny nädip bilsin? Eger biz Hudaý üçin gazanmak isleýän adamlarymyzdan hakykaty gizleýän bolsak, olary dogrudan-da söýýärmikäk?

Hudaý zyna edýänleriň, gomoseksuallaryň, ogry-jümrüleriň, arakhorlaryň we adamlaryň adaty hasaplaýan zatlaryna meşgul bolýanlaryň Hudaýyň Şalygyny miras almajakdygyny aýdyň aýdýar.

> “Eýsem siz ýamanlyk edýänleriň Hudaýyň Şalygyny miras almajakdygyny bilmeýärsiňizmi? Öz-özüňizi aldamaň! Ne azgynlar, ne-de butparazlar, ne zynahorlar, ne-de erkekbazlar, ne beçebazlar, ne-de ogry-jümrüler, ne betnebisler, ne-de arakhorlar, ne paýyş sögünýänler, ne-de kezzaplar — şularyň biri-de Hudaýyň Şalygyny miras almaz” (1 Korintoslylar 6:9-10).

Kanunçylar hakyky söýgüleriniň we rehim-şepagatynyň ýoklugy zerarly köp zyýan ýetirdiler. Olar Täze Ähtiň sözlerini alyp, olara öz pikirlerini we kadalaryny goşýardylar, şeýdip diňe özleriniň oňlaýan herketlerini etdirmek üçin ulanýardylar. Ýöne şeýle zatlardan gaça durmak isleginden ýaňa başga bir tarapa okdurylyp, indi Isa Mesihiň hut Özüniň aýdan we Onuň şagirtleriniň ýazyp alan tabşyryklaryny ykrar etmekden gaça durmaýarysmy?

Golaýda men meşhur uly ýygnakda Korintoslylara birinji hatyň şol parçasy boýunça wagyz etdim. Meniň birinji wagzymdan soň (yzýanyndan beýlekileri hem bolmalydy) ýygnagyň çopany ýanyma gelip, indiki wagyzlarymda gomoseksualizm mowzugyna galtaşmazlygymy haýyş etdi. Iň kinaýaly ýeri hem – edil şol pursatda ýanymyza ýigrimi ýyldan bäri başga bir aýal bilen jyns gatnaşygynda ýaşap ýören we polisiýada işleýän bir aýal geldi-de: “Maňa şu gün wagyz eden adamyň ‘Ýagşylyk ýa-da Hudaý?’ atly kitaby gerek. Jon şu gün hut men barada gürledi” diýip, gözlerine ýaş aýlady.

Eger biz öz hyzmatymyzyň filosofiýasyna eýermegi dowam etsek, adamlar gökleriň standartlary barada nireden bilsin? Ýahýa Çokundyryjynyň habaryny ýatlaň. Onuň taglymy şol döwrüň jemgyýetinde giňden ýaýran günäleri paş edýärdi. Ol baýlyk toplaýanlara ony garyp-gasarlara paýlamaly diýip aýdýardy; ogurlaýanlara – gaýdyp ogurlamazlygy, ejizleri ezýänlere – ezmezligi, işgärlere bolsa öz haklaryna kaýyl bolmagyny aýdýardy (ser.: Luka 3:10-14). Adamlar hakykata teşne bolansoňlar, ony diňlemek üçin jöwzaly çöle gidýärdiler. Ýahýa Çokundyryjynyň aýdýanlaryny eşidenlerinden soň,

öz günäleri üçin toba edýärdiler. Olar hem durmuş ýörelgesiniň çynlakaý netijelerine doly aň ýetirmän ýaşan şol ýygnakdaky aýal ýaly hereket edýärdiler.

Ýahýa Çümdüriji Ýahudanyň patyşasy Hirody köpçüligiň öňünde paş etdi, sebäbi ol Hudaýyň Sözüni bozup, öz doganynyň aýaly bilen ýatyp-turýardy. Köp wagt geçmänkä, Ýahýa Çokundyryjy hakykaty aýdany üçin janyndan mahrum edildi. Ol ygtyýarly hökümdaryň göwnüni awlamakçy bolmandy, ýöne ol hormata mynasyp boldy. Eger Ýahýa Çokundyryjy jemagatyň öňünde Hirod patyşanyň günäsini paş etmedik bolsa, uzak ýaşamagy hem ahmaldy. Ýöne uzakwagtlaýyn netije barada oýlanyň: biraz wagt geçenden soň Isa Mesih uly jemagatyň öňünde ony hormat bilen ýatlaýar (ser.: Matta 11:7-15). Onuň Höküm gününde aljak baky sylagyny göz öňüne getirip görüň-ä! Ýahýa günäkärleri halak etmek üçin gökleriň standartlaryny yhlas bilen gorady.

Pawlus hem onuň göreldesine eýerip, şol bir zatlar barada ýazýar. Onuň günäkärlere ýazan habarlary örän aýdyň bolup, hemmeleri: "Günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň, toba edendigiňizi oňat işleriňiz bilen subut ediň" diýip çagyrýar (Resullar 26:20). Ol Timoteosa şeýle buýruk berýär: "Pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et. Günä edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty öwret" (2 Timoteos 4:2). Başga bir hyzmatça hem şeýle ýazýar: "...Doly ygtyýar bilen öwüt-ündew ber, günä edýänleri paş et..." (Titus 2:15).

Pawlus günä bilen ylalaşara ýer galdyranok. Ýagdaýlaryň birinde Pawlus üçin ýurduň örän baý we ygtyýarly lideri Felikse we onuň aýaly Drusilla Hoş Habary wagyz etmäge täsin mümkinçiligi döredi. Beýik resul olara şatlykdan doly ruhlandyryjy wagzy okaman, bütinleý başgaça hereket etdi. Bu barada şeýle ýazylan:

> "Birnäçe günden soň bolsa, Feliks öz ýahudy aýaly Drusilla bilen geldi-de, Pawlusy çagyrtdy we Isa Mesihe bolan iman hakdaky onuň gürrüňlerini diňledi. Pawlus dogrulyk, özerklilik hem geljek höküm hakda söhbet edende, Feliks gorkup: 'Boldy, häzirlikçe git, amatly pursat gelende, ýene seni çagyrdaryn' diýdi" (Resullar 24:24-25).

Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki AMPC terjimesinde has hem aýdyň ýazylan: "Pawlus dogrulyk, özerklilik (azgynly hyjuwlardan gaça durmak) hem geljek höküm hakda nygtap söhbet edende, Feliks hopugyp eýmendi-de:

“Güm bol!’ diýdi”.

Bu wakany doly okanymyzda, Feliksiň Pawlusy näme üçin çagyrandygyny görýäris. Ol Hudaý we ölümden soňky durmuş barada eşitmek isleýärdi. Hökümdar öz Ýaradany bilen gatnaşmak isleýändigi mese-mälim zat. Ony Hudaý barada gyzyklanyp, ýygnaga gatnaýan, ýöne heniz halas bolmadyk adam bilen deňeşdirip bolýar. Pawlusyň wagzy Feliksiň günälerini paş edendigi mälim zat. Ýöne ol günäli işlerini bes etmek islemänsoň, Pawlusyň aýdýanlaryndan hopugyp, ony kowdy.

Häzirki döwürde bolsa Feliksi ýygnakdan soň şeýle sözler bilen çykýan iman etmeýän baý adam bilen deňeşdirip bolardy: “Men gaýdyp bu ýere gelmen, wagyz eden adamyň sözleri meni gaty hopukdyrdy!” Ol näme üçin gorkdy? Belki, ol wagzyň dowamynda paş edilen günälerinden el çekesi gelýän däldir?

Eger Pawlus häzirki döwrüň günbatar filosofiýasyna laýyklykda wagyz eden bolsa, onda onuň wagzy şeýleräk bolardy: “Feliks, Hudaý seni söýýär. Ol seniň halas bolup bilmegiň üçin Isa Mesihi iberdi. Ony öz ýüregiňie kabul edesiň gelýärmi? Eger kabul edesiň gelýän bolsa, meniň bilen şu dilegi gaýtala:’Isa Mesih, meniň ýüregime gir-de, meni Hudaýyň perzendi et’”. Şunlukda, bar bolany.

Tersine, Feliks Pawlusyň sözlerinden gorkdy. Pawlus onuň elýeter diňe bir ýol arkaly mesihi bolup bilýändigini bilýärdi: ol öz eden günäleri üçin toba etmelidi. Eger Pawlus paş etmän, diňe ruhlandyrýan wagyzdan soň onuň bilen gänäkäriň dilegini eden bolsa, Feliks aldanardy. Ol özüni gaýtdan doglan hasaplardy, hakykatda bolsa öňküsi ýaly halas edilmedik butparazlygyna galardy. Şeýle ýagdaýda Pawlus bolsa ýygnaga kriptoniti goýberen adam bolardy. Emma ol Isa Mesihiň sadyk hyzmatçysy bolany üçin, muňa ýol bermedi.

Men bularyň aýňaldyjy sözler bolup ýaňlanýandygyny bilýän, ýöne şu gün biz, ýagny Hoş Habaryň ilçileri hut şeýle hem boldyrys.

## Hereket ediň

Häzirki döwürdäki ýygnaklaryň köpüsi “günäkäriň dilegi” arkaly toba eden adamlardan ybarat. Başga sözler bilen aýdanymyzda, olar Isa Mesihiň biziň günälerimiz üçin beren gurbanlygyny kabul edýärler we Ony öz ýüreklerine çagyrýarlar. Eger liderler topary günäler üçin toba edip, Hudaýa

dolanmaga çagyryp başlan bolsalar, ýygnagyňyz nähili bolardy? Ýygnakda näçe adam galar öýdýärsiňiz?

Käbir adamlaryň, aýratyn hem ýygnagyň liderleriniň bu pikire gaharlanmagy ahmal. Emma ýygnakdan gitmän, onda galjak adamlaryň nähili boljakdygyny göz öňüne getirip bir görüň. Birinji beýik Galkynyş wagyzçylaryň ýygnakdan ýygnaga aýlanyp, günäler üçin toba etmelidigini wagyz edenlerinde boldy. Şonda bu wagyzçylaryň habaryny eşiden adamlar Hudaýdan gutulyşy diläp, dady-perýat bilen bilen günäleri üçin möňňürip toba edýärdiler, hatarlaryň arasynda ýykylmajak bolup, oturgyçlara ýapyşýardylar. Hut şol toba eden adamlar (müňlerçe müňler) dünýäni özgertdiler. Tutuş şäherler günäden Hudaýa tarap öwrüldiler.

Toba etmek baradaky wagyz, belki, ýygnaklarymyzdaky adamlaryň hataryny selçeňleder ýa-da, tersine, olary adamlardan doldurar. Hudaýdan tobanyň güýjüni görkezmegini diläň, soňra Onuň ony durmuşyňyza we ýygnagyňyza boşadyp goýbermegi üçin dileg ediň.

# 21

# ÜÇ PATYŞA

Köne Ähtiň alty kitabyny gaýta-gaýta okamagym meni şu kitaby ýazmaga ylhamlandyrdy.

Soňky kyrk ýylyň dowamynda men Birinji we Ikinji Şamuwel, Birinji we Ikinji Patyşalar, Ýyl ýazgylarynyň birinji we ikinji kitaplaryny gaýta-gaýta okap, öwrendim. Ýöne ýaňy-ýakynda men dileg edip, olary ozalkymdan has içgin we yzygiderli okap başladym. Hudaý ozal asla üns bermedik zatlaryma gözlerimi açanda, diýseň haýran galdym.

Indi bolsa bu kitaplaryň akademiki, hatda jikme-jik analizini bereýin. Sebäbi, Köne Ähtiň patyşalary baradaky wakalaryna gysgaça syn etmegi teklip etmesem, onda meniň gelen netijelerimiň peýdasy köp bolmaz. Bu patyşalaryň hersiniň durmuşyn garanymyzda, güýçli hakykaty göreris. Bu hakykat alty kitabyň hemmesini doly okanyňda göze o diýen ýaly ilip duranok, sebäbi kitaplarda başga wakalaryň beýany hem köp.

Men bu kitaplary ozal okanymda, hemişe patyşalaryň iki görnüşi bar diýip pikir edýärdim. Olaryň bir topary “Hudaýy Rebbiň nazarynda oňat we dogry işleri edýänler”, ikinji topary – “butparazlardy”.Emma wagtyň geçmegi bilen men patyşaryň üç toparynyň bolandygyna aň ýetirdim.

Hakykat şundan ybarat: Ysraýylyň patyşalarynyň biri-de Hudaýyň nazarynda dogry işleri etmeýärdi; diňe Ýehu edýärdi, ol hem, gynansak-da, ömrüniň ahyrynda ýoldan çykdy. Geliň, Ýahuda ýurdundan başlalyň.

Şawul, Dawut, Süleýmandan başga Ýahudany ýigrimi patyşa dolandyrdy. Butparaz patyşalaryň arasynda Rehabgam, Abyýam, Ýoram, Ahazýa, Atalýa (aýal patyşa), Ahaz, Manaşa, Amon, Ýehogahaz, Ýehoýakym, Ýehoýakyn we Sidkiýa. Bu patyşaryň şalyk süren döwründe Ýahuda ýurdy juda uly kynçylyklardan ejir çekýärdi we duşmanlary tarapyndan hüjüm edilýärdi. Bu hüjümleri köplenç serpikdirip bolmansoň, olar ýurda uly zyýan ýetirýärdi.

Hudaýyň nazarynda dogry işleri edýän patyşalar hem bardy. (Mysal üçin, Dawut we Süleýman patyşalar, ýöne Süleýman patyşa ömrüniň ahyrynda Hudaýyň buýruklaryny bozýardy). Patyşalyk ikä bölünenden soň, şeýle patyşalar bardy: Asa, Ýehoşapat, Ýowaş, Amazýa, Uzyýa, Ýotam, Hizkiýa we Ýoşyýa. Emma bu patyşalaryň sanawyny iki topara bölüp bolýar. Birinji topara öz durmuşlarynda Hudaýyň nazarynda oňat we dogry işleri edip, olaryň garamagyna tabşyrylan halkyň arasyndaky but seždegähleri ýok etmeýärdiler.

Ikinji topara bolsa Hudaýyň nazarynda dogry işleri etmek bilen çäklenmän, öz halkynyň arasyndaky but seždegähleri ýok eden patyşalar girýär. Bu patyşalaryň şalyk süren döwründe ýurduň abadanlygy seždegähleri ýok etmedik patyşalaryň döwründäkisinden tapawutlanýardy. Geliň, olaryň her birine garap geçeliň.

1. Dawut. Onuň şalyk süren döwründe ýurtda butparazlyk ýokdy. Ol adamlary Hudaýa bütin ýürekleri, aňy bilen jan-tenden hyzmat etmäge janygyp çagyrýardy. Ol uruşlarda ýeňilmeýärdi. Onuň patyşalygy örän baýady. Ol özünden soň tagta öz ogluny çykardy. Ogly ilkibaşda halky üstünlikli dolandyryp başlady.
2. Süleýman. Şalyk süren döwrüniň aglaba böleginde ol atasynyň ýörelgesine eýerdi. Onuň tabynlygynyň netijesinde diňe onuň däl, tutuş halkyň durmuşy ajaýypdy. Bu barada şeýle ýazylgy: "Süleýmanyň bütin ömrüne Dandan Beýerşeba çenli aralykdaky tutuş Ýahudadaky we Ysraýyldaky her bir adam üzüm we injir agaçlarynyň aşagynda asudalykda ýaşady" (1 Patyşalar 4:25). Pikir edip görüň: döwletiň hemaýatyna hiç kim mätäç däldi, sebäbi ýurtda bolelinlik höküm sürýärdi. Onuň patyşalygynyň belentligi barada şeýle ýazylgy: "Süleýmanyň pähim-paýhasy hakynda eşiden ýer ýüzündäki ähli patyşalar Süleýmany diňlemäge adam ýolladylar" (1 Patyşalar 4:34). Mundan başga-da, soňra şeýle ýazylan: "Hudaýyň Süleýmanyň ýüregine salan paýhasyny eşitmek üçin bütin dünýä onuň didaryna zardy" (1 Patyşalar 10:24). Şeýle-de: "Onuň işi rowaç aldy, tutuş Ysraýyl oňa eýerdi" diýip ýazylgy (1 Ýyl ýazgylary 29:23). Süleýmänyň döwründe

ýurt gülläp ösdi: “Patyşa Iýerusalimde kümüş bilen altyny daşlar bilen deň etdi, kedr agajyny bolsa günbatar baýyrlykda gögerýän ýabany injir agajy kimin köpeltdi” (2 Ýyl ýazgylary 1:15).

Emma wagtyň geçmegi bilen, Süleýman Hudaýa gulak asmagyny bes etdi we keseki halklardan köp aýallary aldy. Bu aýallar onuň ýüregini keseki hudaýlara tarap öwürdiler (bilkastdan edilýän günä) we netijede Reb Süleýmanyň üstünligine böwet bolup, şalygy howsala salan duşmanlaryny aýaga galdyrdy (ser.: 1 Patyşalar 11: 14, 23).

Onuň göz-görtele bitabynlygy zerarly patyşalyk ikä bölündi, onuň ogly diňe iki urugy saklap bildi, beýleki on urug bolsa dargady.

Mundan buýana men diňe Ýahudanyň patyşalaryny agzaryn:

3. Rehabgam. Hudaýyň nazarynda nejis işleri etdi.
4. Abyýam. Hudaýyň nazarynda nejis işleri etdi.
5. Asa. Ol Hudaýa yhlas bilen eýerdi. Ol şahsy durmuşynda Hudaýyň nazarynda dogry işleri etmek bilen çäklenmän, eýsem halkynyň arasyndaky butparazlygy ýok etmäge güýçli ymtylýardy. Ol seždegählerdäki erkek we aýal loluçylygyny gadagan etdi, ähli butlary ýok etdi, öz Aşera butuny ýasany üçin öz ejesi Magakany melikelikden mahrum etdi (ser.: 1 Patyşalar 15:11-13).

Şeýle-de ol tutuş Ýahuda ýurdunda buthanalardaky gurbanlyk ýerlerini we butlary ýok etdi, seždegähleri ýumurdy, Aşera butlaryny we keseki hudaýlara ýakymly ysly tütetgi berilýän sypalarynyň baryny ýumurdy. Asa Ýahudanyň halkyny edýän günäleri üçin toba etmäge çagyrdy. Ol halka Hudaýy agtarmaga we Onuň kanunlaryna we tabşyryklaryna tabyn bolmagy buýurdy. (ser.: 2 Ýyl ýazgylary 14:2-4).

Asa halkyň aňyna günä işleri etmezligi guýany üçin, olar öz ýurtlarynda abadan ýaşaýardylar: “...Onuň şalyk süren döwründe ýurt asudalykda ýaşady” (2 Ýyl ýazgylary 14:5). Şol asudalyk döwründe ol tutuş Ýahuda ýurdunda berkidilen galalary gurup bildi. Şol döwürde onuň sütüne hiç kim çozuş-da etjek bolmady. Soňraky wakalarda biz millionlarça esgeri bolan goşunyň Asa we Ýahuda çozuş edendigini görýäris, ýöne şeýle ýazylgy: “...Efiopiýalylaryň bary...Rebbiň we Onuň goşunynyň öňünde ýeňlişe sezewar boldular. Ýahuda halky gaty köp olja alyp gaýtdy” (2 Ýyl ýazgylary 14:13). Asa öz goşuny bilen duşmany ýeňmek bilen çäklenmän, bu söweşde köp baýlygy olja-da aldy.

Biz bu lideriň ýalkanyşyny görýäris, sebäbi ol Hudaýa tabyn bolup, günäden ýüz öwürmek bilen çäklenmän, başgalary hem şeýle etmäge çagyrdy.

6. Ýehoşapat. Bu patyşa öz durmuşynda hem, ýurdy dolandyrmakda hem Hudaýyň nazarynda dogry işleri etdi. Ol adamlary butparazlykdan dänip, günäleri üçin toba etmäge çagyrýardy. Ol bütin ýurduň sežde-gählerindäki azgyn erkekdir aýallary gyryp ýok etdi (ser.: 1 Patyşalar 22:46). Ol Ýahuda ýurdunyň ähli ýerlerindäki seždegähleri ýatyrdy we Aşera butlaryny ýumurdy (2 Ýyl ýazgylary 17:6). Ol öz şalyk süren döwrüniň üçünji ýylynda Ýahudanyň ähli galalaryna hyzmatçylary iberdi. Olar Hudaýyň kanunynyň göçürmesini ýazyp, Ýahudanyň galalaryna aýlandylar we ony halka öwretdiler.

   Ýehoşapadyň ýurdy dolandyrmasynyň netijeleri nähili? “Ýahudanyň töweregindäki ähli ýurtlaryň patyşalyklaryna Rebbiň gorkusy aralaşdy. Olar Ýehoşapada garşy uruş etmediler. Piliştlileriň käbirleri Ýehoşapada sowgatlar, salgyt üçin kümüş getirdiler...Ýehoşapat gitdigisaýy güýçlenýärdi...” (2 Ýyl ýazgylary 17:10-12). Soňra biz şun okaýarys: “Ýehoşapat örän baý we at-abraýlydy...” (2 Ýyl ýazgylary 18:1). Goşunlar oňa we Ýahuda çozýardylar, ýöne Reb olary biri-birine gyrdyrýardy, Ýahuda bolsa neijede köp olja eýe boldy.

   Mukaddes Ýagzylar bu patyşa barada şeýle diýýar: “Şonuň üçin hem Reb onuň patyşalygyny berkitdi. Ähli ýahuda halky Ýehoşapada salgyt töledi. Ol gaty baý hem at-abraýlydy. Ýehoşapat Rebbiň ýolundan ýöremeklige ýüregi bilen berlendi...” (2 Ýyl ýazgylary 17:5,6).

   Ýehoşapat Ahap bilen ylalaşyk baglaşdy. Ahabyň tutuş öýi butparazdy. Şonuň üçin-de, Ýehoşapat tas ölüpdi, ogly bolsa nejislikden zyýan çekdi. Ýehu pygamber ony paş edip, şeýle diýdi: “Sen näme üçin ýamana ýardam edip, Rebbi ýigrenýänleri söýýäň?...” (2 Ýyl ýazgylary 19:2). Ýöne umuman alnanda, Ýehoşapadyň tabynlygy sebäpli onuň özi we tutuş Ýahuda abadanlykda ýaşady. Bu onuň günä işlerine (butparazlyga) biperwaý garamandygyny aňladýar.

7. Ýoram. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
8. Ahazýa. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
9. Atalýa (şa aýaly). Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
10. Ýowaş. Ol barada şeýle ýazylan: “Ýowaş Ýehoýada ruhanynyň bütin

ömrüne Rebbiň nazarynda dogry işlerini etdi” (2 Ýyl ýazgylary 24:2). Emma onuň şalyk süren döwri barada bütinleý başga waka ýazylan. Ol but seždegähleri ýok etmedi. Başga sözler bilen aýdylanda, ol öz halkyny günä üçin toba etmäge çagyrmady. Netijede, “...Ýahudanyň baştutanlary gelip, patyşa tagzym etdiler. Patyşa olara gulak asdy. Olar ata-babalarynyň Hudaýy Rebbi terk edip, Aşera we beýleki butlara gulluk etdiler...” (2 Ýyl ýazgylary 24:17-18).

Ol halka öwretmelidi, ýöne, tersine, olar ony ynandyrdylar, şonuň üçin-de, “Olaryň bu günäleri sebäpli Ýahudanyň we Iýerusalimiň üstünden Hudaýyň gazaby indi” (ser.: 18-nji aýat). Pygamber onuň ýanyna gelip: “Näme üçin Rebbiň tabşyryklaryny terk edýärsiňiz? Siziň işiňiz rowaç almaz” (ser.: 20-nji aýat). Soňra şeýle ýazylan: “Ýylyň ahyrynda Siriýa goşuny Ýowaşyň garşysyna çykdy. Olar Ýahuda we Iýerusalime gelip, halkyň baştutanlarynyň baryny ýok etdiler. Olardan alnan ähli oljany Damaskdaky patyşa iberdiler. Siriýalylaryň goşuny az hem bolsa, Reb Ýahudanyň uly goşunyny olaryň eline berdi, çünki Ýahudanyň halky ata-babalarynyň Hudaýy Rebbi terk edipdiler. Şeýdip, olar Ýowaşy jezalandyrdylar” (23-24-nji aýatlar). Siriýalylar Ýowaşy ilkibaşda ýaraladylar, soňra bolsa öldürdiler. Onuň şalygy günäden ýüz öwürmänligi zerarly gutulgysyz zabun netijelere duçar bolan lideriň durmuşyny görkezýär.

11. Amazýa. Ol barada şeýle ýazylan: “Amazýa Rebbiň nazarynda dogry işlerini etdi, ýöne bu çyn ýürekden däldi” (2 Ýyl ýazgylary 25:2). “Emma seždegähler aýrylmady. Adamlar entek-enteklerem şol ýerlerde gurbanlyk berip, ýakymly ysly tütetgi ýakýardylar” (2 Patyşalar 14:4). Onuň şalygy hem zabun synaglara duçar boldy. Amazýa edomlary ýeňip, muňa örän buýsandy. Şondan soň ol Ysraýyl patyşasy Ýowaşa uruş yglan etdi. Ýowaş oňa öz halkyna degmezligini duýdurdy. Emma Amazýa gulak asman, Ysraýylyň üstüne ýöriş etdi we şol söweşde doly derbi-dagyn edilip ýesirlige düşdi. Soňra Ysraýyl Iýerusalim galasynyň diwarynyň 180 metr aralygyny ýumrup, Rebbiň ybadathanasyndaky ähli altyn-kümşi we enjamlary çykardy. Ysraýyl patyşanyň köşgündäki hazynalary hem alyp, birtopar adamlary ýesirlige aldy. Amazýa bolsa öldürildi (ser.: 2 Ýyl ýazgylary 25:11-28). Biz ýene-de Hudaýyň nazarynda dogry işleri edip başlan hem bolsa, öz şalyk süren döwründe halky edýän günälerinde paş etmedik lideriň heläk bolşuny görýäris.

12. Uzyýa. Ol Rebbiň nazarynda dogry işleri etdi. Ol Hudaýy agtaran döwründe, Ol oňa abadançylyk berdi. Uzyýa güýçli we üstünlikli patyşa boldy. Mukaddes Kitapda onuň but seždegähleri babatda näme edendigi aýdylmasa-da, öz tekepbirligi zerarly heýwere keselinden ölendigini bilýäris.
13. Ýotam. Bu patyşa barada köp maglumat ýazylmadyk. Ol Rebbiň nazarynda dogry işleri etdi, ýöne onuň döwründe adamlar nejis işlerini dowam etdirdiler. Gynansak-da, ol öz döwründe "seždegähleri aýyrmady. Halk entek-enteklerem şol ýerlere baryp, gurbanlyk berip, ýakymly ysly tütetgi ýakýardy..." (2 Patyşalar 15:35). Biz bolan netijeleri görýäris: "Şol döwürde Reb Siriýa patyşasy Resini, Remalýanyň ogly Pekany Ýahudanyň garşysyna goýberip başlady" (2 Patyşalar 15:37).
14. Ahaz. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
15. Hizkiýa. Hizkiýanyň kakasy Ahaz örän erbet patyşady. Ol ybadathananyň gapylaryny ýapyp, hakyky ybadaty bes etdi. Hizkiýa tagta çykandan soň ilki eden işi – Rebbiň ybadathanasynyň gapylaryny açdy, ony nejis zatlaryň baryndan arassalady we binany abatlady. Ol barada şeýle ýazylan: "Hizkiýa atasy Dawut ýaly Rebbiň nazarynda dogry işleri etdi. Ol seždegähleri ýok etdi, dikme daşlary ýykdy we Aşera butlaryny kesip aýyrdy. Musanyň ýasan bürünç ýylanyny parçalady, çünki ysraýyl halky şol günlere çenli bürünç ýylana ýakymly ysly tütetgi ýakyp gelipdi..." (2 Patyşalar 18:3-4). Soňra ol Rebbiň Pesah baýramyny gaýtadan dikeltdi. Bu uly waka boldy, sebäbi "Pesah baýramy tamamlanandan soň, ol ýerdäki bütin ysraýyl halky Ýahuda galalaryna gidip, dikme daşlary kül-owram edip, Aşera butlaryny kesdiler. Bütin ýahuda, benýamin, efraýym we günbatardaky manaşa tireleriniň ýaşaýan ýerlerinde bolan seždegähleri we gurbanlyk sypalarynyň ählisini ýok etdiler. Onsoň ysraýyl halkynyň hersi öz galalaryna, öz mülklerine dolandy" (2 Ýyl ýazgylary 31:1).

    Hizkiýa barada ýene-de şeýle ýazylan: "Hizkiýa Rebbe wepaly bolup, hiç haçan Onuň yzyna eýermekden ýüz döndermedi we Rebbiň Musa beren tabşyryklaryny berjaý etdi. Reb onuň bilendi. Hizkiýa nirä gitse-de, onuň işi oňuna boldy..." (2 Patyşalar 18:6-7). Siriýalylar oňa garşy uruş bilen çykyş etdiler, ýöne ahyrda Rebbiň perişdesi siriýalylaryň goşunyna gelip, 185 000 esgerini öldürdi. Hizkiýa şalyk süren döwründe halkyň edýän günälerine garşy göreş alyp barany üçin, öz

durmuşynda-da, ýurduň durmuşynda-da abadançylyk boldy.

16. Manaşa. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
17. Amon. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
18. Ýoşyýa. Ol öz şahsy durmuşynda we patyşalyk ornunda juda tabyn bolupdy. Ol barada şeýle ýazylan: “Ýoşyýa patyşa bütin ýahuda halky, bütin Iýerusalim ilaty, ruhanylar, pygamberler, uludan-kiçä bütin halk bilen Rebbiň öýüne gitdi. Patyşa Rebbiň öýünden tapylan Äht kitabyndaky sözleri olara sesli okap berdi” (2 Patyşalar 23:2). Soňra ol ähti dikeldip, Rebbiň ybadathanasyndan Bagala, Aşera we ähli asman jisimlerine sežde etmek üçin edilen gap-gaçlaryň baryny çykartdy. Ol olaryň baryny ýakyp kül etdi-de, külüni butparazlaryň gabyrlaryna sepdirdi. Bu lideriň dyngysyz bitabynlygy ýok etmekdäki işleri barada köp ýazylandyr. Men Mukaddes Ýazgylardan Ýoşyýanyň Ýahudadaky günälere garşy gönükdirilen hereketlerini aňladýan sözleriň baryny göçürip aldym: “ýakdy, boşatdy, ýenjip, kül etdi, ýykdy, harama çykardy, ýok etdi, murdar etdi, aýyrdy, kül-peýekun etdi, taşlady, ýatyrdy, weýran etdi, oda ýakdy, çapdy, döwdi” Bu sözler Ikinji Patyşalar kitabynyň diňe 23-nji babynyň özünde 23 gezek duş gelýär. Bu patyşa barada şeýle ýazylgy: “Rebbe Musanyň kanunyna laýyklykda bütin kalby, bar güýji bilen jan-tenden gulluk eden Ýoşyýa ýaly patyşa ondan öň hem, soň hem bolmady” (2 Patyşalar 23:25).
19. Ýehogahaz. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
20. Ýehoýakym. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
21. Ýehoýakyn. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.
22. Sidkiýa. Rebbiň nazarynda nejis işleri etdi.

Geliň, şu patyşalaryň wakalaryndan netije çykaralyň. Eger olaryň durmuşyna umumy seretsek, şu mese-mälim bolar: olar dogruçyl ýaşap, halkyň arasynda mesgen tutan günä (butparazlyga) garşy göreşenlerinde, ýurtda abadançylyk bolýardy. Emma patyşa özi dogry ýaşap, ýurtdaky günä garşy göreşmedik halatynda ýagdaý başgaça bolýardy.

Biz bu netijeleri häzirki ýygnakda hem öwrenmeli. Eger biz admalary günäkäriň sadaja dilegine çagyryp, hakyky toba etmeklige çagyrmasak, özümizi kynçylyklara duçar ederis. Biziň “täzelikde iman edenlerimiz” günäden ýüz öwürmegi niýet etmeýän bolsa näme? Biz

şeýdip öz jemagatymyza butparazlary getirýäris.

Biz, liderler, dogruçyl ýaşap bilýaris. Ýöne adamlaryň arasyndaky butparazlyk günäsine garşy göreşmesek, onuň netijelerinden gaça durup bilmeris; netijeleri bolsa şol patyşalaryň başyndan inen ýagdaýlar bolar. Gysgawagtlaýyn üstünligiň gelmegi ahmal, ýöne ol gowulyk bilen tamamlanmaz. Halkynyň arasyndaky bitabynlyk bilen göreşmedik patyşalarynyň käbiriniň işleri rowaçlanypdy, emma liderlik ukyplarynyň ýetmeýänligi durmuşlarynda ahyrsoňy bildirdi.

Eger biz adamlar bilen Hoş Habary paýlaşanymyzda, olardan toba etmegi talap etmesek, onda özlerini Hudaýyň öňünde dogry hasaplaýan butparazlar bilen des-deň bolarys. Şeýdip, öz jemagatymyzy ryhy kriptonitiň täsirine duçar edýäris.

## Hereket ediň

Biz ähli ünsümizi ownuk-uşak böleklere gönükdirsek, uly suraty gözden sypdyryp bilýäris. Başga sözler bilen aýdylanda, agaçlaryň aňyrsyndaky tokaýy görmeris. Şeýle ýagdaý hatda Hudaýayň Sözüni öwrenenimizde, aýratyn hem taryhyň uzak döwür aralygyna üns berlende hem bolup bilýär. Emma şu bapda edişimiz ýaly, mowzugy taryhyň uzak döwür aralygy boýunça yzarlasak, ozal ünsden sypan mysallary görüp bolýar. Şeýdip, biz suraty hemme taraplaýyn görýäris.

Ysraýyl bilen Ýahudanyň hemme taraplaýyn suraty şuny görkezýär: liderler öz durmuşyny bolmalysy ýaly rejeläp, Hudaýyň olara ynanan ähli zatlary babatda hakykatdan-da jogapkärçiligi alanlarynda, Hudaý olara abadançylyk berýärdi.

Siziň patyşa ýa melike bolmazlygyňyz ahmal. Siziň hatda işde menejer ýa-da başlyk bolmazlygyňyz hem ahmal. Emma sizde Hudaýyň size ynanan çägi bar. Siziň diňe öz şahsy durmuşyňyzdaky däl, eýsem şu çäkdäki jogap-kärçiligiňiziň täsiri hem uly bolup, Hudaýyň siz arkaly edýän hereketlerini görkezer. Hudaýdan täsir edip bilýän çagiňizi görkezmegini soraň. Şu çäkdäki dogruçyllyk üçin jogapkärçiligi üstüňize alyp bileriňiz ýaly size pähim-paýhas bermegini hem diläň. Hudaýyň size aýtjak zatlaryny ýazyp alyň we etjek işleriňiziň meýilnamasyny düzüň.

# KRIPTONITI ÝOK ETMEK

## DÖRDÜNJI BÖLÜM 4

22

# ÝÜZBE-ÝÜZ

Geliň, kriptoniti durmuşymyzdan hem, jemagatymyzdan hem ýok etmäge başlaly. Ilki bilen ölüm getirýän bu madda geçirimlilik etmegimiziň netijesinde döreýän zatlary jikme-jik öwreneliň.

Men ýokary synplarda okaýan döwrümde, biz bikanun neşe serişdelerini ulanmagyň öňüni almaga niýetlenen iki günlük okuw toplumyny geçmeli bolýardyk. Şol okuwyň dowamynda neşe serişdeleriň getirýän zyýany aýdyň görkezilýärdi. Men Isa Mesihe duşmazymdan ozal hatda iň göçgünli meýlislerde hem neşe serişdelerini ulanmaýardym, sebäbi onuň netijelerinden bolan gorky meni neşe ulanmakdan saklaýardy.

Sagdyn bolmadyk gorky hem bar, ýöne Isa Mesih bizi ondan boşatdy. Emma takwalyk gorkusy hem bar; men şeýle gorkyny neşe serişderlerine garşy gönükdirilen okuwy geçenimde duýýardym. Şeýle gorky durmuşymyzy gözegçilik astyna alyp biläýjek zatlardan saklanmaga kömek edýärdi. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: “Hudaýyň dynçlyk mekanyna girmek hakyndaky wadasy henizem güýjüni saklaýandyr. Şonuň üçin-de, hüşgär boluň, araňyzdan hiç kim dynçlyk mekanyna girmekden mahrum bolmasyn” (Ýewreýler 4:1). “...Rebden gorkmak ýamanlykdan sowýar” (Süleýmanyň pähimleri 16:6).

Şu bapda men ýene-de mesihi liderlere ýüzlenerin. Ýöne bu habar biziň her birimizi imanlynyň “aýakda däl-de, başdadygyny” ýatladýar (ser. Kanun taglymaty 28:13). Biziň hemmämiz Onuň Şalygynyň ilçileri bolmaga çagyry-

landyrys – bu möhüm liderlik garaýşydyr.

Mukaddes Ýazgylaryň nukdaýnazaryndan biz hyzmat etmegiň döwrebap strategiýasy barada oýlandykmy? Biz näme üçin günäniň seždegählerine garşy göreşmekden saklanýarys? Hudaýy tanamak isleýän adamlar biziň hakykaty aýdarymyza garaşýar. Biz bolsa olardan hakyky gatnaşyklary bina etmäge päsgel berýän zady gizleýäris. Eýsem biz olary goraýarysmy? Biz olara hakykaty aýtmakdan gaça durmak arkaly olary howp astyna salýandygymyza, heý, düşünýärismi? Baky durmuş barada eşitmäge gelen adamlaryň göwnüne degmek nämä gerekmiş, hä?

Geliň, Anjelany ýatlaly. Ýadyňyzdamy, oňa nikanyň asyl manysyny düşündirmändiler, şonuň üçin-de ol öz nikasyny örän howply ýagdaýa duçar etdi. Adam Isa Mesih bilen gatnaşyk açandan soň günä etmeli däl. Onda biz näme üçin adamlara edýän günälerinde hiç bir erbetlik ýok diýip pikir etmegine ýol berýäris? Bu bolup biljek zat däl-ä! Biz aslynda bolmadyk gatnaşyklary teklip etmeýärismi näme? Biz olary gutulyşdan mahrum etmeýärismi näme?

Geliň, ýagdaýa hemme tarapdan garap, boljak netijeleri kesgitläli. Bu netijeler Hudaýy agtarýan adamlar üçin nähili bolar? Kriptonitiň täsirini inkär edýän liderler üçin nähili bolar? Iň ahyrynda-da, tutuş ýygnak üçin nähili bolar? Geliň, bu weýran ediji netijeleriň üç taraplaryň ählisi üçin nähili boljakdygyna garap geçeliň.

## Agtarýanlar

Kyýamat gününde halas edilendigine ynanyp, Isa Mesihiň ýanyna baranlarynda: "...Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan" (Matta 7:23) diýip eşitjekleriň sanynyň ujypsyz ýa-da az bolmajakdygyny ýatda saklamaly.

Bu adamlar kim? Ölüleriň ruhy bilen gürleşýänlermi? Başga dine uýýanlarmy? Okkultizme çolaşan adamlarmy? Eger biz Isa Mesihiň sözlerini derňesek, Onuň aýdýan adamlarynyň aramyzda gezip ýörendigini, ýygnaklarymyza gatnap, mesihilige uýýandygyny ýüze çykararys. Ol Öz sözlerini şeýle başlaýar: "Maňa: 'Ýa Reb! Ýa Reb' diýen her bir adam Gögüň Şalygyna girmez, diňe gökdäki Atamyň islegini berjaý eden oňa girer" (Matta 7:21). Isa Mesih Özüne "Reb" diýip ýüzlenýän adamlar barada aýdýar. Ol Josef Smit, Muham-

met pygamber, Budda, Hari Krişna, Konfusiý, Ra, Sikha ýa-da başga bir ýalan pygamber ýa ýalan hudaý barada aýdanok. Ýok, Gökleriň Şalygyna girmäge gadagan edilen adamlar Isa Mesihi özleriniň Rebbi hasaplaýarlar.

Bu aýatda “Reb” sözi näme üçin iki gezek gaýtalanýar? Ýene-de ýokarda görkezilen sebäbe görä – Mukaddes Ýazgylarda haýsydyr bir söz ýa-da jümle tötänden gaýtalanmaýar. Awtor şeýle nygtamany ýörite edýär. Emma şeýle ýagdaýlarda bu ýöne bir nygtama däl-de, duýgulary güýçlendirmek üçin edilýär.

Mysal üçin, Dawut patyşa Ýowabyň bir esgeriniň öz ogly Abşolomy öldürendigini bilende, haly perişan boldy. Mukaddes Ýazgylar onuň duýgulary barada şeýle diýýär: “Patyşa ýüzüni aşak salyp: ‘Wah, oglum, Abşalom! Jan oglum, jan oglum, Abşalom!’ diýip, gaty sesi bilen möňňürip aglaýardy” (2 Şamuwel 19:4). Dawut patyşa “jan oglum” diýip iki gezek gaýtalan däldir, ol bu urgudan ýaňa möňňürip aglaýardy. Oglunyň ölmegi şeýle agyryly bolansoň, awtor Dawudyň duýgularyny okyjylara ýetirmek üçin bu sözi iki gezek gaýtalady.

Reb hem ýokarda agzalan adamlaryň Özüne bolan güýçli duýgularyny beýan etmek üçin gaýtalama tärini ulanýar. Bu adamlar Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygy baradaky taglym bilen ylalaşmak bilen çäklenmän, öz imanlaryny hyjuwly beýan edýärler. Biz mesihi bolmakdan ýaňa özlerini bagtly saýýan adamlar barada diýýäris, olar öz imanlary barada höwes bilen gürrüň berýärler.

Olar Isa Mesihe iman etmek bilen çäklenmän, eýsem Oňa hyzmat hem edýärler:

> “Men Kyýamat güni müňlerçe adamlaryň öňümde öwnüp, Maňa: ‘Ýa Reb, biz Hoş Habary wagyz etdik, arwah-jynlary kowup çykardyk, Hudaý üçin eden taslamalarymyz barada töwerekdäkileriň bary gürrüň berýäridiler’ diýýänini görerin” (Matta 7:22, MSG, iňlis dilinden terjime).

The Message terjimesiniň şu aýady bu adamlaryň keseden syn eden adamlar däldigini görkezýär. Olar ýygnagyň işini goldaýardylar, oňa hut özleri-de gatnaşýardylar. Olar: “Biz Hoş Habary wagyz etdik” diýip, Hoş Habara bolan ynamyny jar edýärdiler. Aslynda, olar adamlaryň durmuşyny özgertmek üçin zähmet çekýärdiler.

The Message terjimesinde “müňlerçe” diýen söz ulanýar. Emma

terjimeleriň köpüsinde “köpler” diýen söz ulanylan. Grek *polus* sözi “köp sanly, köp mukdarda” diýmegi aňladyp, köplenç “köpüsi, aglabasy” diýen manyda ulanylýar. Her nähili bolanda-da, Isa Mesih adamlaryň kiçi topary barada däl-de, uly topary, umumy sanyň aglaba bölegi barada aýdýan bolmagy gaty ahmal.

Şunlukda, ýokarda aýdylanlary jemläli: Isa Mesih Hoş Habaryň taglymatyna ynanýan, Ony Reb atlandyrýan adamlar barada aýdýar. Olar duýgulardan doly seslerini Hoş Habara berýärler, mesihilik hyzmatlaryna işjeň gatnaşýarlar. Biz olaryň hakyky mesihidigini aňsat bilýäris. Seljeriş çyzygy nirede? Olar hakyky imanlylardan nähili tapawutlanýarlar? Isa Mesih bize şeýle diýýär: “Şonda Men olara: ‘Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!’ diýip, açyk aýdaryn” (Matta 7:23).

Bu aýatda açary sözler bar – “ýamanlyk edýänler”. Birinjiden, ýamanlyk näme? Bu grek sözi *anomia*. Taýeriň grek diliniň düşündiriş sözlügine görä, bu “nadanlygy zerarly kanunsyzlyk ýagdaýy ýa-da kanuny bozmaklyk” diýmegi aňladýar. Başga sözler bilen aýdylanda, ýamanlyk edýän adam Hudaýyň Sözüniň ygtyýarlygyna tabyn bolmaýar. Ol yzygiderli günä edip, päk ýürekden toba etmeýär. Bu adam – häzirki döwrüň butparazy.

Şunlukda, ýamanlyk – kriptonitiň görnüşidir.

Bu erkekler we aýallar wagtal-wagtal büdränok. Tersine, olar Hudaýyň Sözüne tabyn bolmagy ret edýärler, ony äsgermeýärler we ondan gaça durýarlar. Olar ýamanlykda ýaşaýarlar: käbirleri Mukaddes Ýazgylaryň ol ýa bu parçalary onda ýazylan zady göz öňüne tutmandyr diýip hasaplaýarlar; käbirleri Mukaddes Ýazgylaryň bu sözleri häzirki döwre degişli däl diýip hasaplaýarlar; adamlaryň aglaba bölegi bolsa özlerini Mukaddes Ýazgylara degişli bolmadyk merhemet bilen örtülendir diýip hasap edýärler.

Gynansak-da, adamlaryň günä içinde ýaşamagy dowam etmegine, meniň pikirimçe, olaryň liderleri sebäp bolýar: bu liderler olara düzediş bermeýärler, çyn ýürekden toba etmäge çagyrmaýarlar. Isa Mesih bilen äht gatnaşygyna girilenden soň butparaz oýnaşlary getirmek bolmaýandygyny bu adamlara hiç kim aýtmaýar. Eger bu adamlar dogrudan-da merhemet arkaly halas bolan bolsadylar, onda günä baradaky pikiri ýigrenmek bilen çäklenmän, eýsem edýän günälerinden saplanmak üçin elden gelenini ederdiler. Olar hyjuwdan doly azgyn bedenlerini haça çüýläp, dogruçyl häsiýetlere we işlere ymtylardylar. Bu hakyky imanlyny seljermäge kömek edýän häsiýetdir.

Belläp geçilmeli gyzykly zat – Isa: “Men sizi asla tanamok” diýdi. Grek

dilinde “tanamok” sözi — *ginosko*, ol “ýakyndan, içgin tanak” diýmegi aňladýar. Bu adamlaryň Onuň bilen hiç haçan içgin gatnaşygy bolmandy. Emma olaryň Oňa “Rebbimiz” we “Reb” diýip ýüzlenýändigine garamazdan, bu ýöne at, olar Oňa tabyn bolmaýarlar. Hudaý bilen hakyky gatnaşyklaryň bardygyny Onuň Sözüni berjaý edilşinden bilip bolýar:

> “Eger Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýän bolsak, onda Ony tanaýandygymyzy mälim edýäris. ‘Hudaýy tanaýaryn’ diýibem, Onuň buýruklaryny berjaý etmeýän adam ýalançydyr, onda hakykat ýokdur” (1 Ýohanna 2:3,4).

Bu pikir Isa Mesihiň: “Şeýlelik bilen, olary miwelerinden tanarsyňyz” (Matta 7:20) diýip başlaýan gürrüňini doly şöhlelendirýär. Isa Mesihiň bu ýerde gürrüňini edýän miweleri – mesihilik hyzmatlary däl, Ol habar, ýygnaga gatnamak barada aýtmaýar, sebäbi bu zatlaryň bary Göklerden dänen adamlar üçin hem ýat zat däl. Häzirki döwürde Isa Mesihi Reb diýip atlandyrýan, Onuň taglymatyna uýýan, duýgulardan doly we mesihilik hyzmatlaryna işjeň gatnaşýan adamy Hudaýyň perzendi diýip hasaplaýarlar. Ýöne hakyky imanlyny saýgarmakda bu faktorlaryň esasy däldigini Isa Mesihiň sözlerinden aýdyň görse bolýar.

Maňa şeýle pikiri aýtmaga rugsat ediň: bu häsiýetleri hemmesiniň hakykatdan-da iman edýän adama mahsusdygy gürrüňsiz zat. Emma, bu häsiýetlere eýe bolmak bilen, adam ýüzugra Hudaýyň perzendi bolaýanok. Aýgytly sorag: ol öz günäleri üçin toba etdimi? Ol Rebbe tabyn bolmaga höweslimi? Ol Isa Mesihiň “mundan beýläk günä etme” diýen sözlerini özi üçin hökmany ýa-da hökmany däl hasaplaýar? Ine, şu soraglaryň jogaby hakykaty görkezýän barlagdyr (ser. Ýohanna 5:14).

## Habarçylar

Geliň, liderler we Hoş Habary wagyz edýän habarçylar üçin uzak-möhletleýin netijelere garap geçeliň. Hoş Habary wagyz etmäge ynanylandygyna garamazdan, ony bökdäp, hakykatyň paş ediji taraplaryny adamlara ýetirmedik adama garaşýan höküm barada Mukaddes Ýazgylar aýdýandyr. Hudaýyň Öz habarçylaryna beren duýduryşyny ünsli okaň:

> “Men erbet adama: ‘Sen hökman ölersiň’ diýsem, sen hem oňa duýduryş bermeseň ýa-da onuň ömrüni halas etmek üçin erbet ýollaryndan el çekmek barada onuň bilen gepleşmeseň, ol erbet adam öz günäsi zerarly öler, emma onuň gany üçin Men seniň bilen haklaşaryn. Emma sen erbede duýduryş berseň, ol-da erbetlikden el çekmese, ýaramaz gylyklaryny üýtgetmese, ol öz günäsi zerarly öler, emma sen öz janyňy halas edersiň. Eger dogruçyl adam dogruçyllygyndan dönüp, erbetlige ýüz ursa, Men ony agyr güne salaryn, ol hem öler. Sen ol adama duýduryş bermeseň, ol öz günäsi zerarly öler we onuň eden dogry işleri ýatlanmaz. Men onuň ganyny bolsa senden talap ederin. Ýöne dogruçyl adam günä etmez ýaly, oňa duýduryş berseň, ol-da günä etmese, elbetde, ol diri galar, sebäbi oňa duýduryş berildi; sen hem öz janyňy halas edersiň” (Ezekiýel 3:18-21).

Mukaddes Ýazgylaryň ýokarky aýatlarynda “duýdurmak” sözüniň köp ulanylandygyna üns beriň. Çopanlardan, liderlerden we imanlylardan – azaşan janlara dogry ýoly görkezip, günäde ýaşaýanlara söýgi bilen düzediş bermäge çagyrylanlaryň ählisinden – şuny çyndan soramaga rugsat ediň: siz maslahatyňyza görä Hudaýyň öňünde özlerini dogruçyl saýyp, aslynda beýle bolmadyk adamlar üçin jogap bermäge taýynmysyňyz? Bu adamlar günä etmezlik baradaky duýduryşy bilmänsoňlar şeýle boldular. Olar ýalanda we hilegärlikde ýaşasalar-da, özlerini halas edilen saýýarlar, aslynda welin olar günä içinde ýaşaýarlar. Sebäbi olara bu barada hiç kim duýduranok, Kyýamat gününde bolsa olar: “Meniň ýanymdan aýrylyň” diýleni eşiderler.

Belki, şu sebäpden Hoş Habary şeýle wagyz etmelidir: “Ynsan özüni Mesihiň bedeniniň kämil agzasy hökmünde hödürlär ýaly, her bir ynsana öwüt-ündew edip, uly akyldarlyk bilen taglym berýäris” (Koloseliler 1:28). Biz diňe öwretmän, eýsem öwüt we duýduryş hem berýäris.

Hudaýyň Öz pygamberi Ezekiýel arkaly aýdyň diýýän sözlerini okaň: “Men onuň ganyny bolsa senden talap ederin”. Siz bütin bakylykda öz ýalňyşymyz barada bilip gezjekdigimiz barada oýlanypmydyňyz? Işaýa pygamber täze asmanda we täze ýerde boljak zatlar barada şeýle diýýär:

> “Her Täze Aý baýramynda, her Sabatda ähli ynsanlar huzuryma gelip, Maňa ybadat ederler’ – Muny Reb aýdýandyr. Olar daşa çykyp, Maňa garşy baş galdyranlaryň jesetlerini görerler. Olaryň

> jesetlerini iýýän gurt ölmez, olary ýakýan ot sönmez; olar bütin adamzada ýigrenji bolarlar” (Işaýa 66:23-24).

Ýa siz “jogap soraljak” adamlar otly kölde ýanýanlar barada unudar öýdýäňizmi? Bu “jogapkär” adamlar şol köldäkileriň özlerine duýduryş berilmänligi üçin heläk bolandygyny unudarlar öýdýäňizmi?

Eger biz adamlary bolşy ýaly kabul etmeli, olara toba etmezden, “gutulyş dilegini” okap, halas bolmagy teklip etmeli (şeýdip olary gökler barada boş umytlary berip)  diýip hasap edýän bolsak, munuň netijeleri nähili bolar? Biz öz diňleýjilerimize ýasama howpsuzlygy sowgat berip, olary öz günäleri üçin ýürekden toba etmek höwesinden mahrum etdik.

Şonda öz azaşdyran adamlarymyzyň  “bütin adamzada ýigrenji boljagyny” görjekdigimize hiç şübhe ýokdur.

Pawlusyň aýňaldyjy sözlerini ýada salyň: “Şonuň üçin bu gün size şuny yglan edýärin: men hiç kimiň ganyna jogapkär däldirin. Sebäbi men Hudaýyň ähli islegini size wagyz etmekden boýun towlamadym” (Resullar 20:26-27). Pawlus Hudaýyň Ezekiýel pygamber arkaly her bir habarça aýdanlaryny oňat bilýärdi. Eger biz Onuň ýollaryny jar etmekden boýun gaçyrsak, jogap bermeli bolarys, sebäbi bu günä biziň boýnumyzda bolar. Ýakup pygamber hem, belki, şonuň üçin bize şeýle ýazýar:

> “Eý, doganlarym, hemmäňiz ýygnakda öwrediji bolmaň! Sebäbi biz öwredijileriň has berk höküme duçar boljakdygymyzy bilýänsiňiz” (Ýakup 3:1).

Bu sözler Mukaddes Ýazgylarda biziň olary ret etmegimiz ýa-da äsgermezligimiz üçin ýazylmady. Hudaý Öz duýduryşlaryna biperwaý bolmazlygy we günä üçin toba etmek babatdaky çagyryşyny ünsden düşürmezligi haýyş edýär. Ol muny lideriň we Hudaýy agtarýanlaryň hatyrasy üçin aýdýar. Ol bizi söýýär, ýöne Ol mukaddes Hudaý – Ol Öz huzurynda günäniň bolmagyna ýol bermez. Ol biziň erkinligi alyp, günäden azat ýaşamagymyz üçin juda ýokary bahany töledi we bizi halas etdi. Eger biz taglymata ýa-da beýik gutulyşa biperwaý garaýan bolsak, hökümden nädip gutulyp bileris?

Täze Ähtiň jar edýän Hoş Habaryny äsgermänimize degýärmi? Täze Ähtiň iň soňky kitabynyň jemleýji sözleri şeýle diýýär: “Kimde-kim bu kitabyň pygamberlik sözlerinden bir zady aýyrsa, Hudaý hem bu kitapda agzalýan

ýaşaýyş daragtynyň miwesinden iýmek we mukaddes şäherde ýaşamak hukugyndan ony mahrum eder” (Aýanlyk 22:19). Onsoň biz bu duýduryşa neneň edip üns bermän bileris? Bizden hakykaty eşitmegi küýseýän adamlara neneň edip hakyky gutulyşa eltýän ilkinji ädim – günäler üçin toba etmek barada aýtman bileris?

Eýsem biz Hudaýdan köp bilýärismi näme? Eýsem biz adamyň ýygnaga gelenini toba edeninden has wajyp saýýarysmy? Ol günäsi üçin gelejekde toba eder öýdýärismi? Hakykat ýüzünde hemme zat başgaça. Eger adam dileg edeni üçin eýýäm halas bolandygyny eşitse we “maşgalanyň” agzasy bolsa, onda soňra toba etmek islegi nireden döresin? Ol eýýäm “halas edilen” we “merhemet bilen örtülen”.

Çarlz G. Finneý beýik hoş habarçydy. Onuň hyzmaty örän güýçli bolansoň, käwagt tutuş şäherler (mysal üçin, Roçester şäheri, Nýu-Ýork ştaty) güýçli ýygnaklarynyň täsiri sebäpli adaty işlerini togtadýardylar. Şeýle wagtlar bolýardy: ol her agşam diýen ýaly günäler üçin toba etmegi wagyz edip, diňleýjilerini halas bolmaga çagyrýardy. Ol muny tä Hudaýy agtarýan adamlaryň oturgyçlarynyň gyrajygynda demi tutulan ýaly halda oturýança wagyz edýärdi. Ýöne ol adamlary halas bolmaga çagyrmaga gyssanmaýardy. Ahyrda, birnäçe agşamdan soň, ol şeýle diýýärdi: “Eger siz mesihi bolmak barada pikir edýän bolsaňyz, ýygnakdan soňra şol burça baryp, näme etmelidigini soraýyň” diýýärdi.

Onuň ýygnaklarynda müňlerçe adamlar halas boldular. Bu adamlaryň 90%-den gowragy imandan dänmedigi belli maglumat. Häzirki günde halas bolýan adamlaryň sany has azdyr. Çarlz G. Finneýiň üstünligi beýikdi, sebäbi ol Täze Ähtiň taglymyndan çykmaýardy: ol ondaky usullaryň iň oňatdygyny bilýärdi!

## Imanlylar jemagaty

Şunlukda, siz kitabyň başynda ýazylanlaryň nähili wajypdygyny indi bilýänsiňiz. Eger biz günäli işlerini dowam edýän adamlary halas bolmaga çagyrýan bolsak, onda öz ýygnaklarymyzda günä hamyrmaýasy üçin gapyny açyp berýändiris. Bilkastdan edilýän günä çalt ýaýrap, her bir adama aýratynlykda we tutuş jemagata edil kriptonitiň Supermene täsir edişi ýaly täsir edýär.

Eger biz günäni düzetmekden boýun gaçyrýan bolsak, öz ýygnaklarymyzy we imanlylar jemagatlarymyzy gowşadýarys, netijede, obalar, şäherler we

ýurtlar Hudaýyň şöhratyny görmeýärler. Irki Ýygnak Hudaýyň şöhratyndaky güýji arkaly tutuş şäherleri we hatda welaýatlary özgerdýärdi. Biz näme üçin XXI asyrda öz welaýatlarymyzy heniz-de özgerdip bilemzok? Häzirki döwrüň tehologiýalary Irki Ýygnagyň döwrüne garandan has ösen we döwrebap. Biz olar arkaly adamlara has netijeli ýetip bilýäris ahyryn.

Amerikanyň we beýleki günbatar ýurtlarynda näme üçin çaga düşürmeklik, zynagärlik, jyns azgynlygy, gomoseksualizm we jyns meselesinde bulam-bujarlyk pajarlaýar? Bu jemgyýetimiziň has öňe gidenligi üçin däl. Bikanunlygyň şeýle güýçli akymy dördünji we bäşindi asyrlarda – ýygnagyň sowap başlan döwründe hem ýüze çykypdy. Rim jemgyýetinde mesihilik ýörgünli bolup başlandan soň, ýygnak märeke bilen garjaşyp başlady we öz netijeliligini ýitirdi. Soňabaka ol Orta asyrlar diýen döwre gaplanyp galdy.

Men, öz tarapymdan, ýene-de şeýle bir döwrüň şaýady bolasym gelenok. Köp liderleriň bu babatda meniň bilen ylalajakdygyny hem bilýärin. Biz tutuş hakykaty söýgi we rehim bilen jar etmekden el çekmeris.

Eger siz hem hakykatyň ýörgünli ýa däldigine, göwne ýakymly ýa ýakymsyzdygyna garamazdan, ony jar etmek kararyna gelseňiz, bize goşulyň. Adamlaryň, ýygnaklaryň, şäherleriň we ýurtlaryň durmuşyny özgertmäge ukyply bolan Hudaýyň Sözüni wagyz ediň. Başgaça hereket etmek – öz ýakynlaryňy söýmekden ýüz öwürmekligi aňladýar.

## Hereket ediň

Isa Mesihiň Bedeninde günäniň netijelerini gizläp boljak hiç bir orun ýokdur. Ol diňe bir liderlere zyýan ýetirmän, eýsem bir adam arkaly sümlüp girip, tutuş ýygnaga ýaýrap bilýär. Eger biz günä barada dymsak, adamlar heläklener, biz bolsa muňa jogap bermeli bolarys.

Soňky sözlemi hut özüňiz babatda ulanyp, gaýtadan okaň: eger men günä barada dymsam, adamlar heläklener, men bolsa muňa jogap bermeli bolaryn. Bu sözler içiňizde mesgen tutar ýaly, olary birnäçe gezek sesli gaýtalaň. Goý, bu hakykat bütin agramy bilen ýüregiňize we aňyňyza insin.

Hudaý bu meselede bizden jogap sorar. Güna barada dymmak bolmaz. Hakykatyň şu nukdaýnazaryndan tutuş ömrüňize göz aýlaň. Nikaňyzda ýa-da çagalary terbiýeleýşiňizde haýsydyr bir zatlar üýtgärmi? Siz indi

öz ýygnagyňyzdaky adamlar bilen başgaça gürleşip başlarmysyňyz? Şu soraglaryň jogabyny Hudaýdan soraň. Muny tä şu hakykat bilen nädip ýaşamalydygyna aýdyň düşünýänçäňiz soraň. Soňra bir ynamdar dostuňyzyň ýanyna baryp, bu özgerişlikleri durmuşyňyzda nädip amal etjekdigiňizi gürrüň beriň.

23

# GEÇIRIMLILIK

Geliň, direlen Patyşamyzyň hut Özüniň aýdan sözlerine ýüzleneliň.

Mukaddes Kitabyň ahyrky kitabynda Isa Mesih Aziýadaky ýedi ýygnaga habar gönderýär. Eger Onuň sözleri diňe şol taryhy ýygnaklara niýetnen bolsady, onda olar Mukaddes Ýazgylara ýazylmazdy. Olar umumy kitaba goşulan, şonuň üçin-de olaryň pygamberlik habary bardyr. Başga sözler bilen aýdylanda, olaryň ilkinji gezek aýdylan adamlaryna degişli bolşy ýaly, şindi bize hem degişlidir.

Hudaýyň Sözi diridir, şonuň üçin, geliň, Isa Mesihiň sözlerine edil şu döwürde biziň hemmämize ýüzlenilýän diýip hasap edeliň. Eger köwüş aýagymyza laýyk bolsa, ony ýa Onuň makullamasyndan gujurlanyp, ýa-da Onuň söýgi bilen berýän terbiesi arkaly päklenip, geýeliň.

## Izebel kim?

Biz ünsümizi Tiýatiradaky ýygnakda jemläris. Isa Mesih oňa ýüzlenip başlanda, Özi barada: “Gözleri alawlaýan ot ýaly, aýaklary mis ýaly ýalpyldaýan Hudaýyň Ogly” (Aýanlyk 2:18) diýip ýazýar. Biz bu sözleri Onuň gözleriniň lazer şöhlesi kimin zatlaryň jümmüşine çenli görüp bilýändigini, Onuň ägirt güýjüniň nyşany hökmünde aýaklarynyň ýalpyldaýan mis ýalydygyny teswirläp bolar.

Bizi begendirýän zat – Ol bizi öwmekden başlaýar: “Men seniň ähli

edenleriňi, söýgiňi, imanyňy, hyzmatyňy we gaýratyňy bilýärin. Seniň häzirki edýänleriňiň ozalkylardan köpdügini hem bilýärin" (Aýanlyk 2:19). Hemme zat mese-mälim: Ol öli ýygnaga däl-de, diri we ýaýbaňlanýan ýygnaga ýüzlenýär.

Ol biziň söýgimizi görýändigini aýdyp, ony öwüp başlaýar. Ýygnagyň ýa-da hyzmatyň ölümi adatça ilki bilen Hudaýa we adamlara bolan söýginiň gowşap, sowamagyndan başlanýar. Şu gynandyryjy ýagdaý zerarly dogrulygyň beýleki miweleri hem jek-kemden gowşap, ahyrda ýok bolýarlar.

Rebbiň Efesdäki ýygnakda (ol bu kitapda ilkinji bolup agzalýar) söýginiň sowandygy barada aýtmagy geň zat däl. Ýöne Tiýatiradaky ýygnak barada Ol başgaça diýýär. Isa Mesih ony söýgüsi üçin öwýär. Ol biri-biri barada alada edýän adamlary imanlylar jemagaty diýip atlandyrýar, Onuň nazarynda şeýle gatnaşyklar örän ähmiýetlidir. Meniň özüm-ä hut şuňa ynanýaryn: Isa Mesih ilki bilen söýgimiz üçin öwýär, diňe şondan soň bolsa iman, hyzmat we çydamlylyk baradaky meseleleri galdyrýar.

Soňra bu ýygnagyň söýgüde, imanda, hyzmatda we çydamlylykda ösýändigi barada täsin sözler ýaňlanýar. Örän ajaýyp! Imanlylaryň bedeni "saklamak we goldamak" diýen sözleri bilen kesgitlenmeýär, ýok, olar bir ýerde duranok, olar ähmiýetli zatlarda dyngysyz ösýärler. The Message terjimesindäki ajaýyp sözleri okaň: "Meniň üçin edýänleriňiziň ählisini görýärin. Haýrana goýýar! Söýgi we iman, hyzmat we erjellik. Hawa, gaty haýrana goýýar! Siz gün-günden özgerýäňiz". Her bir lidere ýa-da ýygnagyň agzasyna Rebbiň hut Özünden şeýle sözleri eşitmek örän ýakymly bolardy.

Emma Onuň öwgüsi birden käýinje geçýär:

> "Emma sende oňlamaýan bir zadym bar: sen özüni pygamber saýýan Izebel atly aýalyň edenlerine geçirimlilik edýärsiň. Ol Meniň bendelerimi öz taglymaty bilen azdyryp, olara zynahorlyk etdirjek bolýar, buta hödürlenen gurbanlyklardan iýdirjek bolýar" (Aýanlyk 2:20).

Bu sözlerde örän köp zatlar aýdylýar. Birinjiden, geliň Izebel diýen ada garalyň. Ýa-da gürrüň şeýle atly haýsydyr bir anyk aýal baradamy? Teswirlemeleriň köpüsi munuň beýle däldigi barada ylalaşýarlar. "Täze amerikan teswirlemeleri. Aýanlyk" kitabynda şeýle ýazylan: "Şol döwrüň grek-rim edebiýatynda Izebel diýen at agzalmaýar... Haýsydyr bir ýewreýiň öz gyzyny Izebel diýip atlandyrmagynyň ähtimällygy hem örän pes. Ol mesihileriň öz

çagasyna Ýudas ýa-da birinji asyrdan soňky ýyllarynda ýewreýiň öz çagasyna Isa diýip at dakmagynyň ähtimallygyna barabardyr” . “Täze janly terimäniň” terjimeçileri bu pikir bilen ylalaşýarlar, sebäbi olar şu parçada Isa Mesihiň sözlerini “şol Izebel” diýip terjime edipdirler.

Biz adatça hemmeleriň gülkünç hasaplaýan adamy barada, mysal üçin, “şol degişgen adam” diýýäris. Bu at däl, bu onuň hemişeki hereketlerini aňlatmasy.

Biz bu ýerde “Izebel” diýip atlandyrylýan we aýal jynsynda bolan güýçli taryhy personaž bilen  iş salyşýandygymyzy aýtmak ýeterlikdir. Bu at onuň hakyky ady däldi. Onuň täsiri güýçlüdi, liderler topary soňabaka onuň habaryny berkitdiler. Häzirki döwürde bu haýsydyr bir taglymatyň şol bir görnüşini ýaýradýan erkek ýa aýal, ýa-da liderleriň tutuş topary bolup bilýär. Her nähili bolanda-da, hyzmatyň şeýle filosofiýasy tutuş ýygnaga täsir edýär.

Reb bize näme üçin bu taglymaty agzaýarka? Belki, onuň miwesiniň Izebeliň hereketleriniň miwelerine meňzeş bolany üçindir. Bu Izebel gadymy Ysraýylda Ahap patyşanyň aýalydy, ol barada Şamuwel we Patyşalar kitaplarynda ýazylgy. Bu taryhy şa aýaly barada köp zatlary aýdyp bolar, ýöne, geliň, onuň Ysraýyla ýetiren täsirine garap geçeliň. Ol butparazlygy ýaýradýardy, munuň netijesinde tutuş Ysraýylda adamlar Rebbiň Sözüni eşitmegi bes etdiler. Liderler dymdylar, tutuş halk hem dil ýarmaga gorkup, doňan ýaly halda ýaşadylar. Diňe bir adam, Ylýas pygamber, oňa garşy çykyp, sesine bat berip gürledi.

Ylýas pygamber halky paş edip, oňa ýa Hudaýa tabyn bolmaklygy ýa-da günäni saýlamagy teklip edende, Izebeliň täsiriniň nähili güýçli bolandygyna göz ýetirip bolýar. Ylýas muny Izebeliň eklenjinde bolan Bagal we Aşera butlarynyň “hyzmatçylarynyň” öňünde teklip edýär. Ylýas pygamberiň döwründe bular mediabölümleriň, meseläni çözmek üçin düzülen ýörite toparlaryň, kanunçylygyň, kanun edaralarynyň we ş.m. işgärleridi. Tutuş halk bu “saýlama elitanyň” öňünde ýygnanypdy, şonda Ylýas öz çagyryşyny orta atýar:

> “Siz haçana çenli iki göwünli bolup, yraň atyp ýörjeksiňiz? Eger Beýik Hudaý bolsa, onda Onuň yzyna eýeriň, eger-de Bagal hudaý bolýan bolsa, onda onuň yzyna eýeriň” (1 Patyşalar 18:21).

Hudaýa eýermek – bu diňe dymyp iman etmeklik däl. Biz Onuň Sözüni aýtmaly, biz Onuň habarçylary bolmaga çagyryldyk. Muny nädip etmeli? Pawlus muny bize aýdyň düşündirýär:

> “Pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et. Günä edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty öwret” (2 Timoteos 4:2).

Tutuş Ysraýylda halky dogrudan-da söýýän ýeke-täk bir adam – Ylýas pygamber bardy, sebäbi ol halka onuň azaşanlygyny aýtdy.

Izebeliň täsiri ähli liderleri we tutuş halky galpyldatdy. Hemmeler dymdy, agyzlaryny öweldip, gaflat ukusyna batan ýaly boldy, olar hatda Ýahwe sözüni aýtmaga-da milt etmedi. Gaýtalanýan günäleri olary gaplap aldy, Hudaýyň Sözi bolsa äsgerilmän galdy. Täze Ähtde şeýle täsir ýygnaga sümlüp başlady. Isa Mesih muňa ýol bermeýär, şonuň üçin-de Ol Ylýas pygamber ýaly bir guluny – dymmajak Ýohannany iberýär.

## Oýun däl soraglar

Indi biz şuny soramaly: Isa Mesih Tiýatiradaky ýygnagyna ýüzlenende, eýsem olaryň jynsy azgynlyk edýändigi we butlara gurbanlyk berlen tagamlardan iýýändigi barada aýdýarmy näme? Belki şeýledir, ýöne men teswirlemeden sowlasym gelýär, sebäbi Pawlus Rimdäki we Korintosdaky ýygnaklara ýazan hatlarynda olary butlara gurbanlyk berlen naharlardan iýýändigi üçin ýazgarmaýar (ser. Rimliler 14 we 1 Korintoslylar 10). Onsoň resul Pawlusyň Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp, oňlaýan zadyny Isa Mesih näme üçin erbetlik saýýar? Ygtybarly teswirlemeleriň biri şeýle diýýar: “Adamlary jynsy azgynlyga ýykgyn edendikleri babatdaky pikiri terjimeçileriň aglaba bölegi esassyz hasaplaýarlar, sebäbi ýygnakda açaçan jynsy azgynlyga ýol bermezdiler. Bu ýerde gürrüň ruhy ýa-da taglym biwepalygy barada gidýär” (Täze amerikan teswirlemesi. Aýanlyk).

Garaz, her nähili bolanda-da, Isa Mesihiň ünsi bütinleý başga ýagdaýlary düzetmeklige gönükdirilen. Ol bu ýerde hereketi däl-de, hereketsizligi nygtaýar. Ol biziň ünsümizi geçirimlilige çekip, “geçirimlilik edýärsiň” diýýär. Grek dilinde bu söz *eao* diýmek. “‘Ýohanna gelen aýanlyk’ kitaby boýunça düşündirişler” (A Handbook on the Revelation to John) kitapçasynda bu söz şeýle düşündirilýär: “Bu sözüň manysy ýa položitel (“ýol berýäň”, “ygtyýar edýäň”), ýa-da otrisatel (“gadagan etmeýäň”, “bes etmeýäň”, “öňüni almaýaň”) bolup bilýär.

Bu sözler barada oýlanyp başlamnyyzda, olara kellä sygmaýar. Isa Mesih günäkäriň adyny tutýar, biziň ýagdaýymyzda bolsa bu häzirki döwürdäki

günäkärler. Olar adamlary butparazlyga (günä etmäge) ýykgyn edýän taglymlary öňe sürýärler. Ol bize şuny aýdyň diýýär: “Men oňa toba etmäge wagt berdim, ýöne ol azgynlygyndan ýüz öwresi gelenok” (Aýanlyk 2:21). Ozal hem duýduryşlaryň berleni aýdyň zat, ýöne, gynansak-da, olara üns berilmändir.

Isa Mesih azgynlyga ýol bermegi dowam edýänleri, başga söz bilen aýdylanda, günäni paş etmeýänleri berk ýazgarýar. Biz bolsa, tersine, Täze Ähtiň diňe oňat, kalbyňy galkyndyryjy we ruhlandyryjy habarlaryny wagyz etmegi bes edemzok. Biz, aslynda dymýarys, şol gadymy döwürdäki ysraýyl halkyndan hiç tapawutlanmaýarys. Muny şeýle bir ýagdaýa deňese bolar: ählimiz ýanyp duran bina düşüp, ondan özümizi halas etmegiň ýa-da beýlekileriň halas bolmagynyň aladasyny edemzok. Biz diňe nähili ýalkanandygymyzy aýdyp, biri-birimize göwünlik berýäris, biri-birimize söýgimizi bildirýäris, binanyň üçegi we diwarlary bolsa ýanyp, kül bolup barýar.

## Meňzeş dilemmalar

Ýahuda resul hem şeýle meňzeş dilemma duş geldi. Ol mesihi doganlaryna gutulyşyň ajaýyplygy barada ruhlandyryjy habary ýazasy geldi, ýöne muny edip bilmedi. Bina alawly oda gaplanandy. Ol ýygnaga aralaşan kriptoniti paş etmelidi. Onuň sözlerini okaň:

> “Eý, söýgüli doganlar! Men size Hudaýyň meni we sizi nähili halas edendigi barada ýazmagy juda makul bilýärdim. Emma muňa derek Hudaýyň Öz halkyna bir gezekde müdimilik tabşyran imany ugrunda sizi göreşmäge ruhlandyryp ýazmagymyň has-da wajypdygyna göz ýetirdim. Sebäbi käbir hudaýsyzlar ogrynça araňyza sümlüp girdiler. Olar Hudaýyň ajaýyp merhemeti bize azgynlyk etmäge ygtyýar berýär diýip öwredýärler we ýeke-täk Hojaýynymyz we Rebbimiz Isa Mesihi ret edýärler. Şeýle adamlaryň jezasy gadymdan bäri ýazylyp goýlandyr” (Ýahuda 3-4).

Hudaýyň bu adamy öz mähriban adamlaryna Isa Mesihdäki durmuşymyzyň bähbitleri, ýalkanyşlary we wadalary barada ýazasy gelýär. Ol hem biziň köpimiz ýaly, ruhlandyryjy we galkyndyryjy keýpi saklasy gelýär.

Men Ýahudanyň dilemmasyna we aljyraňňylygyna düşünip bilýän. Meniň özüm-de köplenç güýçli duýgular gapma-garşylygyna duçar bolýaryn: men diňe “ruhlandyryjy” zatlar barada ýazasym gelýär. Meniň ruhlandyrasym

gelýär. Kimiň ruhlandyrasy gelenok, hä? Emma Mukaddes Ruh ünsi Hudaýyň eziz perzentlerini heläkläp biläýjek howply zatlara gönükdirýär.

*Şonuň üçin-de, Ýahudanyň çyn söýgüsi ony duýduryş sözlerini ýazmaga mejbur edýär. Nämeler bolup geçýär?* Ýagdaý Tiýatiradaky ýygnagyňkydan biraz tapawutlanýar. Bu hudaýsyzlar çopanyň, liderleriň, imanlylaryň keşbine girip, gujur-gaýrat berýän merhemete derek "geçirimlilik edýän mehhemet" diýip atlandyrýanlary barada öwredýärler ýa-da öz durmuş ýörelgeleri arkaly görkezýärler. Başga sözler bilen aýdylanda, geçirimlilik edýän merhemet bizi kriptonitden goramaýar we ondan daşrak durmaga güýç bermeýär, ol bize sähelçe aňladylan serhet çyzyklarynda ýa-da bütinleý olarsyz ýaşamaga ygtyýar berýär. Şonuň üçin-de, jemgyýet bizi güýç berýän merhemete däl-de, ýöne örtýän merhemete laýyk gelýän durmuş ýörelgesinden ýöretjek bolýar. Şeýdip, gowşak imanlylar kriptonitiň täsirindäki jemgyýet medeniýetiniň buýruşy ýaly, öz günäli tebigatynyň isleglerine görä ýaşamakda erkin bolýar. Emma Hudaýyň merhemetiniň maksady beýle däl.

Ýahuda ýygnaklarda geçirimlilik hamyrmaýasynyň täsir etmegine ýol beresi gelenok. Ol hakyky ata, ol öz çagalaryny Hudaýdan daşlaşdyrýan azgyn durmuşdan goraýar. Isa Mesih ony Tiýatiradaky ýygnagyň liderlerini düzedişi ýaly düzetmez. Tersine, Ol muny Ýahuda tabşyrýar.

Pawlus hem hakyky atanyň keşbidir. Ol ýygnakdaky adamlaryň arasynda bölünişik, azgynlyk, kazyýet dawalary we beýleki erbet hereketler ýüze çykanda dymmaýar. Ol olary örän güýçli söýýärdi, şonuň üçin-de, tutuş Bedene tiz ýaýrajak hamyrmaýa meselesine aýgytly çemeleşýärdi. Ýakup we Petrus resullar hem şeýledi.

Eger siz irki Ýygnagyň atalarynyň hatlaryny okasaňyz, olaryň şu göreldä eýerendigini görersiňiz. Olar Hudaýyň Sözüniň agzaýan ýaraglaryny alyp, olar bilen Hudaýyň halkynyň arasyndaky günäleri düzedýärdiler. Olar sagdyn taglymata garşy gelýän we jemgyýetiň döreden pikirleriniň we bahanalarynyň hakyky adyny tutýardylar. Olar medeni butlary çapym-çapym edenlerinde, Izebeliň ganojaklary bu liderleri gorkuzyp bilmeýärdiler!

## Dymmaklyk – razylygyň nyşany

Liderlikde dymmaklyk gatnaşygyň sözsüz serişdesi bolup durýar. Ol razylygy aňladyp: "Edýäniňde hiç bir erbetlik ýok" diýýän ýaly, bu hereketleri oňlaýan kimin görünýär. Gadymy latyn nakyly şeýle diýýär: "Dymmaklyk –

razylygyň nyşany; aýdyp bilýärkäň aýtmalydyň”. Irki ýygnagyň atalarynyň hiç biri öz söýýän we jogap berýän adamlarynyň durmuşynda kriptonit özüne ýol edinýärkä, dymmadylar. Sebäbi olar bu kriptonitiň hamyrmaýa ýaly çalt ýaýrap bilýän heläkleýji, zäherli we ölümli täsirini görýärdiler.

Resul Ýohanna şeýle ýazýar: “... bütin dünýäniň şeýtanyň golastyndadygyny bilýäris” (1 Ýohanna 5:19). Jemgyýetde erbetligiň akymy peselenok, iň weýran ediji güýç bolsa - assyrynlykda edilýän erbetlik. Hawa, ol ýagşylygyň keşbine girýär. Bu aldawçy akyma “şu dünýäniň adatlary” diýilýär (Efesliler 2:2).

Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: siz derýanyň gözbaşyna galmak üçin, onuň akymynyň tersine ýüzmeli. Bu dünýäniň akymy Hudaýyň Şalygyndan ters tarapa gönükdirilen, ýöne iň hilegär ýeri – bu akym ýagşylygyň keşbine girmegidir. Eger biz sesimizi çykarmasak, onda kürekleri goýberip, akymyň ugruna akan ýaly bolarys. Biz hatda akymyň ýokary tarapyna ýüzýän ýaly görnüp bileris, mesihi ýaly hereket edip bileris, mesihiler ýaly gürläp bileris, ýöne döwrümiziň jemgyýetçilik medeniýetiniň akymy bilen akyp, öz netijeliligimizi ýitirip bileris.

Kürekleri goýbermek bilen, biz agyryly gapma-garşylykdan dynýarys, emma garşylyk görkezmesek, özgerişlikleri görmeris. Edmund Berk şeýle ýazypdy: “Erbetligiň üstün çykmagy üçin diňe bir zat – oňat adamlaryň hiç zat etmezligi gerek”. Liderler dymanlarynda, medeniýet butlary imanlylaryň aňyna we ýüregine mäkäm ýapyşýar.

Aldaw güýçlendigiçe, biz geçirimlilik edýän zatlarymyzyň täsirine kem-kemden düşýäris. Biz adatdan daşary güýjümizi ogurlaýan zada başda rehim edýäris, soňra bolsa hatda onuň bilen ylalaşýarys. Biz özbaşdak medeniýet bolmaga derek, garaşly medeniýete öwrülýäris. Biz özümize “mesihiligiň” lakamyny dakdyk, ýöne güýç-kuwwatyň ilçileri bolmaga derek, aljyraňňylygyň geçirijileri bolýarys. Töweregimizdäki dünýä bize şeýle diýýär: “Biz siziň ýygnaklaryňyzy görýäris, sazyňyzy eşidýäris, söýgi we merhemet baradaky taglymatyňyzy diňleýäris. Ýöne Gudratygüýçli Hudaý baradaky subutnamalaryňyz nirede?”

Pawlus özlerini mesihi saýyp, dünýäniň ýörelgelerini saýlaýan adamlaryň haça duşman bolýandygyny batyrgaýlyk bilen aýdýar. Hawa, duşmanlary!

> “Men ozal muny size gaýta-gaýta aýdypdym. Indi bolsa aglap, ýene aýdýaryn: Mesihiň haçyna duşman bolup ýaşaýanlar köpdür. Olaryň soňy weýrançylykdyr, olaryň gara garynlary hudaýlarydyr,

olar öz masgaralygyna buýsanýandyrlar. Olar diňe bu dünýäniň zatlary barada oýlanýandyrlar. Biz bolsa gökleriň raýatlary bolup, Halasgär Rebbimiz Isa Mesihiň şol ýerden gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýandyrys" (Filipililer 3:18-20).

Birinji aýady ünsli okaň: birinjiden, "köpdür" diýip aýdylýar. Ikinjiden, olaryň duşmandygyny olaryň sözleri görkezenok, sebäbi olar sözleri bilen Isa Mesihi Reb hökmünde ykrar edýärler. "Olar Hudaýy tanaýarys diýseler-de, edýän işlerinde Ony ret edýändirler. Olar nejis, boýunegmezek bolup, ýagşylyk etmäniň nämedigini-de bilmeýärler" (Titus 1:16). Olar dogruçyllygyň keşbine girýärler, ýöne öz hereketleri arkaly duşmandygyny mälim edýärler; olar ten höweslerinden: aýgyrlykdan, lezzetden, dereje-abraýdan, meşhurlykdan, jyns azgynlygyndan, gybatlardan we beýleki günälerden hereket edýärler.

Pawlus dymmaýar, geçirimlilik etmeýär, tersine, ol garşy çykýar. Onuň hatlaryny okaň, şonda onuň bizi nädogry we dünýewi hereketlerden ägä edýändigini we düzedýändigini köp görersiňiz. Ýatda saklaň: Pawlusyň galamy arkaly Hudaýyň Sözi ýazylandyr.

Berkitmäni syndyrmagyň ýeke-täk usuly – Hudaýyň Sözüni ykrar edip, aç-açan garşy durmaklyk. Eger biz Mukaddes Ýazgylaryň abraýyny ýokary galdyrmasak, bu filosofiki berkitmeler imanlylaryň-da, günäkärleriň-de ýüreklerinde we aňynda öňküden hem berkäp beýgeler. Biz dyman ýagdaýymyzda kriptonitiň tasiri üçin gapyny açýandyrys.

## Gapma-garşy netijeler

Isa Mesihiň biziň ýygnagymyz baradaky jemleýji sözleri nähili? Ol çekinjeňler üçin däl. Isa Mesih ýalan taglymata eýerýänleriň toba etmedik ýagdaýynda, olary "jebir-jepa çekjekdigini" aýdyň aýdýar. Bu nyşan bolar, şonda hemme ýygnaklar Onuň pikirlerimizi we niýetlerimizi derňeýändigini we her kime edenine göra jeza berýändigini bilerler. (ser. Aýanlyk).

Ýöne ajaýyp bir täzelik bar: Ol kriptonitiň täsirine düşmän, Onuň Ruhuna we Onuň Sözüne mäkäm ýapyşanlara milletleriň üstünden ygtyýarlygyň, Atamyz tarapyndan Isa Mesihe berlen ygtyýarlygyň beriljekdigini aýdýar.

Netijeler gapma-garşy: biri – hasratly netijeler, beýlekisi – aňa sygmajak sylaglar. Biz bu öwütlere neneň edip biperwaý garap bilýäris? Olar ölümden direlen Patyşamyzyň hut Özi aýdýar ahyryn!

## Hereket ediň

Izebel Hudaýyň pygamberlerini dymmaga mejbur etdi, hatda olaryň käbirini öldürdi. Diňe biri Hudaýyň adyndan gürlemäge milt etdi. Ýöne Hudaýyň bu pygamber üçin eden zatlaryna bir garaň-a! Ol ony gorady, üpjün etdi we gudratly mugjyzylar we alamatlar bilen goldady. Biz olara şindi hem haýran galýarys.

Hudaý öňküsi ýaly, şindi hem aýaga galyp, hakykaty aýtmaga ukyply bolanlary gözleýär. Bu biziň hemmeleri tankytlap başlamalydygymyzy aňlatmaýar. Biz günäni awlaýanlar däl. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de, adamlaryň bize köneçil, geçirimsiz, oňşuksyz ýa-da başga bir lakam dakaryndan gorkup, tolgunmadan ýaňa dymmagymyza ýol bermeli däldiris.

Biz ilki bilen bu duýduryşa öz durmuşymyzda gulak goýmaly. Geçmişde eden günleriňiziň ählisinden islendik ýol bilen boşanmaly. Olardan azat bolan badyňyza, başgalary boşatmaga başlaň, olary günäniň howpy barada yhlas bilen duýduryň. Pawlus "Siziň Isa Mesihe bütinleý tabyndygyňyza göz ýetirenimizde, her bitabynlyga jeza bermäge taýýardyrys" diýip ýazýar (2 Korintoslylar 10:6).

Eger başgalary düzetmek baradaky pikir göwnüňize ýaramaýan bolsa, Hudaýdan başga adamlara bolan söýgini diläň; şonda siz adamlara aňsatlyk bilen düzediş berip bilersiňiz. Goý, bu ädim siziň indiki maksadyňyza öwrülsin. Şonda siz, Hudaýyň merhemeti bilen, başgalara hem şeýle maksada ýetmäge kömek edip bilersiňiz.

24

# SÖÝGI WE HAKYKAT

Indi bolsa kriptoniti ýok etmegiň iň wajyp tarapyna – ony ýok etmek islegine geçýäris. Kriptoniti ýok edip biljek ägirt güýjüň ýetmezçiligi ýa-da bolmazlygy Hoş Habary ýetirmegiň usuly bilen hyzmat filosofiýamyzyň arasynda ýaýdanmakdaky motiwasiýamyza baglydyr. Meniň gürrüňini edýän güýjüm – Hudaýyň söýgüsi. Pawlus bize şeýle güýçli sözleri aýdýar:

> “Şeýdip, mundan beýläk ynsanlaryň ýalançylygynyň we ökdelik bilen düzýän her hili taglymatynyň şemalyna kowlup, eýläk-beýläk iteklenýän çagalar ýaly bolmarys. Tersine, hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesih ýaly hemmetaraplaýyn kämilleşeris” (Efesliler 4:14-15).

Isa Mesih Tiýatiradaky ýygnaga ýüzlenende, ondaky ýalan taglymat barada aýdýar. Şeýle taglymatlar barada Ýahudanyň, Petrusyň, Ýohannanyň we Pawlusyň hatlarynda hem beýan edilen. Ýalan taglymatlar diýseň akylly bolany üçin, olary hakykat hökmünde kabul edip bolýar. Duşman biziň pikir edýänimizden has akylly. Eger ol How enäni – ajaýyp dünýä bilen gurşalan, Hudaýyň huzuryna gaplanan ynsany aldap bilen bolsa, onda bizi, ýagny günäden doly dünýäde ýaşaýan adamlary aldamak hiç zatça-da bolmaz. Bizi ýalan taglymatyň aldawyndan näme gorap biler?

Munuň jogaby – hakykat, emma ýöne bir hakykat däl-de, söýgi bilen aýdylan hakykat. Söýgüsiz hakykat bizi öldürýän “kanun” ýörelgesine – kanunçylyga elter. Ol ahyrda aldawy iýmitlendirip, ýygnagyň sagdynlygy üçin juda zerur bolan Mukaddes Ýazgylaryň duýduryşlardan gaça durmaga, hatda olary aýryp taşlamaga sebäp bolar.

Kanunçylyk bizi ýenjýär, sebäbi ol zabun, ýürekbulanç we ýigrenjidir. Onuň zabunlygyny ýatyrmak üçin, biz söýgini beýgeldýäris. Ýöne hakykatsyz söýgi – söýgi däl, ol ýasamadyr. Ol ýagşylygyň, duýgudaşlygyň, mähremligiň, geçirimliligiň görnüşidir; bularyň hemmesi dogruçyl söýginiň keşbine girendir. Emma olary hakykatsyz goýsak, biz aldawyň ýoluna sowlarys.

Geliň, dogrymyzdan geleliň: biz Mukaddes Ýazgylaryň käbir hakykatlaryny aýtmaga howlugamzok, sebäbi özümiziň şeýle küýseýän söýgimiz olarda ýokdur öýdýäris. Biziň äsgermezçilik edýän hakykatlarymyz adamlary aýaga galmaga we durmuş ýörelgelerini özgertmäge çagyrýar. Biz erkekleri we aýallary günäleri üçin toba etmäge çagyranymyzda, rehimi, ýumşaklygy, mähremi we söýgini az görkezýän ýaly görünýäris. Şeýle bir ýagdaýy göz öňüne getirip görüň: men kör adamyň kert gaýanyň gyrasyna golaýlap barýanyny görýärmişim diýeli. Ol aşak gaçsa, hökman heläk bolar. Men onuň ölmegine ýol berip bilýän, sebäbi meniň bu ýagdaýa goşulmagym negatiw hasaplanar, bu adamyň eden saýlawyny hormatlamaýan hasaplanaryn. Eger men bu kör adamy togtatmasam we ýoluny düzetmesem, ol gaçyp, heläk bolar. Eger men ony pozitiw sözler bilen ruhlandyryp, gapdala öwrülmelidigini aýtmasam, onuň soňky ädimleri ýakymly bolar, ýöne ol barybir deräniň düýbüne gaçar we öler. Eýsem hakyky söýgi şeýlemi näme?

Dünýäde we ýygnaklaryň köpüsinde hakyky söýgi ýigrenji we fanatik hasaplanylýar. Bu berkitme iman edýän mesihileriň köpüsinde emele geldi. Bu olaryň durmuşa bakylyk nukdaýnazaryndan däl-de, ýetmiş ýa segsen ýyl ömür nukdaýnazaryndan seredýändigi sebäpli şeýle boldy. Şeýle mysaly alyp göreliň: eger meniň bagta bolan garaýşym diňe bir güni sygdyryp bilýän bolsa, onda naz-nygmatdan doly toý saçagyndaky ähli zatlaryň her birinden dadyp görerin. Meniň bagtly we şatlykly bir günüm bolar. Ýöne eger meniň bagta bolan garaýşym ýarym ýyly sygdyrýan bolsa, onda men bu saçaga başgaça gararyn. Men, belki, diňe bir tagamy iýerin, ýöne hijisini iýmezligim hem ahmal. Men ertesi gün aşgazan agyrylarydan ejir çekesim gelenok, iýlen tagamlar sebäpli 3

kilo semräsim gelenok, netijede bolsa saglygymy ýitiresim gelenok.

Hakyky söýgä düşünmek üçin, durmuşa bakylyk nukdaýnazaryndan garamaly. Söýgä ýerdäki durmuş nukdaýnaryndan garalsa, ol adamlary bolşy ýaly kabul eder, olary endiklerini üýtgetmäge bolan çagyryşlar bilen ýüreklerine düşmez. Bize başga hiç zat gerek däl, goý, gorpa ýykylmazdan öň soňkuja ädimlerinden lezzet alsynlar-a.

Hakyky söýgi bakylyk nukdaýnazaryndan şeýle diýýär: "Men saňa biparh garap bilmeýän, şonuň üçin-de, seni jebir-jepalardan, elhenç agyrylardan baky halas etmek üçin, saňa birnäçe pursatlyk oňaýsyzlyklary ýetirmäge taýyn".

Dowzah hakykatdan hem bar. Bu metafora däl, hyýaly zat däl, wagtlaýyn jeza ýeri däl. Ol ýere düşen adamlar "gije-gündiz ebedilik ejir çekerler" (Aýanlyk 20:10). Isa Mesihiň: "Bular ebedi jeza, dogry adamlar bolsa baky ýaşaýşa gowşarlar" diýen sözlerini, heý-de, äsgermän bolarmy? (ser. Matta 25:46) Ýa-da Pawlusyň: "Olar Rebbiň huzuryndan we Onuň gudratynyň şöhratyndan mahrum edilip, baky heläkçilik jezasyny çekerler" diýen sözlerine, heý-de, biperwaý garap bolarmy? (ser. 2 Selanikliler 1:9)

Baky hemişelik diýmegi aňladýar, bu sözüň başga düşündirişi ýok. Ol ýerde garaşýan jebir-jepalary, agyrylary we jezany söz bilen beýan edip bolmaz, olaryň soňy-da ýok. Ýöne iň erbedi hem – bu adamlar Hudaýyň huzuryndan mahrum bolarlar. Olar Onuň huzuryndan diňe bakylykda däl, eýsem bu durmuşda hem mahrum bolarlar. Men muny gysgaça beýan edeýin.

Hudaý dowzahy adam üçin döretmändi. Ol ony "şeýtan we onuň perişdeleri" üçin döredipdi (ser. Matta 25:41). Iblis bolsa adamy aldawa salyp, ony özi üçin niýetlenen ýesirlige düşürdi. Isa Mesih Öz beýik söýgüsi sebäpli öz-özümizi duçar eden jezamyzdan bizi boşatmak üçin geldi. Eger Ol çekip-çydardan güýçli bolan agyrylara döz gelip, bizi bütinleý boşadan bolsa, Onuň bizi elhenç ykbaldan boşatmagyna, heý-de, ýeňilkellelik bilen garap bilerismi?

Geliň, toý saçagy baradaky suratymyza dolanalyň. Eger men diňe bir tagamy iýsem ýa-da hijisini iýmesem, adamlar ýüregime düşüp başlarlar. Kimdir biri: "Jon, alsanaý, tagamlar gaty gowy, hiç zat bolasy ýok, sen olary halarsyň, durmuşdan lezzet alaly" diýer.

Ýok, bu sözler hakykatdan uzak, olar meni ýoldan azaşdyrar. Bu "durmuşdan lezzet almak" däl. Bu "bir günden lezzet almakdyr". Hakykat şundan

ybarat: men durmuşa uzakwagtlaýyn nukdaýnazaryndan garasam, ondan has köp lezzet alaryn. Bu Hudaýyň Şalygy babatda hem şeýledir.

Resul Pawlus daşlanmaga, bäş gezek otuz dokuz gamçy iýmäge, üç gezek taýaklanmaga, howp-hatarlara, gije ukusyndan galmaga we beýleki köp synaglara näme üçin döz geldikä? Ol muny öz abraýy we adynyň hatyrasy üçin edendir öýdýäňizmi? Ýa konferensiýalarda meşhur wagyzçy bolup, köpçüligi yzyna eýertmek üçin etdimikä? Ýa meşhur ýazyjy bolmak üçin etdimikä? Ýok, ony öňe Hudaýyň söýgüsi iterýärdi. Bu söýgi ony herekete getirýän güýçdi. Ol bakylyk nukdaýnazaryndan garaýardy we gaýduwsyzlyk bilen söýýärdi. Ol hakykaty meşhurlyga çalyşmady, sebäbi ol özüniň iberilen adamlaryny söýýärdi, olara Isa Mesihe gelmäge kömek edýärdi.

## Hakyky söýgi näme?

“...Hudaý söýgüdir” (1 Ýohanna 4:8). Söýgi Ondadyr, aslynda söýgi Onuň Özüdir. Söýgini nädip kesgitläp bolarka?

Mundan biraz ozal dileg edip otyrkam, Reb ýüregime şeýle gürledi: “Oglum, Meniň halkym söýginiň asyl manysyna däl-de, onuň ikinji derejesindäki taraplaryna üns berýärler”.

Şonda Korintoslylara birinji hatdaky kesgitleme: “Söýgi sabyrlydyr, mähirlidir. Söýgi bahyllyk edýän däldir, özüni beýgeldýän däldir. Söýgi gopbamsyramaýar, biabraýlyk etmeýär. Söýgi öz bähbidini aramaýar” (13:4) diýen aýat we onuň dowamy hakydama geldi. Men şeýle-de Mukaddes Kitabyň başga ýerlerindäki kesgitlemelerini ýatladym. Soňra Mukaddes Ruh maňa çaga erkek bilen aýaly tapawutlandyrmagy öwredýan ýagdaýymyzyň suratyny berdi. Biz çaga olary saýgarmagy nädip öwredýäris? Eger biz oňa: “Aýalyň iki aýagy, iki gözi, burny, agzy, iki eli, iki goşary we iki dabany” bar diýsek, bu anyk kesgitlemesi bolarmy?

Çaga şu umumy kesgitlemä esaslanyp, erkege sereder-de: “Bu aýal” diýer. Bu oňa anyk kesgitlemäniň berilmedik we aýal bilen erkegiň arasynda nähili tapawudyň bardygyny aýdyň düşündirilmedik ýagdaýynda bolar. Eger siz: “Aýal erkekden şeýle tapawutlanýar....” diýip anyk düşündirmeseňiz, olary saýgaryp bilmez.

Dünýäniň lezzet alýan söýgüsi bar: ol hem sabyrly, mähirli, bahyllyk et-

meýär we Hudaýyň söýgüsi bilen köp umumylygy bar. Ýöne Hudaýyň söýgüsi bilen dünýädäki söýginiň arasyndaky tapawut barada şu aýatda ýazylgy: “Hudaýy söýmek Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir” (1 Ýohanna 5:3).

Eger biz şu möhüm kesgitlemäni söýgi resuly hasaplanýan Ýohannanyň hatyndan aňşyrmadyk bolsak, ol muny ikinji hatynda hem gaýtalaýar:

> “Söýgi — bu Hudaýyň buýrugyna görä ýaşamakdan ybarat...” (2 Ýohanna 6).

Resul Pawlus korintoslylara ýazan birinji hatynda söýgini başgaça düşündirýär. Ýohanna bolsa söýginiň häsiýetlerini ýazman, onuň asyl manysyny – Hudaýyň söýgüsini beýleki söýgülerden nämäniň tapawutlandyrýandygyny açyp ýazýar. Söýgi – bu Isa Mesihiň buýruklaryny berjaý etmekdir. Reb bu barada soňky Pesah nahary wagtynda aýdyň aýdypdy:

“Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni söýýändir...” (Ýohanna 14:21).

Şunlukda, eger men rehimli, sabyrly, mähirli bolsam, görip we gödek bolmasam, öwünmesem, gaharlanmasam, ýöne aýalymy hemişe aldaýan bolsam, salgyt töleglerden gaçyp ýören bolsam, onda Hudaýyň söýgüsinde gezmeýändigimdir. Eger men rehimli, sabyrly, mähirli bolsam, görip we gödek bolmasam, öwünmesem, gaharlanmasam, ýöne jynsy azgynlygy oňlaýan bolsam, mysal üçin gomoseksuallygy (ol gitdigiçe oňlanylýar, hatda köp ýurtlaryň hökümeti tarapyndan goldanylýar), onda Hudaýyň söýgüsinde gezmedigimdir.

Iň erbedi hem, men aldanyp, gödek, görip, öwünjeň we gaharjaň adama garanda, has uly howp astyndadyryn, sebäbi şeýle adam hiç bolmanda özüniň Hudaýdan uzakdygyny bilýär. Men bolsa ýalňyşyp, özümi Hudaýyň öňünde dogry hasaplaýaryn, sebäbi men toba dilegini gaýtaladym, eden günälerim üçin bolsa toba etmedim. Başga sözler bilen aýdylanda, Isa Mesihiň buýruklaryny berjaý etmeýärin.

Indi örän wajyp bir pikiri nygtaýyn: men Hudaýyň buýruklaryny halas bolmak üçin berjaý etmeýärin. Tersine, men halas bolanym we içimde Onuň söýgüsi mekan tutany üçin buýruklaryny berjaý edýärin. Tabynlyk – bu ýüregimi we durmuşymy Oňa bütinleý tabşyranlygymyň subutnamasydyr.

Ýene-de bir gezek gaýtalaly: Hudaýyň Sözüne we Onuň ýollaryna ters gelýän söýgi baky ýaşaýan söýgi däldir. Ol wagtlaýyndyr. Adamlar onuň bilen özlerini oňat duýarlar, hatda onuň ugrunda janlaryny gurban etmäge-de

taýynmyka öýdýärler; bu söýgi özüne maýyl eder, kabul eder, ýöne ol baky däldir. Ol baky durmuşa tarap äkitmez. Ol günleriň birinde kert gaýadan ýanyp duran kölüň baky gorpuna ýykylar.

Şeýle dogry görünýän söýgi aslynda näme üçin wagtlaýyn? Adam ata bilen How ene ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesiniň göze ýakymly we olary paýhasly eder diýen karara geldiler.

“Aýal bu agajyň miwesiniň iýmit üçin gowudygyny, göze ýakymlydygyny we onuň akyl-paýhas berýändigini gördi...” (Gelip çykyş 3:6). How ene şeýle pikir eden bolmaly: “Bizi söýýän Hudaý näme üçin özümiz üçin gowy zady iýmeli däl diýdikä? Bu akyla sygjak zat däl”. Ol Hudaýyň maslahatyndan daşarda bolan bilimi we oňat zady saýlady. Biz “näme üçin” diýen soragyň jogabyny bilesimiz gelýär, ýöne, geliň, dogrymyzdan geleliň: käbir zatlaryň näme üçin şeýledigine düşünmedik ýagdaýlarymyzda-da, Isa Mesih bizden tabynlyga garaşýar. Ol bize özümiz üçin oňat görünýän zada degmezligi buýranda, bizi söýýändigine ynanyp bolýarmy? Onuň häsiýetine ynanyp bolarmy? Ýa biz Oňa özümiz üçin nämäniň gowudygyny görkezýän kaza öwrülip, Erem bagyndaky jübütden hiç tapawutlanmaýarysmy?

Hudaýyň syrlarynyň ýa-da aňyrsynda “näme üçin” soragyň gizlenýän buýruklarynyň ençemesini mysal getirip bolar. 1 Patyşalar kitabynda Hudaý pygambere şeýle diýýär: “Ol ýerde çörek iýme, suw içme, giden ýoluňdan yzyňa gaýtma“ (13:9). Kyrk ýylyň dowamynda men Hudaýyň pygambere näme üçin şeýle diýýänine jogap beren adama duşmadym. Pygamber bu göräýmege manysyz buýruga gulak asmady, netijede bolsa öz bitabynlygy üçin janyndan mahrum boldy.

Hakyky söýgi käwagt söýgi duýgusyna edil gapma-garşy ýaly bolup görýnýär. Pawlus näme üçin korintosdaky ýygnaga: “Men size diňe ähli zadymy däl, eýsem özümi hem höwes bilen sarp ederin. Men sizi şeýle söýýärin! Onda näme üçin siz meni beýle az söýýärsiňiz?” diýýärkä? Bu imanlylar jemagatynyň Pawlusy söýýän adam hasaplamaýyşlary gaty geň zat! Olar ony özlerini belli bir kada-kanuna tabyn edesi gelýän kanunçy, dinçi hasaplapdyrlar öýdýän. Olar ony ikiýüzli hasaplan bolmaklary hem ahmal. Ýöne olar ýalňyşýardylar. Ol olary dünýewi söýgüsi bilen däl-de, ebedilik söýgüsi bilen söýýärdi. Ol olara hakykaty aýdýardy, habardar edýärdi, günäleri üçin toba etmäge çagyrýardy. Belki, hut şu sebäpden onuň diňleýjileri özleri

söýülmeýän diýip hasaplandyr. Aslynda welin, Pawlusyň sözleri Hudaýyň hakyky söýgüsine ýugrulandy.

## Hakykaty söýgi bilen aýdyň

Ýokarda aýdylanlaryň nukdaýnazaryndan, geliň, hakyky söýginiň ähmiýeti barada pikir ýöredeliň. Söýginiň nämedegini beýan edeliň:

Söýgi sabyrlydyr.

Söýgi mähirlidir.

Söýgi bahyllyk edýän däldir.

Söýgi özüni beýgeldýän däldir.

Söýgi gopbamsyramaýar.

Söýgi biabraýlyk etmeýär.

Söýgi öz bähbidini aramaýar.

Söýgi gaharlanmaýar.

Söýgi öýke-kine saklamaýar.

Söýgi ýamanlyga şatlanmaýar, ol hakykata şatlanýandyr.

Söýgi asla tükenmez.

*Söýgi – bu Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir.*

Eger biz hakykaty aýdýan bolsak, ýöne rehimli, sabyrly bolman, tersine, görip, öwünjeň, tekepbir bolup, öz bähbidimizi araýan bolsak, gaharlanyp, ýamanlygy niýetleýän bolsak, bagyşlamaýan, nähaklyga begenýän bolsak, adamlary söýmegi bes eden bolsak, onda Onuň buýruklaryny berjaý etmedigimizdir. Şunlukda, biz toba gelmegi, Isa Mesihe iman etmegi we Mukaddes Ýazgylardaky beýleki zatlaryň baryny wagyz edip bilýäris, ýöne hakyky söýgüde gezmeýäris. Biz kanunçylyk çäklerine girýäris, adamlary Hudaýa getirmäge derek, olary ýaralaýarys.

Günleriň birinde bir ýaş ýigit ýanyma gelip, şeýle diýdi: “Men siziň hyzmatyňyzda hyzmat etmäge çagyryldym. Men Isa Mesihiň Bedenini düzetmäge çagyrylan”.

Men bu sözleri eşidenimde, onuň niýetiniň gowy däldigini ýüregim syzdy. Mukaddes Ruh maňa onuň üçin şeýle sözleri berdi: “Sen hakyky pygamberlik hyzmatynda nädip hereket etmelidigini bilesiň gelýärmi?

Onuň ýüzi ýagtylyp, bada-bat: “Hawa, örän bilesim gelýär” diýdi.

“Sen her gezek kimdir birini düzetjek ýa-da ony haýsydyr bir zatdan ägä etjek bolanyňda, seniň ýüregiň ol babatda söýgi ody bilen alawlamaly” – diýip aýtdym.

Ol bir salym dymandan soň: “Ýok, Hudaýyň meniň bilen ýene işlemeledigi belli zat” diýdi.

Men oňa şeýle diýdim: “Men saňa guwanýan. Şeýle sözleri diňe pespäl adam aýdyp biler. Sen öz hyzmatyňa pikir edişiňden has golaýsyň. Seniň ýüregiň ýumşak”.

Söýýän adam başgalar barada özi baradakysyndan köp alada edýär. Söýgi biperwaý däl, ol adama kert gaýadan gorpa ýykylmaga ýol bermez. Ol Korintoslylara birinji hatyň 13-nji babynda beýan edilen näzik häsiýetleriň hemmesine eýedir. Ýöne şunuň bilen birlikde-de, ol Halasgärimiz we Hudaýymyzyň buýruklaryndan ýüz öwürýän däldir.

Söýgi örän wajyp, ol örän gerek, ol durmuşyň asyl manysydyr. Başgalar barada özüňizden has köp alada edip bileriňiz ýaly, Hudaýdan ýüregiňizi Öz söýgüsinden doldurmagyny diläň. Mukaddes Ruhuň Öz söýgüsini ýüreklerimize guýýandygy barada ýazylgydyr. Biz Onuň ýaşaýyş berýän söýgüsini, onuň çuňlugyny, dowamlylygyny, belentligini diläp bilýäris.

Şonuň üçin-de, Onuň ýüregiňizi Hudaýyň baky söýgüsinden doldurmagyny diläň, ýene-de bir gezek diläň, dyngysyz diläň.

## Hereket ediň

Biz ýygnaga günäniň aralaşýandygyny görenimizde, dymmaly däl. Ýöne bu barada diňe söýgi bilen aýtmaly, ýogsa gerekli netijeleri gazanyp bolmaz. Hudaýyň duýduryşlary Mukaddes Kitapda köp duş gelýär, ýöne Onuň yhlasly söýgüsi Ony has jomart herekete çekdi – Ol günälerimiziň – ägä boluň diýip duýduran günälerimiziň muzduny tölemek üçin, Öz Ogluny berdi.

Biz hem adamlara günäden saklanmagy ündänimizde, şeýle söýgüden hereket etmeli. Şeýle söýginiň ýeke-täk bir gözbaşy bar, ol – Hudaýdyr. Hudaý söýgüdir. Eger biz onda ösmek islesek, onda Hudaý bilen gatnaşygymyzda ösmeli.

Hudaý bilen yzygiderli wagt geçirmegiň we Öz söýgüsinden has-da köp doldurmagyny dilemegiň näderejede wajypdygyny söz bilen beýan eder ýaly. Biz söýgüden dolanymyzda, ähli gorkular ýitirim bolýar, biz günäniň ýüz perdesini sypyryp bilýäris. Söýgi bizi töweregimizdäki adamlaryň bähbidini aramaga höweslendirýär. Biz muny diňe bir ynsanperwerlik maksady bilen däl, eýsem gerek wagty duýdurmak maksady bilen hem edýäris. Hudaýyň söýgüsi bizi azat eder we azatlygy başgalara hem ýetirmäge kömek eder. Hudaýyň sizi Öz söýgüsinden dolduryp bileri ýaly, şu gün yhlas bilen dileg etmek üçin wagt tapyň, elleriňizi aşak goýbermäge howlukmaň.

25

# KRIPTONITI ÝOK ETMEK

Günä meselesi babatda imanlynyň durmuşynda üç dürli ssenariý bolup bilýär.

Birinjisi – adamlar ýürekleri gatanlygy zerarly öz günälerini aňlasy gelmeýär. Olar Hudaýyň ýüregini perişan edýändiklerine üns bermeýärler. Hudaý olar üçin aglaýar: “Nejis işleri edenlerinde utandylarmy? Ýok, asla utanmadylar. Ýüz gyzarmanyň nämedigini hem bilmediler...” (Ýermeýa 8:12). Bu adamlar ynsaplaryny ýuwdanlar, hatda ony ýakyp kül edenler.

Ikinji ssenariý biraz howpsuzrak. Adamlar biziň öz tebigatymyz sebäpli hemmämiziň günäkärdigimiz babatda ylalaşýarlar we Isa Mesihiň bizi günäniň gulçulygyndan däl-de, onuň üçin berilýän jezadan boşatmaga güýji ýetýär diýen ýalana eýerýärler. Bu adamlar biziň Isa Mesihde mukaddesdigimiz baradaky hakykatdan berk ýapyşýarlar, ýöne mukaddes durmuşda ýaşamak hökman däl diýen ýalana ynanýarlar. Şeýle taglymat Tiýatiradaky ýygnakda ýörgünlidi. Pawlus şeýle taglymatyň asyl manysyny şu aýatda nygtaýar:

> “Onda näme, Hudaý Öz merhemetini bize köpden-köp görkezsin diýip, günä edibermelimi? Elbetde, ýok! Biz günä babatda öldük ahy-ryn. Onsoň neneň edip günä içinde ýaşap bileris?” (Rimliler 6:1-2).

Ýokardaky ssenarileriň ikisi – hakyky kriptonit, bu edilýän günä mesihi adamy we tutuş mesihiler jemagatyny gowşadýar. Şu iki kategoriýada günä

edýän adamlar – günä berlen. Bu Isa Mesihiň Kyýamat gününde: “Ýanymdan aýrylyň” diýjek adamlarydyr (ser. Matta 7:20-23).

Üçünji ssenariý – adamlar öz günälerinden boşanmak üçin söweşýärler. Olar boşanmak isleýärler, ýöne günä olardan mäkäm ýapyşýar. Bu adamlar Hudaýyň Sözündäki öz imanlary arkaly azat edýän güýji heniz ýüze çykarmadylar. Olar günä edenlerinde, ýürekleri para-para bolýar, sebäbi olar Hudaýy söýýärler. Olar çyn ýürekden toba edýärler, ýöne haýsydyr bir wagtdan ýene-de günä edýärler. Gynansak-da, olar özlerini müýnli we ýazgarylýan duýýarlar, şonuň üçin-de, olara gününiň zynjyryndan boşanmak kyn bolýar. Günäleri üçin bolan utançlary olary şol günäniň içinde saklaýar. Eger siz üçinji topara degişli bolsaňyz, ünsli diňläň. Isa Mesih bize şeýle diýýär: “Habardar boluň! Eger doganyň günä etse, oňa käýe. Eger ol toba etse, ony bagyşla. Ol saňa garşy günde ýedi gezek günä edip, ýedi gezek hem ýanyňa gelip: ‘Toba edýärin!’ diýse, ony bagyşla” (Luka 17:3-4). Mugallym näme üçin günä edýäni, ýöne çyndan toba edýäni, günüň dowamynda köp gezek bagyşlamaly diýýär? Sebäbi Gökdäki Atanyzyň bizi bagyşlaýşy ýaly, biz hem bagyşlamaly (ser. Efesliler 4:32). Şuňa düşüniň: eger siz köp gezek günä edeniňizde, ýöne her gezek çyn ýürekden toba edip, Hudaýa tarap öwrüleniňizde, siziň günäňiz ötülip, siz Isa Mesihiň gany bilen ýuwulýarsyňyz we asla günä etmedik ýaly bolýaňyz. Özüňizi jezalandyrmaň, ýogsa siz Isa Mesihiň ganynyň beýikligini peseldýärsiňiz we dogruçyllygy öz işleriňiz bilen gazanjak bolýarsyňyz. Siz şeýdip gutulyşy we bagyşlanmany kabul edip bilmeýärsiňiz. Bagyşlanma – bu Hudaýyň peşgeşidir.

Men şu bapda üçünji ssenariýa garasym gelýär.

Men Hudaýyň Sözüniň meni boşadyşy baradaky wakamy siziň bilen paýlaşasym gelýär.

## Men boşanyp bilmedim

Men on iki ýaşymdakam, dostlarym maňa pornografiki žurnallary görkezdiler. Biz olary biri-birimize berýärdik we tiz wagtda muňa endik bolanymy aýtmak-da gerek däl öýdýän.

Hemme zat ýeňiljek pornografiýadan başlandy, ýöne tiz wagtda has agyr görnüşlerine geçdi. Netijede, mende seksual hyýallar başlandy, men olary aňym bilen eýgerip bilmeýärdim. Ýokary synplarda men oturyp gyzlary synlaýardym we hyýalymda olar bilen jyns gatnaşygyny

edýärdim. Men jynsy aýgyrlygyň penjesine düşdüm.

Men on dokuz ýaşymda umumy ýaşaýyş jaýynda geçirilen ýygnaklaryň birinde durmuşymy Isa Mesihe tabşyrdym. Köp günäler meniň üstümden agalygyny ýitirdiler. Alkogol içgileri, paýyş sögünmeklik, gyzlara edepsiz çemeleşmek, gödeklik we beýleki häsiýetleriň köpüsi meniň durmuşymdan öz-özünden ýitip gitdiler. Emma pornografiýa bilen aýgyrlyk meni sypdyrmaýardy. Men öňkim ýaly olardan boşanyp bilmeýärdim. Men her gezek göwün berip, günä eden badyma, toba edýärdim we Hudýa ýalbaryp, çyn ýürekden ötünç soraýardym.

Halas bolmazymdan öň maňa iki gezek pikir etmek gerek däldi – islegiň dörän badyna, men onuň ygtyýaryna berilýärdim. Halas bolanymdan soň men çykgynsyz ýagdaýa düşdüm. Men pornografiýa seredesim gelmeýärdi, sebäbi men munuň ahlaksyzdygyny bilýärdim. Ýöne meniň aýgyrlygym garşy durmak ukybymdan üstün gelýän ýalydy.

1982-nji ýylda, 23 ýaşymdakam, men Liza öýlendim. Men öz arzuwlaýan gyzyma öýlenenimden soň, bu aýgyrlygym ýiter öýtdüm. Tersine, ýitmeden geçen, ol öňküden-de güýjeýärdi. Eger men golaýda bir ýerde pornografiki materiallary görsem, olar meni edil magnit ýaly özüne çekýärdi. Meniň bu erbet endigim Liza bilen düşekdäki gatnaşygymyza we beýleki pynhan çäklerimize täsirini ýetirýärdi.

1983-nji ýylda men ýygnakda hyzmat edip başladym, ýöne ozalkym ýaly şol pornografiýa bilen göreşýärdim. Men hyzmatymda çopana, onuň maşgalasyna we wagyz etmäge gelýän myhmanlaryň hemmesine kömek etmelidim. Biziň ýygnagymyz Amerikadaky iň uly we meşhur ýygnaklaryň biridi. Biz köp tanymal çopanlary we wagyzçylary kabul edýärdik. Olaryň biri özüniň azat ediş hyzmaty bilen meşhurdy. Ol Aziýada birnäçe ýyl bolupdy; onuň adamlary azgynlykdan we jynlardan boşadaşy baradaky wakalary haýrana goýýardy, olar hatda kellä-de sygar ýaly däldi. Hudaý ony diýseň güýçli ulanýardy. Onuň ady Lester Samraldy.

1984-nji ýylyň güýzünde ol biziň ýygnagymyza dört günlük seminar geçirmäge geldi. Men adatdakysym ýaly ony garşylap, ýanynda bolmalydym. Men ony bize ozal gelen saparlaryndan oňat tanaýardym. Bu gezek, ony maşynda ýekelikde äkidip barýarkam, öz göreşim barada, öz seksual azgynlygym barada aç-açan gürrüň bermäge amatly pursat gelen ýaly bolup göründi. Men özümi peseldip, oňa hemme zady bolşy ýaly gürrüň berdim. Lester imandaky atanyň edişi ýaly, örän çürt-kesik jogap berdi. Men onuň

her bir sözüni örän ünsli diňleýärdim, soňra bolsa: “Meniň azat bolmagym üçin dileg edäýiň-dä!” diýip ýalbardym.

Ol meniň üçin güýçli dileg etdi, emma, gynansam-da, indiki hepdeler we aýlar hiç bir üýtgeşikligi duýmadym. Men aýgyrlygym bilen göreşmegi dowam edýärdim.

Aradan takmynan dokuz aý geçenden soň maňa ýeke özüm dileg edip bilerim ýaly bir otagdan peýdalanmagy teklip etdiler. Agyz beklemämiň dördünji güni (bu senäni asla unutmaryn – 1985-nji ýylyň 6-njy maýynda) çuňňur dilegde men azgynlyk ruhundan doly boşandym. Mukaddes Ruh maňa bu ruha meniň durmuşymdan gitmegi yhlas bilen buýurmaga äkitdi. Men şeýle hem etdim, meniň üstüme inen ygtyýarlygy hiç bir zat bilen deňär ýaly däldi. Hudaýa şükür, men şindi ondan bütinleý azat!

## Näme üçin bada-bat bolmady?

Azatlykda iki ýyl dagy ýaşanymdan soň, men dilegde Atamyň ýanyna özümi horlaýan soragym bilen bilen ýüz tutdum. Men şeýle diýdim:”Atam, men düşünemok. Men Lesteriň, bu beýik Hudaýyň adamsynyň öňünde özümi peseltdim. Köp adamlar onuň hyzmaty arkaly azatlyk aldylar. Men näme üçin ol meniň üçin dileg eden gününiň özünde azat bolmadym? Men näme üçin diňe dokuz aý geçenden soň azat boldum?”

Reb maňa şol döwürdäki durmuşymy görkezip başlady. 1984-nji ýylyň güýzünde, Lesteriň gelen döwründe, men her gün irden azyndan takmynan bir ýarym sagat dileg edýärdim. Bu iki ýyl dowam edýärdi. Men irden sagat bäşde turýardym, altyň ýaryna çenli irdenki işlerime gümra bolýardym we soňra sagat ýedä çenli dileg edýärdim.

Şol wagt meniň iň yhlasly dilegim şeýledi:

> “Eý, Hudaýym, köp adamlary Isa Mesihe getirmek üçin meni ulan, syrkawlara şypa bermek üçin meni ulan, adamlary azat etmek üçin meni ulan. Eý, Atam, Isa Mesih üçin halklara täsir etmekde meni ulan”. Men bu barada her gün dyngysyz dileg edýärdim. Men Hudaýdan meni hyzmata girizmegini we onda hiç kimiň ýapyp bilmejek gapylaryny açmagyny soraýardym. Men güýçli yhlas bilen ýalbarýardym!
>
> Şol güýzüň bir gününde endik bolşy ýaly dileg edip, Hudaýa şol dilegi-

> mi – aýlap, ýyllap edip gelýän dilegimi aýdýardym. Birdenkä, gyzgyn sözlerimiň akymynyň arasynda Mukaddes Ruh maňa şeýle diýdi: “Oglum, sen köp adamlary Isa Mesihe getirip bilersiň, köpleri azat edip bilersiň, şypa berip bilersiň we dowzaha baky düşüp bilersiň”.

Men doňup galdym. Bu nädip beýle bolýar? Men Mukaddes Ruhy eşidýärinmi? Men şübhelenip, tä Ol ýene-de gürläp başlaýança dymdym. Ol şeýle sözler bilen ümsümligi bozdy: “Oglum, Ýudas Meniň yzyma eýermek üçin işini taşlady, Ýudas Hoş Habary wagyz etdi, Meniň adym bilen syrkawlara şypa berdi. Meniň adym bilen adamlary azat etdi, indi bolsa Ýudas dowzahda”.

Men katolikleriň maşgalasynda ösüp kemala geldim, göklerden doglanyma bolsa ýaňy bäş ýyl bolupdy. Şonuň üçin-de, meniň bilen bolup duran zatlar maňa nätanyşdy. Men bu sözleri eşidenimde, titräp, inim galpyldady. Meni ysytma tutup, gürläp bilmedim. Şol bir wagtyň özünde-de, men başym çaşan ýaly boldum, ýöne men özüm bilen Hudaýyň gürleşýändigini anyk bilýärdim. Onuň huzury meniň inimi üşedip, galpyldadýardy.

Men ahyrda ähli güýjümi bir ýere jemläp, çuňňur hormat bilen şuny soradym: ”Onda men ilki bilen nämä ymtylmaly? Iň esasy zat näme?”

Muňa gaty aýdyň jogap geldi: “Meniň hut Özümi tanamak”.

Şu duşuşykdan soň, Mukaddes Ýazgylary özüm üçin öwrenenimde, men Dawudyň, Musa pygamberiň we Pawlusyň – öz durmuş ýoluny oňat tamamlanlaryň hemmesiniň iň uly isleginiň nähili bolandygyna düşündim. Pawlus şeýle diýýär:

> “Hawa, men Rebbim Isa Mesihi tanamagyň ajaýyp belentliginiň hatyrasyna ähli zady biderek saýýaryn. Men Onuň hatyrasyna ähli zatdan geçip, bularyň baryny çöp-çör saýýaryn. Men Mesihi gazanasym we Onuň bilen mäkäm birigesim gelýär” (Filipililer 3:8).

Ol Isa Mesihiň hut Özüni tanamak isleýär, şonuň üçin-de onuň hyzmaty şeýle güýçli boldy. Men Isa Mesihi tanamaklyga däl-de, hyzmata kowalaşýardym. Şol gün hemme zat üýtgedi.

Indi irdenki dileglerimiň merkezi üýtgedi we men şeýle dileg edip başladym: Ýa Rebbim, men Seni ýakyndan, ynsana mümkin bolan derejede tanasym gelýär. Men Seni ynsanyň Seni hoşnut edip biläýjek derejesinde

hoşnut edesim gelýär. Maňa Öz ýüregiňi görkez, Seniň üçin wajyp we Seniň üçin wajyp däl bolan zatlary açyp görkez. Maňa Öz ýollaryňy öwret, goý, meniň durmuşym Seni şatlandyrsyn”.

Men daň bilen turmagymy dowam edýärdim, ýöne indi yhlasly dileglerim başga tarapa gönükdirilendi. Men nämeleriň bolup geçýändigine aň ýetirmeýärdim, ýöne Hudaý soňra maňa görkezdi.

Şunlukda, meniň: “Men näme üçin Lester Samral meniň üçin dileg eden gününiň özünde azat bolmadym?” diýen soragymyň jogaby aýdyňlaşyp başlady. Soňra Hudaý maňa şeýle diýdi: “Sen hoş habarçynyň öňünde öz aýbyňy aýdanyňda, sen ten günäsiniň Meniň çagyran hyzmatyma bökdençlik bolmagyndan gorkýardyň. Sen bu günäňiň seni ynamdan gaçyrar öýdýärdiň. Seniň gynanjyňyň merkezi – seniň özüňdiň, bu bolsa dünýewi gynançdyr. Soňra Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Dokuz aýdan soň bolsa, sen Meni tanamak üçin Maňa ýalbaryp perýat edipdiň. Şonda Meniň ýüregimi öz günäň bilen ýaralanlygyň üçin seniň ýüregiň gyýym-gyýym bolupdy. Sen Meniň seni günäden boşatmak üçin ölendigimi bilýärdiň. Sen Meniň haça çüýlenmegimiň sebäbine şärik bolýandygyňy ýigrenýärdiň. Seniň gynanjyňyň merkezinde Men durdum, bu bolsa Hudaýdan bolan gynançdyr”.

Pawlus korintosdaky ýygnaga şeýle diýýär:

> “Indi şatlanýaryn. Men siziň gynananyňyza däl-de, şol gynanmaňyz arkaly toba geleniňize şatlanýaryn. Siziň gynanmagyňyz Hudaýdandyr, bizden zyýan gören dälsiňiz. Çünki Hudaýdan bolan gynanç adamy toba getirip, onuň halas bolmagyna ýardam edýär. Bu toba ökündirýän däldir. Emma dünýäden bolan gynanç ölüme eltýändir” (2 Korintoslylar 7:9,10).

Bu aýatdaky grek “halas bolmak” sözi hökman gökden dogulmagy aňlatmaýar. Bu soteria sözi bolup, ol “howpsuzlyk, azat bolmak, howpdan we weýrançylykdan goralmak” diýmegi aňladýar (WSNTDICT). Geliň, bu kesgitlemede “boşanmak” sözüni alyp, ony ýokardaky aýatda goýup göreliň: “Çünki Hudaýdan bolan gynanç adamy toba getirip, onuň azat bolmagyna ýardam edýär”. Men azat edildim, boşandym, hut Hudaýdan bolan gynanç azatlyga eltýän gapyny açyp berdi”.

## Iki gynanç

Gynanjyň iki görnüşi – biri Hudaýdan bolan, beýlekisi dünýäden bolan görnüşi bardyr. Olaryň näme tapawudy bar? Olaryň tapawudyny Şawul patyşa bilen Dawut patyşanyň durmuşlary oňat görkezýär. Ozal aýdylyşy ýaly, Şawul Hudaýyň amalekler baradaky buýrugyna gulak asmady. Şamuwel pygamber ony jogaba çagyranda, ol günäsini boýun almaýar, emma pygamber gaty aýgytly. Şonda Şawul halky günäkärläp başlaýar. Ýöne pygamber öz diýeninde berk duransoň, Şawul ahyrda öz günäsini boýun alyp: “Men günä etdim” diýýär. Emma şuny diýen badyna, ol Şamuwele şeýle diýýär: “Men günä gazandym. Ýöne halkymyň ýaşulularynyň öňünde we Ysraýylyň arasynda meni ryswa etme” (1 Patyşalar 15:30). Şawulyň gynanjy özünde jemlenen. Şamuwel pygamber ony ýaşulylaryň we halkyň öňünde paş etmek bilen, ony aljyratdy. Şonuň üçin-de, Şawul abraýynyň dikeldilmegini isleýär.

Dawut patyşa hem öz gezeginde agyr günä edýär. Ol başganyň aýaly bilen zyna edýär we muny gizlemek üçin, onuň ärini öldürmekligi gurnaýar. Natan pygamber gelip, ony ýaşulularyň we halkyň öňünde paş edýär. Dawudyň günäsi aýan bolanda, ol ýere ýüzün düşüp: “Men Rebbiň öňünde günä gazandym” diýýär (2 Şamuwel 12:13).

Şawul: “Men günä etdim” diýdi. Dawut: “Men Rebbiň öňünde günä gazandym” diýdi. Bularyň arasynda tapawut bar. Dawut öz Söýýäniniň ýüregini paralany üçin haly perişan bolýar. Onuň gynajy Şawulyňky ýaly özünde jemlenen däl. Biz muny Dawudyň uzak gije Rebbiň öňünde toba edip, ýedi gün agyz bekläninden görýäris. Ol Hudaýa garşy eden günäsi üçin örän ökünýär. Biz muny onuň perýadyndan aýdyň görýäris:

> “Saňa, diňe Saňa garşy men günä etdim, Seniň nazaryňda ýamanlyk etdim; şoňa görä, Seniň sözleriň dogry, çykaran hökümiňde Sen adalatly” (Zebur 50:6).

Dünýewi gynanç ünsi özümizde jemleýär. Onuň netijeleri nähili? Meni höküm ederlermi? Men hyzmatymy ýitirerinmi? Men öz günäm üçin zyýan çekerinmi? Adamlar men barada näme pikir ederler? Şeýle soraglaryň sanawy yzyn. Hudaýdan bolan gynanç ünsi Isa Mesihde jemleýär: men öz Söýýänimiň ýüregini ýaraladym, Onuň näme çözgüt çykarjakdygynyň parhy ýok: Onuň hökümi adalatly we hakykydyr, men Onuň rehim-şepagatynyň öňünde baş egýärin.

## Nädip çykmaly

Şunlukda, men azat boldum, ýöne meniň aňyma heniz-de täzelenmek gerekdi, bu iki-üç ýyla dagy çekdi. 1985-nji ýylyň maý aýyna çenli, eger men haýsydyr bir ýerde pornografik materiallary görsem, olara garşy durup bilmeýärdim. Wagtyň geçmegi bilen, men garşy durmagy öwrendim we olardan ýüzümi sowmak başarnygyny edindim. Ýöne deňimdem kaşaň geýnen owadan gelin geçende, men pikirlerimiň nädogry ugra gönükmezi üçin gözlerimi sowýardym. Bu Isa Mesihiň berýän bütinleý azatlygy däldi. Men heniz-de doly boşanmandym.

Boşanmak bilen azat bolmak düşünjeleriniň arasynda tapawut bar. Men 6-njy maýda azatlygy aldym, ýöne Isa Mesih şeýle diýýär: "Siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder" (Ýohanna 8:32). Bize hakykatyň bizi azat etmegi gerek, munuň üçin bolsa onuň içimize ymykly aralaşmagy gerekdir.

Wagt geçýärdi, men Onuň Sözüne görä we dilegde gezýärdim. Onsoň meniň aňym aýallary Hudaýyň olary görşi ýaly kabul edip başlady. Meniň ýüregim ähli aýallaryň – gyzlarydygy baradaky aňlamasyndan dolanda, düýpli özgerişlik bolup geçdi. Men bilýärin: köpler munda çuňňur aýanlygy görmez, ýöne meniň üçin dogrudan-da täze bir zat açylan ýaly boldy. Mukaddes Ruh maňa her bir aýalyň kimdir biriniň kiçijik gyzydygyny açyp görkezdi. Meniň azat bolmazymdan öň pikir edişim ýaly, olar ýöne bir ten bölegi däl.

Birnäçe wagt geçenden soň ýüregim ondan-da uly aýanlykdan doldy. Men ähli aýallaryň Hudaýyň keşbine görä ýaradylandygyna we Onuň olary şöhrat bilen mertebä besländigine aýdyň düşündim (ser. Gelip çykyş 1:26 we Zebur 8:6). Munuň örän çuň manyly eşidilmeýän bolmagy ahmal, ýöne bu meniň üçin uly açyş bolup, ýüregimiň jümmüşine siňdi we durmuşymy özgertdi.

Indi öňümde pornografiki suratlar peýda bolanda, meni ýigrenç duýgusy gaplap alýardy! Hawa, ozal meni özüne maýyl eden zat indi meni iterýärdi. Indi deňimden owadan aýal geçende, boşanmazymdan öň edişim ýaly, ýüzümi ondan sowmaýardym. Indi men onuň gözlerine seredip, hiç bir hapa duýgulary duýmazdan, oňa hoşamaýlyk bilen: "Salam" diýip bilýärdim.

Men Isa Mesihiň merhemetiniň güýjüni duýdum. Men mesihileriň köpüsiniň merhemetde gutulyşy, günäleriniň geçilmegini we mynasyp bolmadyk peşgeşlerini görýändigine düşündim. Köpler bular bilen hem çäklenmeýärler. Men Hudaýyň merhemetiniň bu täsin häsiýetleriň baryna eýedigine aň ýetirdim. Mundan başga-da, bu merhemet bize özgermäge güýç berip,

hakykatyň çagyrýan işlerini amal etmäge gaýrat berýär.

Biz Isa Mesihiň bu peşgeşiniň bizi günäler üçin berilýän baky jezadan boşatmak bilen çäklenmän, eýsem günäniň zynjyryndan boşatmaga ýeterlik güýjüniň bardygyna ynanyp bilerismi? Siz munuň beýle däldigi babatda meni asla ynandyryp bilmersiňiz.

Men bilýärin! Men Onuň durmuşy özgerdýän merhemetini başdan geçirdim we indi azat boldum. Men Onuň meniň üçin edenlerine örän minnetdar. Onuň siziň üçin hem muny etjekdigine örän minnetdar! Bu seýilgähdäki gezelenç däldi, bu söweşdi; ol erjelligi we gyzgyn dilegleri talap edipdi. Sizden hem şeýle zatlaryň talap edilmegi gaty ähtimal. Bir oňat habar bar: siz ýykylyp bilmersiňiz, sebäbi Hudaýyň merhemeti we söýgüsi asla dönüklik etmez. Şonuň üçin-de, bu merhemet bilen galyň we azatlykda ýaşaň.

## Hereket ediň

Hudaý siziň Halasgäriňiz, diňe ýeke-täk Oldur. Sizi günäniň zynjyryndan boşadyp biljek bäş başgançakly maksatnamalar ýok, ynsan gaýraty ýok, kadalar sanawy ýok. Ýöne bu Hudaýyň bizi hereket etmedik ýagdaýymyzda günäden boşadýandygyny aňlatmaýar. Hudaý sizi azat eder, ýöne Oňa ymtylmak üçin hereketleri amal etmek gerek. Gökdäki Ata dogry niýetler bilen ymtylmak - Ondan haýsydyr bir zady almak däl-de, Ony tanamaklykdyr. Hut şu garaýyş sizi azatlyga alyp barýandyr.

Mesele – azat bolmaklygyň siziň üçin näderejede wajyplygy. Hudaýy agtarmaga wagt bölüp aýyrarsyňyzmy? Zerur bolan ýagdaýynda Onuň bilen duşuşmak üçin ruhy sapara gitmäge taýynmysyňyz? Onuň huzuryny tapýançaňyz we Onuň wadalaryny alýançaňyz dyngysyz ýalbarmaga taýynmysyňyz? Oňa siziň bilen gatnaşygyňyzy kesgitlemäge ygtyýar edip, Oňa ýakynlaşarsyňyzmy? Diňe günäden azat bolmak üçin däl-de, Onuň hut Özi bilen gatnaşykda bolmak üçin günäňizden azat bolmaga ymtylarmysyňyz? Tejribeli dogruçyl liderleriň siziň üçin dileg edip, durmuşyňyza sözläp bileri ýaly, özüňizi pespäl tutup bilermisiňiz?

Zynjyrlaryňyzyň bahasyna aň ýetiriň, ýöne öz azatlygyňyzyň bahasyny hem hasaba alyň. Soňra tutuş ýüregiňiz bilen Hudaýa eýeriň. Ol sizi ýakyndan tanamagy küýseýär!

26

# GÜNÄ BOLMADYK GÜNÄ

Siz babyň sözbaşyny okanyňyzda, ony geň gördüňiz gerek?

Biz butparazlygyň ýene bir tarapyna – günä saýylmaýan günä tarapyna heniz garamadyk. Kriptoniti bütinleý ýok etmek üçin, biz bu tarapa äsgermezlik edip bilmeris, sebäbi ony tutup almak diýseň kyndyr. Geliň, tymsaldan başlaly.

Günleriň birinde tötänden geçip barýan bir ötegçi Isa Mesihe Hudaýyň Şalygyndaky meýlise gatnaşmagyň nähili gowy boljakdygy barada aýtdy. Isa Mesih onuň aýdanlaryny çuňňur hakykaty açmak üçin ulandy. Ol şeýle diýdi: “Bir adam uly meýlis gurap, birtopar adamy çagyrypdyr. Nahar wagty bolanda, ol: ‘Geliň, ähli zat taýýar’ diýip, myhmanlara habar bermek üçin, öz hyzmatkärini ugradýar. Emma olaryň hemmesi dilleşen ýaly, ötünç soramaga başlaýarlar... (Luka 14:16-18). Bu aýatda açary söz – “ötünç soramak”.

Siz bilen hem şeýle bolupmydy? Siz kimdir birinden haýsydyr bir zady – kömek etmegi, toýa ýa-da nahara gelmegi, gerek bir işi tamamlamagy, bir ýumşy bitirmegi haýyş edýärsiňiz, emma muňa jogap hökmünde haýsydyr bir bahanany eşidýärsiňiz. Şu tymsaldaky “ötünç soramak” nämäni aňladýar? Adamlaryň siziň haýyşyňyzdan has ileri tutýan zadyny. Aslynda, olar: “Men öz sanawymdaky zatlary seniňkidäkiden has ýokary tutýaryn” diýýär.

Isa Mesihiň sözlerine görä, bu adam diňe bir toý gazanyny ataryp, gamburgerleri, çipsileri we hotdoglary hödür edenok. Ol uly baýramy, wa-

jyp dabarany gurnaýar. Ol çagyrylan adamlara ak patalary bermek isläpdi. Çakylyklar çap edilendi, bukjalara salnyp, ýelmenendi we meýlise isleg bildirenleriň ählisine iberilendi, ýöne jogap hökmünde dürli bahanary eşidipdi: “Birinjisi oňa: ‘Men bir bölek ýer satyn aldym, şony görmäge gitmeli. Haýyş edýärin, meni bagyşla’ diýýär” (Luka 14:18).

Wajyp sorag ýüze çykýar: eýsem bir bölek ýer satyn almak günämi näme? Elbetde ýok. Eger bu günä bolýan bolsady, onda men toba etmeli, sebäbi men ýer bölegini satyn alypdym. Emma ýer bölegini satyn almaklyk Hudaýyň Sözünden has wajyp bolsa, onda bu günä bolmadyk günä öwrülýär. Eger has anyk aýtsak, bu butparazlyk ýa-da kriptonit bolýar.

Indiki adamyň sözlerine garalyň: “Beýlekisi: ‘Men bäş jübüt öküz satyn aldym, şolary barlamaga barýaryn. Haýyş edýärin, gaty görme’ diýýär” (Luka 14:19).

Ýene-de şeýle sorag ýüze çykýar: eýsem öküzleri – döwrebap dilde aýdanymyzda, biznes üçin enjamlary satyn almak günämi näme? Elbetde ýok. Men öz hyzmatym üçin ofis enjamlaryny satyn alypdym. Emma satyn almaklyk Hudaýyň Sözünden has wajyp bolsa, onda bu günä öwrülýär. Bu ýene-de günä bolmadyk günä bolýar, has anygy, bu butparazlyk ýa-da kriptonit bolýar.

Geliň çakylyk alanlaryň iň soňkusynyň berýän jogabyny okalyň:

> “Ýene biri: ‘Men täze öýlendim, şonuň üçin baryp bilmeýärin’ diýýär” (Luka 14:20).

Ýene-de şol bir soragy üçünji gezek soramaga ygtyýar ediň: eýsem öýlenmek günämi näme? Eger bu günä bolýan bolsa, onda köp erkekleriň, şol sanda meniň hem dat günüme. Elbetde bu günä däl. Emma meniň aýalym Hudaýyň Sözünden has wajyp bolýan bolsa, bu günä bolmadyk günä öwrülýär, has anygy, bu butparazlyk ýa-da kriptonit bolýar.

Pikir aýdyňdyr diýip oýlanýan: eger biz haýsydyr bir adamy ýa-da zady, şeýle-de işleriň islendigini Hudaýyň Sözünden ýokary goýýan bolsak, onda bu günä bolmadyk günä bolýar.

## Meniň kriptonitim özüni malim etdi

Men Perdýu uniwersitetniň ikinji kursunda okap ýörkäm, Isa Mesihe aşyk bolandygymy ozal agzapdym. Men 1981-nji ýylda talyplaryň umumy ýaşaýyş

jaýynda Ony Reb hökmünde kabul etdim. Men Isa Mesih diýip ölüp-öçüp barýardym!

Birnäçe aý geçenden soň Perdýuda futbol möwsümi başlandy. Men üçünji kursda okaýardym we talyp bolamsoň, şäherde geçirilýän ýaryşlaryň hemmesine petegim bardy. Geçen iki ýylyň dowamynda men ýeke ýaryşyda sypdyrmandym. Ýöne indi ähli ünsüm Isa Mesihde bolany üçin, ýaryş wagty Mukaddes Kitaby öwrenýärdim. Hemmeler ýaryşa tomaşa etmäge gidýärdiler, şonuň üçin-de talyplaryň ýaşaýyş jaýy ümsümlikdi. Bu meniň üçin dileg etmäge oňat mümkinçilik berýärdi. Men futbol ýaryşlaryna tomaşa edenimden, Hudaý bilen gatnaşykda bolmakdan has köp lezzet alýardym.

Maňa hiç kim: “Sen futbola gitmeli däl” diýmeýärdi. Men oýna gitmeklik erbetdir diýip asla pikir etmeýärdim. Galyberse-de, uniwersitetiň soňky kursunda men köp oýunlara tomaşa edipdim.

Perdýu uniwersitetini tamamlanymdan soň, men Dallas ştatyna göçdüm we birnäçe aýdan ýygnakda işläp başladym. Bu ýygnakda dört ýüzden gowrak adamlar işleýärdi, sebäbi bu hyzmat örän uly we abraýlydy.

Şol döwürde “Dallas kowboýlary” atly topar milli futbol ligasynda iň oňat toparlaryň biridi. Men Miçiganda önüp-ösemsoň, “Kowboýlaryň” o diýen janköýeri däldim, ýöne ofisdäki oglanlaryň köpüsiniň bu topar barada her duşunbe günleri gürrüň edýändiklerini eşidýärdim. Olar geçen gündäki oýnuň statistikasy, gyzgalaňly pursatlary we, elbetde, pleý- off torunyň ýagdaýy barada gyzgalaňly gürrüň edýärdiler.

Men “Kowboýlara” bilisigelijilikden tomaşa edip başladym. Ilki ilkiler men oýnuň dörtden birine ýa-da ýarymyna tomaşa edýärdim. Men olara tomaşa etmegi halaýardym, sebäbi olar diýseň zor oýnaýardylar. Mundan başga-da, men ofisdäki oglanlar bilen akylly gürrüňleri etmek mümkinçiligi artýardy.

Emma birnäçe wagtdan men “Kowboýlara” has köp gyzygyp, olaryň oýunlaryna boýdan-başa tomaşa edip başladym. Men telewizor bilen gürleşip, oýunçylary goldap, käwagt bolsa olaryň üstüne gygyryp başlandygyma üns berdim. Soňabaka bolsa men ýekeje oýny-da, hatda onuň bir minudyny-da sypdyrman görüp başladym. Hatda oýunlaryň bolmadyk möwsümlerinde hem işdeşler bolup bu mowzukdan gürrüň edýärdik, “Kowboýlaryň” indiki möwsümde nähili oýnajakdygy barada pikir alyşýardyk.

Men olaryň göçgünli janköýerine öwrüldim!

Indiki möwsüm başlan badyna meni uly şatlyk gurşap alýardy. Men her ýekşenbe günündäki ýygnak duşuşygyndan soň öýe howlugyp, eşigimi-de çalşyrman (şol döwürde biz penjek geýýärdik), telewizoryň öňüne geçip oturýardym. Käwagt men hatda eşigimiň oňaýsyzdygyna ýa-da haýsydyr bir hajadymyň bardygyna garamazdan, telewizora ýelmenen ýaly oturýardym. Men ýekeje-de oýny sypdyrasym gelmeýärdi. Men oýnuň arakesme wagtynda eşigimi çalyşýardym. Liza kömek etmek barada gürrüň-de ýokdy. Men: "Ezizim, "Kowboýlar' oýnaýarlar" diýýärdim. Biz oýnuň arakesmelerinde ýa-da oýundan soň iýip-içýärdik, oýun gidip durka hiç iýip-içmeýärdik.

Şonda men toparyň ähli statistikasyny bilýärdim. Men olary üns bilen öwrenýärdim we "Kowboýlaryň" nädip has oňat oýnap biljekdigi barada dyngysyz oýlanýardym. Işde men oýunlar babatdaky çekeleşikleriň liderine öwrüldim. Biziň ýygnagymyzdaky käbir adamlaryň möwsümleýin abonementleri bardy we men oýna çakylyk alanymda, ony kabul edýärdim. Men gitmezlik üçin hiç haçan bahana gözlemeýärdim.

Ine, şunlukda, gezekdäki möwsüm başlandy. Şondan biraz öň men sadaja dileg edipdim, meniň göwnüme ol ähmiýetsiz bir dileg kimin görnüpdi. Emma men onuň durmuşymy özgerdip biljekdigini hakydama-da getiremokdym. Men şeýle dileg etdim: "Ýa Reb, meniň ýüregimi päkle, men mukaddes, Seniň üçin saýlanan bolasym gelýär. Şonuň üçin-de, içimde oňlamaýan zadyň bar bolsa, ýa-da Senden ileri tutýan zadym bar bolsa, muny aýan et-de, maňa ondan dynmaga kömek".

Futbol möwsümi tamamlanyp barýardy we "pleý-off" oýny golaýlapdy. Örän wajyp oýnuň boljak güni gelip ýetdi. "Kowboýlar" "Filadelfiýanyň bürgütleri" bilen oýnaýardylar, ýeňiji topar "pleý-off" tapgyryna geçýärdi, utulan bolsa oýundan çykmalydy. Men telewizora ýelmeşip galdym, men hatda oturmaga-da takat etmän, aýak üstünde dik durdum. Oýnuň ahyrky çärýek finaly dowam edýärdi; oýnuň tamamlanmagyna bary-ýogy sekiz minut galypdy. "Kowboýlar" dört utuk yza galýardylar, olaryň meşhur kwoterbegi topary garşydaşynyň derwezesine tarap alyp barýardy. Men poly ädimläp ölçeýärdim, oýunçylaryň şowsuz hereketlerine gaharlanýardym, şowly hereketlerine bolsa şatlykly  gygyrýardym. Dartgynlygyň derejesi iň ýokary nokada ýetipdi.

Birdenkä, Mukaddes Ruh hiç duýdurmazdan, menden dileg etmegimi sorady. Meni: “Dileg et, dileg et, dileg et!” diýen güýçli isleg gaplady. Bu isleg şeýle bir güýçlüdi we agyr ýük kimin ýüregimiň jümmüşinden joşýardy. Şol döwürde men eýýäm Hudaýyň Ruhunyň dilege höweslendirip, onda alyp gitjekdigi baradaky duýgulary saýgaryp bilýärdim.

Men gaty ses bilen: “Reb, oýnuň ahyryna çenli sekiz minut galdy. Men oýun gutarandan soň dileg ederin” diýdim.

Dilege bolan höwes aýrylmaýardy, ol meni goýberenokdy.

Birnäçe minut geçdi. Men bu ýagdaýdan çykalga gözläp: “Reb, men oýun gutarandan soň bäş sagatlap dileg ederin. Oýnuň gutarmagyna alty minutjyk galdy!” diýip gygyrdym.

“Kowboýlar” topy sypdyrman, garşydaşlarynyň derwezesine tarap ylgap barýardylar. Men olaryň gol saljakdyklaryny we bu wajyp oýunda utjakdyklaryny bilýärdim. Emma dileg höwesi menden aýrylmaýardy. Tersine, ol gitdigiçe güýçlenýärdi. Men lapykeç boldum. Men oýundan ünsümi sowasym gelmeýärdi.

Şonda men gatydan: “Reb, men agşama çenli, eger isleseň tutuş gije-de dileg ederin!” diýdim.

Men oýnuň galan bölegini gördüm. “Kowboýlar” utdular we men Hudaýa söz berşim ýaly, telewizory bada-bat öçürdim-de, ýokarky gatdaky ofisime galdym. Men gapyny ýapyp, dileg etmek üçin dyzyma çökdüm. Ýöne indi dileg etmek höwesi ýokdy. Hiç bir agram-da, çalaja duýgy-da ýokdy. Hiç zat ýokdy.

Men islegi döretjek boldum. Men sözler bilen dileg edip başladym, ýöne olar çykyp, howada gaýyp bolýan ýalydy. Kän wagt geçmänkä, men bolan zada aň ýetirdim: men oýny Hudaýyň çagyryşyndan ileri tutdum. Men Onuň haýyşyny bitirmezlik üçin samsyk bahana tapdym.

Men ýüzümi hala berip, zarynladym: “Eý, Hudaýym, eger kimdir biri meniň üçin Seniň ýa-da “Dallas kowboýlarynyň” wajypdygyny soran bolsa, men ikirjeňlenmän, “Elbetde, Hudaý!” diýip jogap bererdim. Ýöne edil şu pursat men özüm üçin kimiň has wajypdygyny görkezdim. Men Saňa gerekdim, ýöne men futboly Senden ileri tutdum. Ýalbarýaryn, meni bagyşla!”

Men şobada ýüregimde: “Oglum, bäş sagatlap dileg edeniň gerek däl, Men seniň tabynlygyňy isleýän” diýleni eşitdim.

## Durmuşyň islendik çägi

Butparazlygyň şeýle görnüşi durmuşyň islendik çäginde döräp bilýär. Meniň ýadyma şeýle bir waka düşýär: men şol döwürde günleriň birinde ertirlik nahary üçin patraklary şakäsä guýmaga häzirlenipdim. Men ertirlerine patrak iýmegi halaýan! Şol pursatda Hudaýyň: "Men agzyňy bekläp, ertirlikden saklanmagyňy isleýän" diýen pyşyrdysyny eşitdim.

Şol patraklara seredeşim ýadymda, men olary örän iýesimm gelýärdi. Men: "Ýa Rebbim, men indiki hepdede üç günläp agzymy beklärin" diýdim. Bu Hudaýyň aýdýanyna gulak asmazlyk üçin tapylan samsyk bahanaryň ýene biridi. Ol şonda iýmitiň meniň durmuşymda nähili buta öwrülendigini görkezdi. Men Onuň bilen wagt geçirmegiň gymmatly mümkinçiliklerini elden gidirýärdim, sebäbi meniň iýmäge bolan höwesim Onuň huzurynda we Onuň Sözünde wagt geçirmek höwesimden üstün gelýärdi.

Şeýle ýagdaý biraz soňra, meniň golf oýnuna bolan höwesim durmuşymda has köp ýeri eýelän döwründe hem gaýtalandy. Mukaddes Ruh golf klýuşkalarymyň ählisini bir çopana (hut şoňadygy tötänleýin däl) sowgat bermäge höweslendirdi.

Bir ýarym ýyl geçenden soň (şol aralykda ýeke gezek oýnamandym), Reb bir ökde golf oýunçysynyň ýüregine maňa golf enjamlarynyň toplumyny sowgat bermegi salypdy. Şol enjamlaryň birnäçe müň dollar bahasy bardy. Men birhili aljyradym. Birnäçe aýdan bolsa bir çopan Hudaýyň maňa golf klýuşkalaryny sowgat bermegini öz ýüregine salandygyny aýtdy. Men öňkümden-de köp aljyradym!

Soňra, ýekelikde galanymdan soň, Rebden: "Golfuň bu enjamlaryny näme edeýin?" diýip soradym.

"Git-de, oýnaber" diýleni ýüregimde eşitdim.

"Emma bir ýarym ýyl mundan ozal Sen maňa bu sportdan çykmagymy we ähli klýuşkalarymy sowgat bermegimi sorapdyň-a".

Men Hudaýdan: "Golf indi seniň üçin bökdençlik däl. Ol seniň üçin dynç alyş we hoşwagtlyk bolar" diýenini eşitdim.

Şondan bäri men golf oýnuny oýnaýaryn we Hudaý ony maňa dynçlyk we şähdaçyklyk bermekde täsin tärde ulanýar. Şeýle-de bu oýun meniň üçin azaşan adamlary halas etmäge ýol boldy, ol öz ogullarym, ýygnagyň liderleri

we hyzmatdaşlarym bilen wagt geçirmek usulyna öwrüldi. Mundan başga-da, dostlarymyz we hyzmatdaşlarymyz Messenjer kubogynyň golf-turnirleri arkaly “Messenger International” hyzmatynyň missiýalary üçin bäş milliondan gowrak dollary sadaka berdiler. Eger ömrümiň galan böleginde golf oýnundan ýüz öwren bolsam, beýle zatlar bolmazdy. Golf kriptonit bolmagyny bes etdi.

Günäniň günä bolmaýan çäkleri, ine, şeýledir. Olar biziň telekeçilik işlerimizde, hyzmatymyzda, sportda, gatnaşyklarda, lezzetlerde, hatda durmuşdaky çynlakaý zatlarda peýda bolup bilýär. Bu sanaw zatlar, işler, gatnaşyklar we orunlar ýaly tükeniksizdir. Hudaý biziň durmuşdan lezzet almagymyzy isleýär. Mundan başga-da, meni Pawlusyň şeýle sözleri haýrana goýýar:

> “...bagtyýar ýaşamagymyz üçin her zady bolelin ýetirýän Hudaý” (1 Timoteos 6:17).

Hudaý Özüniň bize berýän täsin ýalkanyşlarynyň ählisini kabul etmegimizi isleýär. Ol biziň durmuşdan lezzet almagymyzy isleýär. Ol diňe sanawdaky esasy orny Özüne berilmegini soraýar – bu Onuň we Onuň isleginiň islendik wagtda, islendik ýerde we islendik işleriň arasynda iň esasy bolmagyny aňladýar.

Hiç bahana, hatda iň çynlakaý tutaryklara-da ýol ýok!

## Meýlisi sypdyraýmaň!

Geliň, Isa Mesihiň tymsalynyň esasy bölegine dolanalyň. Biz meýlise çagyrylyp, oňa barmazlyk üçin bahana tapan üç adam barada okapdyk. Indi dowamyny okalyň:

> “Hyzmatkär gelip, bulary öz jenabyna habar berýär. Onsoň öý eýesi gaharlanyp, hyzmatkärine: ‘Dessine şäheriň köçelerine, ýol-ýodalaryna git-de, garyplary, maýyplary, körleri, agsaklary şu ýere getir’ diýýär. Hyzmatkär: ‘Jenap! Seniň aýdanyň ýerine ýetirildi, ýöne entek hem ýer bar’ diýýär. Onsoň jenap hyzmatkärine: ‘Öýüm dolar ýaly, obalara, onuň daş-töweregindäki meýdanlara aýlan-da, adamlary geler ýaly et’ diýýär. Men size şuny aýdaýyn: şol ilkinji çagyrylanlaryň ýekejesi hem Meniň saçagymdan datmaz” (Luka 14:21–24).

Bu tymsalyň Guzynyň nika toýy – zamanaň ahyrynda Ata Hudaýyň Öz Ogly üçin gurnajak toýy baradadygy gürrüňsizdir. Biziň ählimiz oňa çagyrylan. Emma bu tymsalda şindi we şu ýer babatda ulanyp boljak bir ýagdaý beýan edilýär. Hudaý gün rejämizi bozup, ýa-da hemme zatdan köp söýýän işimiziň arasyna goşulyp, ony togtadyp, haýsydyr bir zada çagyranda, bu Onuň biz üçin has köp zadynyň bardygyny aňladýar. Muňa Hudaý bilen duşuşyk diýilýär, ol Onuň Sözüniň, danalygynyň, huzurynyň, üpjünçiliginiň, maslahatynyň, güýjüniň we başga-da köp ýalkanyşlarynyň, diňe Onuň berip bilýän ýalkanyşlarynyň meýlisi bilen tamamlanar.

Şol "Dallas kowboýlarynyň" oýnan pursadynda Onuň meniň üçin wajyp bir zady bardy. Men günleriň birinde munuň näme bolandygyny bilerin, ýöne men Onuň "obalardan we onuň daş-töweregindäki meýdanlardan" başga birini tapandygyny we bu adamyň maňa niýetlenen ýalkanyşy alandygyny hem bilýärin. Men ony sypdyrdym.

Men ýazgarylyşy duýamok, sebäbi men ötünç soradym, Onuň rehim-şepagaty diýseň belent. Ýöne men şol wakadaky we goýberen beýleki ýalňyşlarymdan sapak öwrendim. Men Onuň meniň üçin taýynlan täsin zatlarynyň ýekejesini-de kriptonit zerarly sypdyrasym gelenok.

Ol bize Özüniň Sözüni ýa-da danalygyny kabul etmek üçin Özüniň duýdansyz çakylyklaryny berende, biz hemme bahanalary we tutaryklary taşlarys we has güýçleneris. Ýatda saklaň: kriptonit bizi diňe güýçden düşürýändir.

Gynansak-da, käbir adamlar ýene-de bahana üstüne bahana agtararlar. Olar Ony asla ileri tutmazlar we şeýlelikde, meýlisi sypdyrarlar. Ýöne men munuň beýle bolmajagyna umyt baglaýaryn, sebäbi Onuň öýünde ýer köp we hemmämiz meýlise çagyrylan.

Gaýrat edip, şu sada dilegi ediň. Men şeýle dilegi ençeme ýyl mundan edipdim: "Eý, Atam, Isa Mesihiň – Rebbimiň hatyrasy üçin, ýüregimi päklemegiňi dileýärin. Men mukaddes, Seniň üçin saýlanan bolasym gelýär. Şonuň üçin-de, içimde oňlamaýan zadyň bar bolsa, ýa-da Senden ileri tutýan zadym bar bolsa, muny aýan et-de, maňa ondan dynmaga kömek. Men Seniň meýlisleriňiň ýekejesini-de sypdyrasym gelenok!"

## Hereket ediň

Şu babyň ahyrynda berlen dilegi eýýäm edensiňiz diýip umyt edýärin. Eger eden bolsaňyz, onda Hudaý indiki günleriň, hepdeleriň, aýlaryň dowamynda hereket edip başlar. Ol muny sizi Özüne ýakynlaşdyrmak üçin edip, sizi Ondan uzakda saklaýan zatlary açyp görkezer. Hudaý babatda ýüregiňizi açyk saklaň we Onuň siziň durmuşyňyz barada, bahana bolýan we sizi bökdeýän zatlar barada, Onuň sözlerine jogap bermäge päsgel beren zatlar barada gürlemegini diläň. Onuň size açyp görkezjek zatlarynyň baryny ýazyp alyň. Bu zatlar barada dileg etmek üçin wagt tapyň. Hudaýyň bu zatlara bolan garaýşyny görkezmegini Ondan diläň we Onuň aýtjak zatlaryny ýazyp alyň.

Eger siz şu babyň ahyrynda berlen dilegi etmedik bolsaňyz, başga dilegi etmek üçin hut şu pursadyň özünde wagt tapyň. Şol dilegi edip bileriňiz ýaly, Hudaýdan açyk we batyrgaý ýürek bermegini diläň. Onuň dileg wagtyňyzda ýüregiňize salan ähli zatlaryny ýazyp alyň.

27

# TOÝ ZALYNYŇ GAPYLARY

Aýanlyk kitabynda Isa Mesih ýygnaklaryň başga birine iň täsin zady aýdýar. Onuň sözleri geçen bapda pikir alşan sözlerimize örän meňzeş:

> "Ine, men işikde duryn, gapyny kakýaryn. Sesimi eşidip, gapyny açanyň öýüne girerin. Men onuň bilen, ol hem Meniň bilen bir saçak başynda tagam iýer" (Aýanlyk 3:20).

Isa Mesihiň hut Özi bilen meýlis! Umumy baýramçylyk – Mugallym bilen söhbetdeş bolmak. Ol ýerde biz Onuň huzuryndan Onuň Sözüni, danalygyny, maslahatyny, güýjüni we beýleki ähli ýalkanyşlary kabul ederis. Şeýle iýmit Ondan kabul etmäge bolan açlygy, umydy we begenji döreder diýip umyt edýärin. Isa Mesihiň berjek iýmiti bize güýç berýän zatdyr. Ol kriptonitiň bütinleý gapma-garşysydyr. Ony Supermeniň Günden öz güýjüni täzeleýşi bilen deňeşdirse bolýar. Isa Mesih – diri Söz, gökeleriň hakyky Çöregi, Onuň huzury bize kriptonitiň islendik görnüşine garşy durmaga güýç berýär.

Şeýle sorag ýüze çykýar: "Ol haýsy gapyny kakýar?" Köp hyzmatçylar bu aýady adamlara halas bolmaga çagyrmakda ulanýarlar, bu örän gowy zat. Ýöne biz Onuň Özüni tanamaýanlara däl-de, ýygnaklara, Oňa eýerýänlere ýüzlenýändigini ýatda saklamaly. Emma Isa Mesih bu ýerde ilki bilen gapy barada aýdanok. Nygtama Onuň: "Sesimi eşidip" diýen sözlerinde diýip pikir edýärin.

Eger meniň öýümde saz kolonkalardan güýçli basyş bien ýaňlanýan

bolsa, haýsydyr bir wajyp myhman gelip gapyny kakyp, meniň adymy tutup gygyranda, men ony eşitmerin. Ol gapynyň agzynda durup garaşar-da, gider. Onda has wajyp sorag ýüze çykýar: “Bize eşitmäge näme päsgel berýär?” Eger biz eşitmesek, meýlisi sypdyrarys. Şonuň üçin-de, geliň, oýlanalyň-da, bu wajyp soraga jogap berleriň.

## Mukaddeslik

Eger siz häzirki ýygnaklarda “mukaddeslik” diýen sözi agzasaňyz, adamlar tisginip, gürrüňi başga ýana sowarlar. Durmuşyň “progressiw” ýörelgesinden barýanlar üçin bu düşünje ýörgünli däl, ol olar üçin bökdençlikleri döredýär. Mukaddesligi köplenç gutulyşy öz işleriň bilen gazanmak zerurlygy ýa-da kanunçylyk bilen des-deň edýärler.

Emma Täze Ähtde Isa Mesihiň almaga geljek ýygnagy şeýle häsiýetlendirilýär: Ol “liderlige gönükdirilen”, “aktual”, “tanyşlary köp” ýa-da “agzybir” ýygnagyň yzyndan gelmez. Bularyň bary ýygnagyň ösmegi we üstünligi üçin örän wajyp, ýöne bularyň biri-de Isa Mesihiň gelinliginiň esasy häsiýeti däldir.

Gynansak-da, kanunçylyk ruhunda ozal edilen wagyzlar zerarly köp adamlar mukaddeslik mowzugyndan ýaňa yza tesdiler. Häzirki wagtda ýygnagy ösdürmekde bu mowzukdan sowlup geçmeli diýen pikir bar. Şol bir wagtyň özünde-de, ünsli liderler tutuş Täze Ähtiň mukaddeslik barada aýdýandygyny we ondan sowa geçmegiň mümkin däldigini bilýärler. Şunlukda, wagyzçylar we Hudaýyň Sözüni öwredýän mugallymlar mukaddeslik düşünjesini has ýakymly sypatlandyryp, şeýleräk ýaňlanýan taglymaty düzdüler: “Mukaddeslik babatda öz şahsy jogapkärçiligiň barada aladalanmak gerek däl, sebäbi Isa Mesih biziň mukaddesligimizdir, ol Onda saklanýandyr”. Bu taglymat dogry, ýöne o diýen däl, sebäbi Täze Äht mukaddesligiň iki dürli tarapy barada aýdýar. Häzirki taglymatlar we wagyzlar köplenç bu ikisini bir üýşmege üýşürýärler. Mukaddesligiň birinji tarapy barada bize şeýle diýlen:

> “Öz huzurynda mukaddes we müýnsüz bolmagymyz üçin, biri-birimizi söýüp, Isa Mesihe degişli bolmagymyz üçin, Hudaý bizi dünýä ýaradylmazdan öň saýlap-seçdi” (Efesliler 1:4).

Biz baky gymmatlyk bolmak üçin haýsydyr bir mynasyp zady heniz etmänkäk, Hudaý eýýäm çözgüdi edipdi. Ol bizi saýlap-seçdi we şeýtmek bilen, bizi mukaddes diýip yglan etdi. Biz onuň nazarynda päkdiris. Bu “orun bilen bagly mukaddeslikdir”. Isa Mesihi kabul eden günümiz, biz Hudaýyň nazarynda mukaddes bolduk, mundan artyk has mukaddes bolup bilmeris. Ýigrimi bäş million ýyldan hem Isa Mesihi kabul eden şol günämizdäki ýaly mukaddes bolarys.

Mysal getireýin: men Liza Toskano bilen 1981-nji ýylyň iýun aýynda tanyşdym. Duşuşanymyzdan köp wagt geçmänkä, men oňa aşyk boldum we durmuş gurmagy teklip etdim. 1982-nji ýylyň oktýabr aýynda ol meniň aýalym boldy. Şu gün, otuz bäş ýyl geçenden soň, ol meniň öýlenen günümdäkiden has köp aýalym bolmady. Biziň nikalaşanymyzyň ýetmiş ýyllyk dabarasynda hem ol ilkinji günündäkisinden has köp aýalym bolup bilmez. Ol Jon Biweriň aýalynyň ornuny eýeleýär. Oňa bu orny gazanmak, öwezini dolmak, satyn almak gerek däl. Ol meniň aýalym, sebäbi men ony saýlap-seçdim.

Käbir liderler hut şeýle mukaddeslik barada öwredýärler, şeýle mukaddeslik dogrudan-da bardyr. Indi bolsa men size öz nikamyň mysalynda mukaddesligiň beýleki tarapyny görkezeýin.

Meniň bilen tanyşmazyndan ozal Liza ýigitler bilen näz-kereşme edýärdi, olara öz telefon belgisini berýärdi, gyzykly saýan oglanlary bilen duşuşyga gidýärdi. Biz öýlenenimizden soň, ol erkekler bilen näz-kereşmesini taşlady. Ol özüni aýallyk ornuna mynasyp tärde alyp barýar.

Petrus resulyň şu sözlerini okaň:

> “Gulak asyjy çagalar deý bolmaly, öz höwesleriňizi kanagatlandyrmak üçin ozalky köne durmuş ýörelgeleriňize dolanmaň. Siz şonda hiç gowulygy bilmeýärdiňiz. Emma şinda özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, siz hem ähli edýän işleriňizde mukaddes bolmaly” (1 Petrus 1:14-15, iňlis dilinden terjime).

Men iki sözi nygtasym gelýär. Birinjiden, “bolmaly” diýen söze üns beriň. Petrus biziň hereketlerimiz babatda anyk iki hökmany şert goýýar. Ikinjiden, Petrus biziň Isa Mesihdäki ornumyz barada däl-de, biziň işlerimiz barada aýdýar. Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesi muny oňat düşündirýär: “Siz özüňiz ähli işleriňizde we durmuş ýörelgeleriňizde mukaddes boluň”. Bu orun mukaddesligi däl-de, hereketleriň mukaddesligidir. Bu toýumyzdan

soň Lizanyň hereketlerinde bolup geçen özgerişliklere meňzeýär. Biziň hereketlerimiz biziň ornumyzyň şöhlelenmesi bolmalydyr.

Konflikt, ine, şu ýerden başlanýar. Men mesihilik durmuşymyň ilkinji ýyllarynda elmydama mukaddes ýaşamaga dyrjaşýardym we bu meselede elmydama şowsuzlyga uçraýardym. Men muňa diýseň gynanýardym. Soňra men Hudaýyň merhemetiniň bardygyny ýüze çykardym. Men merhemetiň Hudaýyň güýjüdigini, özümiziň oňa asla mynasyp däldigimizi we bu güýjüň bize öz güýjümiz bilen başarmadyk zatlarymyzy başarmaga kömek edýändigini bildim. Men pornografik we beýleki günäli endiklerimden dynyp bilemokdym, emma merhemeti ýüze çykaranymdam soň, azatlykda ýaşamagy öwrendim, oňa bil baglamagy we onuň bilen hyzmatdaşlyk etmegi öwrendim.

Gynandyryjy fakt: biziň hyzmatymyz birki ýyllykda barlag işlerini geçirdi. Biz dürli doktrinal akymly we denominasiýaly ýygnaklaryň birnäçesine ýüz tutduk. Biz ýurtdaky göklerden doglan mesihileriň bäş müňden gowragynyň arasynda soragnama geçirdik. Biz soragnama gatnaşyjylardan Hudaýyň merhemetiniň iki ýa üç kesgitlemesini bermegi haýyş etdik. Soragnamanyň netijesinde her bir adam diýen ýaly Hudaýyň merhemetiniň halas edýändigini we günäleri bagyşlaýandygyny aýtdy. Olar özlerini oňa mynasyp däldigini, onuň Hudaýyň mugt peşgeşidigi we söýgüsidigi barada hem aýtdylar. Bu örän gowy täzelikdi. Gynandyryjy netije bolsa – imanlylaryň diňe 2%-mi Hudaýyň merhemetiniň güýçdügi barada bilýänligidir. Emma Hudaýyň hut Özi şeýle diýýär: “Saňa beren merhemetim besdir, sebäbi Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir” (ser. 2 Korintoslylar 12:9). Hudaý Öz merhemeti barada Öz güýji hökmünde gürleýär.

Petrus şeýle ýazýar: “Hudaýy we Rebbimiz Isany tanamakda bol merhemet hem parahatlyk size ýar bolsun! Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi...” (2 Petrus 1:2-3). Petrus Hudaýyň merhemeti barada Onuň güýji-bize dogruçyl durmuşa mukaddes ýaşmaga başarnyk berýän güýji hökmünde aýdýar.

Hakykat şeýle: biz tä ynanýançak, Hudaýdan hemme zady alyp bilmeýäris. Biz bilmeýän zadymyza bolsa ynanyp bilmeýäris. Eger amerikan mesihileriniň diňe 2%-mi merhemetiň bize güýç berýändigini bilýan bolsa, beýleki 98%-niň öz güýçleri arkaly mukaddes ýaşmaga dyrjyşýandyklaryny görkezýär, bu bolsa mümkin zat däl. Şeýle ýagdaýda olar lapykeçlige, sustupeslige, ýeňlişlere, ýazgarylyşa we özlerini müýnli duýmaklyga duçar bolarlar.

Mesihi wagyzçylaryň mukaddesligiň ähli taraplaryny bir üýşmege – onuň

orunlyk häsiýetine gönükdirmesiniň sebäbi indi düşnükli bolup galýar. Juda köp mesihiler dogruçyl ýaşamap bilmeýändiklerinden ýaňa ejir çekýärler, gynanýarlar, sebäbi olar şeýle ýaşamak üçin öz güýçleri ýeterlik däl. Hudaýyň merhemeti – bu diňe halas bolmaga we bagyşlanmaga berlen jogap däl-de, eýsem mukaddes ýaşamak üçin berlen Onuň ägirt güýjüdir! Ýewreýlere hatyň awtory şeýle diýýär:

> “Hemmeler bilen oňşukly boluň. Mukaddes ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi görüp bilmersiňiz. Hüşgär boluň, hiç kim Hudaýyň merhemetinden mahrum bolmasyn...” (Ýewreýler 12:14-15).

Bu aýatlarda çuň many gizlenen. Grek dilindäki asyl nusgada “dyrjaşyň” – dioko sözi. Ol “eýermek, gatydan basmak, haýsydyr bir zada höwes we erjellik bilen ymtylmak” (WSNTDICT). Başga bir sözlükde şeýle ýazylan: “kesgitli bir maksady bolup, haýsydyr bir işi etmäge ymtylmakda güýç sarp etmek” (LOUW-NIDA).

Şindi, bu iki kesgitlemäni okanymyzdan soň, biz ilki bilen şuny soramaly: bu orna görä bolan mukaddeslikmi ýa-da hereketlere görä bolan mukaddeslik? Jogaby aňsat: hereketlere görä. Geliň, şeýle bir ýagdaýy göz öňüne getireliň: kimdir biri meniň aýalymyň ýanyna baryp: “Liza Biwer, sen Jon Biweriň aýaly bolup bilmegiň üçin, bu orny gazanjak bolmaly” diýip aýdýarmyş diýeli.

Ol onuň ýüzüne gülüp: “Men eýýäm onuň aýaly” diýer.

Biz Isa Mesihdäki ornumyza görä eýýäm mukaddes, bize mukaddeslige ýetmek üçin artykmaç güýji sarp etmek gerek däl. Şonuň üçin-de, ýewreýlere ýazylan hatyň awtory hereketler barada aýdýan bolmaly.

Biz hereketlerimizde mukaddeslige ýetmäge yhlas bilen dyrjaşmaly. Eger şeýtmesek, biz “Hudaýyň merhemetinden mahrum” boljakmyş. Hemme zady örtýän we şindi hemme ýerde wagyz edilýän merhemetden nädip mahrum bolup bolýar-a? Bu mümkin däl-ä! Ýöne şonda-da, biz merhemetiň Hudaýdan gaýdýan güýçdügine we onuň hereketlerimizde mukaddeslige ymtylmaga başarnyk berýändigine aň ýetirenimizde, ondan nädip mahrum bolup bolýandygyna düşüneris.

Ýewreýlere hatyň awtory şu baby şeýle sözler bilen jemleýär: “Şonuň üçin hem merhemeti ýitirmän, ol arkaly Hudaýa göwnejaý hyzmat edeliň” (Ýewreýlere 12:28, NKJV, iňlis dilinden terjime). Merhemet bize Hudaýa göwnejaý hyzmat etmäge we mukaddes ýaşamaga güýç berýär.

Indi bolsa wajyp bölegi başlanýar. Şeýle ýazylan:”...Mukaddes ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi görüp bilmersiňiz” (Ýewreýler 12:14). Awtor näme barada diýýär? Eýsem Isa Mesihi hemmeler görmezmi näme? Bize şu aýdyň aýdylan-a: “Ine, Ol bulutlaryň arasy bilen gelýär! Ony hemmeler, hatda Ony deşim-deşim edenler hem görer...” (Aýanlyk 1:7). Onda nädip şol bir Mukaddes Kitapda “Mukaddes ýaşamaga dyrjaşyň, ýogsa Rebbi görüp bilmersiňiz” diýip ýazylgyka? Bu nämäni aňladýar?

## Isa Mesihi görmek

Mukaddeslik wadasynda “Rebbi görmek”jümlesini mysal arkaly düşündirmäge rugsat beriň. Amerikada ýaşaýan elli sekiz ýylymyň dowamynda Birleşen Ştatlarda ýigrimi sekiz prezident çalyşdy. Men olaryň her biriniň ýurdy dolandyrandaky ýurisdiksiýasynyň we dolandyrmasynyň astynda ýaşadym, olaryň her biriniň çözgütleri meniň durmuşyma täsirini ýetirýärdi. Men olaryň her birini “biziň prezidentimiz” diýip atlandyrýardym. Emma men olaryň birini-de hut öz gözlerim bilen görmedim.

Ýöne ABŞ-nyň başga raýatlary-da bar. Olar iş wezipeleri ýa-da dost bolandyklary üçin prezidenti yzygiderli görüp durýarlar. Bu derejeli adamlar ony ýygy-ýygydan görýärler we onuň ýanynda bolýarlar.

Men şu ýyllaryň dowamynda edil şeýle tärde (şahsy söhbetdeşlikden däl) ABŞ-nyň prezidentleri barada köp zatlary bildim. Men olaryň nämäniň tarapdarydygyny, nähili çözgütleri kabul edýändiklerini, durmuşlaryny we giň köpçülige elýeter bolan beýleki maglumatlary bilýärin. Ýöne maňa miýesser etmedik zat – bu liderler bilen ýüzbe-ýüz duşuşmaklyk. Şonuň üçin-de, men olaryň şahsy durmuşlarynyň jikme-jikleri bilen, giň köpçülige elýeter bolmadyk maglumatlary bilen tanyş däl. Galyberse-de, maňa olaryň biri bilen hem dostlaşmak miýesser etmedi.

Isa Mesihiň hökmürowanlygynyň astynda hut şeýle gatnaşykda bolan mesihiler hem bar. Ol olaryň lideri bolany üçin, Onuň çözgütleri durmuşlaryna täsir edýär; olar Ony “Reb” diýip atlandyrýarlar, ýöne Ony görmeýärler we Onuň huzurynda bolmaýarlar. Eger siz bu babatda şübhelenýän bolsaňyz, goý, Isa Mesihiň sözleri size hakykaty açyp görkezsin:

> “Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni [hakykatdan-da] söýýändir. Meni [hakykatdan-da] söýýäni Atam-da söýer. Men

> hem ony söýerin we Özümi oňa aýan ederin (görnerin, açaryn). [Men oňa Özümi aýdyň görkezerin we onuň üçin hakykatdaky bolaryn]” (Ýohanna 14:21, teswirlemeler iňlis dilindne terjime edilen, AMPC).

Onuň sözlerine serediň: “Men oňa Özümi aýdyň görkezerin”. Isa Mesihiň buýruklaryny saklamak we olary berjaý etmek – bu hereketlerdäki mukaddeslige ymtylmagy aňladýar. Şeýle edýänler Rebbi görerler; Ol Özüni olara açar. Ol Özüniň aýan boljak huzuryny olara peşgeş berer. Onuň şalygyna tabyn bolmak gatnaşyklary Patyşamyz bilen dostlukly gatnaşyklara geçýär. Ol ýene-de şuny gaýtalaýar:

> “Eger buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň dostlarym bolarsyňyz” (Ýohanna 15:14).

Onuň sözlerindäki “eger” diýen söze üns beriň. Biz Isa Mesih barada öz Dostumyz hökmünde aýdymlary aýdýarys, kitaplary ýazýarys we habarlary öwredýäris. Ýöne “eger” diýen söz Onuň bilen dost bolmagyň şertiniň bardygyny aňladýar. Isa Mesih bilen dostluk hakyky mukaddesligimize esaslanýandyr, ony ileri tutýanlar gul derejesinden dost derejesine geçýändir. Isa Mesih Özüne sadyk galan adamlara şeýle diýýär: “Mundan beýläk Men size gul diýmerin...” (Ýohanna 15:15). “Mundan beýläk diýmerin...” diýen jümle Onuň ozal olary dost däl-de, gul saýandygyny aňladýar.

Belläp geçmeli zat – Hudaýyň guly bolmak asla erbet dereje däl – ol, elbetde, gatnaşygyň bütinleý bolmazlygyndan gowudyr. Emma gul her “zadyň” aňyrsynda nähili “näme üçiniň” bardygyny bilenok, dost bolsa bilýändir.

> Ýöne siziň muňa garşy çykyp: “Biz Hudaýyň ogullary we gyzlary ahyryn” diýmegiňiz ahmal. Hawa, ýöne biz Pawlusyň ýazan hakykatyny unutmaly däl: “...mirasdüşer tutuş mülküň hojaýyny bolsa-da, çagalyk döwründe guldan hiç tapawudy ýokdur” (Galatýalylar 4:1). Grek “gul” sözi bu ýerde Isa Mesihiň ýokardaky ulanýan gul sözüdir. Ogul ýa gyz heniz çagaka, olar diňe Hudaýyň näme edýändigini bilýärler, munuň “näme üçindigini?” bolsa olara adatça aýtmaýarlar.

Emma ogul ýa gyz durmuşynyň täze tapgyryna geçende, ol we onuň

ata-enesi beýik wakany dabaraly belleýärler. Bu Hudaýyň maşgalasy babatda hem şeýledir. Özgerişlikler gatnaşyklaryň ösmeginiň dowamynda – Atanyň bize syrlary köpden-köp açyp başlanda döreýär. Ýöne şonda biziň üçin hem özgerişlikler bolup geçýär. Biz indi öz durmuşymyz bilen Onuň göwnüni ýykmajak bolup öňkümizden-de köp dyrjaşýarys – bu Oňa diňe bir gulak asmaklyk däl. Bi öňkümiz ýaly ömrümiziň ahyryna çenli Oňa gulak asmaga ymtylarys, ýöne indi ýüregimizde herekete getirýän başga bir güýç mesgen tutar. Bu güýç – Ony lapykeç etmezlik islegidir.

## Gapy

Şonuň üçin-de, mukaddeslik öz-özünden ahyrky dereje däl (kanunçylar muny hut şeýle beýan edýäler). Ol Isa Mesih bilen mukaddeslige eltýän gapydyr. Indi biz Isa Mesihiň bize aýdýan “gapysynyň” näderjede wajypdygyna düşünýäris. Bu “gapy” – imanlynyň ýüregi. Biz mukaddes bolmak synanyşyklaryna äsgermezlik edenimizde, özümizi eşitmek we jogap bermek ukybyndan mahrum edýäris. Şeýdip, biz Onuň bilen meýlisde bolmak hukugyny ýitirýäris. Bu içi goh-galmagally öý ýaly: wajyp myhman gelende, biz onuň gapyny kakýandygyny eşitmeris. Gadyrly myhman köp wagtlap gapyny kakar, hatda adymyzy tutup-da gygyrar, ýöne jogap bolmasa, ahyrda gider.

Biz mukaddeslik barada öwretmekden gaça durýarys we şeýdip, öz Patyşamyza ýakynladýan ýoly böwetleýäris. Hakyky imanlynyň her biri bolsa hut şeýle ýakynlygy hemme zatdan köp isleýär ahyryn! Biziň saýlap alan strategiýamyz – örtýän mermehemet barada öwretmeklik – aslynda gapyny ýapyp, ony gulplaýandyr. Şeýle merhemet taglymaty bize güýç berýän merhemeti gysyp çykarýandyr. Biz merhemete kembaha garaýarys, sebäbi ol hem örtýändir, hem-de güýç berýändir. Ýöne her nähili bolsa-da, Reb bilen gatnaşmakdan lezzet alyp bolýan orunda bolmak üçin, bize güýç hökman gerekdir.

Biziň Liza bilen nikamyz barada şahadatnamamyz bar, ol Indiana ştaty tarapyndna berlen, sebäbi biz kanun esasynda nikalaşdyk. Şeýle ýagdýay göz öňüne getirip görüň: men Lizanyň göz alnynda nika şahadatnamamyzy galgadyp: “Bilýäňmi ezizim, biz öýlenen, biz resmi taýdan nikalaşan, ýöne meniň başga aýallarym hem bar” diýýärmişim diýeli. Men, belki, kagyz ýüzünde ozalkym ýaly Liza öýlenen bolup galaryn, ýöne ol meniň bilen pynhan syrlaryny we gizlin syrlaryny paýlaşmagyny bes etjegi gürrüňsizdir.

Mundan başga-da, aramyzdaky ýakynlyk ýitirim bolar. Biziň dostlugymyz tamamlanar, sebäbi men bu aýratyn hukugy ýitirerin. Eýsem bilelikdäki ajaýyp durmuş şeýlemi näme? Eýsem biz şonuň üçin öýlendikmi? Eger men öz diýenimi gögertjek bolsam, ahyrda öz nikamy hemişelik weýran ederin.

Biz öz taglymatymyz bilen ýygnakda şeýle hereketlere çagyrýan däldiris-ä? Biz edýän hereketlerimize garamazdan hemme zat gülalla-güllik diýip görkezmek üçin Mukaddes Ýazgylaryň käbir aýatlaryny kontekstden sogrup almaýarysmy näme? Eýsem bu dünýäniň düşegine okdurylyp-da, Isa Mesihe: “Biz toba ediş dilegini okadyk, merhemet arkaly halas bolduk we indi Saňa degişli” diýip bilerismi näme? Biz neneň edip Ol bizi Öz ýüreginiň pynhan künjeklerine goýberer diýip pikir edip bilýäris?

Men Liza biwepalyk etmeýärin, sebäbi men onuň kellesiniň ýassygyma goýup, başga hiç kime aýtmajak sözlerini gulagyma pyşyrdaýan pynhan pursatlarynyň birini-de ýitiresim gelenok. Men bu ajaýyp aýal – meniň aýalym bilen gatnaşmakdan alýan lezzetimi ýitiresim gelenok.

Isa Mesih babatda hem şeýle. Men Oňa biwepalyk edemok, sebäbi men Onuň bilen ýakynlygy ýitiresim gelenok, Onuň bilen dostlugymyzy depgiläsim gelenok. Bu derejeden has gowy zat ýok. Isa Mesih bilen ýakyn gatnaşykdan ileri boljak bir dereje-de, baýlyk-da, lezzet-de, iş-de, meşhurlyk-da, wezipe-de, günä-de ýok. Men öz durmuşymy Onuň wadasyndan üzňe göz öňüme getirip bilemok: “...seniň bilmeýän beýik hem pynhan zatlaryňyň syryny aýdaýyn” (Ýermeýa 33:3). Ýa-da Onuň “çuň we gizlin syrlary açýar” (Danyýel 2:22) baradaky ajaýyp hakykaty ret etmekligi göz öňüme getirip bilemok.

Şeýle-de men durmuşymy Isa Mesihiň teklibinden üzňelikde göz öňüme getirip bilemok. Ol şeýle diýipdi:

> “... wagt geler, Men tymsallar bilen geplemän, Atam barada aç-açan gürrüň bererin” (Ýohanna 16:25). Onuň Mukaddes Ruhuň boljak zatlaryň baryny görkezjekdigi baradaky wadasyndan hem üzňelikde göz öňüme getirip bilemok (ser. Ýohanna 16:13).

Mukaddesligiň negatiw tarapy ýok, tersine, ol Täze Ähtde iň pozitiw hakykatlaryň biri. Biz onuň hakyky güýjüne aň ýetirenimizde, ol barada ähli ýerde jar çekip gygyrarys!

## Hereket ediň

Mukaddeslik – bu erbet söz däl, ol paroldyr. Ol ýüregimiziň gapysyny Hudaýyň sesine açmaga ukuply edýän usuldyr. Siz mukaddes bolmasaňyz, Onuň hatda näme diýýänini-de eşitmersiňiz. Mukaddeslik – bu Isa Mesihiň gurbanlygy arkaly size Hudaý tarapynyndan peşgeş berlen bir zat däl. Ol siziň, hawa, hut siziň öz durmuşyňyzda, pikirleriňizde, sözleriňizde we işleriňizde aýan edilmeli zatdyr.

Ýöne Hudaý sizi ýekelikde söweşmäge goýmaz. Ol hut şu sebäpdenem bize merhemetini berýär! Bu merhemet bizi diňe bir halas etmek bilen çäklenmän, has köp zatlary edýär. Ýöne onuň halas edýänliginiň bir özi-de eýýäm ajaýyp zat. Hudaýyň merhemeti bize Hudaýyň bütinleý göwnünden turmak üçin içimizden-de, daşymyzdan-da mukaddes ýaşap bilerimiz ýaly güýç berýär!

Hudaýy edil şu pursat agtaryň. Garaşmaň, Hudaýa ýüz tutmak we Onuň merhemetini dilemek üçin edil şu pursatdan peýdalanyň. Durmuşyňyzyň haýsy çäklerinde merhemete zardygyňyzy Oňa aýdyň we Onuň sizi Öz merhemetden doldurmagy üçin, Onuň sesini eşitmäge päsgel berýän zady aradan aýyrmaga kömek etmegi üçin dileg ediň.

28

# GALKYNYŇ

Supergahrymanlar baradaky filmler näme üçin hemişe meşhurka? Pikir edip görüň: Golliwudyň olar baradaky filmleri kinoteatra köp tomaşaçylary çeklýärler. Şeýle filmler uruş, western, içaly trillerleri, hatda söýgi baradaky filmlerden has köp meşhurlyk gazanýarlar. Supergahrymanlar baradaky filmleri diňe erkekler däl, eýsem aýallar-da halaýarlar, sebäbi men olaryň blokbasterleri halaýandygyny özlerinden eşidýärin. Bu näme üçin beýlekä? Biz özümiziň has uly zatlar üçin ýaradylandygymyzy bilýäris. Supergahrymanlarymyz bolsa beýan edilmedik içki arzuwlarymyzy görkezýärler.

Supermeni göz öňüňize getirip görüň: çykgynsyz ýagdaýda, aýylganç howp abanan pursadynda, hemme zat juda erbetleşende, Klark Kent şobada Daily Planet-den ylgap çykýar-da, telefon budkasyna girýär we göz açyp-ýumasy salymda kömege okdurylýar. Biz onuň ýeňilmezek görünýän duşmanlary ýeňşini görenimizde, janymyz hezil edýär. Biz adalatyň dikeldilendigini, pidalaryň azat edilendigini we jemgyýetde tertip-düzgüniň dikeldilendigini görüp, begenýäris.

Ähli zat bir ýere jemlenýär: biz supergahrymanlaryň ýamanlygy ýeňşinden lezzet alýarys, sebäbi bu biziň içki isleglerimizi kanagatlandyrýar. Biz Hudaýyň ilkibaşdan adamy "Öz keşbinde, Onuň tebigatyny şöhlelendirýän keşpde ýaradandygyny" bilýäris (Gelip çykyş 1:27 MSG, iňlis dilinden terjime". Şeýle-de, "Reb Esgerdir" diýip ýazylan (ser. Müsürden çykyş 15:3).

Siz bu barada, heý, pikir edip görüpmidiňiz? Onuň tebigatynyň bu tarapyny seýrek agzaýarlar. Biz bu hakykat bilen näme etjegimizi bilmeýän ýaly görünýäris. Işaýa pygamber ýene-de şuny yglan edýär:

> “Reb pälwan dek öňe gidýär, urşujy kimin gazabyny artdyrýar, gygyryp, söweş nagrasyny çekýär, duşmanlaryndan üstündigini görkezýär” (Işaýa 42:13).

Adalatsyzlyga garşy göreşýän esgerler gahrymanlardyr. Isa Mesihiň ýagdaýynda Onuň hut Özi Supergahrymandyr. Ol Ýeňiji we Ýeňiş Gazanyjydyr.

Işaýa pygamber bu sözleri ýazmazyndan kän ozal Nun ogly Ýeşuwa Ony gördi. Biziň Patyşamyzyň elinde guzy däl-de, gylyç bardy, Ol Özüni “Rebbiň gökdäki goşunynyň serkerdesi” diýip atlandyrdy (ser.: Ýeşuwa 5:14).

Köp wagt soň Ýohanna resul hem Rebbi görüp, Ony has-da ajaýyp suratlandyrýar: “Onuň gözleri ot ýaly ýanýardy” we “Onuň agzyndan kesgir bir gylyç çykyp durdy” (ser.: Aýanlyk 19:12,15).

Ol Söweşiji! Biziň köpimiz söweşijiniň öz tebigaty boýunça erksiz, lapykeç, sustupes bolmaýandygyny bilýäris. Ýok, söweşiji uruş meýdanynyň ortarasynda ünsli, aýgytly we gazaply bolýar.

Indi bolsa, geliň, özümize ýüzleneliň. Siz Isa Mesihiň Aýanlyk kitabynda ýedi ýygnagyň ählisine “Ýeňene, üstün gelene...” diýip ýüzlenýändigi barada haçan hem bolsa bir wagt oýlanyp görüpmidiňiz? Eger ýeňmeli zadymyz bolmasa, biz nädip ýeňiji bolýarkak? Eger söweş bolmasa, biz nädip ýeňýärkäk?

Biziň günlerimizde köp adamlar bu häsiýetiň manysyny peseldip, biziň Isa Mesihe kybapdaşlygymyz bizi ýeňiji edýär diýip aýdýarlar. Başga sözler bilen aýtsak, Ol Ýeňiji bolany üçin, biz hem Isa Mesihde bada-bat ýeňijiler bolýarys. Bu biziň Ondaky ornumyz babatda dogrudyr, ýöne bu doly hakykat däl. Eger ýeňiş biziň gutulyşymyz bilen birlikde bada-bat berilýän bolsa, onda Isa Mesih näme üçin ýedi ýygnakdaky adamlara “ýeňene, üstün gelene” diýip ýüzlenýär?

Dünýäde supernejis Leks Lýuter bar, onuň ady iblisdir. Onuň birgiden ülpetleri- kömekçileri bar, olar samsyk däl, olaryň ilkinji maksady – sizi togtatmak, ýesir almak we gözegçilikde saklamak. Ahyrky güne çenli iblis hepdäniň ýedi gününde-de gije-gündiz 24 sagatlap zähmet çekýär. Ýöne ol ýaragsyzlandyrylan. Ol biziň üstümizden ygtyýaryny ýitirdi!

Leks Lýuter hem edil şeýle tärde polatdan edilen adamyň öňünde güýçsüzdi. Emma ol özüniň iblislik akyly bilen kriptoniti tapyp, höküm sürmek üçin ondan peýdalanýardy. Kriptonit oňa biziň Supergahrymanymyzy tutmaga we ony gözegçilikde saklamaga ukyp berýärdi. Şeýle tärde iblis hem özüni heläklen zatdan – ruhy kriptonitden – bizi söweş meýdanynda ýeňmek üçin peýdalanýar. Ol heniz göklerde mesh edilen perişdekä öz ýaragyny oýlap tapypdy (ser. Ezekiýel 28:14-16). Ol bu ýaragyň bizi gowşadyp, Şalygymyzyň güýjüni ýatyrşyny oňat bilýär.

Iblis (hakyky Leks Lýuter) ruhy kriptonitiň hakyky täsirini görenimizde, ondan sowa geçjekdigimizi bilip, ony ymykly gizleýär. Siz haçan hem bolsa, onuň hatda ujypsyzja täsirine düşeniňizde, içiňizde nämeleriň bolup başlaýandygyna üns beripmidiňiz? Biziň gysgawagtlaýyn hezillik we lezzet alýan bolmagymyz ahmal, ýöne gowşap, iň soňunda nägile bolup galýarys. Siz öz ýeňiji tebigatyňyzdan uzaklaşyp, günden we suwdan mahrum edilen ösümlik kimin bolýaňyz. Siz günsaýyn içiňizden solýandygyňyzy duýup başlaýaňyz.

## Öwüşginler

Eý, Hudaýyň mähriban perzendi, öz hakyky aslyňa dolan. Sen şu nesliň hakyky durmuşynda supergahryman bolmaga çagyrylan. Seniň üçiňde ýeňiş üçin gerek zatlar bar. Bu bir toslama däl. Men dünýä boýunça aýlanyp, Isa Mesihiň köpsanly Bedenini görmek üçin ýalkanan. Men ýygnak jemagatlarynyň we käbir imanlylaryň arasynda bolup biljek zatlaryň öwüşgünlerini görýärin.

Men size mysallaryň ençemesini getirip bilýärin, ýöne gyzykdyrmak üçin, diňe käbirini gürrüň bereýin. Men iň köp ilat sanly yslam ýurdunda bolup, şol ýerdäki ýygnakda birnäçe gezek wagyz etdim. Ýygnakdaky bir ýüz kyrk müň agzanyň ýarysyndan gowragy ozalky musulmanlar. Ýygnagyň baş binasy otuz bäş müň adam sygdyrýar. Şonuň üçin-de, olar dynç günleri wagyz hyzmatlaryny birnäçe gezek geçirýärler. Eger men özüm şol ýerde bolup, hemme zady öz görlerim bilen görmedik bolsam, belki, ynanmazdym. Ýygnak dogrudan-da netijeli hyzmaty alyp barýar we kynçylyklara garamazdan, pajarlap ösýär.

Bu ýygnagyň söweşijileri – gahrymanlar we ýeňijiler.

Şu ýygnagyň çopanynyň ikinji ogly doglanda, beýnisine şikes ýetýär.

Lukmanlar onuň ýöräp we gürläp bilmejekdigini aýdypdyrlar. Hünärmenler bu çaganyň ene-atasynyň onuň näçe ýaşajakdygyna garamazdan, ömürboýy maýyp galjakdygyny habar beripdirler.

Hudaý bu çopana: “Men nirede?” diýip gürläpdir.

Çopan: “Gökdäki Öz tagtyňda” – diýip jogap beripdir.

Reb oňa şeýle diýipdir: “Ýok, Men seniň içiňde ýaşaýaryn. Şonuň üçin-de, Men seniň ogluňyň beýnisine ýüzlenip, edil görýän zatlaryňy ozal Meniň döredişim ýaly, täzesini döretmegiňi isleýärin”.

Çopan Hudaýa gulak asansoň, öz oglunyň beýnisine günde Isa Mesihiň adyndan gürläpdir. Oglan kem-kemden gürläp başlapdyr. Şonda Hudaý oňa oglunyň aýaklary babatda hem şeýle etmegi buýrupdyr. Oglanjyk alty ýaşan-da ýöräp başlapdyr. Men şol oglan bilen golf oýnadym, ol häzir öýlenen we üç çagasy bar.

Bu çopan – ýeňiji, ol kriptonitiň öňünde togtamandyr.

Ýakynda men mesihilik hereketiniň çopanlaryna we liderlerine wagyz etmegim üçin bir ýurda çagyrdylar. Olar meni stadiona getirdiler. Men onuň liderlerden ýaňa hyryn-dykyn dolandygyny görüp haýran galdym, ol ýerde olaryň 12 500-si ýygnanypdy. Olaryň hemmesi ýanyp durdy, olaryň yhlasy töwerekdäkileriň hemmesine geçýärdi.

Ertesi gün biz esasy üç lider bilen nahar başynda duşuşdyk. Men olaryň ýygnak ulgamynda üç ýüz müňden gowrak agzalarynyň bardygyny bildim. Men bu hereketiň haçan dörändigini gürrüň bermeklerini soradym; men bu hereket bir ýa iki nesil mundan oň dörändir diýip pikir edýärdim. Ýöne liderler bularyň barynyň on alty ýyl mundan ozal ýeke-täk bir adamdan başlanandygyny gürrüň berdiler.

Men gaty haýran galdym. “Ösen ýürtda beýle zat nädip bolup bilýär?” diýip ondan soradym.

Bu adam arassa iňlis dilinde: “Biz adamlarymyza bakylyk üçin ýaşamagy öwredýäris” diýip, säginmän jogap berdi.

Men aýdara söz tapman, dymdym.

Bu lider sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Men amerikan ýygnaklarynyň köpüsinde bolup gördüm we Amerikadaky mesihileriň ýetmiş-segsen ýyl ömür perspektiwasy bilen ýaşaýandygyna üns berdim. Biziň adamlarymyz bakylyk perspektiwasy bilen ýaşaýarlar”.

Şeýle garaýyş olara ruhy kriptonitiň täsirine düşmek howpunyň

bardygyna aň ýetirmäge kömek edýär. Biz Liza bilen Ermenistanda – Ýerewanda konferensiýada wagyz etdik, ol ýerde çopanlaryň we liderlerleriň 3500-si ýygnanypdy. Liderleriň köpüsi Eýrandan gelipdi. Ýygnaklaryň arasynda bir gyz ýanymyza gelip, onuň ýurtda bolmadyk gysga wagtynyň dowamynda polisiýanyň eýýäm onuň nirededigini bilmek üçin el telefonyna jaň edendigini gürrüň berdi.

Men saklanyp bilmän: "Janyňa howp abanýan ýere näme üçin gaýdyp barasyň gelýär?" diýdim.

Ol hiç bir ikirjiňlenmän: "Eger men gaýdyp barmasam, halkyma Isa Mesih barada kim gürrüň bersin?" diýdi. Men utanjymdan ýaňa ýere giräýjek boldum. Onuň ruhy kriptonitden gaty uzakdadygy mese-mälimdi.

Birnaçe ýyl mundan ozal bir ýygnak iki aýyň dowamynda her gün ýygnak hyzmatyny geçirdi. Bu ýygnaga her agşam dört müň adam gelýärdi. Adamlaryň ençeme müňlerçesi gutulyşy kabul edýärdiler, şypa alýardylar we azat bolýardylar. Agşamlaryň birinde şol ýerde Isa Mesih peýda boldy. Adamlaryň köpüsi Ony görüp, gygyryşdylar. Ol diňe bir pursatlyk peýda bolup, soňra gözden gaýyp boldy, ýöne Özüniň huzurynyň subutnamasyny galdy. Diwaryň ýüzünde Onuň ýüzüniň boýy-ini takmynan iki metre golaý keşbi galdy. Bu keşp Turin kepenindäki keşbi ýatladýardy. Bu surat indiki on sekiz aýyň dowamynda saklanyp, soňra kem-kemden solup, ýitip gitdi.

Agşamlaryň ýene birinde gapdal gapysynyň agzyna "tiz kömek" ulagy gelip durdy. Şepagat doganlary zalyň içine tigirçekli zemmeri saldylar. Onuň içinde bir ysmaz adam ýatyrdy. Onuň 24 sagatdan-da az ömri galypdy. Hudaýyň güýji şeýle bir güýçlüdi welin, bu adam birnäçe sagadyň dowamynda bütinleý sagalyp, zemmeri özi itekläp sürüp gitdi.

Men muny anyk bilýärin, sebäbi men şol ýygnaklarda ýöne bir bolmak bilen çäklenmän, eýsem şol ýygnagyň çopanynyň baş kömekçisidim.

Men hyzmatymyzyň ofisine gönüden-göni golaýlap gelýän güýçli ýangynlaryň gudrat bilen sönşüni gördüm.

Men tupanlaryň gowşaýşyny, ýoldan sowluşyny gördüm, düşündirip bolmaýan gudratlary gördüm. Men kerleriň eşidip başlaýşyny, körleriň görüp başlaýşyny, agsaklaryň ýöräp başlaýşyny gördüm. Meniň bir dostum Meksikada we Merkezi Amerikada ölen adamlaryň ençemesini direltdi. Men Hudaýyň huzurynyň şeýle güýçli aýan bolan ýygnaklarynda bolup gördüm; şonda stadiona ýygnanan sekiz müň adam Hudaýyň huzurynyň güýçlüligin-

den ýaňa aýak üstünde durup bilmeýärdiler, ol ýerde gudratlar bolýardy we adamlaryň durmuşy baky özgerýärdi.

Men hut öz gözlerim bilen görmesem-de, bütinleý azgyn medeniýetdäki tutuş taýpalaryň we welaýatlaryň hakykatdan-da halas bolandygyny anyk bilýärin. Häzirki wagtda şeýle zatlar örän seýrek bolup geçýär, ýöne men Irki Ýygnagyň döwründäki durmuşa meňzeýän, dogrusy ondan has uly gerimdäki durmuşa tarap okgunly gönükýändigimize ynanýaryn.

## Isa Mesih bilen bolmak

Bu adamlaryň ählisi irki Ýygnagyň eýe bolan zatlaryna eýedir. Bu Hoş habarlar we Resullar kitaplarynda agzalýar we suratlandyrylýar, biz bularyň hemmesine eýe bolup bilýäris. Bularyň hemmesini üç söz bilen beýan edeliň: ygtyýarlyk, güýç we batyrgaýlyk.

Biz Isa Mesihiň tutuş şäherleri we obalary özgerdişini görýäris. Onuň peýda bolan ýerlerinde gurşaw bütinleý özgerýär. Men Hoş habar kitabyndan bir mysal getireýin: Isa Mesih sinagoga giren badyna adamlar haýran galýardylar, sebäbi “ Isa adamlara Töwrat mugallymlary ýaly däl-de, erk-ygtyýarly biri ýaly öwredýärdi” (Mark 1:22).

Soňra oslagsyz bir ýagdaý bolýar: “Şol wagt olaryň sinagogasynda arwah-jyn eýelän bir adam bardy. Ol: ‘Eý, nasyraly Isa! Biziň bilen näme işiň bar? Bizi ýok etmäge geldiňmi? Men Seniň kimdigiňi bilýärin, Sen Hudaýyň Mukaddesisiň’ diýip gygyrdy” (Mark 1:23-24). Emma Isa Mesih: “Sem bol! Bu adamdan çyk!” diýip buýurdy. Bu erbet ruh gygyryp, adamy sandyradyp, ony ýere ýykdy-da onuň içinden çykdy. Hemmeler haýrana galyp, doňup galan ýaly boldular, olar Onuň ygtyýarlygyny, güýjüni we batyrgaýlygyny görüp, haýran galdylar. Bu waka örän geň bolansoň, ertesi gün tutuş şäher Isa Mesihi agtaryp başlady (ser.: 21-28-nji aýatlar). Siz Hoş habar kitaplaryndan şeýle wakalaryň ençemesini mysal getirip bolýandygyny bilýänsiňiz.

Isa Mesih ýer ýüzündäki durmuşynyň ahyrynda haýrana goýýan sözleri aýtdy: “Size rahatlyk bolsun! Atamyň Meni iberişi ýaly, Men hem sizi iberýärin” (Ýohanna 20:21). Eger bu ynandyrmaýan bolsa, başga bir ýerde Ol şuny aýdyň diýýär: “Size dogrusyny aýdýaryn, Maňa iman eden Meniň bitiren işlerimi-de bitirer, hatda bulardan hem has beýik işleri bitirer...” (Ýohanna 14:12). Edil şeýle işleri, hatda olardan-da beýiklerini! Bu bolup biljek zatmy? Eger Ol aýdan bolsa, onda boljagy şübhesizdir! Irki Ýygnak

bu hakykylygyň agramly mukdaryny gördi. Olar şeýle ygtyýarda, güýçde we batyrgaýlykda gezensoňlar, tutuş obalar we şäherler sanlyja günüň dowamynda Isa Mesihe iman edýärdiler. Men biziň döwrümizde hem şeýle wakalaryň şaýady boldum.

Eger ýene-de irki Ýygnak döwründäki Iýerusalime ser salsak, onda şäherde biperwaý galan adamyň bomandygyny göreris. Birnäçe günüň dowamynda tutuş ilat üç topara bölündi: birinji topar – heniz görülmedik güýji görüp, haýrana galan adamlar; ikinjisi – Isa Mesih baradaky wagyzlary gaharlananlar; üçünjisi – Şalyga gyzygan adamlar. Ýygnak güýçli depgin bilen ösýärdi, ägirt güýçde hereket edýärdi we aýdyň gudratlary görýärdi. Mysal üçin, dogabitdi agsak adamy günde ýygnaga getirenlerinden soň, şypa aldy. Ol şobada böküp, gygyryp başlady we şäher ilatynyň aglaba bölegi ony görmek üçin üýşüp, haýrana galdy.

Häkimiýet Petrus bilen Ýohannany tussag edip, bu hereketi togtatjak boldular. Resullary getirip, mejlisiň agzalarynyň öňünde duruzdylar we şeýle netijä geldiler:

> “Mejlis agzalary Petrus bilen Ýohannanyň batyrgaýlygyny görenlerinde we olaryň okuw okamadyk bir ýönekeý adamlardygyny bilenlerinde haýran galdylar, olaryň Isanyň şägirtleridigine göz ýetirdiler” (Resullar 4:13).

Batyrgaýlyk mejlisiň ünsüni çekdi. Petrus bilen Ýohanna üçin şäheriň iň ygtyýarly adamlarynyň öňünde gürlemän, oňşuklyk syýasatyny saklamak has aňsat bolardy. Olar gapma-garşylykdan saklanyp-da bilerdi. Emma olar uly howp astyna düşenlerinde-de, sadyk galdylar.

Nähili batyrgaýlyk we nähili güýç! Olar nireden geldi? Olaryň özeni – “olar Isanyň şägirtleridi” diýen jümlede jemlenen. Bu adamlar ozalkysy ýaly Hudaýyň huzurynda gezýärdiler. Olar hem Onuň eden işlerini edýärdiler, netijede bolsa tutuş şäherler özgerýärdiler. Bu mukaddes adamlardy. Irki Ýygnak kriptonitden sowlup geçýärdi we Ogla ýakyn durup, Ondan kuwwatlanýardy. Şonuň üçin-de, olar uly batyrgaýlykda, ygtyýarlykda we güýçde gezýärdiler.

Gynansak-da, Korintosdaky ýygnak Isa Mesihiň şägirtleriniň Iýerusalimde we biraz soňra Samariýada, Ýafoda, Şaronda, Antiýohada we Ýahudyýanyň we Aziýanyň beýleki welaýatlarynda ýetiren täsirleri ýaly täsir ýetirip bilmän-

digi taryhdan bellidir. Korintosdaky ýygnak olaryň gapma-garşysydy. Täsin fakt: Korintosdaky ýygnak Mukaddes Ruhuň peşgeşlerine ynanýardy we olar arkaly hereket edýärdi. Imanlylaryň arasynda gudratlaryň bolup geçýändigine garamazdan, olara öz tutuş şäherlerine täsirlerini ýetirmek üçin gerek zat ýetmezçilik edýärdi.

Biz öz neslimiz üçin nämeleri isleýäris. Tutuş şäherleriň üýtgäp özgerişini ýene bir gezek görüp bolarmyka? Meni dürli şäherlerdäki köp ýygnaklara imanlylaryň uly jemagatynyň öňünde wagyz etmäge çagyrýarlar. Ýöne şolaryň arasynda bolanymda, men Hudaýyň Şalygy barada heniz bilmeýän millionlarça adamlar üçin ýüregim para-para bolýar. Biz näme üçin tutuş obalara, şäherlere we welaýatlara täsir etmeýäris. Kriptonitiň bizi dolandyrýan bolmagy ahmalmy?

Hudaý Köne Ähtde serdaryň ömri arkaly özümiz üçin niýetlenen zatlary bize görkezdi. Bu serdaryň ady Şimşondy. Ol bitabynlyk bilen oýun edýärdi, ahyrda bu onuň durmuş ýörelgesine öwrüldi. Iň soňunda bolsa, kriptonit onuň güýjüni ogurlanda, Şimşon örän uly bahany tölemeli boldy. Ol öňküsi ýaly gudratly güýjünde hereket edip bilmeýärdi. Emma ejir çekenden soň, ol toba geldi, onuň güýji hem gaýdyp geldi. Ol ömrüniň ahyrynda ozalky ýyllardan, güýjüniň heniz bolan ýyllaryndan has hem uly edermenligi amal etdi.

Danyýel pygamber soňky günleriň betbagtçyyklarynyň öňünde gaýra tesmejek nesliň dörejekdigi barada pygamberlik edýär. Ol şeýle diýýär: ”Öz Hudaýyny tanaýan adamlar güýçlüdigini subut ederler, olar berk durup, edermenlik görkezerler (Danyýel 11:32, AMPC, iňlis dilinden terjime).”

Bu adamlaryň güýjüniň we ygtyýarlygynyň syry olaryň “öz Hudaýyny tanaýandygynda” gizlenendir. Bu ýakynlygyň açary bolsa olaryň hakyky mukaddeslige ymtylmagynda ýerleşýändir.

## Jemleýji sözler

Hut şeýledir. Siz Hudaý tarapyndan gahryman, çempion, durmuşda ýeňiji we öz täsiri arkaly dünýäni özgerdýän adam bolmaga çagyrylansyňyz. Güýçli we gaýratly boluň, Patyşa ýakynlaşyň, sebäbi Ol sizi isleýär. Ol siziň ýanyňyzda bolmagy küýseýär, Ol sizi güýçden doldurmagy küýseýär. Ol size ynanýar we, iň esasy zat, Ol sizi ebedi söýgi bilen söýýär.

Siz ýer ýüzünde hakyky supergahrymanlaryň birisiňiz. Siziň içiňizdäki

Çempion bu dünýädäki Leks Lýutordan uludyr. Adamlaryň durmuşyny özgertmek üçin, Ondan güýç alyň. Siz dünýä nähili täsir ýetirendigiňizi tä Patyşanyň tagtynyň öňünde durýançaňyz doly bilmersiňiz. Kriptonite tabyn bolmazlyk babatdaky kararyňyza bolsa şindi we sol boljak günde örän şatlanarsyňyz.

Şonuň üçin-de, kriptoniti ýok ediň, ony öldüriň, ondan dynyň, oňa öz durmuşyňyzda hatda sähelçe-de orun bermäň. Siz beýik şöhrat we güýç üçin ýaradylansyňyz. Siz kuwwatlysyňyz, siziň niýetlenilen maksadyňyz bar we ony amal etmek üçin, siz dünýä gereksiňiz.

## Hereket ediň

Hudaý Esgerdir, biz bolsa Ol ýaly bolmaga ýaradylan. Supergahrymanlar baradaky filmleriň bize çuňňur täsir edýänliginiň sebäbi hem şundadyr. Biz beýik işler üçin ýaradylandygymyzy syzýarys! Hudaý bizi hut şunuň üçin ýaradandyr. Tutuş taryhyň dowamynda biz Hudaý üçin beýik işleri amal eden adamlar baradaky şaýatlyklary görýäris. Bu adamlar öz durmuşlarynda sähelçe günä-de, ýagny kriptonite ýol bermeýärdiler. Hudaýyň güýji we Onuň halkynyň batyrgaýlygy arkaly sanlyja günüň dowamynda tutuş şäherler özgerýärdiler. Hudaý sizi öňe gidip, Onuň işine gatnaşmaga çagyrýar.

Hudaýdan Onuň sizi haýsy söweşe gatnaşmaga çagyrýandygyny soraň. Ol sizi haýsy şähere, welaýata, territoriýa ýa-da ýurda ýetmäge çagyrýar? Ondan eşitjekleriňizi ýazyp alyň. Onuň bu dünýäde çagyran maksadyňyza ýetip bilmegiňiz üçin, size Öz merhemetini bolelin eçilmegini diläň. Soňra ähli ünsüňizi baky sylaga gönükdiriň. Bu sylag – durmuşdaky wepaly we ýeňişli hyzmatyňyz arkaly aljak ähli patalaryňyzdyr. Hudaý sizi gahryman bolmaga çagyrýar!

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

Eger siz bu kitaby “Kriptoniti ýok etmek” okuw toplumynyň bölümi hökmünde okaýan bolsaňyz (bu örän ajayp pikir!), men size her hepde wideosapaga tomaşa etmegi we toparda maslahatlaşmak üçin degişli soraglara jogap bermegi maslahat berýärin. Okuw toplumynyň wideosapaklary parallel ýazgy edilen, olar kitabyň esasy mowzuklaryny güýçlendirer. Şonuň üçin-de, sapaga gatnaşýanlaryň ählisiniň wideosapaklary öwrenip, kitaby okasalar oňat bolardy.

Lezzet alyň!

## 1-nji sapak. Biziň potensialymyz

*1–3-nji baplaryň mowzugyny şöhlelendirýär*

1. Siz öz potensialyňyzy bilmeseňiz, ony ýüze çykarmaga höwesiňiz bolmaz. Siz şu prinsipiň durmuşda işleýändigini nädip ýüze çykardyňyz? Siz täze önümleriň, tehnologiýalyň we ynançlaryň öz durmuşyňyzda peýdaly täsirlerini ýüze çykaranyňyzdan soň, olaryň haýsylaryny ulanyp başladyňyz. Şu ýagdaýyň siziň şu sapakdan bilenleriňiz bilen näme meňzeşligi bar?
2. Biziň Hudaýdaky potensialymyzyň mümkinçilikleri aňa sygardan

uludyr. Şu sapak özüňiziň Isa Mesihe meňzeşligiňizi derňemäge nädip höweslendirýär? Siz haýsy çäklerde has ýüzleý oýlanýan ekeniňiz?

3. Häzirki ýygnaklarda Isa Mesihdäki potensialymyz barada seýrek öwredilmeginiň sebäbini nämede görýärsiňiz? Eger bize bu zatlaryň ählisiniň mümkindigi barada öwredilen bolsa, ýygnak nähili özgererdi diýip pikir edýärsiňiz? Şindi, bu mümkinçilikler barada oýlanyp başlanyňyzda, olar sizi nähili özgerdýär?
4. Biz-mesihiler öz potensialymyzdan doly peýdalanmaly. Şeýle bolmadyk ýagdaýynda, bu dünýäniň mesihilik we Hudaý baradaky garaýyşlaryna täsir edýär. Biz öz potensialymyzyň doly derejesine ýeten ýagdaýymyzda dünýäniň Hudaý babatdaky garaýşy nähili tapawutlanar?

## 2-nji sapak. Ýekäniň güýji

*4–7-nji baplaryň mowzugyny şöhlelendirýär*

1. Pawlus mesihileriň Isa Mesihiň Bedenine sarpa goýmaýandygy üçin köpüsiniň ejiz, syrkaw we hatda biwagt aradan çykýandygy barada ýazýar. Bu sözler bize hem degişli. Mundan başga-da, köpleriň ejir çekýändigi barada hem ýazylgy. Bu siziň Isa Mesihiň Bedeni barada eýýäm bilýäniňizden tapawutlanýarmy? Biziň günlerimizde ähli imanlylaryň muňa düşünmegi näme üçin şeýle wajyp?
2. Isa Mesihiň Bedenindäki adamlaryň köpüsi ýygnakdaky mälim günäler zerarly öz potensialyna ýetip bilenoklar. Ýöne bu ýagdaý mesihileriň syrkaw, ejiz bolmagynyň we biwagt aradan çykmagynyň ýeke-täk sebäbi däldir. Muny saýgarmak näme üçin şeýle wajyp? Ýygnagyň öz içinden ejir çekmeginiň ýene haýsy sebäpleri bar?
3. Adamlara dünýäde indiwidualistik pikir etmeklik mahsusdyr, emma biz Akanyň Hudaýa garşy eden günäsiniň netijesinde tutuş Ysraýylyň jebir çekendigini görýäris, sebäbi olar tutuş bir Bedendi. Bu hakykat siziň Isa Mesihiň Bedenindäki roluňyza bolan garaýşyňyzy nähili özgerdýär?
4. Ruhy kriptonit – bu mälim bolan günä. Akan oljadan hiç bir zady almaly däldigini bilýärdi; korintoslylar hem Rebbiň saçagynda arak-horlugyň, açgözlügiň we diňe özüňi bilmekligiň günädigini bilýärdiler.

Bu iki ýagdaýda-da hiç bir erbetlik etmedik bigünä adamlar zyýan çekdiler, käbirleri bolsa öldüler. Hudaý näme üçin Öz Bedenindäki günä şeýle çynlakaý garaýar? Siz bu barada näme pikir edýärsiňiz? Siziň pikiriňizçe, Hudaý näme üçin diňe her bir agza aýratynlykda däl-de, eýsem tutuş Bedene sarpa goýmagymyzy isleýär?

## 3-nji sapak. Kriptonit

*8–10-njy baplaryň mowzugyny şöhlelendirýär*

1. Siz Jastin bilen Anjelanyň wakasyna meňzeş ýagdaýy göz öňüne getirip bilýäňizmi? Elbetde, ýok! Ýöne siz olaryň gatnaşyklary bilen käbir mesihileriň Hudaý bilen edişen ähtleriniň arasynda nähili meňzeşlikleri görýärsiňiz? Siz öz ýanýoldaşyna şeýle garaýan adam barada näme diýerdiňiz? Hudaýa şeýle garaýan adam barada näme diýerdiňiz?
2. Mälim günä – ruhy kriptonitdir; ruhy kriptonit bolsa – butparazlykdyr. Ýygnagyň köp agzalarynyň buta sežde edýändigi baradaky pikire nähili garaýarsyňyz? Heýkellere we butlara sežde edilmeýän ýurtlarda butparazlyk nähili görnüşe eýe?
3. Butparazlyk baradaky wagyzlar köp ýygnaklarda ýörgünli mowzuklaryň hataryna girmeýär. Butparazlyk baradaky bu sapakdan bilenleriňiziň arasynda haýsy zat sizi has köp haýran galdyrdy. Bu zat näme üçin has köp haýrana galdyrdy?
4. Mukaddes Kitabyň tutuş dowamynda Hudaý butparazlygy zynagärlik bilen des-deň edýär. Hudaýyň muny näme üçin beýle edýänini öz sözleriňiz bilen düşündiriň. Şu sapakdan biz Hudaýyň bize teklip edýän gatnaşyklary barada nämeleri bilýäris?
5. Butprazlyk Ýaradana däl-de, ýaradylan zatlara sežde etmeklikden başlanýar. Hudaý şeýle hereketlere nähili garaýar? Hudaý Ony saýlamadyk adamlardan näme üçin uzaklaşýar? Gomoseksuallyga ýol bermeklik – jemgyýetiň butparazlyga ýykgyn edýänliginiň alamatydyr. Siziň pikiriňizçe, bu näme üçin şeýle bolýar?
6. Eger biz butparazlygy boýun almaga taýyn bolsak, onda hakyky seždäniň asyl manysyna düşünmelidiris. Hakyky sežde – bu owadan nagmalary aýtmak däl-de, Hudaýyň buýruklaryna tabyn bolmakdyr.

Hakyky seždäniň nähili bolýandygyna aň ýetirmeklik mesihilik durmuşy baradaky pikirleriňizi nähili üýtgeder? Hudaýa sežde etmekde iň oňat görelde bolýan kimdir birini hut özüňiz tanaýaňyzmy?

## 4-nji sapak Häzirki döwürdäki butparazlyk

*11–14 baplaryň mowzugyny şöhlelendirýär*

1. Şawul ýesir alnan amalekleriň birnäçesiniň janyny halas etmek bilen, Hudaýyň buýranlaryna äsgermezlik edipdi. Onuň bitabynlygy baradaky bu waka ýygnakdaky butparazlygyň köküni görkezýär. Şawulyň açgözlügi nädip butparazlyga deň bolup bilýär?
2. Şamuwel pygamber Şawula kesirligiň butparazlyk bolýandygyny aýdypdy. Biz haýsydyr bir zady edinjek bolup, ony Hudaýyň yradasyndan ileri tutýarys we arzuwlaýan zadymyza berk ýapyşýarys. Şawulyň wakasyndan belli bolşy ýaly, şeýle isleg onuň durmuşynda has uly günä üçin gapyny açdy. Bu ýerde butparazlyk nämede jemlenýär? Ol näme üçin has uly günläre alyp barýar?
3. Açgözlük bizi butparazlyga alyp barýar. Galyberse-de, ol öz-özünden eýýäm butparazlykdyr. Eger siz öz maksatlaryňyza, ileritutumlaryňyza we endikleriňize garasaňyz, durmuşyňyzda haýsysy has güýçli görner: açgözlükmi ýa-da kanagat? Durmuşda kanagatly bolmaga nädip ymtylyp bilersiňiz?
4. Kanagatlylyk her bir mesihiniň durmuşynda gerekdir. Ýöne ony özüňden wagtyň hoş bolmaklyk bilen garjaşdyrmaly däl. Bularyň arasyndaky tapawudy öz sözleriňiz bilen düşündiriň. Siz kanagatly ýa-da özünden wagty hoş bolan adamy nädip tapawutlandyryp bilersiňiz?
5. Ýatda saklamaly ýene-de bir wajyp düşündiriş bar: butparazlyk – bu adamyň günä etmegi däl-de, oňa özüne bagyş etmegidir. Şu sapaklardan degişli maglumatlary bilmek bilen, şu iki ýagdaýyň arasyndaky tapawudy nähili kesgitlärdiňiz?
6. Eger biz bilkastdan edilýän günäniň butparazlykdygyna düşünmek isleýän bolsak, onda Hudaýyň bütinleý täze durmuşy – Onuň tebigaty bilen bolan durmuşy teklip edýändigine düşünmeli. Siz günä däl-de, dogruçyllyga ýykgyn edip bolýandygyna aň ýetirýärsiňizmi. Şeýle özgerişligiň mümkindigini, hatda durmuşyňyzda garaşylýandygyny

nädip duýýarsyňyz?

## 5-nji sapak. Ýasama Isa Mesih

*15–18 baplaryň mowzugyny şöhlelendirýär*

1. Hudaý sizi Özüne getirmek üçin halas etdi. Ol siziň bilen pynhan gatnaşyklarda bolasy gelýär. Munuň üçin siz dünýewi zatlardan bütinleý arassalanmaly, sebäbi Ol siziň bilen hakyky gatnaşyklary küýseýär. Bu nämäni aňladýar? Şeýle gatnaşyklaryňyzyň bardygyny nädip bilersiňiz?
2. Eger adamlar Hudaýyň olary halas edendigine göz ýetirenlerinden soňra hem Oňa, ýagny olary Özüne getirmegi şeýle küýsän Hudaýa tarap gönükmänlerinde, munuň Hudaýy nähili lapykeç edýändigini göz öňüne getirip bir görüň-ä! Eger nikalaşan ýanýoldaşyňyz siziň bilen bir otagda bolmakdan ýüz öwürse, özüňizi nähili duýardyňyz? Ol siziň bilen hatda telefon arkaly gürleşmese, özüňizi nähili duýardyňyz? Ol siziň bilen başga bir adam arkaly gürleşse näderdiňiz? Şeýle ýanýoldaş bilen gatnaşyklaryňyz ahyrda nähili bolardy?
3. Harun düşelgede galdy, şonuň üçin-de oňa Hudaýyň huzurynda dagda bolanyndan, düşelgede bolany has amatly bolandygyny çaklap bolýar. Käbir adamlar şeýle: olar Hudaýyň huzurynda bolanlaryndan, ýygnakda bolanlaryny has oňaýly görýärler. Siz Hudaýyň huzuryny duýanyňyzda, muňa nähili sesleýnäňiz?
4. Ysraýylyň baş ruhanasy bardy. Ol Ýahwäniň halky Müsürden alyp çykandygyny habar berip, Ýahwä ýakma gurbanlyklary we gurbanlyklar bilen sežde edipdi. Ýöne şu wagtyň dowamynda ol halka altyndan ýasalan öküziň but heýkelini görkezipdi. Ol muny halkyň islegini kanagatlandyrmak üçin edipdi. Eger Ysraýyl Hudaýyň adyny agzap, ýalan, nejis sežde edip, şeýle zatlaryň bolmagyna ýol beren bolsa, biz şu günki günde ýygnaklarda hut şeýle edip bilmeýärismi näme? Bu seždämiz şeýle ýagdaýda nähili görnüşe eýe bolup bilerdi?
5. Ysraýyl Hudaýyň tabşyryklarynyň käbirini berjaý etdi, käbirlerini bolsa äsgermedi. Ýygnaklar hem şeýle edýärler: olar göwünlerine ýaraýan parçalary saýlap alýarlar, emma durmuşda mukaddes ýaşamaga we Hudaýa bütüinleý bagyş bolmaklyga çagyrýan aýatlary

äsgermeýärler. Biz ýalan däl-de, hakyky Isa Mesihe sežde edýändigimizi nädip bilmeli?

## 6-njy sapak. Ugrama nokady

*19–21-nji baplaryň mowzugyny şöhlelendirýär*

Ysraýylda ýalan Ýahwe nädip döredi? Häzirki döwürdäki ýygnaklarda ýalan Isa Mesih nädip döredi? Bularyň ikisi-de ýürekleriň gatamagyndan we hakyky tobanyň bolmazlygy zerarly döredi.

1. Bu sapak günäler üçin toba etmek baradaky mowzugy, onuň gerekdigini, onuň Hoş habardaky ornuny we onuň aslynda näme aňladýandygyny açyp görkezýär. Siziň ozalky toba edişiňiziň nähili umumylygy ýa-da tapawudy bar. Bu toba ediş Hoş habar baradaky pikirlerňizi üýtgedýärmi? Eger şeýle bolsa, nädip üýtgedýär?
2. Hoş habar kitaplaryň her biri günäler üçin toba etmäge çagyrýan Ýahýa Çokundyryjy baradaky wakalardan başlanýar. Bu Isa Mesihiň Hoş Habarynyň hemişe günäler üçin toba etmekden başlanýandygyny aňladýar. Siz bu barada näme pikir edýäňiz? Hoş habarlar üçin toba etmek näme üçin şeýle wajyp?
3. Bolan günä üçin toba etmezden Isa Mesihe hakykatdan iman edip bolmaýar. Eger biz günäden ýapyşyp-da, özümizi mesihi atlandyrýan bolsak, öz-özümizi aldaýandyrys. Hudaý biziň durmuşymyz bilen näme üçin şeýle çuňňur gyzyklanýarka? Siz bu barada näme pikir edýäňiz?
4. Jastin bilen Anjela baradaky waka ýadyňyzdamy? Anjela durmuşa çykan wagtynda ozalky söýgülileri bilen gatnaşygy kesmelidigi barada asla bilmeýärdi. Isa Mesihi tanamaýan adamlara toba etmelidigi barada aýdylmasa, olar bu barada nädip bilsinler? Eger biz adamlara günä etmegi bes etmelidigini aýtsak, bize näme bolar? Hoş Habary wagyz etmeklik bizden belli bir tölegi talap etjekdigini ýatda saklamak näme üçin şeýle wajyp?
5. Bizi niýetlerimiz däl-de, hereketlerimiz kesgitleýär. Bu Hoş Habaryň – tutuş şahsyýetimizi bütinleý özgerdip bilýän habary görkezýär. Bu toba etmegiň oňat we ýagşydygyny nädip görkezýär? Hudaýyň günäler üçin toba etmek talaby – Onuň bize bolan rehimidir. Şuňa nähili düşünýändigiňiz öz sözleriňiz bilen düşündiriň.

## 7-nji sapak. Hakykat, geçirimlilik we söýgi

*22–24-nji baplaryň mowzugyny şöhlelenidrýär*

1. Ýahuda bize gutulyşymyzyň gudraty, durmuşyň ajaýyplygy barada ýazmakçydy, emma muňa derek öz diňleýjilerini Hudaýyň merhemetini günäniň rugsatnamasyna öwren adamlar barada habardar etmäge mejbur boldy. Siz durmuşyňyzda, diňe gowy zatlary aýtmak bilen, Hudaýyň duýduryşlaryna äsgermedik ýagdaýlaryňyz bolupmydy? Bu duýduryşlary ýatda saklamak we olar barada aýtmak näme üçin şeýle wajyp?
2. Ýygnak günä geçirimlilik edýär, sebäbi biz hakyky söýgi baradaky düşünjäniň ýoýlan görnüşini edindik. Hakyky söýgi hakykaty talap edýär, hakykat bolsa hemişe ebedilik nukdaýnazaryndan görkezilýär. Ebedilik nukdaýnazary durmuşdaky möhüm zatlar baradaky garaşyşlaryňyzy nähili üýtgedýär?
3. Hudaýy söýmeklik Onuň tabşyryklaryna tabyn bolmagy aňladýar. Hut şeýle tabynlyk mesihi söýgüsini dünýewi söýgüden tapawutlandyrýar. Hudaýyň tabşyryklaryny agzamazdan, Hudaýyň söýgüsiniň dünýewi söýgüden tapawudyny nädip beýan ederdiňiz?
4. Hudaýyň hakykatyndan üzňe bolan söýgi hakyky söýgi däl, ol ýasamadyr. Biziň medeniýetimiz hakyky söýgüden çetleşýär, hut şu sebäpdenen ýygnak ýasama Isa Mesihe ýykgyn edýändir. Siz hakykaty söýgi bilen aýtmaklyk babatda nämeleri duýýaňyz? Köp adamlar hakykat babatda özlerini oňaýsyz duýýarlar. Siziň pikiriňizçe bu näme üçin şeýle bolýar?

## 8-nji sapak. Kriptoniti ýok etmek

*25–28-nji baplaryň mowzugyny şöhlelendirýär*

1. Käbir imanlylar günä geçirimlilik edýärler, sebäbi olar öz günäleriniň Hudaýyň ýüregini paralaýandygyny bilmeýärler. Käbir imanlylar bolsa biziň öz tebigatymyz boýunça günälidigimiz, Isa Mesihiň ganynyň bizi günä üçin beriljek jezadan boşatmaga güýjüniň ýetip, günäniň zynjyrlaryndan boşatmaga güýjüniň ýetmeýändigi baradaky ýalan pikilere ynanýarlar. Bu imanlylar kriptonitli imanlylardyr, olar belli

bolan günälerini gaýtalaýarlar. Şu ýalan pikirler siziň durmuşyňyza nähili täsir ýetirdiler? Olar özüni mesihi diýip atlandyrýan adamlara nähili täsir ýetirýärler?

2. Üçünji topara – hakyky imanlylar degişlidir. Olar edýän günälerine aň ýetirýärler, ýöne bu olar üçin uly jeň meýdanyna öwrülýär. Olar günäden boşanmak isleýärler, ýöne günäden azat ýaşamak üçin gerek bolan güýji Hudaýyň Sözünden heniz tapanoklar. Günäleri üçin bolan utançlary olary guluň gulçylygynda saklaýar. Şeýle ýagdaýa düşen imanly bilen şu sapagyň haýsy hakykatyny paýlaşardyňyz?
3. Men şu sapakda Hudaýyň meni aýgyrlykdan we pornografiýa garaşlylygyndan azat edişi baradaky şaýatlygymy gürrüň berýärin. Bu şaýatlykda haýsy zat sizi has köp ruhlandyrdy? Näme üçin? Haýsy zat siziň üçin iň kyn bolup göründi? Näme üçin?
4. Dünýäden bolan gynanç däl-de, Hudaýdan bolan gynanç günäden boşadýar. Hudaýdan bolan gynanç günämiziň Hudaýy ýaralaýandygyny boýun alýar. Dünýäden bolan gynanç bolsa günämiziň bize we gelejegimize nähili täsir edýändigi barada alada edýär. Hudaý näme üçin azatlyk getirýän merhemeti dünýä üçin gynanan wagtmyzda däl-de, diňe Hudaý üçin gynanan wagtymyzda berýär? Siz bu barada näme pikir edýäňiz? Siz öz durmuşyňyzdaky bu iki gynanjyň arasyndaky tapawudy nähili düşündirip bilersiňiz?
5. Supergahrymanlar baradaky wakalaryň köpüsi biziň hyýalymyzy özüne maýyl edýär, sebäbi olar her bir adamyň ýüreginiň jümmüşinde gizlenip ýatan isleglerine jogap berýär. Ilkinji imanlylar öz döwürleriniň supergahrymanlarydy. Biz nädip öz döwrümiziň supergahrymanlary bolup bileris? Bu dünýäniň Hudaý baradaky pikirini nähili üýtgeder?
6. Hudaý Esgerdir, biz hem Ol ýaly bolmak üçin ýaradylandyrys. Isa Mesih Aýanlyk kitabynda ýedi ýygnagy ýeňşe çagyrýar, bu bolsa biziň-de ýeňşe çagyrylandygymyzy we ýeňmeli duşmanymyzyň bardygyny aňladýar. Indi bolsa şu kitabyň tutuş mowzugyny göz öňüne getirip, şuňa jogap beriň: şu kitap Hudaýyň sizi durmuşda ýeňmäge çagyrýandygy baradaky garaýşyňyzy nähili üýtgetdi? Siziň özüňize, beýleki imanlylara we tutuş ýygnaga bolan garaýşyňyz nähili üýtgedi?

GOŞUNDY

# GUTULYŞ HER BIR ADAMA ELÝETERDIR

“Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar”.

Rimliler 10:9,10

Hudaý siziň durmuşyňyzda ebedi üstünligi göresi gelýär. Onuň size bolan yhlasy güýçli we durmuşyňyz babatda maksady bar. Ýöne öz ykbalyňyza eltýän ýoly saýlamagyň ýeke-täk bir usuly bar – bu Hudaýyň Ogly Isa Mesih arkaly gutulyşy kabul etmeklikdir.

Hudaý Isa Mesihiň ölümi we direlişi arkaly size, ýagny Öz söýgüli ogluna we gyzyna Öz Şalygyna ýol açdy. Isa Mesihiň haçdaky gurbanlygy arkaly size baky bolelin durmuş elýeter bolandyr. Gutulyş – bu Hudaýyň size berýän peşgeşidir, ony gazanmak-da, oňa mynasyp bolmak-da mümkin däl.

By gymmatly peşgeşi kabul etmek üçin, ömrüňiziň Ýaradanyndan üzňe ýaşandygyňyz üçin günäňizi boýun almaly, sebäbi bu günä öňde-soňda eden günäleriňiziň köki bolup durýandyr. Toba etmek – gutulyşy almagyň esasy bölegidir. Petrus bu barada Resullar kitabynda bäş müň adamyň halas bolşunyň beýan edilen gününde aýdyň aýdýar: “Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrüliň” (Resullaryň işleri 3:19).

Mukaddes Ýazgylar biziň her birimiziň günäniň guly bolup doglandygymyzy aýdýar. Bu gulçulygyň köki-damary öz gözbaşyny Adam atanyň günäsinden alyp gaýdýar. Adam ata özerkliligiň we bitabynlygyň başyny başlapdy. Toba etmeklik – özüňe we ýalanyň atasy bolan iblise tabyn bolmagy bes edýändigiňizi we mundan beýläk täze Hojaýyna – Isa Mesihe, siz üçin Öz janyny gurban Edene tabyn bolýandygyňyzy aňladýar.

Siz özüňizi Isa Mesihe tabyn etmeli, Ony öz Rebbiňiz etmeli, durmuşyňyzy, özüňizi we özüňizdäki ähli zatlary Onuň ygtyýaryna tabşyrmaly (Oňa öz ruhuňyzy, janyňyzy we bedeniňizi tabyn etmeli). Şonda Onuň durmuşyňyzdaky ygtyýary bütinleý bolýar.

Siz muny eden pursadyňyzda, Hudaý sizi tümlükden boşadar we sizi Öz Şalygynyň nuruna we şöhratyna äkider. Siz ölümden ýaşaýşa geçip, Onuň perzendi bolarsyňyz!

Eger siz Isa Mesih arkaly halas bolasyňyz gelýän bolsa, şeýle dileg ediň:

*Eý, göklerdäki Hudaý, men özümiň günäkärdigimi we Seniň dogruçyllyk ülňüleriňe görä ýaşap bilmeýändigimi boýun alýaryn. Men öz günälerim üçin baky jeza mynasyp. Meni şeýle ýagdaýda taşlamaýandygyň üçin minnetdar, sebäbi Sen Isa Mesihi – päk gyz Merýemden doglan ýeke-täk Ogluňy iberdiň. Ol hem meniň günälerimi Öz üstüne ýükläp, haçda öldi. Men Onuň üçülenji gün direlendigini we şindi Seniň sag tarapyňda oturandygyna ynanýaryn. Ol meniň Rebbim we Halasgärim. Men şu gün Senden üzňe ýaşandygyma toba edýärin we tutuş ömrümi Reb Isa Mesihe tabşyrýaryn.*

*Isa Mesih, men Seni Öz Rebbim we Halasgärim diýip yglan edýärin. Öz Ruhuň bilen meniň durmuşyma gir-de, meni özgert we meni Hudaýyň perzendi et. Men şu çaka çenli bolan tümlügimden ýüz öwürýärin; men şu pursatdan başlap, diňe özüm üçin ýaşamaryn, men Seniň merhemetiň arkaly Seniň üçin ýaşaryn, sebäbi Sen meniň baky ýaşap bilmegim üçin Özüňi meniň üçin gurban etdiň.*

*Ýa Reb, Saňa minnetdar. Indi meniň durmuşym Seniň eliňde we Seniň Sözüňde aýdylyşy ýaly, asla utanja galmaryn.*

Maşgala hoş geldiňiz! Siziň bilen edil şu pusat bolup geçen zatlary beýleki imanlylar bilen paýlaşyň. Mukaddes Kitaba ynanýan ýygnaklaryň haýsydyr birine gatnap başlamak, sizi imanda ruhlandyrjak imanlylar bilen gatnaşmak diýseň wajypdyr.

Siz iň täsin syýahata ugradyňyz. Hudaýy tanamakda, merhemetde we Onuň bilen dostlukda günsaýyn ösüp bileriňiz ýaly, goý Ol sizi boldan-bol ýalkasyn!



“Messenjer Interneşenel” adamlara, maşgalalara, ýygnaklara we halklara Hudaýyň Sözüniň özgerdýän güýjünde ýaşamaga we amal etmekde kömek bermek üçin döredilendir.

Bu özgerişler adamlaryň durmuşlarynyň güýçden dolmagyna, jemgyýetiň özgerip başlamagyna getirer we dünýädäki güýçli adalatsyzlyga berk jogap berer.

**Cloud Library** — bu onlaýn platformadyr. Ol dünýädäki ähli liderlere öz dillerindäki sifrlenen resurslary mugt ulanmaga mümkinçilik berýär.

**CloudLibrary.org** saýtynda siz Jon we Liza Biwerleriň 80-den gowrak dile terjime edilen resurslaryny tapyp, aňsatlyk bilen indirip bilersiňiz.

**Elektron kitaplar, wideo-we-audiosapaklar, audiokitaplar, Mukaddes Kitaplary....**

CLOUD LIBRARY

**Has köp isleýäňizmi? Şu ýerde skannirläň:**




***Şindi we bütin bakylykda manysy bolan durmuş***

Günleriň birinde siz Hudaýyň öňünde durup, öz durmuşyňyz barada hasabat bererseňiz. Siz şu wagt özüňizden: “Men şol pursada taýynmy?” diýen iň wajyp soragy sorap bilersiňiz.

Hudaý öz çagyrylyşymyzy bilmegimizi isleýär. Ol sizi nadanlykda saklasy gelenok. Mundan başga-da, Ol ýer ýüzündäki durmuşyňyzyň sebäbine düşünip, onuň manysyny we maksadyny taparyňyzy isleýär.

Soňky demden soň indiki duralga däl-de, bakylykdaky durmuş bolar. Juda giç bolaryna garaşmaň. Hudaý tarapyndan berlen maksadyňyza görä ýaşap, ýerdäki ýaşaýşyňyz bakylyk üçin hem ähmiýetli bolmagyny gazanyň.

Jon we Liza Biwerleriň şu we beýleki materiallaryny türkmen dilinde şu saýtdan inderip bilersiňiz:

CloudLibrary.org

Dürli dillerdäki goşmaça materiallar gözden geçirmek we indirmek üçin Youtube.com & Youku.com saýtlarynda elýeterdir.

Islendik päsgelçiligi ýeňip, islendik duşmany syndyryp bilýän **SUPERMEN** ýaly, Isa Mesihe eýerýänleriň hem öz ýolunda gabat gelýän kynçylyklary ýeňip geçmek üçin adatdan daşary güýji bardyr. Ýöne Supermeniň ýagdaýynda bolşy ýaly, biziň hem bir meselämiz – güýjümizi ogurlaýan kriptonit bar.

Supermen we kriptonit – hyýalymyzyň miwesedigi gürrüňsiz zat. Ýöne ruhy kriptonit dogrudan-da bardyr.

Birinji asyrda ýaşan mesihiler Hudaýyň güýjüne eýediler. Siz şu kitapda köpimiziň şeýle güýçden näme üçin mahrumdygymyzyň sebäbini bilersiňiz.

Jon Biwer “Kriptoniti ýok etmek” atly kitabynda ruhy kriptonitiň nämedigi, onuň jemgyýetimize salýan howpy we onuň ýesirliginden nädip boşanyp bolýandygy barada gürrüň berýär.



Jon Biwer we onuň aýaly Liza – “Messenger Interneşenl” hyzmatynyň esaslandyryjylary. Hyzmatçy we bestsellleriň awtory Jon hakykaty batyrgaýlyk bilen hyjuwly wagyz edýär. Ol ýerli ýygnaklary goldamak we ýaşaýan ýerine, diline we maddy ýagdaýyna garamazdan, liderlere kömek etmek hyjuwyndan doly. Häzirki wagtda onuň işleri dünýäniň 100-den gowrak diline terjime edildi, olar millionlarça ekzemplýary köp ýurtlardaky çopanlaryň, liderleriň arasynda ýaýradyldy.

Şu we beýleki serişdeleri saýtyndan inderip bilersiňiz.
**CloudLibrary.org**

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

Bu kitap – awtordan sowgat.
Satuwa degişli däl.

Has köp isleýäňizmi?
Skanirläň